enedilim.com



Çary Aşyr

# GÖREŞ

**Çary Aşyr, Göreş.**
Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1986-njy ýyl.
Redaktory: K. Kulyýew.
Suratçy: W. Kogdin.

—

Bu kitapdaky maglumat "bolşy ýaly" esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

—

Digital görnüşe geçiren: Sähetmyrat Kakyş.
Latexde taýýarlan: Nazar Annagurban.
PDF-a geçirildi: 9. Awgust 2012
Wersiýa: 1.0
«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy.
`http://enedilim.com`



# GÖREŞ



-1-

# SUW ÜSTÜNDE

Nurmyrat pahyryň malyny terekä salanlarynda, ýedi oglunyň her haýsyna bir mal ýetdi. Kime düýe, kime sygyr, kime eşek... iň kiçisi Nazara tohum taý ýetdi. Mal gowy zat, emma Ahal ýurdunda suwuň her damjasy gyzylyň gyryndysyna barabar. Terekede doganlaryň her birine ýedi dakyga suw ýetdi.

Nurmyrat kyrk dokuz dakyga[1] suw bilen mes ýaşaýardy. Ýedi oglunyň ýedisinem öýli-işikli edipdi. Nazary öýeren ýylam özi aradan çykypdy.

Eklenjem aňsat däl. Ýedi doganyň ýedisem Akmyrat baýyň daýhançylygyny edýärdi. Nazaryň özüne ýeten suw zordan bir peli suwarýardy. Ol peline-de Nazar ýorunja ekýärdi.

Nazar kakasyny gowy görýärdi, şonuň üçinem ilkinji oglunyň adyna Kakajan dakdy.

Nazar kiçijik wagty ýüregi gurtlujady. Ol oba çagalary bilen göreşerdi, ýakymsyz oglanlar bilen urşardy. Baý ogullary bilen urşany üçin agalary oňa temmi bererdi.

Göreş, iş, agyr durmuş Nazary berkitdi. Ýigrimi ýaşa ýetende, ol obanyň uly pälwanlary bilen göreşe çykyp başlady. Käbir toýlardan öz gelni Şirine düýpligyňaç, köýneklik keteni, çabytlyk çepbetew ýaly zatlaram getirip berýärdi. Ol matalardan özune laýyk geýim tikinip geýen wagty, uzyn boýly, gytak gara gözli Şirin has owadan görünýärdi.

Nazar öz gelnini gowy görýärdi, onuň bilen agzybir ýaşaýardy. Olaryň ogly Kakajan ýaňy dokuz ýaşyna ýetende, olaryň durmuşy birden bozuldy.

Doganlaryň suw nobaty ýetip gelýärdi. Bazarda gök ot he-

[1]Dakyga – minut

mişekisi ýaly gymmat geçmäni uçin, ýorunjanyň häzirki bede etmegi göwnüne düwen Nazar ala daňdan başlap, täze dişelen orak bilen içi haşalsyz gülli ýorunja orup ugrady.

Gün günorta boldy, onuň howry arkaňy, çyzgalan gollaryňy ýakyp barýardy, emma Nazaryň «Gül ýaly gelnim, torsuk ýaly oglum, taýzarlyp duran taýym, köşekli düýäm, iki ganar bugdaýym, bir sany baggoýnum bar, meniň dünýede kem zadym ýok…» diýip, begençli işläp ýöreni üçin, oňa günüň howry kär etmeýärdi. Ol «Şu gün orup ýetişsem, suw nobatym gelýänçä, oran ýorunjalarym gurap, bogubermeli bede bolýar…» diýip, jan edip, ot ýatyrýardy.

Nazar bir zat aňan ýaly bolup, öýüne tarap seredende, öz gyzyl-ala geýimleri bilen daň şapagyna çalymdaş Şirin hekgerilip jaýdan çykdy. Nazaryň dik galanyny görüp, Şirin oňa elini bulady, ony öýe çagyrýanyny duýdurdy.

Nazar yzyna, ot oran tarapyna seretdi. Ýaşyl gülli ýorunja uzyn setir bolup ýatyr. Her setiriň arasynda bolsa gül basylan ýaly bolup, bir düýp üzüm gök salyp otyr. «Otumyň ýarysyny orupdyryn» diýip ol çen etdi. Soň öýüne tarap ugrady.

Kakajan şol wagt mekdepden geldi:

– Kaka, arma! Birneme ot ýatyrdyňmy? Indi men geldim, galanyny özüm oraryn.

– Çaý içeli, nan iýeli, soň galan oty bile oraýarys. Saglyk bolsa, geljek ýyl üzümimiz getirip başlar. Özümize iýmäge bol ýeter. Toşabam gaýnadarys… – diýip, Nazar oglunyň göwnüni göterdi.

Nazar ogly bilen, atalaryndan miras galan gara öýe girdi. Bular çaý-nahary gara öýde edinerdiler. Gapydaky kiçijik tamlarynda bolsa özleri ýaşaýardy.

Ine, suw nobatlaram ýetip geldi. Ýedi doganyň ýedisem öz ýaplaryny arçap, pelleriniň gulaklaryny açdylar, böwetlerini basyp, taýýar bolup durdular.

Ilki nobat Nazaryňkydy. Ol öz doganoglany, ýanaşygy Jumadan suw almalydy. Obanyň ýaşulusy Gurban aga eli «Pabelbur» («Pawel Bure») sagatly geldi. Suw ölçemek her adama-da, her sagada-da ynanylmaýardy.

Nazar suw akjak ýabyň içinde eli pilli böwedi ýykmak üçin taýýar durdy. Jumanyň suwy böwede urlup çişip başlady-da, onuň ýerine tarap akmaga durdy. Juma ýerine aýlanyp suw tutýardy. Jumanyň doganlary böwediň ýanynda durdy.

Hemmäniň gözi suwda. Gurban, aganyň gözi sagadyndady. Hiç kime bir dakyga suwy artyk bermeli däldi.

Jumanyň ýerine suw on iki dakyga akmalydy.

Nazar böwedi ýukaldyp, elindäki Togalak ussanyň ýasan agyr pilini böwede gezäp, taýýar durdy. Ol «häh» diýseň, «mäh» etjekdi.

Jumanyň on iki dakygasy gutarar ýerde gutaranok. Nazar alňasap, garşy Gurban aga seredýärdi. Gurban aganyň bolsa gözi sagadyndady. Ol edil ýekelse dakyga-da karam etmeli däldi. Eger Jumanyň ýarymja dakyga suwuny alsaň, jöwzaly günüň howruna onuň birnäçe ekinini, üzümini ýakdygyň, guratdygyň bolardy.

Nazaryň sabyr käsesi doldy:

– Gurban aga, näçe galdy?

– Howlukma, oglum, ýene bir ýarym dakyga galdy.

Nazar pili bilen böwedi has ýukaltdy.

Çep eli bilen sagady golaý tutup duran Gurban aga sag elini galdyrdy. Nazaryň agyr pili böwetde, gözi ýokary galyp duran eldedi.

Gurban aga, birden, galyp duran sag elini çalasyn silkip goýberdi. Edil şol sekuntda-da Nazaryň ýiti pili böwedi ýardy... Juma bolsa derrew öz ýerine akýan gulagy baglady, sebäbi böwet açylandan soň, Nazara tarap akýan ýabyň suwy birden peselip, Jumanyň ýerine tarap giden suwuň yzyna akmagy ähtimaldy.

Nazar suwuň öz peline tarap akyşyna gözegçilik edip ýördi. Bedesi ýygnalyp, ýaňy gök öwsüp başlan ýorunjanyň arasy bilen suw endigan akýardy. Peliň içinde syçan hinem ýokdy, şonuň üçinem suwuň bir damjasy bisarpa gitmeýärdi.

Suw tutup, peliň aýagynda aýlanyp ýören Nazaryň sagady bolmasa-da, nobatynyň geçip barýanyny aňyp, ol yzyna – böwediň başyna tarap ylgady.

– Gurban aga, näçe galdy?

– Howlukma, entek wagt kän-le, bir ýarym dakyga dagy bar.

Böwedi ýukaldyp duran Alty, sagatçynyň bu gürruňini eşidip, birbada elini haýallatdy, emma birazdan soň, ýene böwedi ýukaltmaga başlady.

Böwet ýykylaýsa, peliň suwy yzyna–ýaba tarap akmaz ýaly tiz beklemek üçin, Nazaram taýýarlanyp, pilini gezäp durdy.

Hemmeler sazanaklap, suwa seredýärdi, ylaýta-da Nazar bilen Alty howlugýardy. Ikisiniňem gözi Gurban aganyň sag elindedi…

Alty öz böwedini ýykanda, iňrik mazaly garalypdy. Doganlaryň suwy tutulýan wagty, Gurban aganyň sagadynyň üstünde kükürt ýakyp, birsyhly ýagtyldyp durmaly boldy.

Doganlaryň iň ulusynyň – Allanyň suw nobaty golaýlanda, goňşusy Akmyrat baýyň ogly Kerim özleriniň sagatçysy Mommy agany yzyna tirkäp, eli panusly geldi. Olar gele-gelmäşe salamlaşdylar, saglyk-amanlyk soraşdylar.

Mommy aga panusyň ýagtysyna öz sagadyny Gurban aganyňky bilen deňledi. Bu wagtlar Allan öz suwuny tutýardy.

Gurban aga Allanyň yzyndan seredip:

– Neressäň ogly, gyzy ýok, birhili dünýäden nägile bolup ýör – diýip Momma gürrüň berdi.

– Äý, şonda-da zaluwadyň nebis-ä bar, sähel zadyň üstünde harçaňlaşyp dur.

– Sakgaldaş, ol aýdýanyň-a dogry, gaty gallaw. Näme, nebissiz adam barmy? Ynha, Kerim nebis ugruna hemmeden beter…Neresse, Allan bir gün meniň ýanymda çagasyzlykdan zeýrendi, «Wah gurbum ýetenok, ýogsam-a ýene bir aýal alaýmaly weli…» diýip.

– Ýuwaş, ol gelýär – diýip, Mommy öz gürrüňdeşiniň böwrüne dürtdi.

Allan gelip, böwediň gapdalynda piline söýenip durdy.

– Allan, howlukma, entek wagt bar– diýip, Gurban aga ony arkaýynlaşdyrmaga synandy, emma onuň iki gözi böwedi haýaljakdan ýukaldýan Kerimdedi.

Akmyratlar gurpludy. Diňe Keriminiň bir sagat elli minut suwy

bardy.

– Bu ýedi doganyň soňy nähili borka, Allandan başgasynyň her haýsysynyň bir topar ogly bar. Dörtgulynyň, tüweleme, eý-ýäm bäş ogly bar. Soňabaka bular suwlaryny bedre bilen paýlaşmaly bolarlar – diýip, Kerim jykyr-jykyr güldi.

Keriminiň bu sözüne Allanyň gahary gelip, ýüzi boz-ýaz boldy. Gijelikde onuň ýüzüni hiç kim görmesede, bu gürrüň gyjytlyrak bolany üçin Kerime hiç kim hüm bermedi.

Sagada seredip duran gojalaryň ikisiniňem sag eli birden galdy. Edil şol wagtam Kerim ýiti pili ýuka böwede urdy.

– Wah, oňarmadyň, suwy ir ýykdyň – diýip, Mommy aga Kerime seredende, Allanyň agyr pili Keriminiň depesinden indi. Şol bada ol ýabyň gyrasyna ýykyldy. Allan ýene Kerimi urjak bolup, pilini galdyranda:

– Allan, edýäniň näme?! – diýip, sagatçy gojalar tutdular.

Raýyşda gyşaryp ýatan Keriminiň kellesindeýa çogup akýan gan panusyň yşygyna ýyldyrap göründi. Sagatçy gojalar onuň kellesini galdyrdylar.

Bu wagtlar taýýar bajaklary bilen ýez peliniň gulagyny baglap duran Allana sagatçylaryň «beýniňi çogdurypdyr, neresse gutardy» diýen sesleri eşidildi. Allan:

– Näme, näme?! – diýip, ýatan Keriminiň gapdalyna bardy.

– Bolmasy iş boldy. Doganlaryňa-da habar ber, gaçyň! – diýip, Gurban aga Allana tarap seretdi.

Allan aljyrap, elinden gaçyran pilinem alman, öýüne tarap leňkildäp gitdi.

Nurmyradyň oglanlaram, olaryň doganoglanlaram bu gün suw nobatlary bolany üçin, obadadylar. Bu doganlaryň bary Nazaryň tamyna üýşdi. Bularyň bary ýigrimi üç adamdy. Dogry, bularyň ýaraglary ýeňildi. Aralarynda bäş sanysy gylyçly, galanlary kileň pyçaklydy.

Ýarag hakda, goranmak hakda pikir edip duran Nazar gapyny açyp daş çykjak bolanda, Bäşim ony tutdy.

– Nirä? Çykma, olar köpçülikdir. Gördukleri – seni kakarlar. Gan döken Allanam bolsa, olaryň gözi sendedir. Biziň iň dogumlymyzy öldürip, gan alarlar.

– Bäşim, gorkma, men häzir gelerin. Soňam bu dar jaýda hemmämiz dykylyşyp durup bilmeris – diýip, Nazar çykyp gitdi.

Ol giden badyna Bäşim derrew gapyny içinden kiltledi. Garaňky jaýda her kim gorkuly halda ýygrylyşyp durdy. Bäşim öz çagajyklaryny gapdalyna gysyp, pikirlenýärdi. Ýedi ýaşa ýetmedik çagalar hem aýallar gan belasyndan dynçdy.

Oglanlaryň kakasynyň kiçi dogany Nurberdi öz iki oglunam ýanynda saklap, çüňke gysylyp duran ýerinden pikir edýärdi:

«Ýerimizi, suwumyzy bagly-bakjaly, üzümli haýatymyzy taşlap, öz janymyzy goramak üçin biz gör, nirelerden çykmaly?!» Birdenem ol: – dogman geçen, haramzada! – diýenini duýman galdy.

– Nurberdi kaka, Allana gargynma, bary kysmatdyr – diýip, Dörtguly ara düşdi.

– Bäşim, aç gapyny! – diýip, daşardan biri gygyrdy.

Ol gygyranyň Nazardygyny sesinden tanap, derrew gapyny açdylar.

Nazar giren badyna bir tüpeňi Nurberdä uzatdy, ýene birini Bäşime berdi. Soň «Dörtguly!» diýip, gygyrdy-da, onuň eline bir sapançany tutdurdy – Içi okludyr, ahmal bolmaň! – diýip tabşyrdy.

– Nurberdi kaka, şol tüpeň siziň öz tüpeňiňiz, öýüňizden aldym. Uly aýalyňyza-da «Ähli aýal-gyzlary, öz garyndaşlaryňyzy, düýekeşleri ýygnap, göçmäge taýýarlanyň» diýip tabşyrdym. Akmyratlaryň öýüniň golaýyna baryp, diň saldym. «Olardan birini öldürmän, Kerimi jaýlamarys. Goý, ol gandary bilen bile jaýlansyn!..» diýip, Akmyradyň sesi çykdy. «Kerimiň deregine, gandary diýen bolup, Allany oldürmek bolmaz, Kerim Allan ýalakynyň ýüzüsine degýär. Biz olaryň iň gowusyny saýlap, gan alarys…» diýip gygyryşdylar.

* * *

Akmyradyň öýüne onuň garyndaşlary ýygnanýardy. Agzy ýelliräkleri «Ony oldürmeli, tiz gan almaly…» diýip galmagallaş-


enedilim.com

ýardylar. Akmyrat agras ýüzüni galdyryp, galmagal edýäne alarylanda, ol derrew sesini kesýärdi. Akmyrat inisi Italmaz bilen uly ogly Annalynyň gelerine garaşýardy.

– Waý, dogan eý – diýip, daşardan Kerimiň inisiniň aglaýan sesi geldi.

– Bar, goýdur! Özünem bäri çagyr! – diýip, Akmyrat bir inisine buýurdy.

Meretli gapydan girende, onuň yzy bilen Italmaz bilen Annalam girdi. Olar seslerini çykarman, ojagyň başyna geçdiler.

Akmyrat töweregine göz aýlady. Daşardaky garyndaşlaryna garamanyňda-da, öýe ýygnananlaryň sany on iki adam dagy bar.

– Çagyryň daşardakylaram– diýip, ýaşuly ýuwaş ses bilen buýurdy.

Daşardakylar geldiler. Ýer tapany çommalyp oturdy, ýer tapmadyklar dykylyşyp, dik durdular.

– Daşardaky inilerimiň aýdan sözlerini eşitdim. Olar dogry aýdýarlar. Kerimiň deregine Allany öldürmek gerek däl. Onuň çagasy bolanok, doganlary bilenem oňşuksyz, onuň şol bolup ýörşi ölenden gowy däl. Kerimiň ýerine Nazary öldürmeli.

Akmyrat sözüni kesip, içerdäkilere göz aýlady. Hiç kimden ses çykmady. Onuň diýenine däl diýmäge hiç kim het edip bilmedi. Azajyk dymşykdan soň garadan gaýtmaz Italmaz:

–Ýaşuly, Nurberdiniň özüni kakaýsak bolmazmy? – diýdi.

Kerimiň öýünde onuň aýalynyň, çagalarynyň aglaýan sesi eşidildi. Akmyrat baý:

– Baryň, onuň çagalaryny Annalyň öýüne kowup, Kerimiň meýdiniň ýanynda iki sanyňyz oturyň! – diýende, içerde dik duran iki sany ýigit daş çykdy. Ýene ýaşuly gürrüňi dowam etdi.
– Gan alansoň aglarysam, jaýlarysam! Italmaz, seniň Nurberdi diýeniň bolmaýar. Ol indi elli ýaşdan aňry geçipdir, aňyrsy on ýyl ýaşaman özem öler. Gan almak üçin ýaşragyny, çagalyragyny tut, goý, janlary ýansyn, çagalary aglasyn.

Ýene dymyşlyk boldy. Her kim öz içinden «Olaryň Allandan özge çagasyzy barmy? Altynam, Bäşimem, Dörtgulynam. . . haýsyny öldüreniňde-de bolýar. . . » diýip pikir edýärdi.

– Elimiz ýaragly, hemmämiz üýşüp barsak, ölşük ula gider.

Biz gyrlyşmaly däl. Biz ýeke birini, onda-da saýlap, iň çorba çykaryny öldürmeli. Dogry dälmi? – diýip, Akmyrat Italmaza seretdi.

– Agam, dogry aýdýarsyňyz.

– Halkyň arasynda olaryň pälwan diýip at alyp ýöreni hem özüne göwni ýetýäni bir Nazardyr. Ony kakyp bilseňiz, ganyňyz ýerine düşýär, eger ol tapylmasa, duşmasa, Altynam, Bäşimem, Dörtgulyny öldürseňizem bolýar. Ýöne biz şol işe kimi ibersek göwnejaý bolarka? – diýip, Akmyrat ýigitlere seretdi.

– Agam, bu işi maňa ynansaňyz, men gideýin! – diýip, Italmaz goturaky betnyşan ýüzüni galdyryp, Akmyrada tarap hyrsyz garady.

– Bu işi saňa ynanmak bolar. Ýöne ýanyňa ýene bir adam al, ahmal bolma, çaýhanada deňňene edip, kart oýnap, yrsarap, ýenjip ýören adamlaryňdan-a däldir. Nazar has dogumlyrakdyr.

– Ýaşuly, gaýgy etmäň, meniň ýanyma Annalyny goşsaňyz bolar, Tejenden argyşdan gelýärkäk ýolda duşan bäş sany garakçyny Annaly ikimiz nätdik?! Nazaram şol garakçylaryň birinden batyr däldir. Onuň alymyny-salymyny bermän, derrew kakarys. Kellesini getirelimi?

– Ýok, inim onuň kellesi gerek däl. Ertir Kerim jany jaýlanymyzda, goý, olaram iň oňat pälwan ogullaryny jaýlasynlar. Annaly, oglum, onda Italmaz agaň bilen senem gidiber – diýip, Akmyrat oglunam Italmaza goşdy.

* * *

Gije aý aýdyň. Italmaz öňde, Annaly onuň yzynda, Nazarlara golaýlap barýarlar. Ikisiniňem elinde ýalaňaç sapança, Italmazyň ýanbaşynda egri gylyjy şakyrdaýar. Annalynyň bilinde ak saply ýiti pyçagy bar. Bular bergili däl, bular jan algyly, şonuň üçinem bukdaklaman, ör-boýuna galyp arkaýyn gelýärler. Olar göni Nazaryň tamyna tarap gaýtdylar. Gapyda daýandylar. Italmaz sapançasyny sag elinde tutup, işigi depip goýberdi. Onuň aýagynyň zarbyna gapy şakyrdap, açylyp gitdi. Ses-üýn ýok.

Annaly kükürdi otlady. Hiç kim ýok.

Gapyda iki sany adam düýäni çökerip, tärimleri ýükläp dur. Şiriniň kakasy özüni tanatmak üçin:

– Näme-how, gijäniň içinde enteşip ýörsüňiz?! – diýip gygyrdy.

– Oraz aga, bu senmidiň, tas giýewiňdir öýdüp, bir oka tabşyrypdym. Hany, Nurberdileriň neberesinden adam barmy?

– Italmaz, gijä galdyň, olar-a toplumy bilen göterilip gidendir.

– Oraz aga, olar haýsy tarapa gitdiler?

– Bilmedim-ä weli, olar şu Üçguýy tarapa ötägitdiler öýdýän– diýip, Şiriniň kakasy ters ugry salgy berdi.



enedilim.com

-2-

## GEŇ MYHMAN

Nurberdileriň neberesi sag-aman Gyzganly obasyna göçüp geldi. Obanyň aýak çeträginden, Nurberdiniň söwda dosty Amangulynyň öýüniň golaýyndan gandarlar ýurt tutdular.

Gandarlaryň göçüp gelmegini Gyzganly obasynyň käbir adamlary halamady, käbir adamlar bolsa gandarlaryň ýurt taşlap, ýer-ýesir düşmegine nebsi agyryp, bu obany özlerine pena edinip gelenlerini ýaman görmedi. Garaz, bu iki tarapyň arasynda ol hakda uly gürrüň bolmady.

Az wagtyň içinde Nurberdiniň öý-goşlaram az-azdan ýygnalyp gutardy. Öýlerini topbagrak, bir-birlerine ýakynrak tutdular. Her kim Nurberdiniň öýüniň gapdalragynda, golaýragynda öýüni dikenini howpsuzrak göreni üçin, onuň öýi ortarakda galdy. Allanyň gaharjaňrak, nebsewürräk hem biraz içigararakdygyny halaman, Dörtguly onuň öýünden biraz açygrak ýerde öýüni dikdi. Nazar kakasyndan galan garaja öýi has çeträkde oturtdy. Bäşim bilen Alty heniz öý edinip bilmändiler, Bäşim öz obalaryn-da-da ýaramazja çatmada ýaşaýardy, Alty bolsa kümede oňşuk edýärdi.

Doganlar agyz birikdirip, Ýylanly depäniň golaýyndaky ösgün ýylgynlardan düýelerini mas ýükläp gelip, Bäşim bilen Altybaýa Dörtguly bilen Nazaryň öýüniň arasyndan oňat çatma gurup berdiler.

Bäşimiňem, Altynyňam çagalary kändi. Olar mydam Nazarlara gelerdiler. Çaga diýen jemende, elbetde, ýüz berilýän, gowy görülýän ýere bargyç bolýar, Allanlara welin birem barmaýardy.

Nazaryň aýal dogany Aýnany Şirin öz jigisi ýaly, ýa öz gyzy ýaly gaty gowy görýärdi. Aýna-da Nazaryň ogluny, «Kakajan!

Kakajan!» diýip, gaty gowy görýärdi, mydam onuň bilen bile oýnaýardy. Aýna ýaňy on üç ýaşyna ýeten, garaýagyzdan dogumly, görmegeý gyzdy. Gara saçlaryny tasadyp ýören ol gyzy doganlaryň ähli çagasam gowy görýärdi.

Nurberdi bilen Amanguly baý bir gün Hywa söwda kerwenini ugratdy. Oňa hyzmatkär bolup doganlaryň Nazardan başgasynyň ählisi gitdi. Nazary Nurberdi kän halamaýardy. Nazaram oňa «menem kerwene hyzmatkär edip al» diýmäge namys etdi. Eger ol şeý diýip baraýanda-da: «Indi alynjak hyzmatkärleriň bary alyndy» diýip, Nurberdiniň ony almajagynam Nazar aňýardy. Nurberdiniň özem Nazaryň obada galanyny kem görmeýärdi, sebäbi, Akmyratlar gan almaga geläýse, Nazar ony gorar, soňam gan aljaklaryň Nazary tapsalar, başgany gözlemejeklerine Nurberdi gowy düşünýärdi.

Nazar öz öýünde pikire batyp otyrdy: «Unum bar, huruşlyk goýnumam bar. Işlemän oturmak bolmaz, unam gutarar, hurşam. Nirä gitmeli, kime ýüz tutmaly?..»

– Gaýga batyp özüňi horlama, saglyk bolsa, bu günlerem başymyzdan sowlar…– diýip, Şirin göwünlik bermäge durdy.

– Kakajan, tüweleme, indi saňa höwür bolup biljek, ýöne ondan göz-gulak bol, eger öçlüleriň gan almak üçin gelýänini duýsaň, sandygyň üstündäki iň ýokarky ýorganyň arasynda ony gizle, ahmal bolup demikdiräýme!

– Çagadan gan alynýan däldir.

– Dogry, çaga öldürilýän däldir, ýöne olaryň içi ýanyp durandyr, bilip bolmaz…Onsoňam ýedi ýaşdan geçen çagany…

– Sen näme, bizi taşlap, uzak bir ýana gitmekçimi?

– Şirin, sen Gajar agany tanaýaň ahyry, hol, kakamyň dosty. Gysraw obasynyň gündogarynda, Mämmedorazlaryň degirmeninde kilwan bolup işleýär. Öran oňat, garyp adam. Onuň Gurban, Hümmi diýen oňat ogullaram bar. Oba toýlarynda olaryň göreşe çykaýmasam ýok däldir. Belki, öz ýanlaryndan maňa iş tapyp bererler. Eklenjiň ugruna çykmasak bolmaz…

Şirin bilen hoşlaşyp, Nazar bir gün irden Gysrawa tarapa ugrady. Gün öýle ýerine baranda, Nazar açlyk duýup, goltugynda göteren çöregini gidip barşyna iýip ugrady. Ýadawlyk-

dan, aç-suwsuzlykdan horlanyp, garaňky gatlyşanda, Gowşut obasyna bardy. «Haýsy öýe barsamkam?» diýip pikirlendi. Küren obanyň, ortarasynda güberilip oturan ullakan ak öýi gördi. «Myhman-a alarlar. Türkmen taňry myhmanyny kowmaz, ýöne öý eýesi-hä meniň bilen säzleşmez» diýip Nazar ikirjiňlendi. Küreniň iň çetki, horaşarajyk öýüniň gapysynda bir oňat alaşa dur. Onuň ýanynda, bir syrdam ýigit alaşa syn edýär. «Gel, garybragam bolsa, şol öýe baraýyn. Ol ýigidem meni gördi öýdýän…» diýip, Nazar göni şol ýigide tarap ugrady.

Nazaryň salamyny alyp, myhmanyň özünden kiçidigini aňlan öý eýesi «Amanlykmy, saglykmy?..» diýip, sorag berip başlady.

Ýat myhmanyň gelenini aňyp, bir ýaşrak gelin içerden sary gidenräk gülli keçäni çykaryp, gapydaky sekiniň üstüne ýazdy-da, myhmandan amanlyk-saglyk sorady. Soň Nazaryň jogabyna-da gulak asman:

– Geçiň düşek üstune, dynjyňyzy alyň! – diýip, daşardaky ojakda tüňçe atardy.

Öý eýesem, myhmanam gapyda ýazylan düşegiň üstünde oturdylar. Öý eýesi bu nätanyş myhmanyň ýasy maňlaýyna, gytagrak owadan gözlerine, azajyk oýukly ýasyrak eňek süňküne, ýognas ellerine mazaly syn etdi. Onýança ýaňky daýaw, görmegeý gelin orta ýüňden dokalan saçagy atdy. Öý eýesi saçagy açdy.

– Nanymyz-a zagaradyr, aýyplaşmaň, işdäňiz aldygyndan iýeweriň! – diýip, gowy sylap bilmänine utanýan ýaly bolup, öý eýesi Nazara seretdi.

– Aýby ýok, tötek tapsak gaty iýeris, öz iýýänimizem tötek, tapan wagtymyz az-kem bugdaý unam garýarys– diýip Nazar öý eýesine gürrüň berdi. Onýança bir tabak ýagly gowurma bilen iki çäýnek çaý geldi.

Myhmanyň ýagly gowurmadan käsäni dolduryp, üstünden gyzgyn çaý guýup, bitin tötegi iri ak dişleri bilen işdämen dişläp, ýagly çaý owurtlaýşyny görüp oturan öý eýesi ýylgyrdy.

– Aýyplaşmaň, ajygyp-suwsap, zordan size ýetäýdim – diýip, öý eýesiniň özüne syn edýänini aňyp, Nazar sypaýyçylyk bilen

ötünç sorady.

– Myhman, iýeweriň, başga zadymyz bolmasa-da, tötegimiz bilen gowurmamyz-a kändir, arkaýyn iýiberiň. Akjemal, ýene gowurma getireweri! – diýip, öý eýesi gygyrdy.

Gelin gowurmaly küýzäni getirip, äriniň öňünde goýdy. Öý eýesi bilen myhman bir-biriniň ýüzüne seredip, gülüşdiler.

Soňky gelen küýzä el urman, myhman okaradakydan ýene bir käse gowurmany tötek bilen iýdi. Soň aňyrrakdan syn edip duran gelne:

– Gelneje, taňryýalkasyn, çagalaryňyza guwanyň! – diýdi.

– Myhman, meniň adym Hanguly, siziň adyňyz name, geliş nireden, ugur hanjak? – diýip öý eýesi sorady.

– Meniň adym Ýedi – diýip, myhman öz adynyň Nazaryny goýup, ýarymçyk aýdanyna-da çekindi.

– Geliş-ä uzakdan, şu gün daňdanky öýden çykyşym. Gysraw obasynda bir tanşym bardy. Şolaryňka salama barýardym, gaty ýadap, sowlaýdym. Eger ýatar ýaly ýer berseňiz-ä, gyşaraýsam diýýän.

Myhmanyň gürrüňini diňläp duran Akjemal sekiniň çeträgine bir uly keçe bilen bir ýassyk oklady. Üstune ýapynar ýaly köneräk agar çäkmen oklady.

– Ine, gyşaraýyň!

Myhman özi üçin ýazylan keçäniň üstüne geçip, ak saply pyçagyny ýassygynyň aşagynda goýdy. Soň guşagyny çözüp, hywa ýektaýyny usul bilen çykardy. Onuň ýörite tikilen goltuk jübüsindäki sapançasyny öý eýesine bildirmejek bolup, donunam tiz dolap, ýassygynyň aşagynda goýdy-da, agar çäkmeni üstüne çekip, ýassyga gyşardy.

Özüniň seredýänini bildirmän, çalarak esewan edip oturan Hanguly myhmanyň garyp ýigit däldigini onuň gara ädiginden, entek gowuşgyny gitmedik ýektaýyndan çen etdi. Gowy sallamly pyçagyny geň gördi. Ýektaýyň jübüsinde agyr bir zadyň bardygyny aňlady. Emma onuň nämedigini soramagy özüne uslyp bilmedi.

Myhman ýaňy ýatan badyna, Hangulynyň üç sany obadaş dosty «Giç ýagşy!» diýip geldiler-de, öý eýesiniň gapdalynda

oturdylar.

Olaryň biri:

– Möwlam-a toýy orän uludan tutýar. «Birinji göreşe çykanyň baýragy bäşýaşar, daýaw ak erkek!» diýip, eýýäm uly gepläpdir. Onuň inilerem toý gatanjy diýip, uly baýraklar – gyrmyz donmy, düýpli gyňaçmy, hywa donumy, goýun, toklumy, garaz, bir topar zatlar goýupdyr – diýip, söze başlady.

Olaryň ýene biri:

– Saglyk bolsa, Hanguly, sen-ä ol ak erkegi göreşmän alarsyň, bu jelagaýlarda seniň bilen ýürek edip, orta çykan pälwan bolmasa gerek?! – diýdi.

– Äý, hiç birimizem hakymyzy gideresimiz ýok-la! – diýip, öý eýesiniň sesi çykdy.

Bu gürrüňleri eşidip ýatan Nazar «Bularyň dördüsem pälwan bolmaga çemeli. Beýleki üçüsini-hä görmedim welin, öý eýesi-hä gaty pälwan sypat adam...» diýip, öz ýanyndan pikir etdi.

Olaryň ýene biri:

– Be, Hanguly, ol ýatan kim-aý? – diýip sorady.

– Bir geçip barýan myhman ýigit.

– Öz tanşyňmy?

– Ýok, tanşym-a däl.

– Äý, tanşyň bolmasa, Hanguly, şular ýaly myhmandan ahmal bolma-haw! Öten ýyl biziň goňşymyz Arçalara bir mülhit adam myhman bolup, ýatypdyr. Daňdan tursalar, myhman ýok diýýär. Ol «myhman» Arçanyň atyny kesip ötäýden bolsa nätjek?! Arça pahyr sermenip, ýer urup galdy.

– Aý, ýok, bu myhman ogurlyk etjek adama meňzänok. Gaty geýnüwli, görmegeý ýigit. Men-ä nahar iýşini görüp, haýygaýdym. Bir tabak ýagly gowurmany gördümem etmedi. Ýöne ýaragy-ha gurgun bolarly – diýip, öý eýesi öz myhmanyny öwdi.

Ýoldaşlarynyň ýene biri:

– Äý, geýimi bilen adam tanap bolmaz. Ýöne ahmal bolma – diýdi.

– Menem özüme göwni ýetýänlerdendirin-how! Onsoňam, alla bardyr.

–«Alla ynansaňam ynan welin, eşejigiňi pugta duşa» diýip-

dirler. Senem alaşaň aýagyny zynjyrla-da ýatyber – diýip, bir ýoldaşy tabşyrdy.

Nazar dostlaryň soňky gürrüňlerini oňly diňläp bilmän, uka gitdi.

Hemişeki turşy ýaly Nazar daň bilen turdy-da, egnine ýektaýyny atyp, öýden uzagrak ýerdäki tutluga baryp ýazyldy. Akyp ýatan suwly ýapda oňat ýuwundy. Dynjyny mazaly alypdyr, keýpi kök. Öwrülip, myhman ýerine geldi. Daýaw gelne gözi düşüp:

– Salawmaleýkim, Akjemal gelneje! – diýdi.

Akjemal myhmanyň saglygyny, sag-aman ýatyp-turanyny sorady. Onýança öýüň eýesi Hanguly turdy. Olam myhmany bilen saglyk-amanlyk soraşdy, soň olam akar suwa tarap ugrady.

Hangulynyň yzyndan seredip, «Daýaw adam, belli pälwan bolmaga çemeli…» diýip, Nazar agşamkylaryň gürrüňlerini ýatlady.

Myhman bilen öý eýesi gapydaky sekiniň üstünde oturan batlaryna, bularyň öňüne bir kersen, içi iki sany uly agaç çemçeli, ýagly gowurma bilen bişirilen unaş geldi. «Bissimylla!» diýip ikisem unaşdan sümürmäge başlady. Öý eýesiniň ýagly unaş iýşini görüp, Nazaryň öz nahar iýşinden göwni geçdi. Nahar gutaran badyna, ýaňy sapagyndan ýolnan waharman geldi. Ondan her haýsy bir käse iýip, soňam çaý içmäge başladylar.

– Myhman, şu gün biziň obamyzda uly toý bar, eger Gysrawa gitmäge howlukmasaňyz, şol toýa baraly. Meniň myhman alşym-a gördüňiz, indi meniň göreşimem bir göräýseňiz – diýip, öý eýesi myhmanyny toýa çagyrdy.

– Alaşaňyzyň zynjyryny açdyňyzmy? – diýip, Nazar ýylgyryp, öý eýesine garady.

– Ýa, walla aldyň-aý! – diýip, öý eýesi gülüp hezil etdi – Eşdip ýatan ekeniňiz-ow!

– Toýa çagyrylman barsam, ol nähili bolar?

– Meniň sizi toýa çagyrmaga hakym bar. Toý tutýan meniň daşgynrak agam. Ol, diýseň, gurgun adam. Köp doganyň biri. Onuň çagasy bolmaýardy. Soňky alan gelninden ogul boldy. Oňa bütin oba begendi. Toýuň baýragam kiçi-girim däl.


enedilim.com

– Ol gürrüňleri agşamky ýaňra ýoldaşlaryňdan eşitdim. Toýa gitmeli bolsa, gidäýeris.

– Wah, myhman, siz-ä oňaraýdyňyz! – diýip öý eýesi gülüp hezil etdi. – Dogrudanam, olar ogry hakynda gürrüň etdiler. Olara «Ýaňra» diýdiňiz welin, şu gün olara aýdaryn. Gülşerler. Olar gowy ýigitler. Özlerem gaty pälwan adamlar. Meni sylap, meniň bilen göreşenoklar, emma başga ýerden gelen pälwanlary welin edil gazyk edäýerler.

– Menem gazyk edäýerlermikä, ýa myhman diýip sylarlarmyka? Agşamky gürrünler-ä myhman sylajak adamlara meňzänok - diýip, Nazar güldi.

– Dogry. Göreşe çykýaňyzmy?

– Eý, käwagt oba toýunda çykaýmamam bar.

– Myhman, bir-ä sowdada, birem göreşde sylaşmak diýen gürrüň bolmaz. Hany ýörüň, toýa baralyň, ýoldaşlarym maňa garaşýandyr.

Hanguly myhmanyny yzyna tirkäp, toýa bardy.

Nahar bişirip, çaý gaýnadyp, gaýmalaşyp ýören adamlar Hanguly dagy bilen görüşdiler. Uly ak öýüň gapysyndaky giň eýwanly tamyň dalanynda oturan adamlaryň Hangulydan ýaşy bularyň ikisi bilenem dik durup, ýaşululary bolsa ýerlerinden gowsunybrak gorüşdiler.

Toýuň eýesi orta ýaşan, ýasy ýüzli, semiz adam eken.

– Pälwan, sen myhmanyňam al-da öz ýoldaşlaryň – pälwanlaryň ýanyna, hol, gündogarky ak öýe baryber – diýip, ol Hangula barmaly öýüni görkezdi.

Ak öýdäkiler bilen salamlaşyp, geçip oturanlaryndan soň, öýdäki oturanlaryň biri:

– Hanguly pälwan, bu ýigidi tanamadyk-la? – diýdi.

– Bu ýigid-ä agşamky meniň öýümde gören ýaby ogryňyz – diýip, Hanguly gülmäge başlady.

Ol sorag beren ýasy, ýüzi togalak adam gyzardy.

– Sizmidiňiz maňa ogurlyk ýapýan? «Hol ýatan ýaby ogrusy bolaýmasyn?…» diýýän sizmidiňiz? – diýip, Nazar gülüp sorady.

– Şol, ertirden soň turup, «dostlaryň-a ýaňra ekeni» diýipdiň.

Ine, şol ýaňralaryň biri, hol, beýleki ikisem anha otyr!» diýip, Hanguly ýene iki sany daýaw adamy Nazara görkezdi.

Olaram pälwan sypat adamlardy. Motduk pälwan diýenleri süýri ýüzli. Obada onuň ýaly adama at ýüzli diýýärler. Eňegem uzyn, ujy çürelip gidýär. Özem uzyn bolmaga çemeli. Ellerem, injiklerem gaty uzyn görünýär.

Pälwanlar çaý içişen bolup otyrlar.

– Iýjek zadyňyz barmy ýa hemmäňiz naharly geldiňizmi? Özümiz-ä, dogrusyny aýtsak, ynha, myhman ikimiz «Kim köp iýmeşek» diýen ýaly edip, unaşdan doýup gaýtdyk– diýip, Hanguly oturanlardan sorady.

– Eger nahar meýliňiz bolsa, Möwlam aga biziň ýagdaýymyzy bilýändir, bagyr-öýken bilen ýagly gapyrgany gowrup beräýer.

– Bizem naharly, toýy ilki göreş bilen başlaýsak, ýaňky aýdan naharyňy soňa goýaýsak, nähili bolarka? – diýip, ýasy ýüzli, gyzylmeňiz Sary pälwan dillendi.

– Nahary soňa goýmagy maslahat bilseňiz, men Möwlam aga bilen geňeşip geleýin. Eýýäm gün guşluk galypdyr, göreşi mundan soňa goýsak, yssy düşer. Daşardaky galmagaly eşidýäňizmi? Toýçy märeke ýygnanypdyr – diýip, Hanguly ýerinden galjak bolanda, uzynak daýaw adam salam berip, gapydan geldi.

– Anha, Italmaz pälwanam geldi! – diýip, Hanguly gygyrdy.

Italmaz gotur sag tarapdan başlap, görüşmäge duranda, birden gözi Nazara düşdi. Ol sakga durdy. Pyçagyň sapyna ýapyşdy. Soňam hyrra yzyna öwrülip, daş çykyp gitdi.

Öýdäki adamlar Goturyň bolşuna geňirgenişdiler.

– Bu näme etdigi? – diýip, Italmazyň yzy bilen Hangulam çykyp gitdi.

Nazaryň sag eli henizem ýektaýynyň çep goltugynda, ýörite tikilen jübüsiniň içinde sapançanyň sapyny gysymlap durdy.

Hanguly eýwana barsa, Italmazam, Möwlamam ýok. Tamyň aňry çüňküni salgy berdiler. Hanguly baryp seretse, Italmaz bilen Möwlam hol çete çykyp, bir-birine barmaklaryny gezeşip, bir zadyň jedelini edýärler. Hanguly olara tarap ýöneldi. Italmazyň sesi eşidilýär:

– Näme üçin meniň gandarymy öz toýuňa çagyrdyň?

– Ony men çagyramok.

– Çagyrylmadyk ýerden, onuň özi toýa geläýen däldir. Ýalan sözleme. Ony pälwan diýip, ýörite özüň çagyransyň. Meniň bu toýa geljegimi bilýärsiň ahyryn...

– Ol Hangulylarda öten agşam myhman bolupdyr. Hangulam öz myhmanynyň seniň bilen gandardygyny bilmän, meniň toýuma alyp gelipdir.

– Meniň gudam boljak bolsaň meniň gandarymy toýçy märekeden çete saýla, men ondan ganymy aljak.

Onýança Hanguly geldi:

– Ol ýigidi toýa men alyp geldim. Ol meniň myhmanym. Türkmen öz öýüne gelen myhmany hiç kime horlatmaz. Ol seniň gandaryň bolsa bolubersin. Özüm ölmän, öz myhmanymy saňa öldürtmen. Bu ýerde Möwlam aganyň günasi ýok. «Myhmany kow, ony çete çykar!» diýdiň. Çete çykmaly bolsa, ilki meniň bilen çykarsyň...

– Seniň bilen duşmançylygym ýok. Çete çykarmasaňyz, siz arkaýyn toýuňyzy tutuberiň, menem ar alaryn.

– Biz saňa toýumyzy bulatmarys – diýip, Möwlamam, Hangulam deň aýtdylar. Soň Hanguly:

– Toýy bulan wagtyň özüňem gana bulaşarsyň! – diýdi.

– Gürrüň şu bolsun. Men toýdan gidýärin. Emma meniň gandarymyň toýdan soň nirä gitjegini aňtaryn – diýip, Italmaz öýkeläp, ugranda Hanguly:

– Myhman biziň obamyzdan çykyp gidenden soň, ol biziň myhmanymyz däl, soň başarsaň ganyňy alyber! – diýip, Italmazyň yzyndan gygyrdy.

## -3-

## PÄLWANLAR

Ak öýüň içindäkiler Italmaz pälwanyň myhmana içiýangynly seredip, öýden gaharly çykyp gidişini geň görüp otyrkalar, gapydan ganyny gaçyryp Hanguly geldi, birhili sandyrawuk ses bilen:

– Möwlam aga bilen razylaşdym. Ilki göreş guralyň, soň özbaşymyza bir işşek soýup berýärler. Ýöne bir käse çaý içeýin – diýip, geçip öz ýerinde oturdy.

– Ýaman hasylap, sandyraýaň-la, näme, ylgap geldiňmi? – diýip, at ýüzli pälwan gülümsirän boldy.

– Eýgilikmi? – diýip, Nazar gapdalyna geçip oturan Hangulynyň gulagyna çawuş çakdy.

– Eýgilik, Gotury toýdan çykaryp, kowup goýberdim. Öýkeläp atyny çapdyryp gitdi. Arkaýyn toý toýlabereli – diýip, olam öz myhmanynyň gulagyna aýtdy.

«Ilki bilen göreş tutuljak-haw! Göreşe tomaşa edesi gelýän, hol, ýeňsedäki gumaga barybermeli-how!» diýip, jarçynyň çirkin sesi eşidilip başlady.

Toýçy märeke göreş tutulmak üçin ýörite edilen tegelek gumaga tarap çozdy. Ilki gelenler tegelegiň aýlaw gyrasynda gysylyşyp oturdylar. Soňky baranlar hümer gurap, oturanlaryň yzynda dik durmaly boldy. Oturanlar biraz gaýrak çekilip, bir-birlerine gysylyşyp, gartaňrak adamlara tegelegiň gyrasyndan ýer berdiler.

Gysga boýly, tokgarak, dogumly adam – serenjamçy orta çykyp:

– Sesiňizi goýuň! – diýip, batly gygyrdy.

Töwerekdäki wagyrdy galyşdy. Serenjamçy:

– Gaýra süýşüp, şu ýerden pälwanlar oturar ýaly ýer boşadyň! – diýip, gygyrdy-da, oturan adamlary gününe goýman, gaýra süýşürdi, giň ýer açdy.

«Pälwanlar gelýär!» diýlen sesi eşidip, her kim şol ak öý tarapa seretdi.

– Öňden Hanguly pälwan gelýär.

– Bäý, Motduk pälwanyň satanlakdygyny, zaluwat, her ýerden bir ätmerläýýär! – diýip biri güldi.

– Hanguly pälwanyň yzyndan gelýän haýsy pälwan?

– Biziň gören pälwanymyz-a däl!

Pälwanlar özleri üçin goýlan ýerde oturyp, geýimlerini çykarmaga başladylar. Nazaram donuny çykaryp, pyçagyny, telpegini onuň üstünde goýdy, ädigini çykarmaga oturdy.

– Bä, myhman, senem göreşjekmi? Äý, ahmal bolma, meniň ýoldaşlarym güýçlüdir, saňa eýgertmez – diýip, Hanguly Nazaryň gulagyna çawuş çakdy.

– Zyýany ýok, ýykylaýanymda-da, bu ýerde meni tanaýan ýok! – diýip, Nazar gülümsiredi.

– Hol, atýüzlä ýanaşmagyn, ol maňa-da hezil berenok. Göreşmeli bolsa, ol ýasy ýüzlem däl, hol aňyrky oturan görmegeý ýigit bar-a, ine, şonuň bilen synanyşaý…– diýip, Hanguly öz myhmanyna pyşyrdap akyl berip otyrka, serenjamçyň sesi çykdy:

– Adamlar, hol duran howutly, halykly, daýaw ak erkegi görýäňizmi?

Märekäniň sesi ýatyşdy.

– Möwlam şol erkegi birinji baýraga goýdy!

– Howudy, halygy bilenmi? – diýip, biri gygyrdy. Märeke gülüşdi.

– Owsarynam berjekmikä?

Ýene gülüşdiler.

– Kimde-kim birinji baýragy alasy gelse, orta çyksyn! – diýip, serenjamçy gygyrdy.

Hanguly köýnekçe, aýagy ýalaňaç, kellesi tahýaça orta çykyp, serenjamçynyň elinden sütük guşagy alyp, haýbatly keserilip durdy.

– Hanguly pälwan bilen göreşip biljek adam orta çyksyn! –

diýip, serenjamçy gygyrdy. Hiç kimden ses çykmady.

– Ikinji gezek gygyrýan. Kimde-kim Hanguly pälwan bilen güýç synanşaryn diýse, orta çyksyn! Üçünji gezek gygyranymdan soň, hiç kim orta çykmasa, birinji baýragy Hanguly pälwana bermeli bolar.

Nazar ýerinden turup, orta ugrady. Märeke haýran galyp Nazara seredýärdi. Ol gelip, serenjamçynyň elinden sütük guşagy alyp, Hangulynyň ýanyna bardy. Märeke onuň çyzgalan ýogyn baldyryna, ak köýnegiň aşagynda güberilýän çiginlerine seredýärdi. Emma Hanguly pälwany ýykar öýdüp pikir etmeýärdi.

Hanguly öz myhmanyna seredip, başyny ýaýkady. Jaýtarylyp duran murtunyň aşagyndan dodaklary çala ýylgyrdy.

Bir-birleriniň guşaklaryny barlap durkalar, Nazar:

– «Bir-ä söwdada, birem göreşde bir-biriňi sylamaly däldir» diýip özüňiz aýtdyňyz? Dogry dälmi? – diýdi.

Hanguly:

– Dogry, ýöne... – diýende, Nazar onuň sözüni böldi:

– Ýöne ýykylaýsaňyz, baryp Akjemal gelnejemi ýenjäýmäň. Ol öten agşam bir tabak ýagly gowurma, bu gün irden bir çanak ýagly unaş berdi. Ol naharlar siziň ýykylmagyňyza sebäp bolaýsa gerek.

Pälwanlaryň ikisem güldi. Bir-birleriniň guşagyndan gollaryny geçirip, eglişdiler. «Bolduňmy boldum» edişdiler.

Hanguly myhmany äsgermän, ýakyn durup, çopan badagyny atyp, arkan gaňyrjak bolanda, Nazar onuň bilinden gysyp, iki elini bir-birine ýetirip göterdi-de, ýanbaş badagyny salyp, örän çalasyn ýykdy.

Märeke uly güwwüldi bilen gygyryşdy.

– Ýaş pälwanyň ady näme-haw?

– Ol nireden gelen pälwan ?

Hanguly pälwan ýerinden galyp, myhmana haýran galyp seretdi, soň märekä ýüzlendi.

– Men ahmal galdym. Şu pälwan bilen ýene bir sapar meni göreşdiriň!..

Beýemçi Nazardan:

– Adyň näme, pälwan? – diýip sorady.

Adym Ýedi – diýip, Nazar kakasynyň dakan Ýedinazar adynyň Ýedisini aýtdy.

– Adamlar, pälwanyň ady Ýedi. Şol ak erkek seniňki, halallap aldyň, pälwan! – diýip, serenjamçy Nazaryň arkasyna kakdy.

– Ady Ýedi bolsa, tüweleme, onuň güýjem biziň ýedi pälwanymyzyňkyça bar eken! – diýip, bir ýaşuly gygyrdy.

Hanguly başyny armanly ýaýkaý-ýaýkaý, öz ýerine bardy.

Serenjamçy elinde ýüpek dony tutdy. Ol

– Ikinji baýrak şu gyrmyzy don – diýip, gygyran badyna, Motduk pälwan orta çykdy.

– Äý, Motduk, ol don seniň dyzyňdanam-a boljak däl! – diýip, bir degişgen ýaşuly gygyrdy. Märeke gülüşdi.

– Motduk pälwan bilen göreşjegiň barmy? – diýip, serenjamçy gygyrdy.

Hiç kim orta çykmaga milt edip bilmedi.

Nazar ýoldaşynyň gulagyna:

– Men çykaýynmy? – diýdi.

– Çykmaň, ol ýykar, meniň ýykylanyma gahary gelip durandyr, bilgeşlinden sizi gaty ýykar – diýip, Hanguly myhmana tabşyrdy.

– Siz ýykyldyňyz ahyry menden.

– Wah, men ahmal galdym!

– Belki, olam ahmal galaýsa!

Iki ýoldaş gülüşdi.

– Motduk bilen göreşe Ýedi pälwan çykýar-how!

diýip, Hanguly gygyrdy.

– Ýediň birden çykmaň-haw, ýeke-ýekeden! – diýip, hälki degişgen ýaşuly gygyryp, halky gülüşdirdi. Pälwanlar bir-biriniň guşaklaryny daňyşyp durka, uzyn Motduk aşak, Nazara tarap gaharly seredýärdi.

Pälwanlar eglişip, göreşe başladylar. Motduk pälwan ilkibada gorkarak, çekeräk durdy. Birdenem ol golaý durup, çopan badagyny saljak bolanda, Nazar onuň inçe bilinden pugta gysyp göterdi-de, aýlap başlady. Motduk aýaklaryny ýygryp ýetişmedi. Onuň uzyn aýaklary ýeldegirmeniniň saly ýaly uzakdan aýlanyp başlady.

– Haý, Motduk pälwan aýaklary bilen baryňyzy togalaýmasyn, yza çekiliň! – diýip, bir wäşi gygyrdy.

Märeke hezil edip gülüşdi.

Şol barmaşa, Nazar birden yzyna ýeýerpip, Motdugy arkaragyna göterip uranda, onuň göni ýeňsesi ýere degip, uzyn aýaklary soň patylap ýere düşdi.

Märeke gykuwa berdi:

– Berekella, Ýedi pälwan!

– Göter, Ýedi pälwan!..

Serenjamçy gyrmyzy dony Nazaryň arkasyna atdy:

– Pälwan, halallap aldyň, toýda geýmek nesip etsin!

– Gutly bolsun-haw, pälwan!

– Gutly bolsun, Ýedi pälwan!..

Nazar baryp, hasylap oturanda, Hanguly:

– Siz, dogrudan, pälwan ekeniňiz – diýip, onuň arkasyna kakdy. – Motduk sizi biraz ýadatdy öýdýän. Motdugy göterip, aýlap, ýanbaşa ataýmak her pälwanyň işi däldir.

Motduk gelip oturdy. Nazara seredip, ol garşy-garşy başyny ýaýkaýar.

Serenjamçy gygyrdy.

– Üçünji göreşiň bir öweç baýragy bar!

Ýasy ýüzli, gyzyl pälwan orta çykdy. Olam garşy Nazara seredýärdi. Ýedinazar çykanok, hasylap dem alýar.

Serenjamçy ikinji gezek gygyrdy.

Ýasy ýüzli ýene Nazara seretdi.

– Sary pälwanyň-a siziň bilen güýç synanyşmak hyýaly bar welin, entek mazaly dynç alman, çykmaň! Ol gaty güýçlüdir, özem bilgeşlinden bir ýeriňizi döwäýmegi ähtimal – diýip, Hanguly Nazaryň gulagyna çawuş çakdy. Soňam:

– Ýedi palwan biraz dynç aljak! – diýip Sara tarap gygyrdy.

Sary palwan elini gaharly silkip, guşagy serenjamçyň üstüne zyňyp goýberdi-de, ýerinde oturdy.

Soň bir daýaw pälwan bilen Hangulynyň üçünji ýoldaşy – görmegeý ýaş ýigit göreş tutdy.

Hangulynyň ýoldaşy soňky çykan pälwany ýykyp, öweji almaly boldy.


enedilim.com

Bu ýaş pälwan myhmanyň göreşine höwes eden bolmaga çemeli, gelip oturan badyna:

– Hanguly aga, şol öweji siziň myhmanyňyza söwüş edeli– diýdi.

– Hökman söwüş edeli, ýöne bu gün siziň hemmäňizi çagyryp, özüm söwüş etjek. Agşamky myhman alşyma göwnüm ýetenok – diýip, Hanguly ýaş pälwana jogap berdi.

Serenjamçy elde gowy bejerilen düýpli ýüpek gyňaçy märekä görkezip:

– Indiki sylag şu düýpli gyňaç! – diýip gygyrdy.

Ýene şol gyzyl ýüzli ýasy pälwan orta çykyp, Nazara seretdi.

– Çykaýynmy? – diýip, Nazar çawuş çakyp, Hangulydan sorady.

– Çykma, onuň hyýaly gowy däl– diýip, olam Nazaryň gulagyna aýtdy.

Halkyň gözi ýasy pälwan bilen Nazardady. Ýasy pälwan «Gel, bigaýrat!» diýen ýaly edip, Nazara elini uzatdy. Nazar turup ugranda, Hanguly ony saklajak boldy, emma ýetişmedi.

Pälwanlar tutuşan badyna, ýasy pälwan Nazary göterip, aýlap başlady. Nazar iki aýagynam ýygryp, ýere urulmagyna taýýarlandy. Sary pälwan birmeýdan aýlap, Nazary ýere uranda, onuň iki aýagam deň düşdi. Ol emeliň bolmanyny aňyp, ýasy pälwan Nazary sag dyzyna göterip, arkan çaldy, ýene Nazaryň aýaklary ýere deň düşdi. Sary pälwan ýaňadan göterjek bolanda, Nazar sag aýagyny onuň çep aýagynyň iç ýüzünden ildirip ýetişdi. Ol ýasy pälwany göterip, arkan serpäýmäge gurbat gerek. Nazar bar güýji bilen arkan serpdi, Pälwanlaryň ikisem güpürdeşip gaýtdy.

Märeke gykuw saldy.

– Deň boldy!

– Araçara boldy!

– Täzeden göreşdirmeli.

– Galmagaly goýuň! – diýip serenjamçy gaty gygyrdy. Galmagal ýatyşdy.

Ýasy pälwan serenjamçyň elindäki gyňajy silkip aldy-da Nazara tarap oklady.

– Dogry, Sary palwanyň gapdaly ýere öň degdi – diýip, serenjamçy gygyrdy.

– Adamlar, Sary pälwan dogry etdi. Ýedi pälwan ony ýykyp bildi – diýip, Hangulam gygyrdy.

– Berekella, Ýedi pälwan!

– Sag bol, Ýedi pälwan!

– Pälwan diýseň, pälwan eken!

Toýçy märekäniň gykylygy asmana galdy.

Ýene-de serenjamçy gygyrdy, ýene göreş başlandy.

Hanguly, orta çykyp, Nazary göreşe çagyrdy. Emma Nazar çykmady. Soň Hanguly başga bir pälwany aňsatlyk bilen ýykyp, gowy hywa donuny aldy. Soň onuň ýoldaşlaram çykyp, baýrak aldy.

Uly pälwanlaryň göreşem tamam boldy. Ýaşlara gezek gelende, Hanguly ýoldaşlary bilen tirkeşip, ýene öňki oturan ak öýlerine bardy. Özleri üçin bişirilen çekdirmeden pälwan iýmitini edindiler. Soň toý eýesi Möwlamdan rugsat alyp, Hangulynyň çagyrmagy bilen, olara tarap tirkeşip ugradylar.

Hanguly bara-barmaşa:

– Akjemal, agşamky myhmanymyz ýaby ogrusy-ha däl, ýöne-möne adamlardanam däl ekeni! Asyl uly pälwan bolsa nätjek! Biziň ählimizi ýykdy. Oglanlaryň birini çagyr-da, gapydaky toklyny soýdur myhmany oňat hezzetläli – diýip gygyrdy.

– Akjemal gelneje, agşam bir tabak ýagly gowurma berdiňiz, ertirden soňam gowurmaly unaşdan doýurdyňyz, şolaryň güýji bilen Hanguly aganam, onuň ýoldaşlarynam ýykyp, iň uly baýraklaram özüm aldym. Soň men göreşjek däldim. Görsem, bir owadan düýpli gyňajy baýraga goýdular. Oňa gözüm gitdi. Ol baýrak üçinem ine, şu ýasy pälwan çykdy. «Şu ýasy pälwany ýykybiläýsem, oňat naharlany üçin şol gyňajy gelnejeme bereýin» diýip, içimden şert etdim. Ýasy pälwany ýykdym, şol baýragam, gelneje, size ak ýürekden sowgat berýärin! – diýip, Nazar bezegli düýpli gyňajy goltugyndan çykaryp, Akjemala uzatdy.

Akjemal gaýra çekildi, beýle uly sowgady almaga bogny ysmady. Pälwanlaram myhmanyň beýle eli açyklygyna haýran galyp, agyzlaryny açdylar.


enedilim.com

– Al, ak göwün bilen berlen sowgatdan ýüz öwürmek bolmaz! – diýip, Hanguly gyňajy alyp, Akjemalyň üstüne atdy.

– Ýaby ogrusy-ha ýeser ýigit eken! – diýip, ýasy pälwan dymşygy bozdy. – Pälwanlygam, adamçylygam özümize görä artygrak bolmaga çemeli!.. Gerek bolaýsa, bu Ýedi pälwany nireden tapmak bolar?

Hanguly:

– Soň nireden tapyljagyny-ha biljek däl weli, edil şu wagt-a men tapyp bereýin – diýdi.

Oturanlar gülüşdiler.

– «Ýaby ogrusy» diýen sözem şu Motduk tapdy.

– «Ýaby ogrusy» sözüňizi myhman eşidip ýatan ekeni – diýip, Hanguly güldi.

– Ah, şeýle bir zady bardyr-la, bolasy Ýedi pälwan toýda Motdugyň aýlaw sanyny ýitirdi-le!..

Pälwanlar hezil edip gülüşdiler.

Akjemalyň ümüne düşünip:

– Men bir nahara seredip geleýin! – diýip, Hanguly daş çykdy. – Näme? diýip, daşarda aýalyndan sorady.

– Italmaz gelip, meniň bilen salamlaşdy. Soň «Myhmanyňyz haýsy obaly?» diýip sorady. Men «Onuň nirelidigini bilmedim» diýip jogap berdim. «Ugry nirä?» diýip sorady. «Ugry ilerik, şu Gysraw obasyna gitmekçi» diýdim. Soň ol hiç zat soraman, Gowşut duralgasyna tarap atyny sürüp gitdi.

– Häk, Akjemal, oňarmansyň! «Bilemok» diýäýmeli ekeniň! «Ak düýäni gördüňmi? Geremok!» Wah oňarmansyň.

– Ýaňam, hol tutlugyň aňyrsynda bir gara atlynyň duranyny gördüm welin, Italmaz bolaýmasyn? Şol ýöne ýere aýlananok. Agşam myhman ýatjak bolup donuny çykaranda, jübüsinde altataryň sapyny gördüm. Şu myhmanyňam ýöne adam däl, ahmal bolma! – diýip, Akjemal öý eýesine tabşyrdy.

– Myhman oňat adam, ondan arkaýyn bolaý, ýöne daşarrakda ýör-de, töweregiňden göz-gulak bol. Etir-titir bir zat bolsa, maňa ümläý, ylaýta-da Italmazdan ahmal bolma! – diýip, Hanguly aýalyna pugta tabşyryp, öýe girdi-de:

– Nahar taýýar, adamlar, elleriňizi ýuwuberiň! – diýdi.

Adamlaryň daş çykyp, ellerini ýuwmaga şol tutly ýaba tarap ugranlaryny görüp:

– Ýedi pälwan, hany bäri duruň, siziň bilen gürrüň bar! – diýip, Hanguly ony ýanyna çagyrdy.

– Şol ýerde Italmaz sizi aňtap ýör, ýöne ol meniň öýüme gelip bilmez. Bu gün Gysrawa gitjek bolmaň, bizde ýatalyň. Ol ajygar-suwsar, köp durup bilmez, ol gidenden soň men sizi ýola ugradaryn – diýdi.

Pälwanlar nahar iýip bolýançalar, garaňky gatlyşdy. Ýaş pälwan öýüň eýesine:

– Hanguly aga, bu gün Ýedi pälwany bize alyp gideli. Men şu günki göreşip, alan öwejimi pälwana söwüş edip berjek – diýdi.

– Garly, inim, gaty oňarýarsyň, biz seniň myhmany sylap – söwüş etmegiňe gaty razy. Sen ertir irden goýnuňy soýuber, biz nahar taýýar bolanda Ýedi pälwan bilen bararys – diýip, Hanguly ýaş pälwana sag bol aýdyp goýberdi.

Pälwanlar ugrandan soň, Hanguly aýalyna:

– Bu gije çagalar bilen sen öýde ýat, bize welin düşegi edil öten agşamky ýazyşyň ýaly aýry-aýry ýaz! – diýip tabşyrdy.

– Siz oturyň! – diýip, Hanguly Nazary daşarda goýup, özi öýe girdi.

Nazaryň ýeke özi oturyp: «Bu zalym meni sypdyrjak däl öýdýän. Gije ýüzümi garaňka tutup Gysrawa-da gitmän, göni öýe gaýdybersem bolmazmyka? Ýaş pälwanam bizi myhman çagyrdy. Olam soň bu gürrüňleri eşidip «Gorkup gaçyp gidipdir» diýse, «Gaçak» gürrüňem halkyň içine ýaýrasa! Eý, ol-a bolmaz» diýip pikire batdy.

Nazar öýe seretse, Hanguly çüýşesiz çyranyň yşygynda peşeň doldurýar. Ýedinazar görmezlige salan boldy.

– Ýeke özüňizi goýup, içeri giräýdim weli, ýüregiňiz gysanokmy? – diýip, öý eýesi eli goşa tüpeňli daş çykdy. Hangulynyň çep elinde okdan doly hataryň bardygynam Ýedinazar gördi.

– Hanguly aga, meni gorajak bolup, sizem gana bulaşaýmaň! Iň gowusy, men gaýdybereýin – diýip, Nazar ýalbardy.

– Ertir ikimiz Garly pälwanlara barmaly ahyry.

– «Gyssagly iş çykdy» diýip, bir bahana tapyň! Men Gysrawa


enedilim.com

gitmäýin, ol tarapy Italmaz saklaýandyr. Meni goýberiň, men gaýdaýyn.

– Siz şu wagt gaýtsaňyz, il maňa näme diýer? «Italmazdan gorkusyna öz myhmanyny gaçyrypdyr. Öz myhmanyny gorap bilmändir» diýer. Näme, indi meni il masgarasy etjek bolýaňyzmy? Şu tüpeňi görýäňizmi? Italmazy gaýdyp şu töwerege gelmez ýaly ederin, arkaýyn ýatyberiň – diýip, Hanguly biraz gatyrgandy. – Siz kim? Nähili bolup, bu Italmazlar bilen gandar bolduňyz? Hazir özüňiz nirede ýaşaýarsyňyz? Gerek wagty men sizi nireden taparyn? Özüňiz bilýäňiz, pälwanlary ulurak toýlara-da çagyrýarlar. Soňam menden çekinmäň, ikimiz indi dost bolduk, size peýda ýeter welin, zyýan ýetmez. . .

Iki pälwan örän az wagtyň içinde bir-birini halady, sözleri alyşdy, bir-birine oňat ynanyşdylar. Şonuň üçinem Nazar ähli başyndan geçirenlerini Hangula birin-birin gürrüň edip berdi.

Akjemal boşan çäýnek-käseleri ýygnaşdyryp, iki dostuň golaýragynda, nahara sereden bolup, olaryň gürrüňini diňlemäge başlady.

– Ýedi pälwan, siziň näçe erkek, näçe aýal doganyňyz bar? – diýip, öý eýesi sorady.

– Aýal doganymyz ýekeje. Gaty akyllyja, oňat gyz, ýaňy on üç ýaşyny doldurdy. Onuň adam Aýna. Ýedi doganyň arasynda bolansoň, edil ertekidäki ýaly onuň adyna «Akpamyk» dakmaly eken, ýöne ejem pahyr «Aýna dakalyň» diýip duransoň, onuň bilen razylaşypdyrlar. Men doganlaryň iň kiçisi bolanymdan soň, Kiçi gyz doganymyzyň aladasyny etmegem meniň paýyma düşdi. Bir ylgap ýörenje oglum bar, oňa-da «Kakajan» diýip kakamyň adyny dakdym.

Akjemal pälwanlaryň oňünde çişe düzülen ýagly gapyrgalary goýdy. Iki pälwan aýyň aýdyňyna nan iýmäge başlady.

– Eger ulurak toýa çagyrlaýsam, hökman yzyňyzdan bararyn, bu salgy berşiňiz bilen soraşmanam öýüňizi taparyn – diýip, Hanguly myhmanyna tabşyrdy.

Akjemal gap-çanagy ýygnap öýe girdi. Iki dost ýatmaly bolanda, Hanguly goşany gapdalyna alyp, çetde, myhmanyň ýerinde ýatdy. Nazar öý eýesi ýaly bolup, sekiniň ortasynda ýatdy.

Akjemal keçesini süýräp, işigiň iç agzynda gyşardy. Iki pälwan ýatan ýerlerinden birsalym hümürdeşip, gürrüň edişdiler, soňam edil döw ýatan ýaly, uka batdylar.

...Gijäniň ýarymy töwereginde aňyrky tutlukdan gara atly çykyp, Hangulylara tarap ugrady. Seredip ýatan Akjemal derrew baryp, ärini oýardy-da, ýene öýüne girdi.

Hanguly gelýan atla seredip ýatyr. Hanguly onuň kimligini tanady.

Italmaz öýe golaý gelmän, atdan düşdi. Atyny daňdy. Pyýadalap, aý-aýdyňda eli ýalaňaç gylyçly gelýär.

Hanguly goşany pugta çenedi. Birden gümpüldedip goýberdi. Goşanyň sesine Nazar eli sapançaly zöwwe galdy. Biriniň gaçyp barýanyny gördi.

– Ýene meniň öýüme eli gylyçly gelgin! – diýip, Hanguly gygyrdy.

– Näme? Hanguly aga, näme boldy? Kim tüpeň atdy?

– Men atdym! – diýip, Hanguly ýuwaşjadan gülüp başlady.

Gaçyp giden adam atyny çapdyryp, öýden arany mazaly açandan soň, öý eýesi ha-ha-haýlap gülmäge durdy.

– Näme boldy? Näme?.. – diýip, Nazar hiç zada düşünmän, yz-yza soraýar.

– Ýörüň, nämedigini görkezeýin. Akjemal, çyrany ýak! – diýip, Hanguly öýe girdi. Çyranyň yşygyna goşany omrup, atylan peşeňi zyňdy, atylmadyk peşeňiň agzyny açyp, içinden bir zat çykardy-da myhmana görkezdi.

– Seçme däl-le, jöwen-le! – diýip, Nazar ýyrşardy.

– Jöwen bilen Italmazy tüpeňledim – diýip, öý eýesi ýene gülmäge başlady. Pälwanlaryň ikisem biraz gülüşdiler.

– Akjemal, indi arkaýyn ýatyber. Italmaz gaýdyp biziň öýümiziň golaýyna-da gelip bilmez.

Ertesi çaý içip otyrkalar, Hanguly öz myhmanyndan:

– Ölşügi eşitdik, emma biziň eşidişimiz başgarakdy. Siziň aýdyşyňyza görä, Kerim günäkär ekeni, suwy bir dakyga golaý öň ýykypdyr. Şeýlemi? – diýip sorady.

– Dogry, Kerim suwy öň ýykdy, ýöne ýarym dakyga suw üstünde adam öldüräýmeli däl ahyry. Meniň agam Allanam gaty


enedilim.com

nebsewür– diýip, Nazar Garlylara barýarka, ýolda agasyndan zeýrendi.

– Nebse gezek gelende, Kerimem hiç kimden kem oturmaz. Böwedi wagtynda ýykaýmaly ahyry. Indi gör, ýarym dakyga suw üçin näçe adam, onda-da iň bigünä adamlar horlanmaly – diýip, Hangulam zeýrendi.

Iki pälwan şular ýaly gürrüň edip, Garlylara nähili baranlarynam bilmedi. Motduk bilen ýasy pälwanam oturan eken. Bärden baranlar olar bilen salamlaşdylar. Çaýyň başynda pälwanlaryň gürrüňi gyzyşdy.

– Ýa walla, Hanguly, senem myhmanyň beýle güýçli pälwandygyny aýtman, biziň işimizi gördüň-aý! – diýip, ýasy pälwan güldi.

– Meniň özümem bu myhmanyň beýle pälwandygyny bilmedim. Beýle güýçli pälwandygyny bilen bolsam, unaş berermidim, derrew söwüş ederdim…

Gürrüň uzaga çekdi. Indi toýa çakylyk bolaýsa, özleri bilen Nazaram äkitjekleri hakda-da gürleşdiler.

Soň goýnuň ýagly etinden mazaly keýplerini köklän pälwanlar Garly pälwana sag bol aýdyp, dagaşdylar.

Nazar Hanguly bilen hoşlaşyp, baýrak alan erkegine münüp ugrajak bolanda, Akjemal elde dokalan oňat ketenini getirip, myhmana berdi:

– Şu keteni öz jigiňiz Aýna jana menden sowgat bolsun! Tikip toýda geýmek nesip etsin! Şirine-de menden salam aýdyň!

-4-

# HOWPLY DUŞUŞYK

Nazar öýüne golaý baranda Şirin bilen Aýnanyň gülüşýän sesini eşidip, begendi. Gapydan yşyklap görse, olar Kakajanyň taý bilen ýaryşýandygy hakdaky gürrüňine gülüşýän ekenler. Olaryň üçüsiniňem birden Nazara gözi düşdi. Kakajan:

– Kaka! Kaka! – diýip ylgady.

– Sag-aman otyrmysyňyz? – diýip, Nazar olaryň saglygyny sorady. – Aýnam, al, saňa täze bir gelneje, Akjemal gelneje sowgat iberdi – diýip, pasyrdap duran täzeje keteniniň gatyny açyp, onuň horja egnine atdy.

– Wah, nähili oňat zat! Haýsy gelnejeň iberdi? – diýip, Şirin sorady.

Nazar oturyp, bir çäýnek çaý içýänçä, Hangulylara myhman bolşuny, Akjemal gelnejäniň oňat adamdygyny, toýda göreşişini, baýrak alşyny birin-birin gürrüň berdi. Ýöne Italmazyň gelşi hakda bir agzam sözlemedi.

– Hany, gyrmyzy donuňy geý, göreli! – diýip, Şirin gününe goýman, dony Nazara geýdirdi, daşyndan höwes bilen synlady:

– Gaty gowy gelişýär, toýda, arkaýynlykda geýmek nesip etsin!

– Ýör, erkegi bir görsene, nähili daýaw erkek! – diýip, Nazar Şirini alyp daş çykdy. Aýna bilen Kakajan ylgaşyp, ýataga – erkegiň ýanyna Şirin dagydan öňürti bardylar. Erkege syn etdiler, guwandylar.

– Gelneje, men ketenimi Alty kakamlara, Bäşim kakamlara, beýleki gelnejemlere-de görkezeýin-le! – diýip, Aýna Şirinden sorady.

– Bar, hökman görkez, deň-duş joralaryňa-da güjeňle! – diýip,

Şirin begenjinden uçaýjak bolup duran Aýna rugsat berdi.

– Menem gitjek! – diýip, Kakajanam Aýnanyň yzyndan ylgady. Nazar bilen Şirin gülşüp öýe girdiler.

Aýna gelnejeleriniň ählisine ketenini görkezip çykdy. Altybaýyň aýalam, Bäşimiň aýalam…ähli gelnejesem şatlykly gutladylar. Aýnanyň göwnüni göterdiler. ýöne iň uly gelnejesi – Allanyň aýaly ketenä-de kän seretmän, «Nämäňe bezenjek, nämäňe guwanjak?! Bar daşda gez!» diýip, çaganyň keýpini gaçyryp, kowup goýberdi. Aýnanyň keýpi gaçdy. Nurberdilere barmaga çekinip, yzyna gaýdyp gelýärkä onuň uly aýaly pete-pet oňünden çykaýdy.

– Gelneje, Nazar kakam maňa köýneklik keteni berdi, göreşip baýrak alypdyr.

– Hany, goreýin! Ýene näme baýrak getirdi? – diýip, ol sorady.

– Bir oňat erkek, özüne bir gowy gyrmyzy don getirdi– diýip, Aýna begenip gürrüň berdi.

– Bolupdyr, keýgim. Ýöne bu keteňini özüňe köýnek tikinjek bolma, saňa hol boýalan Hywa bizem besdir! – diýip gitdi.

Aýna onuň sözüne kän düşünmese-de, oňly zat aýtmanyny aňlady.

– Wiý, Aýna jan, näme beýle ýüzüň sallap geldiň? – diýip, Şirin sorady.

– Hol uly gelnejem, «Keteni nämäňe gerek, boýalan Hywa bizini geýiber» diýdi.

– Uly gelnejeň ýalan aýdypdyr, Aýna jan. Agaň jany sag bolsa, ketenem geýersiň, çepbetewem. Hany gel, saňa biçeýin. Derrew ony tikerin, aňyrsy bäş günden ýakasynam bejerip bererin – diýip, Şirin Aýnanyň köýnegini biçdi, derrewem tikmäge oturdy.

Nazar ogly Kakajan bilen taýa baş öwredip başlady. Kakasynyň ýolbaşçylygy bilen Kakajan taýy sypaýardy, gaşaýardy, ýuwýardy, süpürýärdi. Taý Kakajan bilen gaty öwrenişdi. Kakajan taýyň ýumşak nogtasyndan idip ylgaýardy, taýam onuň bilen deň çapýardy, uzynly gün Kakajan taý bilen oýnaýardy, çapyşýardy.

Nazar bir gün taýyň arkasyna günnük geýdirip, onuň goltuklaryny garnynyň aşagyndan berk daňdy. Taý gün geçdigiçe günnük bilen öwrenişdi. Soň Nazar bir halta azrak gum guýup, günnügiň üstünde berkitdi. Taý biline az-azdan agram düşmesi bilen öwrenişdi.

– Oglum, geljek ýazdan taýymyz gunan çykar, toýlarda çapdyrarys. Şonuň üçinem özüňi çapyksuwarlyga taýýarla. Indi taýa münüberseň bolar – diýip, Nazar günnügiň ýerine içirgi geýdirdi, üstündenem bir ýassyk bilen berk baglady.

– Pugta ýapyşgyn! – diýip, ogluny taýa mündürip, irişmäni berk tutup ýöretdi.

Taý bu zatlary ýokuş görüp, dyzady, jyrtlajak boldy, emma Nazar ony kän ugruna goýbermedi. Kakajan bolsa berk ýapyşyp, taýyň üstünde gorkman otyrdy. Nazar taýyň irişmesini az-azdan uzaldyp, taýy loňkuldadyp başlady…

Bir gün Nazar laýyk eýer tapyp geldi-de, taýy eýerledi. Taý mazaly münüş öwrendi. Kakajan bolsa taýy suwa ýakyp gelýär, suwuna degýär, darydýar…Soňky wagtda bu ataly-ogluň bar guwanjy şu mele taý boldy.

«Geljek ýazdan toýlara oglum bilen giderin, oglum at çapar, men göreşerin. Şiriniň kakasy bolsa Tutlygaladaky ýerimize-suwumyza seredip, hasylyny getirip berer…» diýip, Nazar bolsady ekýärdi.

Nazaryň ähli dogany, doganoglanlary Nurberdi bilen Amanguly baýyň hyzmatyndady. Üç gezek dagy Hywa kerwenli gidip geldiler.

Öçlüler bolsa, Italmaz başlyklaýyn, töwerekde ýygy-ýygydan görünmäge başlady.

Şirin Aýnanyň köýnegini tikdi. Aýna ýakasy oňat bejergili keteni köýnegini geýip, begenjine kiçi gelnejelerine göründi, gutluk aldy, uly gelnejelerine görünmän, ýene öýlerine gelip, köneje köýnegini geýdi.

Şirin bilen Aýna Tutlygaladan getiren ýüpeklerini taýýarlap, gezek-gezegine gozaga girip, tara dokaýardylar.

Agşamara otyrkalar, Bäşimiň gelni salam berip geldi.

– Nazar jan, gurgunmysyň? Şirin, men-ä bir azajyk un diýip

geldim – diýdi.

Şirin bir okara un berende, Bäşimiň gelni Nazara eşitdirmän bir zatlary pyşyrdap gitdi.

– Gelnejem näme pyşyrdady? – diýip, Nazar Şirinden sorady.

– «Dörtgulylaryňam, Altylaryňam öýlerinde urbalyk ýok, çagajyklary aç otyrlar, sizdenem garşy-garşy diläp durmaga çekinýärler» diýip aýtdy. Nazar, nädeli, öz unumyzam azaldy – diýip, Şirin jogap berdi.

Nazar gaýgyly pikire batdy:

– Taraňy tiz kesmejekmi?

– Çyraň yşygynda, ýatman, daňdana çenli dokasam, gutararyn.

– Şirin, gaýrat et, men ertir seniň dokan keteniňi, öz gyrmyzy donumy alyp gideýin. Tejen bir çörekli ýurtdur, saglyk bolsa, şolary una çalşyp gelerin.

– Nazar kaka, jigilerim aç oturmasyn, meniň köýnegimem äkitde una çalşaý! – diýip, içerden Aýnanyň sesi eşidildi.

– Ýok, seniň köýnegiňe degip bolmaz, ol ýörite Akjemal gelnejemiziň saňa eden sowgady ahyry – diýip, Nazar Aýna jogap berdi. Soňam:–Şirin, bar Dörtgulylara-da, Altybaýlara-da bir okaradan un eltip ber. Soňam taraňy doka, men ertiriň özünde Tejene ugraýyn – diýdi.

Ol ertesi ak erkege münüp ugranda, Şirini ýanyna çagyrdy-da:

– Töwerekde etir-titir adam görseň, ogluňy ýorganyň arasynda gizlegin, özüne-de aýt, taýy şöwre äkidende, uzaga gitmesin! Taýy ýyndamdyr, bir del adam görse, gaçsyn – diýip, Nazar pugta tabşyrdy.

* * *

Nazar ak düýäniň üstünde öňin-yzyn ýaýkanyp, gidip barýar. «Gyrmyzy dony, ketenini una çalyşsam, bize geljek hasyla çenli ýeter. Doganlarymyňam Hywa giden kireýi wagtynda berlip durulsa, olaram aç bolmazdy. Men biraz bugdaý, arpa al-

sam…baýyrlaryň ýüzünde düme-de ekilýän eken. Bu ýurt Gyzganly diýseň gyzganly, gyzgandan başga zat bu ýerde gögerjegem däl. Horlana-horlana bir gyşy geçirdik. Birazajyk daýhançylyk etmeseg-ä, hor ýaşarys. Men Hanguly aga bilen sözleşeýin. Gowşuda göçüp baraýsak, nähili bolarka? Öçlülerimizem gan alman dynmaz. Nurberdi agamyz-a ýaraşmak hakynda agzady. Ýaraşmak üçin ummasyz baýlyk gerek. Nurberdiniň zady kän. Azyndan otuz-kyrk erkegi Hywa söwda gatnaýar. «Gan hemmä deň, ýaraşyk üçin deňem çykaralyň!» diýer. Ýedi doganyň, ählimiziň zadymyzy, öý goşlarymyzam ýygnamyzda, gan ujundan berilmeli zadyň ýüzünden birine-de ýetjek däl…»

Şular ýaly pikirler bilen, garaňky mazaly gatlyşanda, Nazar Tejen obalarynyň arasyna girip başlady. «Haýsy öýe myhman bolmaly? Häk, Hanguly ýaly bir gowy adam duşaýsa. Hol çeträkdäki öýe baraýyn. Mal-garasam bar. Türkmeniň haýsy öýüne baraňda-da, myhman alynýandyr…» diýip pikirlendi-de, şol öýe bardy. Ýatakda düýeden düşende bir garyp ýigit gelip, myhmanyň düýesini daňyşdy. Ol Nazaryň ädigine, hywa donuň, üstünden geýnen agar çäkmenine seredip, «Bu myhman garyp adam-a däl» diýip pikirlendi-de, «Hol, ak öýe baryberiň, Akmyrat aga dagy bardyr!» diýip, ak öýi salgy berdi.

Nazar «Akmyrat, Akmyrat…biziň öçlimiz-ä däldir-dä hernä?! Olar her ýyl ýazyň başyndan Tejene gawun iýmäge, mal bakmaga, galla alyp gitmäge gelip, tä güýzüň ahyryna çenlem bolýandyrlar. Şolarmyka? Öz ajalymyň üstüne geläýdimmikäm? Äý, türkmende Akmyrat atly gytmy? Gel, baraýyn-la!..»

Nazar göwnüni bire baglady, salam berip, ýagty öýe girdi.

– Waleýkim essalam, geleweriň! – diýip, Akmyrat başyny galdyrandan, içerik gireniň Nazardygyny – öz gandarydygyny tanady. Italmaz bilen Annaly ýerinden galanda, Akmyrat sag elini galdyrdy?

– Taňry myhmany gapyňdan gelende, her kimem bolsa degilýän däldir– diýip, olara oturmaga yşarat etdi. – Kelew! – diýip, ol birini çagyrdy. Hälki düýe daňşan hyzmatkär ýigit gapydan gelende – Bar, myhmany çatma äkit, çaý-çörek, gawun ber. Goý, şol çatmada ýatybersin! – diýdi.

Haýran galyp, sag elini goltugyna sokup, dim-dik duran Nazar:

– Baý, aga, arkaýyn ýatybereýinmi ýa gideýinmi? – diýip sorady.

– Bar, bar, gözüme görünme! Ýatyber!

Nazar derrew yzyna öwrülip daş çykdy. Kelewiň yzyna düşüp, çatma bardy. «Ýatsammykam, ýatmasammykam, gaçyp gidibersemmikäm? Myhmany öldüräýerlermikä? Il gürrüňinden çekinerler. Italmazda-ha ynsap ýokdur…»

– Ynha, otur şu ýerde, häzir men çaý, nahar getireýin! – diýip, Kelew çykyp gitdi.

Çatmanyň içi garaňkyrak. Aýyň ýagtysy daşaryny ýagtyldýar. Daşardan geljek adam eli gylyçlam gelse, atylýan ýaraglam gelse, Nazara görünjek. Çatmanyň daşyndan aýlanyp, birden çatma urup girse, onda-da iki tarapa deňlik däl. Elbetde, Nazar üçin amatly. «Gije çatmany otlaýsalar?!» Nazar sapançasynyň sapyny tutup, mojuk pikirlere batyp otyrdy.

Myhmanyň gandardygyny, Akmyrat, Italmaz dagynyň öçlüdigini Kelew aňan bolmaga çemeli, ol çatma sessiz gelmäge gorkup, aňyrdan aýaklaryny tapyrdadyp:

– Myhman, men-ä ilki nahar getirýändirin – diýip, öz gelýänini duýdurdy.

Kelewiň bu häsiýetini Nazar ýaman görmedi. Ýalňyşyp, birden Kelewi atyp goýbermezlik üçin, ol oňat. Ýöne welin Kelewe öýkünip, Italmazyňam, Annalyňam gapydan geläýmegi ähtimal. Nazar Kelewiň aýagynyň tapyrdysyny hem onuň sesini bilmäge çalyşdy.

Kelew bir çanak dograma çorbasyny Nazaryň öňünde goýdy.

– Alyberiň

– Geliň, bile iýeliň-le!

– Haýal etmän, iýiberiň, biz ýaňyja iýdik.

Nazar elini ýuwup, nahar iýmäge başlady. Naharyň sowandygyny görüp:

– Agyzdan galan nahar bolmaga çemeli? – diýdi.

– Ikimize şonam berseler razy bolaýmalydyr. Akmyrat gaty gysganç – diýip, hyzmatkär zeýrendi. – «Zähmet hakyň!» diýip,

Akmyrat maňa köp pul berdi. Bir mollaçar ýigit bardy. Ýaňky pullary oňa görkezdim weli, «Bu pullaryň Kereniň çykaran pullary, ol pul ýatdy. Kerenem gaçyp gitdi. Bu pullary yzyna gaýtaryp, hojaýynyňa beräý, mundan pul bolmaz…» diýdi. Soňam ol «Bolşewik-menşewigiň urşy eýýäm Çärjewe gelipdir. Kagyz pul berse almagyn, gyran berse alaýgyn…» diýip, köp gürrüň edip berdi. Häzirem baýlar menşewiklere kömek bermäge adam ýygnaýarmyş. Hakyna tutýarlarmyş. Edil Akmyratlaryň öýünde şeýle gürrüň boldy. Men häzir gaplary ýygnaýyn, çaý getirip bereýin – diýip Kelew çykyp gitdi.

Nazar çatmada oturan ýerinden «Kelew, bäri gel!» diýen sesi eşitdi. «Italmazyň sesi bolsa gerek» diýip, Nazar çen etdi. Olaryň soňky hümürdileri eşidilmedi. «Italmaz dagy bir zad-a etjek bolýarlar. Men-ä şolaryň elinden it ölen ýaly öläýmen…»

Kelew bir gawun bilen bir çäýnek çaý getirip, Nazaryň çatmasynda oturdy. Nazar pyşyrdap ondan:

– Italmaz ýaňy seni çagyryp, näme diýdi? – diýip sorady.

– «Ertirden soň çaý berip, gün doganda myhmany ugrat, Özüniňem haýsy ýana, nirä gitjegini osmakladyp bil» diýip, maňa berk tabşyrdy. Myhman, sizem bir garyp ýigit bolmagyňyza çemeli. Italmazyň-a sizde kasdy bar bolarly. Myhman «haýsy ýana gitjek» diýip, men oňa jogap bereýin?

–«Myhman Tejen bazaryna söwda etmäge barýar» diýip, Italmaza habar beräý. Özüňem edil Italmazyň diýen wagtynda meni turzup, ugratgyn – diýip, Nazar ol hyzmatkäre tabşyrdy.

– Näme, siziň onuň bilen uruşmak hyýalyňyz barmy?

– Äý, gaçybam gün görmek bolmaz.

– Italmazyň ýeke özi däl, olar köpçülik, sizi köpläp horlarlar.

– Zyýany ýok, başa gelenini görübermeli bolar-da. Hany, indi ýataly – diýip, Nazar gyşardy.

– Men daşarda ýatjak, sizdir öýdüp, Italmaz meni çişläýmesin – diýip, hyzmatkär çatmanyň daş işiginde gyşardy.

Myhmanam, Kelewem derrew uka gitdi.

Nazar ukudan oýanyp, usul bilen çatmanyň töweregine göz aýlady. Hiç kim ýok. Aý öýle ýerine aýlanypdyr. Nazar usul bilen baryp erkegini howutlady, üstüne mündi-de, ilerik – Tejen

bazaryna tarap däl-de, göni günbatara, Gowşut obasyna tarap sürdi. Obanyň içinden barýarka-da, obadan mazaly saýlanýança-da töweregine, soňabaka yzyna seredip, öçlüleriniň çykaýaryna, ýa yzyndan kowaýaryna garaşyp, ätiýaçly gitdi.

## -5-

## ÝARAŞYK

Nazar pälwanlaryň üçüsi bilenem duşuşdy. Onuň gelenine dostlarynyň bary begendi. Bu gezek Motduk pälwan sowüş edip çagyrdy. Öý eýesiniň garyndaşlaram, pälwanlaryň dostlarynyň bir toparam ýygnandy. Nahardan soň çaý başynda Hanguly gürrüňe başlady. Ol:

– Uruş Mara geldi… – diýeninden, Nazar sorag bilen Hangulynyň sözüni ýoldy.

– Ol nähili uruş? Kim bilen kim uruşýar?

Pälwanlar gülüşdiler.

– Be, şonam bileňokmy?

– Bu wagta çenli nirede bolduň?

– Piliň gulagynda ukladyňmy?

Gürrüňler ýatyşandan soň, Hanguly başdan, öz düşünişine görä, nähili urşuň gidýändigini, kim bilen kimiň uruşýandygyny, özleriniňem gum içi bilen frontdan geçip, gyzyllara goşuljakdygyny, aklar bilen uruşjakdyklaryny birin-birin düşnükli edip, Ýedinazara gürrüň berdi. Düşündirip-düşündirip, iň soňunda Nazara:

– Edil wagtynda geldiň, bileje gideli, şu oturan ýigitleri görýärmiň? Bary gyzyllara goşulyp, aklar bilen uruşmaga gidýär. Nazar dost, gideli! – diýdi.

– Meniň uly agam urşup, bir adam öldürdi, şonuň üçin ähli neberämiz bilen ýer-ýesir bolup ýörüs. Men adama ýarag çenemen. Özümiňem, ähli doganlarymyňam çagalary aç otyrlar. Bir köýneklik keteni bilen şol göreşip alan donumy una çalyşmaga geldim…

– Onuň ýaly bolsa Tejene gitmeli ekeniň – diýip, biri Nazaryň

sözüni ýoldy.

Nazar Tejene baranynam, Akmyratlarda ýatanynam, dańdan gaçyp gaýdanynam aýtdy.

– Sizi hossar bilip, size tutunyp geldim! – diýip, dostlaryna seretdi.

– Men ýarty halta bugdaý ununy berip biljek, özümize-de geljek hasyla ýeter ýaly iýerlik galýar – diýip, ilki Motduk pälwan öz eçilip biljegini aýtdy.

– Men bir halta jöwen ununy berip biljek, ýöne welin her kim hasaplap, berip biljegini aýtmaly, soň özi aç galaýmaly däl – diýip, Hanguly ýoldaşlaryna tabşyrdy.

Şeýdip her kim özünden artaýjak ununy bir batmandan, ýarym batmandan, on-on bäş gadakdan ýygnap, Nazaryň erkegini undan mas ýüklediler.

– Gelneje, şujagaz ketenini alyň! – diýip, Nazar Şiriniň dokan ketenisini, Motdugyň aýalyna uzatdy.

– Ýok, Nazar jan, alman, bu wagt siz ýaramaz güne düşüpsiňiz, ol keteni ýene bir derdiňize ýarar – diýip, Motduk pälwanyň aýaly almady.

Şol günüň ertesi Nazar Gyzganly obasyna tarap gaýtdy, pälwanlaram öz dogan-garyndaşlary, dost-ýarlary bilen topar atly bolup, gyzyllara goşulmaga gitdiler.

* * *

Nazar öýlerine gelip, haýran galdy. Oba göçüpdir. Öz öýi bilen Altybaýyň hem Bäşimiň çatmalary galypdyr.

– Nazar kakam geldi! – diýip, Aýna oňa tarap ylgady. Kakajanam ylgap daş çykdy:

– Seniň öwredişiň ýaly, şöwürden gaýdanymda taýymy çapdyrýaryn.

Şirin çykyp salamlaşdy.

–«Urşuň öňünden sowulmaly, aklaryň garakçylary ýolunda bir zat görseler, talaýarmyşlar...» diýip, ähli oba gaçyp, guma gitdi. Bäşim bilen Altybaý seniň geleriňe garaşdy, olaryň ça-

galarynyň uluraklary Dörtguly dagy bilen Nurberdi kakaňlara goşulyp gitdi – diýip, Şirin bolan zatlary gürrüň berdi.

Nazaram öýden gerek zatlaryny düýesine ýükläp, Altybaý bilen Bäşimiň kiçijik çagalarynam mündürdi-de, guma tarap ýola düşdi.

Şirin özüniň göwreliligine bakman, Aýnanyň gapdaly bilen pyýada gitdi.

Nazar dagy Gulmanyň oýuna baryp, Nurberdileriň gapdalragyndan ýurt tutundylar. Doganlar üýşüp, sözenden-sazakdan uly çatma gurundylar. Nazaryň, beýleki doganlaryň her haýsynyň uny, hurşy bar. Ýedi dogan, ähli çagalary bilen bir gazandan nahar iýdiler.

Bir gün Nazaryň ýeke özi pyýadalap Gyzganly obasyna gaýtdy.

Oba gum-gukluk, guma äkidilmedik öýler, çatmalar, gugaryp dur. Adam-gara ýok. Nazar öz öýüne gelse, Şiriniň towuklary ösüp gelýän otlaryň arasynda ýaýnaşyp ýör. Maýsalar ülpüldeşip otyr. «Aklar biziň obamyzdan sowa geçipdirler» diýip, Nazar pikirlendi.

Nazar obanyň içine ser saldy. Bir gara öýden garryja adam çykdy. Nazar salam berip, onuň ýanyna bardy. Garryja, ak sakgally adam amanlyk-saglyk soraşdy.

– Siz, oglum, kim bolarsyňyz? Nireden gelip, nirä barýarsyňyz? – diýip, ýaşuly Nazardan sorady.

– Atam, men şu obaly. Oba aýlanaýyn diýip, gumdan – Gulmanyň oýundan geldim.

– Oňat edipsiňiz, şu obaly bolsaňyz, kimlerden borsuňyz?

– Men Nurberdi söwdagäriň inisi.

– Hä, Nurberdi baýyň inisi diýseňizläň! Onda siz gandarlardan-da. Bolýar, oglum. Düýn iki sany atly gelip, «Uruş Kakadan aňry geçdi. Gaçyp gidenler öz obalaryna arkaýyn gelibersinler» diýip gitdiler. Siz tizräk gaýdyp, oba adamlaryna «Indi gelibermeli» diýip habar ediň!

– Bolýar, atam, häzir gideýin. Näme kemçiligiňiz bar? Biziň ketegimizde towuk, ýumurtga-ha kän eken. Getirip bereýinmi? – diýip, Nazar sorady.

– Ýok oglum, kem zadym ýok. Siz tizräk guma gidiň, goý, adamlar obalaryna gelsinler. Meniňem oglum, agtyjaklarym gitdi, şolary göresim gelýär – diýip, goja Nazary gyssady.

Nazar bu habara begenip, şol gün yzyna gaýtdy. Uzyn gije ýol ýöräp, daňdanlar Gulmanyň oýuna ýetip barýarka, bärik oba tarap gelýän göçler öňünden çykyp başlady. Nazar soraşyp görse, «Oba göçübermeli, uruş eýýäm Aşgabatdanam günbatara geçdi» diýip, gyzyllaryň atlylary guma gaçanlara eýýäm habar beren ekenler.

Nazar öýüne barsa, Nurberdi öýlerini düýä ýükläp başlapdyr. Şunluk bilen, Nazaram öz doganlary bilen ýene Gyzganly obasyna sag-aman gaýdyp geldi.

Iki ýaşytdaş – Bäşimiň gyzjagazy Gytja bilen Aýna kireýne Nurberdileriň halysyny dokamaga girişdiler, doganlar onuň hyzmatynda boldular.

* * *

Bir agşam agalary «Nurberdi çagyrýar» diýip, Nazaram alyp gitdiler.

Giň öýdäki ojagyň başynda, ullakan çaý taňňyryň üstünde aýnaly çyra ýanyp dur. Ortaradaky eňsi halynyň üstünde Nurberdi güberilip otyr, gapdalynda, ojakbaşynyň üstünde onuň söwda şärigi Amanguly çaý içip otyr. Gap böwürde Nurberdiniň goşa alkymly, baýry aýaly çaýa seredýär.

Doganlar, doganoglanlar ýygnanyşdy. Her kim orun tapan ýerinde oturdy.

Nazar iň soňunda salam berip öýe girdi. Ol doganlarynyň arasynda özüni oňarýany bolansoň, oňa Amanguly baýyň golaýyndan ýer berdiler.

Nurberdi:

– Garyndaşlar, biziň bu bolşumyz bolanok – diýip, söze başlady. – Niräk barsak, biziň adymyz gandar.

Biziň şujagaz obamyza gandarlaryň obasy diýýärler. Biz köpçülige barsak, biziň gelenimizi halanoklar. . . Meniň özümiňem

janym suw üstünde, ýeke çykmaga gorkýaryn. Ondan soňam men baýrak, atlyrak bolanym üçin öçlüleriň gözleri mendemikä-de diýiberýän. Nähilem bolsa, men allatagalanyň yrsgally, döwletli ýaradan adamsy, hudaýa şükür, hor ýaşamok, emma meniň ähli dogan-garyndaşlarym, inilerim işsiz, ýersiz-suwsuz, aç-ýalaňaç ýaşaýarlar. Agam Nurmyradyň ogullarynyň arasynda öz gününi itenek-çomanak süýräp bilýäni Allan bilen Nazar. Başgalary bir döwüm çörege zar. «Nan atly, men pyýada» diýenler. Gündeki iýjek nanyny gözläp ýörmeli. Un diläp, nan diläp bizem halys irizdiler. Men olary kerwene hyzmatkär edip, näçe gezek Hywa iberdim. Indi ol tarapa kerwen ibermegem kynaldy. Ýol urýarlar, talaňçylar köpeldi. Tutlygalada bolsa biziň ýerimiz bar, suwumyz bar. Ol ýerlerimizi özümiz ekip ýörsek, hiç birimiz beýle aç, hor boljak däl. Emma ol mülkümizdenem irişdämiz üzüldi. Ýarpasyna ekdirýäs. Biz Amanguly söwdagär ikimiz oturyp, siziň aladaňyzy edip, ýagdaýlar hakda pikirleşdik. Nähilem bolsa, biz tapanymyzdan hun tölejek bolmaly. Akmyratlar bilen ýaraşmagyň aladasyny etmeli. Ony hun almaga razy etjek bolmaly…

– Oňa ýetesi näme bar, Nurberdi kaka, özüň bir ugruna çykaweri! – diýip, doganlaryň iň ulusy Allan ýalbardy.

Öýde dymşyk boldy. «Nebsiniň eşegi Akmyrat razy bolaýanda-da, Italmaz bilen Annaly razy bolmaz…» diýip, Nazar öz ýanyndan pikir edýärdi. Edil Nazaryň pikirini bilen ýaly, Nurberdi:

– Olary razy etmek gaty kyndyr – diýdi. Akmyrat seniň hunuňa-punuňa, malyňa, ýer-suwuňa zar däl. Ylaýta-da Italmaz bilen Annaly hun almaga razy bolmaz. Olaryň ikisem özlerine göwünleri ýetýän, gözsüz batyr adamlar. Olar gan alman, hun almany özlerine uly namys bilerler.

– Şuny-ha bildiň, Nurberdi kaka! – diýip, Allan ýene gygyrdy.

– Bu meselede Amanguly baý bize uly kömek berip biler. Amanguly baý Şemsetdin ahun bilen sylaşýar. Şemsetdin ahuny razy edip bolsa, ony töwellaçy edip, Akmyratlaryň üstüne iberip bilsek, onda iş düzeler – diýip, Nurberdi inilerine seretdi.

– Belki, düzeläýedi-dä – diýip, Allan uludan dem aldy.

Allan ýedi doganyň iň ulusy. Ol ýedi doganyňam adyndan dileg edýärdi. Özünden uly dogany otyrka, kiçileriň gürlemäge kän bir hakam ýokdy.

– Ertir Amanguly baý ikimiz Şemsetdin ahunyň üstüne gitjek. Tutlygalaňam, Daşlygalaňam – bu töwerekdäki ähli galalaryň ilaty Şemsetdin ahunyň sözünden çykyp bilmez. Ertir men ol gurbany gitdigime uly haly sowgadam eltip berjek. Hun tölemegem aňsat zat däldir. Bizi ýerden-suwdan, maldan-başdan çykarar. Oglanlar, siz nähili görýäňiz?

– Biz gaty razy, Nurberdi kaka! – diýip, hemme doganlaryň adyndan Allan razyçylygyny, minnetdarlygyny aýtdy.

Nazar öýüne gaýdyp gelýärkä, erkegini, torumly düýesini, gunan çykyp ýören taýyny bermeli boljakdygy barada pikirlendi.

Nazar öýe gelip, hiç kime eşitdirmän, ýaňky maslahatda bolan gürrüňleri birin-birin Şirine aýdyp berdi.

– Wah, üzümlije haýatymyza baryp, arkaýyn ýaýnap gezsek, üzüm iýsek. Haýatymyzyň gyrasyndaky tutlarymyzam ullakan bolandyr. Aýna jan ikimiz gurçuk tutarys, tara dokabam ekleneris… – diýip, Şirin begendi.

* * *

Nurberdi orta ýaşan adamam bolsa, gyrmyzy don geýdi, bilini ýörite dokalan tirme guşak bilen guşap, altyn gynly, şirmaýy saply jöwher pyçagam guşagyna gysdyrdy. Gyny bezegli egri gylyjyny dakyndy. goltugyna altatary saldy, haýbatly dürre gamçysyny alyp, daş çykdy. Bu wagtlar Allanam özüne wagtlaýyn berlen gorra ýabyny münüp, Nurberdi kakasy üçin kümüş şaýlar bilen bezelen dor ýorganam taýýar saklap durdy. Nurberdi semizem bolsa, dor ýorganyň üzeňňisine basyp, ýeňillik bilen atlandy.

Iň öňde Amanguly baý, onuň yz ýanynda Nurberdi baý, iň yzda-da Allan – üç atly bolup, Şemsetdin ahunlara tarap sürdüler.

Gara baga basyrylyp oturan ullakan oba. Metjidiň ak mina-


enedilim.com

rasy baglaryň ýokarsyndan, ýylan kömeleginiň gyrtyjyň içinden saýlanyşy ýaly saýlanyp, güberilip görünýär. Erikmi, tut agaçlary üstüne abanyşyp duran kölegeli dar köçe bilen aýlanyp, üç atly obanyň ortasyna aralaşyp ugrady. Atlylar on ganat uly öýli, owadan ak jaýly howla girip başlanyndan, bir hyzmatkär Amanguly baýyň gara atyny tutdy. Allan öz ýabysyndan böküp düşdi-de, Nurberdiniň ýorgasynyň uýanyndan tutdy. Myhmanlary molla sypat geýnüwliräk, orta ýaşan peşeneli bir adam garşy alyp, eýwanly tamyň dalanynda oturtdy.

– Ahun hezretleriniň ýanynda adam bar, biraz garaşmaly bolarsyňyz! – diýip, uly ak öýe tarap gitdi-de, derrew elleri çäýnek-käseli gelip, myhmanlaryň oňünde çaý goýdy, hoşamaýlyk bilen:

– Içiberiň, eziz myhmanlar! – diýdi-de, öz akja keçesiniň üstünde oturyp, galyň bir kitaby okamaga başlady.

Myhmanlar ol kitap okaýan adamy «Ahunyň sopusy bolsa gerek» diýip çen etdiler-de, çaýlaryny içmäge başladylar. Onýança olaryň öňüne saçak, çala eredilen alaçaly ýag geldi. Myhmanlar göwünli-göwünsiz az-kem nan iýip, ýaňky sopa «omyn edip ber» diýip, ýüz tutdular.

Özüne uly okumyş diýdirjek bolup, ol sopy Gurhanyň uzyn süreleriniň birini haýbatly ses bilen bogazynda gaýnadyp, uzak wagtlap okady. Sopynyň yzy bilen myhmanlaram, ellerini ýüzlerine sylyp, töwir galdyrdylar.

Myhmanlar ýedi doganyň hem onuň gandüşer garyndaşlarynyň nähili zatlary hun ujundan berip biljekleri hakda ýuwaş ses bilen ýene özara maslahatlaşmaga başladylar.

Jaýyň içinden iki sany geýnüwli, peşeneli gartaňrak adam çykdy. Amanguly bilen Nurberdi dik turup, olar bilen görüşdiler.

Sopy Amanguly dagyny alyp, ahunyň jaýyna tarap ugrady. Jaýyň içine girdiler, jaýyň içi garaňkyrak, penjireleri kiçiräk eken. Soň içki bir jaýa girdiler, ol has garaňkyrak. Onuň penjireleri ýaňky daşky tamyňky ýaly kiçi, emma aýnalaram ýaşyl-gögräk reňkde reňklenen. Aýnanyň daş ýüzünden biri seredäýende-de, içi görünjek däl.

Içki jaýyň töründe ýelek düşekçäniň üstünde ak geýimli, ak-a-

la halatly ahun çöküne düşüp, ullakan kitaba seredip otyr. Ahunyň sakgaly agaranam bolsa, ýüzi edil bäbegiň ýüzi ýaly näzik görünýär.

Ilki Amanguly, onuň yzyndan Nurberdi baryp, ahun bilen örän salyhatly görüşdiler. Ahunyň eli bilen görkezen ýerinde edep bilen çöke düşüp oturdylar. Uzak wagtlap amanlyk-saglyk soraşdylar. Ahyry ahun olaryň näme iş bilen gelendiklerini aýtmaga ýol açdy.

Amanguly bolşy ýaly edip, biruçdan gürrüň berdi. Nepis eňsi halynam ahunyň ýeňse gapdalragyna ýarym ýazgynrak edip atdy. Ahun bilmediksirän bolup, gözüniň gytagy bilen halyny synlady.

Amanguly iň soňunda ahuna näme üçin gelendiklerini aýtdy. Hun üçin näçeräk, nähiliräk zat berip biljekdiklerine çenli birin-birin habar berdi.

Ahun biraz dymyp oturdy. Pikir etdi. Ahyry sözledi:

– Amanguly baý, siziň ýumşuňyzy bitirmeli bolar. Nurberdi baýyňam siziň söwda şärikleriňizdigini, eli açyk, gowy adamdygyny eşidýäris. Akmyrat nebsewür adamdyr. Belki, allatagala onuň kalbyna rehim beraýedi-dä.

Ahun sözüniň ahyrynda indiki juma güni Tutlygala obasyna gitjekdigini, nähili habar bilen barjagyny oba işanlaryna, kethudalaryna hem Akmyrat baýlara duýdurjakdygyny aýtdy. Amanguly baýam Nurberdi baýyň neberesi tarapyndan wekil bolup barmaga boýun boldy.

Amanguly bilen Nurberdi ahundan örän razy hem köp minnetdar bolup, iki bükülip, hoşlaşyp çykyp gaýtdylar.

* * *

Şemsetdin ahunyň gandarlary ýaraşdyrmaga gitjekdigi hakyndaky habar Gyzganly obasyna ýaýrady.

– Äý, ahun gitse, düzeder-le.

– Ýaraşaýbilsedirler.

– Birtopar garyp pahyrlar öz ýer-suwlarynyň üstüne arkaýyn

baraýbilsedir.

Gyzganlynyň ilaty gandarlar ýaraşdyryljakmyş diýen gürrüňe begendi.

Agşamara Aýna dokmadan ýadap, öýlerine gelende, Şiriniň uzyn boýuna bökdi:

– Gelneje jan, bir täze habar eşitdim. Geçen anna güni uly ahun bizi ýaraşdyrmaga gidenmiş. «Ahun giden bolsa, hökman ýaraşdyrar» diýip, her kim gaty ynamly aýdýar.

– Belki, hudaý, ýaraşdyraýady-da! Öz obamyza baryp, bizem bir arkaýyn gezäýedik-dä…

Gelni bilen jigisiniň şatlykly gürrüňlerini Nazar ojagyň başynda ýüzüni sallap diňläp otyrdy.

– Nazar kaka, sen näme ýüzüňi sallap otyrsyň? – diýip, Aýna geňirgenip sorady.

– Sen näme, ýaraşyljagyna gynanýarmyň, näme beýle gaýgyly görünýäň? – diýip, Şirinem sorady.

Onýança bir adamyň gapyda «hyh, çök!» diýýän sesi eşidildi, Nazar daş çykdy. Nazaryň:

– Oraz aga, salawmaleýkim! – diýen sözüni Şirin eşidip, daşaryk ylgady.

– Kaka, salamälik! Ejemem gurgunmy? Jigilerim nähili? Hemmesi gurgunmy? – Şiriniň soragy gutarar ýaly däl.

Oraz bilen Nazar düýäniň üstünden iki halta un, bir bogdak kişmiş düşürdiler.

Öýe gelip oturansoňlar, Oraz:

– Bäbejigiňiziň bolanyny eşitdik, ýaşy uzyn bolsun, hernä, berildigi bolsun! Şirin jan, ejeň, jigileriň köp salam aýtdylar. Ýegdäne hem esgeri üzümiňizi serip, kişmiş etdim, halyly, akşekerek, göksuwly, dagtokga…ýaly üzümleri ak otlynyň geçýän wagty onuň duralgasyna eltip satdym. Ine, olaryň puly. Arpa bugdaýlaryňyzy orup-döwüp, un edip getirdim…– diýdi.

Oraz çaý içýänçä, oba hakynda bir topar gürrüň etdi. Gaýtjak bolanda, ýaraşyk üçin ahun bilen Amangulynyň barşyny, olaryň Akmyratlar bilen eden gürrüňlerinden il agzyndan eşidenlerini aýtdy. Iň soňundanam:

– Akmyratlar ahunyň töwellasyny alman goýberip bilmändir-

ler. Ýaraşyk bolan bolmaga çemeli – diýip, Oraz birhili sägindi. – Men ýaraşyk barada eşidenimden soň, siz Tutlygala göçmeli bolarsyňyz öýdüp, bu unlary getirmejek boldum. Soňam pikirlendim. «Huny agyr görüp, Nurberdi razy bolmasa, bilip bolmaz» diýdim-de, unuňyzam, kişmişiňizem getiräýdim. Eger ýaraşyk bilen razylaşyp, Tutlygala göçmeli bolsaňyz, men ýene düýeli geler-de, iki-üç gatnaýaryn. Ýagşy, hoş sag boluň, rugsat bolsa, men indi oba tarap gymyldaýyn.

Oraz hoşlaşyp çykyp ugranda, Nazaram, Kakajanam, Şirinem, Aýna-da daş çykdylar, myhmany ugratdylar. Oraz düýesine münmän idip ugranyndan, onuň bir gürrüňiniň bardygyny aňyp, Nazaram onuň bilen bile ýöräberdi.

– Gan ujundan az zad-a berilýän däldir, han ogul. Hol, ogşugyňy maňa berip goýber, soň sorasalar «Oraz aga satdym ýa «una çalyşdym» diýäý – diýip, Oraz giýewsine akyl öwretdi.

– Bolýar, Oraz aga, al-da gidiber – diýip, Nazar, hol, öňdäki otlap ýören ogşugy görkezdi.

– Han ogul, söwda-ha aňsat däldir. Nurberdi baý gysgançdyr, oňly zat bermän «adam öldürenler olar» diýip, ähli agramy siziň başyňyza atar... – diýip, Oraz giýewsi bilen hoşlaşyp, ogşugam alyp gitdi.

-6-

## HUN

Agşamara Nurberdi ähli garyndaşlaryny öýüne çagyrdy. Ýedi doganyň ýedisem gelip, gapynyň agzyna golaýrak ýerde ýerleşdi. Ortada güberilip öý eýesi otyrdy.

– Ine, garyndaşlar, Amanguly baý Şemsetdin ahuny alyp, Tutlygala ýörite biziň ýumşumyz üçin gitdi, bizi gan bergisinden çykaryp, öçlülerimiz bilen bizi ýaraşdyrybam geldi. Şonuň üçin Amanguly baý sag bolsun! – diýip, Nurberdi onuň egnine ýalpyldap duran täze hywa donuny atdy. – «Bizi ýaraşdyr» diýip, ahun agamyza bir oňat eňsi beripdim. Ýene gidip, onuň haladyny ýetirerin hem sag bolsun aýdaryn. Hun bermek diýenleri aňsat zat däl. Gan eden meniň agamyň ogly bolany üçin Nurmyradyň kyrk dokuz dakyga suwy bilen bäş tanap ýerini, bir düýe alber çaýyny, onuň üstesine-de iki uly gyz, bir at, bäş düýe berilmeli edilipdir. Ahun, Amanguly baý, Tutlygala obasynyň ähli molla-işanlary, kethudalary üýşüp, zordan Akmyrady hem onuň garyndaşlaryny göwnedipdirler. «Ähli halk razy bolandan soň, biziň etjek işimiz ýok, kör bolup bizem razy bolmaly bolduk, emma saýlap olaryň birini kakmasak, içimiz sowamaz» diýip, Italmaz bilen Annaly galmagal turzan eken.

Nurberdiniň bu gürrüňlerini eşidip, garyndaşlaryň bary pikire batdy. Birinden ses çykanok.

– Bir ýük çaýy düýesi bilen özüm bererin, ony siz gaýgy etmäň, eger ýetişen gyzym bolsa, onam ýüzümi çytman bererdim, ýöne mende ol ýok. Galan zatlary, oglanlar, özüňiz gaýrat ediň! – diýip, öý eýesi ýedi dogana seretdi.

– Meniň-ä bir erkegim bar, başga zadym ýok, şonam berýän – diýip, Allan gepledi.

Allandan kiçi Sapar bilen Amanam her haýsy öz erkegini berjekdiklerini aýtdy. Ikisininiňem gyzy ýokdy, bassaş-bassaşja ogullary bardy.

– Meniň-ä malymam ýok, gyzymam, oglanlarymam ýaş, gündeki iýjek nanymyzam Nazar jandan karz alyp gelýäs– diýip, Dörtguly ýüzüni aşak sallady, ýene dymyşyk başlandy. Ahyry öý eýesi:

– Ýene kimiň nämesi bar? Kim näme berip biljek? – diýip galan doganlaryň ýüzüne seretdi.

– Meniň ýagdaýym Dörtgulynyňky ýaly, bize-de Nazar jan kömek edýär, hernä inimiziň ýaşy uzyn bolsun, tapanyny biz bilen paýlaşyp otyr. Bir gyzjagazym bar, galanlary kileň oglan. Ol gyzam ejizje, ýaňy on üç ýaşyna gitdi – diýip, Bäşimem başyny aşak saldy.

Öý eýesiniň gapböwürde oturan goşa alkymly baýry aýaly:

– Gytja jan, tüweleme, uly gyz bolupdyr-la, dokmamyzam örän gowy dokaýar. Akmyratlar ony bir gyzyň deregine gaty alar – diýip, ärine seretdi.

– Äý, ol entek on üçüne gitdi…

– Ýaş hakynda gürrüň ýok – diýip, öý eýesi Bäşimiň sözüni batly ses bilen böldi. – Hany, Alty, sen näme berip biljek?

– Nurberdi kaka, meniň-ä hiç zadym ýok, Nazar jan sag bolsun! Şu wagta çenli meniň çagalaryma şol garaşyk edip gelýär. Siziň kerwenleriňiziň hyzmatyny edip alýan hakymam çagalary eklemäge ýetenok – diýip Altybaýam ýere bakdy.

Ýene dymyşlyk başlandy. Nazar uludan dem aldy:

– Nurberdi kaka, Amanguly aga, bizi öçlülerimiz bilen ýaraşdyranyňyza köp sag boluň! Ahun aga-da sag bolsun! Meniň köşekli bir düýäm bar, köşegini alyp galar-da, ol düýäni Dörtguly agamyň adyndan, bäş ýaşar güýçli erkegimem Altynyň adyndan bererin. Ine, şonluk bilen bermeli bäş düýäňiz bitýär. Ýene-de ýaňy gunan çykan tohum atym bar. Onam bersem, at ugram düzelýär…

– Berekella, Nazar jan, senden tamam şeýledi! – diýip, Nurberdi onuň sözüni ýoldy. – Ýedi doganyň arasynda bir aýal doganyňyz bar, ony, ýene Bäşimiň gyzyny bersek, gyzly işimiz-

den dynaýarys. Ondan soň öz Tutlygala obamyza arkaýyn göçüp baryp, hiç kimden çekinmän, arkaýyn ýaýnap ýörmeli.

– Nurberdi kaka, siz meniň sözümi böldüňiz, men mal bermek hakynda gynanamok, ýöne adam, gyz berlenine, bir janyň ýerine iki jan berlenine gynanýan – diýip, Nazar öz pikirini aýtdy.

– Ilde ýok zat däl, mal-mülküň bolmasa, gyz bermän, körem bolarsyň! Ilde-de ýek-tük bar zat– diýip, goşalkym dymdy.

– Sen näme, şeýle ýaraşyga garşymy?! – diýip, Nurberdi gaharly gygyrdy.

Nazar öňki ümsümligine ýuwaş jogap berdi:

– Nurberdi kaka, siz meniň kakamyň dogany, siz biziň ýaşulymyz, men siziň eden barlyşygyňyza däl diýip bilmen. Ýöne ol garabagt gyzlar ömürboýy aglap geçer. Ine, men şoňa gynanýan.

– Siziň ähliňiz meni ýigrenýäňiz, uludan-kiçä, meniň bilen barşyk-gelşik edeňzok! Men näme, keýpine adam öldürdimmi? Ol entek nobaty ýetmänkä böwedi ýykyp, meniň suwumdan bir dakyga çenlisini göz-görtele aldy. Sagatçy ýaşulularam onuň böwedi öň ýykanyny aýtdylar. Menem gaharyma pili saldym. Men onuň öläýjegini näbileýin? Sen «Bir janyň ýerine iki jan bermäli, adam öldüren sen, git-de öz janyňy öçliňe ber, özüň öl!» diýjek bolýaňmy– diýip, Allan gaharly gyzarlyp ýerinden turdy.

– Agam, sen gaharlanma-da, ýeriňde otur! – diýip, Nazar ýene öňküsi ýaly ýuwaş gürläp başlady. – Men saňa «Adam öldürdiň, özüň git-de öl!» diýemok. Eger bir adam gidip ölmeli bolsa, ýedi doganyň iň kiçisi, iň ýylana goýlany men, onda ölüme ilki bilen men gitmeli. Gan ujundan berilýän gyzlaryň nähili güzap görýänini, nähili ejirler çekýänini biz gaty gowy bilýäris. Şonuň üçin öçlüleriň eline siziň berjek bolýan iki sany ejiz naçaryňyzyň ýerine özüm gidäýjek.

– Özüň gidip, «Meni öldürip, ganyňyzy alyň!» diýjekmi? – diýip Nurberdi geňirgendi.

– Hawwa, Nurberdi kaka, men özüm gidip, göni Akmyrat baýyň aýagyna ýykyljak, «Akmyrat aga, biziň barymyzy, ýedi doganyň ýedisinem ýedi ýyl gapyňda işlet, emma bizden iki gyz alma!» diýip ýalbarjak – diýip, Nazar agasyna jogap berdi.

– Eger ol razy bolmasa nätjek? – diýip, Nurberdi has geňirge-

nip sorady.

– Onda, «Gyz berjek däl, meni öldür-de, ogluň ganyny al!»diýip iki elimi gowşuryp, Akmyradyň öňünde çöke düşüp oturyberjek.

Oturanlar reňklerini agardyp, bir-birleriniň ýüzüne seredişdiler. Nurberdi bolsa, öz inisi Nazaryň dogumlydygyny, batyrdygyny bilýärdi. Öz diýen sözünde tapyljagynam aňýardy.

– Ýeri, sen Akmyradyň öňünde durup, onuň aýagyna ýykylmak üçin Tutlygala baranyňda, Akmyratlara ýetmänkäň, Italmaz ýa Annaly çykaýdy-da, onda nädersiň? – diýip, Nurberdi inisinden sorady.

– Men olary gaty ýigrenýärin, olaryň haýsysy öňümden çyksa çykaýsyn, edil külüni çykararyn, eneden dogmadyk ýaly ederin – diýip, Nazar biraz galybrak, agasyna jogap berdi.

– Ýeri, olaryň ikisem bile gelýän bolsa, dar köçede öňüňden çykaýsalar, nädersiň? – diýip, Amanguly baý sorady. «Ikisinden gaçaryn» diýer öýtdi.

– Olaryň ikisem dünýäde iň içigara, ejize ganym, nejis adamlar, şonuň üçin ikisinem öldürerin. Ikisinden ýeňilsem kär bolaýyn, goý, olar meni öldürsinler. Men olardan hiç wagtam gorkan däldirin. Edil ikisiniňem garnyny silkäýerin.

– Ine, gördüňmi seniň etjek bolýan işiňi?! Olaryň içini silkseň, olar ähli neberesi bilen geler-de, seniňem çagalaryň içini silker. Iki taraplaýyn uruş bolar. Iki tarapdanam bir topar adam gyrlar. Iki sany salatyny bermejek bolup, sen bir topar adamynyň ganyna galjak, ölümine sebäp boljak bolýarsyň. Sen entek bular ýaly uly meselä goşulardan ýaş, akyly doluşmadyk gögele. Iň gowusy, agalaryň edýän işine goşulma. Özüňden ulular gürlän wagty, lal bolup otur! – diýip, Nurberdi inisine jabjyndy. Soňam Amangula seredip:

– Amanguly baý, ertir irden öz hyzmatkärleriňe mallary sürdür, öz uly aýalyňyzam bizden gidýän gyzlaryň ýanynda bolsun, özüňizem hemmesine ýolbaşçylyk ediň-de, ähli zatlary Akmyrat baýlara gowşuryň. Ine şu ýumşumyzam bitirip berseňiz, bize uly hossarlyk etdigiňiz. Biz soň az-azdan öz obamyza – Tutlygala tarap göçüp barybereris…– diýdi.

Agasynyň soňky sözlerini diňlemän, Nazar ýerinden turdy-da, ýüzüni aşak salyp, çalasyn daş çykyp gitdi.

Nurberdi onuň öýkelän ýaly bolup çykyp gidişini geň görüp, gaharly seredip galdy;

– Şu betpäl bizi ýene bir mojuk işiň üstünden eltäýmese ýagşy – diýip, ertirki etmeli işleriň yzyny aýdyp başlady.

* * *

Nazar sesini çykarman, gaty-gaty ýöräp öýüne geldi. Şirin gapyny açdy.

– Çagalar ukladymy? – diýip, ol gelninden sorady.

– Hawwa, olar eýýäm ukladylar. Aýna jan-a uzynly gün haly dokap, halys sütüni süýnüp geldi, Kakajan bolsa aty bilen ylgaşyp ýadapdyr.

– Onda çyrany ýak!

Şirin çyrany ýakdy.

– Çyrany tut-da, maňa ýagty edip ber!

Nazar nirä ugrasa, Şirinem onuň yzyna düşüp, ýagty edip berdi.

Nazar ilki bilen sallançaga baryp, uklap ýatan bäbegiň, soň baryp, Kakajanyň maňlaýyndan ogşady. Iň soňundanam uklap ýatan jigisi Aýnanyň owadan ýüzüne, gara gaşlaryna seredip, uludan gaýgyly dem aldy.

Şirin adamsynyň bolşuna haýran galdy. Onuň çagalar bilen hoşlaşýan ýaly bolup ýörşünden bir gorkunç zady ýüregi syzyp başlady.

– Näme boldy?

– Hiç zat! – diýip, Nazar sag eli bilen gelniniň eginrägini gujaklady. – Çagalary hor etmegin, saňa kakaň Oraz aga kömekleşer – diýdi. Soňam tiz gylyjyny dakyndy, ýaraglaryny alyp:

– Sag bol! Şirin! Düýäňi äkitseler, köşegini alyp galgyn…Maňa bu golaýda garaşmaň! – diýip, çykyp gitdi.

– Nirä gidýäň-u!

Nazar jogap bermän gitdi.


enedilim.com

Gijäniň ýarymyndan soň Bäşimiň çatmasyndan gelinleriň, çagalaryň aglaýan sesleri eşidilip başlady. Şiriniň ýüregi ýarylan ýaly bolup, ýatan ýerinden zöwwe galdy. «Ýaraşjak» diýen bolup, biziňkileri arkaýyn edip, Bäşim agany öldüren bolaýmasynlar» diýip pikirlendi.

Şirin köneje başatgyjyny kellesine atdy-da, Bäşimleriň çatmasyna tarap ylgady. Şirin çatma girende, çüýşesiz çyranyň ölügsi şöhlesine, atasy ölen ýaly, ýüzüni sallap oturan Bäşimi gördi Çagalaryň başynyň jemligine gözüni ýetirdi. Bäşimiň aýalynyň golaýynda oturyp, Şirin ýaşmagynyň aşagyndan:

– Näme boldy, gyz? – diýip, Bäşime eşitdirmän pyşyrdady.

– Işimiz gaýtdy, Şirin jan, Gytja jany gan ujundan berýärler-eý! – diýip, Bäşimiň aýaly öňküdenem gaty aglap başlady.

– Wah-wah-eý gara günli ekeniň, Gytja jan! – diýip, Şirinem aglamaga oturdy.

Gytja aglanok, doňan ýaly bolup otyr. Öýüň içindäki agy peselende, ol özüne kybapdaş näzik sesi bilen:

– Kaka jan, ýüzüňi sallama, siziň ölüm howpundan gutulmagyňyza sebäp bolup bilsem, men razy – diýdi.

Gyzynyň bu sözüne Bäşimem bozuldy. Ýöne özüniň ejizlänini duýdurmajak bolup, başyny has aşak egdi.

– Meniň ýanymda Aýna jan bolsa, biz nähili gara güne-de düşsek, bir-birimize garaşyk ederis. Eje jan, aglama, bizem maňlaýymyza ýazylanyny görmeli bolarys.

Çatmanyň gapysyndan Dörtgulynyňam, Altybaýyňam aýaly geldi. Olaram bu ýaş pahyrjygyň düşen gününe gözýaş etdiler.

Aýnanyňam gan ujundan berilýänini eşidip, ýerinden zöwwe galan Şirin aglap öýüne gaýtdy. Çyrany ýakyp, uklap ýatan Aýnanyň ýüzüne seredip, içi-içine sygman, hynçgyryp başlady.

Daňdan Aýna düşeginden turdy-da, dokma dokamaga gitmek üçin geýimlerini geýdi, bir döwüm çöregi eline alyp, gapa ugrady.

Gözüniň ýaşlaryny süpürip duran Şirin:

– Aýna jan, nirä? – diýip sorady.

– Gelneje, dokmadan gijä galmaýyn, Gytja eýýäm Nurberdi kakamlara barandyr – diýip, Aýna daş çykdy.

– Aýna jan, dur, gitme, bärik gel! – diýip, Şirin sandyrawuk sesi bilen gygyrdy.

Aýna ýene gelip, gelnejesiniň aglaýanyny duýdy, onuň gözüniň ýaşyny gördi.

– Gelneje, näme boldy? Näme aglaýarsyň – diýip, ýüregi ýarylan ýaly bolup, yzly-yzyna sorag berdi. – Nazar kakam hany? Oňa näme boldy?

– Aýna jan, Nazar kakaň nirä gidenini bilemok. Ol gijäniň içinde ýaraglaryny alyp, gyssagly gitdi. Nirä gidýäninem aýtmady.

– Nazar kakam mydam gezip ýör ahyry. Gandar bolany üçin mydam ýaragly gidýär, saglyk bolsa, ynha, ýene göreşip – bir zat alyp geler. Gelneje, onuň üçin aglap, özüňi gynap ýörme! – diýip, Aýna gelnejesini gujaklap, oňa göwünlik berdi.

– Aýna jan, men agaň gezmäge gideni üçin aglamok, men senden aýrylyşýan, şonuň üçin aglaýaryn.

– O näme üçin menden aýrylyşýaň, bir düşündirsene!

Şirin Aýnany pugta gujaklady:

– Aýna jan, seni gan ujundan Akmyratlara berýärler – diýip, demi-demine sygman hynçgyryp, aglamaga başlady.

– Gelneje, ýaraşan bolsalar bolýar, men Nazar kakama bir zat bolýarmyka diýip gorkýardym. Dünýäde Nazar kakam arkaýyn gezse bolýar, men horlansam jähennemä, onuň üçin, gelneje jan, birjigem aglama! Men ölsemem owarram, şu Nazar kakamyň jany sag bolsa bolýar.

– Aýna jan, ol garabagt Gytja-da gidýär. Onam gan ujundan beripdirler – diýip, Şirin gynanyp, ýarym-ýaş bolup aýtdy.

– Ol ejiz pahyrjygy beribermeseler bolmaýarmy? Wah, Gytja jan, sen ne günlere düşdüň?! – diýip, Aýna-da aglap başlady.

– Aýna jan, goý, aglama, aglanyň peýdasy ýok – diýip, indi Şirin Aýnany köşeşdirmäge başlady.

– Wah, ýeke meniň horlananym bolmaýarmy? – diýip, Aýna has sojap aglamaga başlady. – Ol ejiz ahyryn, nähili edip, bu zuluma çydar?! Wah-wah-eý!..

Bäşim ýüzüni sallap gapydan geldi.

– Şirinjemal, hany Nazar ýokmy? – diýip sorady.

Şirin derrew Kakajany turuzyp, onuň gulagyna bir zat-bir zatlar pyşyrdady.

– Kakam ýary gijeler töwereginde ýaraglaryny dakynyp öýden çykyp gidipdir. Nirä gidýänini ejeme-de aýtmandyr – diýip, Kakajan ejesiniň pyşyrdap aýdanlaryny Bäşim agasyna gürrüň edip berdi.

– Hä, şeýlemi? Şirinjemal, Aýna jany geýindir, tiz gelip äkiderler. Köşegiňizem nogtasyny salyp daňyp goýuň, düýäňiziňem, erkegiňiziňem gowy halygy bolsa alyp galyň, atyňyzyňam gowy esbaplaryny ýygnaň. Olaram tiz gelip alyp giderler – diýip, Bäşim tabşyrdy.

– Bäşim kaka, nirä alyp giderler? Kim gelip alyp gider? – diýip, Kakajan agasyndan sorady.

– Dünýäden habaryň ýokmy? Akmyratlar bilen ýaraşdyk. Hun töleýäris. Amanguly baýyň hyzmatkärleri gelip alyp gider. Aýna jan, aglama, Gytja janam äkidýärler. Elbetde, siziň kysmatyňyz şeýledir-dä, ezizler – diýip, Bäşim yzyna öwrüldi, öýden çykyp gitdi. Şiriniň göwnüne bolmasa, Bäşim aglaýana meňzeşdi.

Kakajan ejesine seretdi.

– Hawwa, oglum, Aýna janam hun ujundan beripdirler – diýip, Şirin gözleriniň ýaşyny süpürdi.

– Aýna ejemi? Onam şu gün äkidýärlermi? – diýip, Kakajan şumjardy. – Aýna ejemem, atymam äkidýärler? – diýip, çaga uly-ili bilen aglamaga başlady.

Şirin baryp, köşegi boşatdy, ullakanja köşek guba düýäni – enesini emmäge durdy.

– Janawaryň iň soňky gezek emşidir. Ene janawaryňam öz çagajygyny iň soňy gezek görşüdir... Bu janawarlar, ýene az wagtdan aýrylyşýandyklaryny bilse, nähili bolardykalar! Bozlaşyp, adamdan beter aglaşardylar...

Bu zatlary, köşegiň enesinden, enäniň köşeginden aýryljagyny ýatlap, Şirin ýene sessiz aglamaga başlady.

Kakajan atynyň elinden alynjagyny bilip, onuň zerini, içirgisini, uýanyna çenli alyp öýde ýygnady. Irişmesinden idip, birsalym aty bilen oýnady, soňam onuň maňlaýyndan ogşap durka,

Nurberdi bilen Amangulynyň gelýänini gördi. Onýança mallary ýygnap, Amangulynyň hyzmatkärlerem ýakynlaşyp geldiler. Kakajan atynyň çekgesinden ogşap, onuň bilen hoşlaşdy.

Amanguly baýyň uly aýaly bilen Nurberdiniň goşa alkymly aýaly Gytjany çatmadan çykaryp ugranlarynda, Bäşimiň aýaly, çagalary aglaşyp, olaryň yzyna düşdüler.

– Gelneje jan, aglama, men öz başyma düşenini çekmeli bolaryn, sag bol! Keteni köýnegim sizde galsyn – diýip, Aýna gelnejesini gujaklady. Soň Kakajany gujaklap, onuň maňlaýyndan ogşady.

Aýna öz gelnejeleri bilen hoşlaşdy, gapdalyna ýetip gelýan Gytjanyň elinden tutup, hun üçin alnyp barylýan mallaryň yzy bilen ýola düşdi.

Olary ýola ugradanlar aglaşyp galdy. Enesiniň yzyndan dyzaýan köşegiň bozlaýan sesi Gytjanyň ejesi bilen Şiriniň aglaýan sesine goşulyp, tä obadan mazaly saýlanýançalar, hun ujundan berilýän gyzlaryň gulagyna geldi durdy.

* * *

Nazar «Näme bolsa şol bolsuna» salyp, daňa golaý Tutlygala obasyna girip başlanynda, gapdaldan «Nazar, bäri dur!» diýip, tanyş ses eşidildi.

Nazar «Bu daňdan meni gygyrýan kimkä?» – diýip sakga durdy.

– Bäri gel! – diýip, tutlaryň arasyndan bir adam çykdy.

– Oraz aga, bu sizmidiňiz?! – diýip, geňirgäp, «Daň bilen bu ýerde Oraz aga näme işleýärkä?!» diýip, Nazar oňa tarap ýöneldi.

Gaýyn-giýew ikisi ýoldan çekilibräk, gür tuduň içinde, ýabyň raýyşyna çykyp oturdy. Ýoldan geçenleri bular görjekdi, emma geçýänler bulary görjek däldi. Ara açygrak bolany üçin bularyň hümürdilerem ýolagçylara eşidiljek däldi.

– Nähili ýaraşyk bolanynyň jikme-jigini men eşitdim. Ýersiz-suwsuz ýaşamak gaty kyndyr ýedi doganyň ýedisem iliň gapysynda talabançylyk eder, garaz, kynlyk bilen öz çagalary

üçin bir ölmez-ödi tapar. Emma gan ujundan berilýan ol iki gyzyň dat gününe! Ine, şol iki gyz üçin seniň bärik gaýtjagyňy aňyp, daň bilen seniň geljek ýoluňy saklap oturyşym– diýip, Oraz aga gürrüň berdi. – Seniň bu gelşiň ýalňyş, han ogul, ölşügi köpeldersiň, örän köp nähak gana sebäp bolarsyň! Dünýäde ondan ýaramaz iş, ondan agyr günä bolmaz. Sen päliňden gaýt, han ogul! Ol pahyr gyzlaryň ozaldan kysmaty şeýledir. Ol bendesiniň işi däl, allatagalanyň işi. Ony sen gylyç bilen düzedip bilmersiň…

Oraz uzak wagt öz giýewsine nesihat berdi. Nazar öýlenmezinden oňem Orazy gowy gerýärdi. Onuň gürrüňine-de gulak asardy.

– Oraz aga, men onda näme etmeli? – diýip, Nazar gaýgyly dem aldy.

– Ýaraşyk bolsun, soňuny görübermeli bolar. Entek garaş. Geljekde näme etmelidigini ol bagtygara gyzlaryň durmuşy aýdar.

-7-

## HUN UJUNDAN ALNAN GYZLAR

Tutlygala obasynyň ähli halky Nurberdi baýlar bilen Akmyrat baýlaryň ýaraşandyklaryny eşidip begendi. Ylaýta-da Begenç molla öz zehinli okuwçysy Kakajanyň gelip, ýene okajagyna begenýärdi. «Nurberdileriň neberesi gandarlyk belasyndan gutuldy. Nurmyradyň çagalaram indi ýaýnap arkaýyn gezip biler» diýip, oba adamlary bir-birlerine täze, ýakymly habary aýdyşýardylar. Olar hun ujundan alynýan zatlaram bilýärdiler. Olaryň bir topary «Ýedi dogan ýersiz-suwsuz nähili ýaşarka?..» diýip, gaýgy etse, bir topary «Gan ujundan alnan gyzlar nähili ejir çekerler» diýip, gynanç bilen başlaryny ýaýkaýardylar.

Gan ujundan geçiriljek gyzlaryňam, mallaryňam şu gün getiriljegini oba ilaty bilýärdi, emma şol geljek zatlary görmek üçin hiç kim köçä çykmady.

Amanguly baý hun ujundan geçirilen gyzlaram, ähli mallaram sag-aman getirip, Akmyrat baýa gowşurdy. Onuň öýünde oturyp, çaý içip, çörek iýip hoşlaşdy-da Nurberdiniň goşa alkymly aýaly bilen öz obalaryna gaýtdy.

Akmyrat baý öz neberesini öýüne çagyrdy. Hun ujundan gelen zatlary paýlaşmak hakynda maslahat geçirdi. Ýedi doganyň ýerini-suwuny hemmä deň paýlap, tohum gunanam Kerimiň ogluna berjekdigini aýtdy.

Hiç kim garşy bolup bilmedi.

– Oglumyň ganyny almak hakda meniň doganlarymyň içinde Italmazdan köp alada eden ýokdur. Ol «Nurmyradyň ogullarynyň gowusyny öldürip, gan aljak» diýip, Nazaryň yzyna köp düşdi. Şoňa görä, hun üçin alnan zatlaryň içinden nämäni aljak diýse, men şol inime bersem diýýan. Şoňa hemmäňiz razymy? –


enedilim.com

diýip, Akmyrat sorady.

Hiç kimden ses çykmady. Gotursak ýüzüni mürşerdip, gaharly oturan Italmaz birhili ýylgyrdy.

– Inim Italmaz, şol gelen zatlardan haýsysyny halasaň, saňa berjek! – diýip, Akmyrat inisine seretdi. Akmyradyň gözüne onuň mama dişän süýri ýüzi, mäşbürünç gyrçuw sakgally çüri eňegi bir betnyşan göründi.

Italmazyň uzyn burny agasynyň eçilişine begenip ýyrşarýan garamtyl-gök, salpy dodaklarynyň üstüne abanyp durdy. Ol:

– Akmyrat kaka, şol ýaş gyzlaryň birini maňa berseňiz, men sizden müňdebir razy – diýdi.

Gyzlaryň ýaşlygyna, görmegeýligine guwanyp, öz içinden «Ikisinem özüm alaryn» diýip, begenjinden sakgalyny sypap oturan Akmyrat tisginip, Italmazyň ýüzüne gaharly seretdi.

– Nazaryň bäş ýaşar erkegem-ä gaty gowy eken. Şony beräýsek bolmazmy? – diýip, Akmyrat ondan sorady.

– Akmyrat kaka, eger meniň gijeler ýatman, öz janymy aýaman, ar-namys üçin selpänime bir zat berjek bolsaň, şol gyzlaryň birini ber, ýogsa-da hiç zadyň gerek däl! – diýip, Italmaz agasynyň ýüzüne eýmenç gözleri bilen alarylyp bakdy.

– Gyzlar entek gaty ýaş, on üç-on dörtýaşly ýaly-la – diýip, Akmyrat sapalak atdy.

– Ýaşam bolsa zyýany ýok, gan ujundan alnan duşman çagasydyr, men onuň hötdesinden gelerin, eger berjek däl diýseňiz ol öz işiňiz, maňa siziň başga zadyňyz gerek däl! – diýip Italmaz öýkelän boldy.

– Bolýar, Italmaz jan, ar-namys üçin jan aýaman aýak üstüne galýan doganym sen, seni närazy edip bilmen! – diýip, Akmyrat nalaç razy boldy.

Neberesi dagandan soň, Akmyradyň ýeke özi oturyp pikir etdi. «Ertir Italmaza bir gyzy bermeli boljak. Zalym gotur, iň soňunda öz diýenini etdirdi. Şol mysalaň bilen ýaş gyz nämäňe gerek?!..

Men gyzlary ýanyma çagyryp, çyranyň yşygynda mazaly syn edip, gowusyny özüm alaýyn…»

– Nowruz! – diýip, ol ýogyn gartmaç sesi bilen gygyrdy.

– Lepbeý aga! – diýip, ýaş ýigit ylgap öýe girdi.

– Bar, gyrnagy meniň ýanyma çagyr – diýdi.

Entek Nowruz daş çykmanka, Akmyradyň uly aýaly tamyň gapysyndan geldi. Nowruz çykyp gitdi. Garynlak semiz aýal gelip, öý eýesiniň gapdalynda oturdy.

– Hun ujundan alan zatlaryňy paýlaşdyrdyňmy? Hemmesini razy etdiňmi? Gyzlary synlap gordüm. Biri üzümiň suwy ýaly, ýüzi duruja, şony Annaly jana beräýeli – diýip, öz uly oglunyň adyny tutdy.

«Suwly tulum ýaly bolup gelmän geçen, hemme zadyň arasyna sokulyp ýör…» diýip, öý eýesi öz içinden aýalyna gaharlandy. Emma daşyndan hiç zat aýdyp bilmän:

– Gyzlaryň birini Italmaza bermeli etdik – diýdi.

– Onda ýene garaýagyzdan görmegeý biri bar, gyzlaryň ikisem gowy. Haýsam bolsa birini Annaly jana ber…– diýip, uly aýaly ýalbardy.

– Annalyň ozalam iki sany oňat ýaş gelni bar, tüweleme, çaga-çugasam kän. Sen, iň gowusy, şu wagt maňa azar berme, öz öýüňe git-de, arkaýyn ýat, kime näme bermelidigini özüm bilerin.

Öý eýesiniň uly aýaly oýkanjyrap, öýden gitmäni kyn gördi.

Akmyrat gaharly;

– Tur, ugra öýüňe! – diýip, jabjyndy.

Semiz aýal ellerini ýere diräp, zordan turdy-da, ýagamdan çykyp gitdi.

* * *

Akmyradyň gyrnak diýýäni ýetim kürt gyzydy. Akmyrat ýokarky Bagyr obasyndaky söwda şärigi Hudaýberdi diýen dogumly baý adamyňka gatnardy. Olar Eýrandan gaçak mal getirip, Aşgabatda satardylar. Hudaýberdiniň adyna öz obalarynda Hydaw diýýärdiler. Hydawyň kömegi bilen, Akmyrat kyrk bäş ýaşyna ýetende, Nenegül diýen garaýagyzdan owadan gyza öýlendi. Tutlygala obasynyň aýallary ol gyzyň adyny özleriçe azajyk üýt-

gedip, Enegül diýýärdiler. Akmyrat oňa başdan gyrnak adyny dakdy. Nowruz bolsa gyrnagyň kiçi doganydy. Onam Akmyrat ýygnap, öýdeniçer edinip ulanyp ýör.

Hun ujundan alnan iki gyzam Nenegülüň garaja öýüne saldylar. Gyrnak ol gyzlara dözmän, olara çaý-çörek berdi.

– Gyzlarym, menden çekinmäň, iýiň, içiň! Indi men otuz ýaşyma ýetdim. Akmyradam, onuň aýalam meni gyrnak hökmünde ulanyp, ähli hyzmatlaryny etdirýärler. Akmyrat meni aýal edinip alyp, köp horlady. Işden men ýadamok, ýöne ol sähel zada yrsarap, meni köp ýençdi. Onuň aýalam meni urýar. Uly ogly bar, ady Annaly. Olam häzir kyrk dagy ýaşady. Sähel zat üçin ol hem meni urýar. Men ýaranjak bolup, onuň iki aýalynyňam hyzmatyny edýärin – diýip, gyrnak öz başyndan geçenleri bu pahyrlara gürrüň berip otyrka, gapydan Nowruz geldi.

– Nenegül, seni hojaýyn çagyrýar.

Nenegül baryp, Akmyradyň gapdalynda oturdy.

– Ýok, sen oturmaly däl! – diýip, Akmyrat ýumuş buýurjak bolanda, Nenegül oňa ýalbarmaga başlady:

– Men indi on bäş ýyl bäri seniň aýalyň hem hyzmatkäriň bolup ýorün, meniň jigim Nowruz jan çagalykdan başlap, seniň gapyňda hyzmat edýär. Sen «Ony öýererin!» diýip, söz beripdiň. Indi Nowruz jan on ýedi ýaşady. Ol hun ujundan alan gyzlaryň birini Nowruzjana berip, ony öýerseň, biz senden gaty razy bolardyk – diýip, boýnuny burup, gyzlaryň birini diledi.

– Tur, jähennem bol! Ol gyzlaryň ikisinem meniň ýanyma alyp gel! – diýip, Akmyrat gygyrdy.

Nenegül gorkusyna sesini çykarman, tamdan çykyp gitdi.

– Türkmeniň gül ýaly gyzynam siz kimin kürte rowa gormek bolarmy, haram gyrnak?! – diýip, Akmyrat onuň yzyndan gygyrdy.

Akmyradyň Hywa bizinden tikilen akja balagy, ezýaka köýnegi, egnine ýasgynjak atylan täzeje garma dony, başynda buýralary seçelenip duran gara silkme telpek bardy. Ol tamyň edil orta arasyndaky nepis dokalan eňsi halynyň üstünde çuw-ak sakgalyny darap, özüne timar berip otyrdy.

Tamyň akja gapysy açyldy. Nenegül içeri girip, yzyna gara-


enedilim.com

dy-da:

– Giriň, gyzlar, utanmaň! – diýdi.

Ilki bilen gözleri ýanyp duran, uzyn gara saçly, garaýagyz gyz, onuň yzyndan ak ýüzlüje, inçeden uzynrak gyz girdi.

– Çyra ýakynrak süýşüň, ýeňleriňiz bilen ýüzüňizi ýapmaň! – diýip, öý eýesi gaharly buýurdy.

Nenegül kömekleşdi, gyzlaryň yzyndan itekläp, çyranyň çyra golaýrak süýşürdi.

Öý eýesi çüýşeli çyranyň peltesini galdyryp, gyzlara syn etmäge başlady.

Aýna sarsman durdy, emma Gytja gorkusyna sandyraýardy. Sandyradygyça-da, Akmyradyň gözüne ol has ýaş hem owadan görünýärdi.

– Bolýar, ikisinem äkit, meniň ýanyma Nowruzy iber! – diýip, öý eýesi Nenegüle seretdi.

«Akja gyza köp seredip, Akmyrat baý Nowruzy çagyr – diýdi weli, şol gyzy oňa berjekdir, meniň jigimi öýerjekdir...» diýip, içinden oňat pikirlenip barýan Nenegül gara öýüň gapysynda jigisine duşdy.

– Nowruz jan, seni baý çagyrýar. Onuň ýanyna gaty edepli bolup bargyn, buýran ýumşuny ylgap bitirgin – diýip, şatlykly sözledi. – Ýörüň gyzlarym! – diýip, gyzlary, ylaýta-da, Gytjany höwesli gujaklap, öz gara öýüne saldy.

– Lepbeý aga! – diýip, Nowruz gapydan girdi.

– Bar-da, Samat işana aýt, häziriň özünde bize gelip, nika gyýmaly. Özüne gerek adamlaryny – pyýada kazylaryny hem alyp gelsin. Düşündiňmi? Ylgap gidip gel! Samat işany tiz getir! – diýip, öý eýesi Nowruzy iberdi.

Samat işan adamlaryny, pyýada kazylaryny yzyna tirkäp gapydan geldi. Akmyradyň buýrugy bilen Nenegül Gytjany alyp gelmeli boldy. Ol uzynja gyzyň Nowruza berilmejegine, ony altmyş ýaşly garynlak adamsynyň özüne aýal edinip aljak bolýanyna düşündi. Ol näzijek gyza dözmän aglady. Gözleriniň ýaşyny süpürip, gara öýe girdi.

– Gyzym, Gytja jan, seni baý çagyrýar. Ýör, balam! – diýip, onuň inçejik golundan çekdi.


enedilim.com

– Men gorkýan, ýeke özüm gitjek däl! – diýip, Gytja aglamaga durdy.

– Gyzym, aglama, bu ýerde saňa rehim etjek adam ýokdur. Men «Aglaýar, gelenok» diýsem, menem urarlar, senem. Iň gowusy, gideli – diýip, Nenegül ýalbardy.

– Gytja, gidäý, biz oňly ýere düşen däldiris, bizi urarlar, gynarlar. Biz olaryň gandarynyň çagalary, näme diýseler, ediberm ekden başga biziň alajymyz bolmaz. Bar, gidiber...– diýip, Aýna Gytja düşündirdi.

Gytja sessiz aglap, Nenegülden ýapyşdy, entirekläp çykyp gitdi.

Gapydan çykan batlaryna, Nenegül onuň başyna bir çabyt atdy.

– Gyzym, bu çabydy büren, ýogsam baý geň görer.

Ýüzüňi hiç kime görkezme! Baýyň öýünde başga-da adam bardyr – diýip, ýaş gyzy alyp, öýe girdi.

Içerde oturan işan-da, pyýada kazylaram ýumruk ýaly çaga seredip, geň galdylar.

– Enegül, näme dursuň, geçir bärik, töre tarap! – diýip, Akmyrat jabjyndy.

Nenegül gyzy töre geçirip, oturdyp, gidiberjek boldy.

– Otur özüňem! – diýip, öý eýesi gaharly gygyrdy.

Kime nika gyýmaly? – diýip, işan pyşyrdap sorady.

– Gözüň ýokmy? Kime gyýmaly? – diýip, öý eýesi Samat işana alarylyp bakdy.

– Bolýar, agam! – diýip, işan inçejik ses bilen tiz-tizden dogasyny sanap başlady.

Gyzyň razylygyna-närazylygyna bakman, nika wekilçiligini kime berenine-bermänligine bakman, işan depmehalal edip, nika gyýdy-da, lomaýja aklygyny alyp, çykyp gitdi.

Toý-da bolmady, aýdymam aýdylmady, atam çapylmady. On üç ýaşly gyz altmyş ýaşly baýyň aýaly bolup galdy.

– Gyrnak, tur, ugra öýüňe! – diýip, öý eýesi Nenegüle azgyryldy.

Nenegül gara öýüne ýetmänkä, Gytjanyň «Maňa degme – maňa degme! Waý, eje jan! Waý, kaka jan! Waý, Nazar kaka!...»

diýip, çyr-çyr aglaýan sesi eşidilip başlady. Soňabaka gyza urulýan şarpyldy, gürpüldi eşidildi. Soňam gyzyň sesi az-azdan ýatdy.

Nenegül öýüne gelende, gapynyň daş agzynda duran Aýnany gördi.

– Gyzym, Aýna jan, ýör öýe! – diýip, ony öýe salýarka, gyzyň eginlerini silkip aglaýanyny duýdy. – Aglama, gyzym! Bular zalymdyr, indi aglamakdan peýda ýok! – diýip, ýalbaryp, ony öýe saldy. Pelteli çyranyň yşygyna onuň pökgeren, ýaşaran gözlerine seredip, Nenegül öz içinden «Wah, garabagt gyzlar!» diýdi.

– Gytjany gaty urdular öýdýän? – diýip, Aýna ondan sorady.

– Ol baý zalymdyr, urar! Oglunyň ölümine içi ýanyp durandyr. Ol görgüli gyzda näme günä bar?!

– Soň sesi galdy weli, urup öldüräýdimikä?

– Ýok, enteg-ä ölen däl bolsa gerek, ýöne ol ejizje gyz bularyň zulmuna çydamaz. Uzak ýaşamaz – diýip, Nenegül gaýgyly jogap berdi. – Men ol gyzy Nowruzjan üçin diledim, baý meni kowup goýberdi. Maňa beren bolsa, men entäk ýetişýänçä öz gyzym ýaly edip saklardym, soň Nowruz jana nika gyýyp bererdim, arman, ol gyzyň bagty ýok eken. Ýör, gyzym, çyrany öçürip ýataly, ýogsam senem äkidäýmesinler.

Olar öýe girip, bileje ýatdylar.

– Eziz balam! – diýip, Nenegül kiçijik Aýnany gujaklap ýatdy.

– Enegül eje, seniň çagaň ýokmy? – diýip, Aýna pyşyrdap sorady.

– Üç gyzym boldy. Biri bar, ikisi öldi. Ol gyzymam baý satyp goýberdi. Indi onam görüp bilemok.

– Enegül eje, meni baýdan dilesene, belki, meni size beräýse!

– Ertir irden diläp göreýin. Maňa beräýse, men seni gowy saklaryn…

Nenegül tiz uka gitdi. Aýna öz gününi, Gytjanyň gününi gaýgy edip, uzak gije uklap bilmän, ahyry daňa golaý ymyzgandy.

Ertesi daň bilen turup, Nenegül Aýna seretdi, guzy ýalyjak bolup, ol uklap ýatyr. Nenegül ony turuzman, usul bilen ýorganyň aşagyndan çykyp, Akmyradyň tamyna bardy. Ol jaýynda

ýok, Gytja ölen ýaly süýnüp ýatyr. Nenegül usul bilen onuň üstüni açyp görse, döşlerine, boýnunyň ýüzlerine, ýaňaklaryna çylgam-çylgam gan öýüpdir. Çaga çala dem alýar. Nenegül emaý bilen jaýdan çykdy. Aňyrdan, tutlugyň içinden eli kündükli gelýän Akmyradyň öňünden çykyp, Nenegül onuň gaşynda dyza çökdi:

– O meniň öýümde galan garaja gyzy maňa ber. Nowruz jany öýereli – diýip ýalbardy.

Akmyradyň ýüzi pers-alady. Gytja özüni zorlatmajak bolup, onuň ýüzüni dyrnaçaklan bolmaga çemeli.

– Tur, gözüme görünme! – diýip, Akmyrat Nenegüli depip goýberdi-de, öz tamyna tarap gitdi.

Nenegül öýüne gelip, Aýnany turuzmaga dözmän, çaý gaýnatmaga oturdy. «Entek il örmänkä, bu pahyra çaý bereýin, naharlaýyn. Soň muňa-da gün bermezler. Bu gyzam zalym baýyň özi aljakmyka? Uly ogly Annala berjekmikä? Onuňam öň biri-biri bilen oňuşman ýören iki aýaly bar. Ol aýallaram baý ýeriň gyzlary, hersiniň bir topar çagasam bar. Olar biri-birinden gabanyp, bu çagany Annalyň özünden beter horlarlar…» diýip, ol çaý demlemäge oturanda, gapydan Italmaz girdi. Uklap ýatan çaganyň elinden silkip, zöwwe ýokary galdyrdy-da, idirdikledip ugrady.

– Bagtygaranyň goluny sogurdyň, dur, nirä äkitmeli bolsa men äkideýin– diýip, Nenegül Italmaza ýalbardy.

Italmaz onuň döşünden zarply itekläp goýberdi, Nenegül entirekläp gidip, arkan ýykyldy. Onuň kellesi baryp bosaga degdi.

Aýna Italmazyň elini dişlejek bolanda, Italmaz silkip elini çekdi-de, Aýnanyň uzyn gür gara saçyndan tutup, süýräp, uly aýalynyň öýüne eltdi.

– Waý, getirmersiň! Munuň ýaly gan ujundan alnan tulawy men gül ýaly çagajyklarymyň arasyna salyp bilmen, ýok edewer-eý! – diýip, äpet börükli hyrsyz aýal uly ili bilen gygyryp, gapynyň öňünde durdy.

Daýaw Italmaz gözüni alardyp, gahar bilen ýaňky aýalyň gapdalyna jaýdar ýelmedi weli, aýal togalanyp baryp, giň öýüň

töründe çäşerdi.

Onuň ogullary, gyzlary:

– Waý, ejemi öldürdi-le! – diýip, ýerli-ýerden aglaşyp-gygyryşyp başladylar. Aýalam çök oturyp, dyzlaryny ýenjip, uly ili bilen aglap başlady.

Gan ujundan alnan gyzy uly aýalynyň öýüne salyp bilmejegine Italmazyň gözi ýetdi. Ýanaşyk oturan kiça aýalynyň öýüne tarap Aýnany süýräp ugrady.

Ýaňky gykylygy eşiden kiçi aýaly ähli çagalaryny daşyna ýygnap, öýüniň gapysynda äriniň bolup ýörşüne syn edip durdy.

– Hä, gan ujundan alan ganjygyňy baýry aýalyň öýüne salyp bilmän, indi meniň öýüme getirýärmiň?! Jähennem et haram ganjygy. Iniň ganyny alyp bilmän, batyrlygyňy bize görkezjek bolýarmyň?! Ölerin welin, şu gül ýaly jüýjejiklerimiň arasyna şol haram tulany saldyrman. Eger zor edip, şony meniň içerime salsaň, edil böwründen pyçagy sokar-da, garnyny silkäýerin!..

Italmaz görse, bolar ýaly däl. Kiçi heleýiniň daşynda çagalary ejelerini gujaklap, aslyşyp dur. Ony urmaga-da maý berenoklar.

Italmaz Aýnany eltip, rejelije örülip basylan sazagyň ýanynda goýdy-da, uly ogullarynyň eline pil berip, sygyr dölesini artdyrmaga başlady.

Italmazyň iki aýalam onuň ýaňky ýaş gyzy özüne aýal edip aljagyny bilip, oňa has gaharlanýardylar. Onuň uly aýaly kiçi günüsiniň ýanyna geldi.

– Gandaryň gyzyny indi ol özüne aýal edinip alaýjakmyka? Ýanynda ýatanyňda öz inisi Kerim ýadyna düşer durar. Nähili edip onuň bilen ýatyp-turjakka?

– Äý, edýän işini özüne laýyk bilýän bolsa, edibersin. Biz-ä şol saçy kesileni ganymyzdan goýbermeris – diýip, kiçisi uly günüsine jogap berdi.

– Ol döläniň içinde nähili ýaşajakka, her hili yslar geler durar.

– Ýaşasa ýaşasyn, ýaşamasa ters ýaşasyn, şonuň azary indi ikimize galdymy?! – diýip, kiçisi uly günüsine seretdi.

Italmazyň ogullary ilersindäki deşikden döläniň içindäki maçjalary zyňdylar. Siýdikli palçyklary gyrçap, halys ýadadylar.

Italmaz döläniň daş agzynda durup, içerik seretdi. Döläniň

içi görnenok, içerki deşigi matjalar, siýdikli palçyklar bilen baglanyndyr. Bir ogluny dölaniň ilerki deşigininň öňündäki hapalary aňyrrak arçaşdyrmaga iberdi.

Aýna üýşmek sazagyň düýbünde, şol öňki taşlanan ýerinde uly gaýga batyp otyr. Günüleriň galmagallarynyň baryny eşitdi. Gytjany gaýgy etdi. Bu sygyr dölesiniň özi üçin taýýarlanýandygyny aňyp, «Gytja urulsa-da, ýenjilse-de, eger öläýse-de adam ýaşaýan tamda öljek, meni bolsa şu içi çygly, porsy dölä saljakmykalar» diýip, daýaw ýigitleriň işleýşine gaýgy bilen seredýärdi. «Italmaz, gotur zalym, meni şu ogullarynyň birine berjekmikä?…»

Italmazyň ogullary döläniň içine bedre bilen gum daşadylar, onuň üstünden sypal düşediler, soň keçe ýazdylar.

– Bar, Begenç agany çagyryp gel! – diýip, Italmaz bir ogluny adam çagyrmaga iberdi. – Gir dölä! – diýip Aýna gaharly garady.

Aýna özüniň uruljagyny, saçyndan süýreljegini bilip, derrew turup ugrady. Döläniň içine girip gitdi. Ilkibada porsy alyp barýardy. Soňabaka ýuwaş-ýuwaşdan öwrenişdi.

Begenç aga diýilýän adam geldi. Italmaz oňa:

– Begenç aga, bir nika gyýyp berseňizläň! – diýdi.

– Bolýar, gyýaýarys. Kim öýlenýär?

– Özüm!

– Şol hun ujundan alnan ýaşajyk gyza öýlenljek bolýaňyzmy?

– Hawwa, Begenç aga!

– Onuň ýaly bolsa nikany Samat işana gyýdyryň, onuň zähmet hakyny berseňiz, haku-nahak gyýar. Biz garamaýagam bolsak, onuň ýaly işden gaça durýandyrys – diýip, öwrüldi-de, öz öýüne tarap ugrady.

Samat işan pyýada kazylary bilen gelip, Akmyrada nika gyýşy ýaly, Italmaza-da nika gyýyp, aklygyny aldy-da gitdi. Aýna-da ýenjildi. Ol porsy döläniň içinde usurgap ýatyrka, gapydan bir adamyň gelenini aňdy. «Ýene Italmaz gelendir, ýene ýenjer, gider».

Bir ýakymly el onuň kellesini galdyrdy. «Gelnejem Şirin geläýdimikä?»

Aýna gözüni açdy.

– Aýna jan, ne günlere düşdüň, balam! – diýip, Nenegül onuň agzyna okara bilen süýt tutup berdi.

– Enegül eje, biz bir bagty ýatan bolduk! – diýip, Aýna ol aýaly gujaklap, aglady. – Iki gün bäri duz dadamok. Ol haram goturyň uly aýalam, kiçi aýalam meni itden beter ýigrenýär. Onsoň maňa kim nan bersin?!

– Aglama gyzym, Italmazyň kiçi aýaly Jahan ulusyna garanyňda rehimliräkdir. Men onuň bilen gepleşerin, özümem her gün aýlanar duraryn.

– Enegül eje, Gytjanyň ýagdaýy nähili? Ol dirimi?

– Gytjanyňam ýagdaýy öwerlik däl. Men oňa-da seredýän. Sen öz gaýgyňy et, balam! – diýip, Nenegül çykyp gitdi.

Ýatan dölesiniň ysy bilen Aýna öwrenişdi. Onuň ilersindäki ýekeje deşikden girýän howa-da arassa däl, sebäbi ol deşigiň öňündäki üýşmegem döleden çykarylan hapalar. Dölaniň gapysynam Italmazyň özi tagtalary birikdirip ýasapdy. Tomsuň soňky aýynyň ahyrky günleri, haý diýmän sowuk düşer. Dölede peç oturtmagam boljak däl.

Dölaniň gapysy usul bilen açyldy. «Italmaz bolsa, ýagy ýaly gapyny şakyrdadyp, depip açardy, Bu gelen ol-a däl» diýip, çen etdi-de, Aýna içmegiň aşagyndan usul bilen kellesini çykardy. Görse, Nenegül gapyda dur.

Ol:

– Salamälik, Enegül eje, geliber! – diýdi.

– Aýna jan, saňa birazajyk çörek getirdim, gyzym, iý! – diýip, Nenegül bir bölek nany oňa berdi, özem geçip, içmegiň gyrasynda oturdy.

Aýna:

– Taňryýalkasyn, Enegül eje! – diýip, çörek iýmäge başlady.

– Gyzym, bilýäňmi näme! Eýýäm siziňkiler göçüp geldiler. Hemme doganlaryň Nurberdi kakaňlaryň howlusyna üýşdüler. Nazaryň aýaly Şirin öz kakasynyň howlusyna göçdi. Nazar kakaň henizem ýok, onuň nirä gidenini hiç kim bilmeýärmiş…

Gyzym Aýna jan, Men Italmazyň kiçi aýaly Jahan bilen gürleşdim. Ol «Dokmamy dokap berse, başga buýran işlerimi edip berse, men oňa çaýam bererin, çöregem bererin» diýdi. Ol dok-

masyny ýüwürdip, uly gyzy bilen özi dokamaga başlady. Ýör, şonuň dokmasyny dokaş. Eger onuň işini oňat ediberip ýörseň, ol seni Italmaza-da urdurmaz. Ýör gideli! – diýip, Nenegül Aýnanyň elinden tutdy.

Aýna özüniň ýigrenilýän ýerine näler gitjek däl weli, öz «gara güni üçin günüsiniň çagasyny allalamaly» bolup, Nenegülüň yzyna düşüp ugrady.

Nenegül dagy gapydan baranynda, Italmazyň kiçi aýaly Jahan öz uly gyzynyň dokma dokap bilmän güýmenip oturanyna käýinip duran eken.

Aýna daş gapyda durup, çalaja salam berdi.

Italmazyň kiçi aýaly onuň salamyny alman, gözlerini alardyp:

– Dokma dokap bilýärmiň? – diýip sorady.

– Hawwa.

– Hany geç, dokap başla, göreýin!

Aýna pürenjegini çümreräk bürenip, inçejik garaja barmaklaryny çalasyn gymyldadyp, çitip başlady. Onuň keseriniň çalt işleýşine öz günüsi Jahanam, Nenegülem haýran galdy. Soň Aýna synnyny alyp, çitimlerini endigan gyryp, goşa darak bilen kakyp ugrady.

Ýaňky Aýna alarylyp, gaharly garaýan günüsi «Elinden dür dökülýän maşgala eken, emma garamaňlaý bolupdyr» diýip, ona nebsagyryjylyk bilen seretdi. Aýna garaňky gatlyşýança, ýarym günde eneli-gyzyň bir gündäki dokanyndan köp dokady.

– Bar, indi iňrik garaldy, mallara ot ýygmaga git – diýip, kiçi günüsi Aýnanyň eline ýarty çörek, egri orak berip goýberdi. – Ýene daň atan badyna gelgin!

Aýna daňdanlar turup, dokma dokamaga başlanda, entek Jahan dagy ýatyrdy. Olar turup, ýuwunyp-daranandan soň, Aýna-da çaý, çörek berdiler.

Şeýlelik bilen günler yz-yza geçip başlady. Jahan Aýnanyň beýle çeperçiligine guwanyp, ony gowy görüp başlady. Italmaza ony urdurmady. Oňa agyzdan galan naharam berip başlady.

Aýna bir gün Jahandan rugsat alyp, Nenegül bilen Gytjany soramaga gitdi. Akmyrat ýokdy. Tamyň içi oňat, täzeje keçe, haly…

Gytja düşekçäniň üstünde ýatyr. Üstüne ýukaja mytgal ýapynypdyr. Ak mytgalyň aşagynda onuň süňkleri bildirýär.

– Gytja jan! – diýip, Aýna onuň ýüzüni açdy.

Gytja tanar ýaly bolmandyr. Hany ol owadan gyz?!

Owurtlary içine gidipdir, çekge süňkleri somadypdyr, gara gözleriniň hanasy çöküpdir.

– Aýna jan, dogan, senem görmek nesibäm bar eken! – diýip, ol gözlerine ýaş aýlady. Goluny mytgalyň aşagyndan çykaryp, Aýna tarap uzatdy.

Aýna onuň gury süňke dönen barmaklaryny, eti gidip, goşa süňkleri görnüp duran bileklerini görüp:

– Gytja jan, bu az wagtyň içinde beýle horlanypsyň, saňa näme boldy? – diýip sorady.

– Men nädeýin, kakamdan-a däl, atamdanam uly ak sakgal adama berdiler. Men razy bolmadym, urup-urup özümden giderdi – diýip, Gytja inçejik sesi bilen sözläp, gözlerinden boýur-boýur ýaş dökdi, ysgynsyz üsgürdi.

Gytjanyň aglamjyramagy, sojap zordan dem almagy, bogazynyň şyglamagy onuň agyr kesele duçar bolandygyny aňdyrýar.

– Gytja jan, saglykda görşeli, meniňem kän oturarlygym ýok, seniň ýanyňa gelenimi biläýse, haram gotur janymy alar. Meniňem düşen günüm seniňkiden gowy däl! Senem gaýrat et, galjak bol! – diýip, Aýna ýerinden turdy.

– Seniňem ýagdaýyňy eşidýän, doganjygym, şol betnyşan Italmaz nejise berleniňi bilýän. Aýna, dogan jan, men ýerimden galyp bilemok. Ugruny tapyp, meniň halymy sorap dur. Meniň senden başga hiç kimim ýok. Ejem jany, Şirin gelnejemi göresim gelýär. Olary meniň ýanyma goýbermeýärler– diýip, Gytja aglap galdy.

## -8-

## KAKAJAN

Gandarlar Tutlygala sag-aman ýygnandylar. Nurmyradyň çagalarynyň çatmalaryny dikmäge-de ýerleri bolmandan soň, ýedi doganyň Nazardan başgasy öz çatmalaryny Nurberdileriň howlusynda, onuň öýüniň töwereginde gurdular. Olaryň bary Nurberdiniň gapysynda batrakçylyk etmäge başlady. Üç sanysy Nurberdiniň daýhançylygyny etdi, iki sanysy onuň kerweni bilen Mara, Hywa gatnady. Biri, Bäşim öz uluja ogly bilen gumda onuň goýnuny bakdy.

Şirin öz kakasy Oraz aganyň howlusyna göçüp geldi. Edil şol günüň ertesi Oraz aga öz agtygyny yzyna tirkäp, Begenç mollalara salam berip bardy. Begenç molla öz öňki zehinli okuwçysy Kakajany gorüp, begendi.

– Kakajan, sen okan zatlaryňy ýatdan çykaran-a dälsiň? – diýip sorady.

– Men Gurhany okap çykan badyma, başymyza iş düşüp, gaçyp gitdik. Babamyň «Rownagyny» alyp gidipdim. «Rownagy» gowy okap bilýärin.

– Sen öňem babaň bilen «Zöhre-Tahyr», «Gül-Bilbili» okap ýördüň ahyry. «Rownagyňam» haty şol hatdyr, okap bilersiň-le. Ertirden başlap, meniň mekdebime geliber, okuwyň yzyny dowam edeli – diýip, Begenç molla Kakajanyň arkasyna kakdy.

Oraz bilen Begenç molla çagalykdan bile ösüp, bile-de köne mekdepde okapdylar. Oraz köne mekdepde Nowaýyny okap, soň mekdebe gatnamasyny goýdy, Begenç molla obada köne mekdebi gutaryp, Hywa gitdi. Ol ýerde-de medresäni gutaryp geldi. Ymamçylyk etmedi. Ile doga-da bermedi. Ol gelip, çagalary okatmaga başlady.

Kakajany Begenç mollanyň özem gowy görýärdi, Onuň zehinlidigine guwanýardy. Türkmen dessanlaryny özüniň inçejik, çaga sesi bilen ýalňyşsyz okaýşyna Begenç molla begenýärdi.

Kakajanlarda «Maşgalaňy belalardan gorasyn» diýip, ata-babadan saklanyp gelinýän Gurhandan başga kitap ýokdy. Olam okalman, daşy bukjaly saklanýardy. Şirin Kakajana Sopy Allaýaryň kitabyny tapyp berdi. Kakajan onam okap otyr. Babalarynyň öýünden «Nowaýy» kitabyny tapdylar. Soň Kakajan Hoja Hafyzy, Jamyny okady. Ahyrynda-da «Bidil» diýen kitabyň salgysyny aldy.

Ejesi ikisi Suhan işanyň ejesiniň öýüne salam berip bardylar.

Garryja totam aýal:

– Geçiň, oturyň! – diýip bularyň öňünde çaý-çörek goýdy. Çaý-çörekden soň:

– Kim bolarsyňyz? Habarlyja geldiňizmi? – diýip mylaýym sorady.

– Totam eje, men Orazyň gyzy, Nurmyradyň gelni, büýem meniň oglum Kakajan. Şu oglana «Bidil» diýen kitap gerek. Şony sizden soramaga geldik – diýip, Şirin öý eýesine maksadyny düşündirdi.

– Hä, Kakajan diýsene, il arasynda bu oglanyň zehinlidiginiň tarypyny edýärler. Tüweleme, göz degmesin! – diýip, garry totam ýerinden turdy, rejeli goýlan kitaplaryň arasyndan bir kitaby çykaryp:

– Ine, siziň gözleýän kitabyňyz. Al, oglum, oka, soň ýene getirip bergin! – diýip, kitaby uzatdy. Şirin ol kitaby alyp, ýaglyga dolady.

– Taňryýalkasyn, totam eje! Oglum kitaby okan badyna, özüm getirip bererin – diýdi-de, Şirin Kakajany yzyna tirkäp, öýden çykyp gitdi.

Eneli-ogul köçä çykdylar weli, Kakajan:

– Eje, getir maňa ber, şu kitaby açyp göreýin-le! – diýip, ýalbaryp başlady.

– Oglum, bu kitap ýolda-yzda açylyp-ýapylyp ýörülýän kitap däldir. Ynha, öýe bararys, soň açyp gör, okap bilseň, babaňa okap ber, emma entek howlukma – diýip, Şirin ol kitaby goltugyna

gysyp gelýär.

Öýe baranlaryndan soň, ol kitabam Kakajan aňsatlyk bilen okady. Soň «Müslikelmutdakyn» diýen galyň kitabam sagynman okap başlady.

Bu oglanyň okaýşyna babasam begenýär, mollasam, Begenç molla oňa:

– Indi sen oňat sowatly molla bolduň. «Puhaýkeýdan» kitabyny bereýin weli, şony oka! – diýdi.

Bu kitabyň her sözlemininiň arapçasyny, parsçasyny ýat tutmaly, manysyna pugta düşünmeli.

Kakajan bu kitabyň arapçasyny, parsçasyny ýat tutup ýörkä, Tutlygala obasynda sowet mekdebi açyldy. Begenç molla iki aýlyk mugallymçylyk kursuny gutardy. Soň ony oba mekdebine mugallym edip bellediler.

Kakajanyň babasy:

– Men agtygymy Hywa äkidip, medresä saljak! – diýip, ony sowet mekdebine ibermejek boldy.

– Oraz aga, köne mekdeplerde okalanok, her kim indi täze mekdepde okaýar. Kakajany saklama, mekdebe ber! – diýip, Begenç mugallym düşündirýär.

Ahyry iki dost ylalaşdy. Kakajan gündiz sowet mekdebinde okaýar, gijesine Begenç molla arapça, parsça ýat tutdurýar.

Gijelerine Şirinleriň öýüne garrydan-ýaşa, aýal, erkek üýşýär.

Kakajan özüne ýalbardyp durmazdy, goňşulary-garyndaşlary haýsy kitaby okap ber diýse, şony okap bererdi.

Begenç mollanyň öýünde Magtymgulam bardy, ähli kyssalaram, Kakajan inçeräk çaga sesi, oňat labzy bilen Magtymgulynyň goşgularyny okardy. Käwagtlar «Ymamlaryň kyssasyny», «Edhem diwanany», «Ýusup-Zylyhany», «Zöhre-Tahyry»... Kakajan okanda, daşyndaky diňläp oturanlaryň bir topary gözüne ýaş aýlardy. Käwagtlar Begenç molla bilen Oraz aga Kakajana «Kasasyl enbiýany» okadyp, diňlärdiler.

* * *

Şirin bir gün irden tursa, Kakajan ýerinde ýok. «Ýazylmaga gidendir» diýip, ol agşamky saglyp goýlan süýdüň çig gaýmagyny kiçijik okara salyp, Kakajan üçin goýdy. Kakajan geler ýerde gelmedi. Şiriniň ýüregi gysyp başlady. «Be, oglum nirä gitdikä?» diýip, Şirin byzbyldyklap ugrady. Ylgap, kakasynyň ýanyna bardy.

– Kaka, daňdandan bäri Kakajan ýok! Meniň-ä ýüregim gysyp başlady. Akmyradyňam, Italmazyňam, Annalyňam, beýlekileriňem biziň birimizi görse, içi ýanyp dur. Kakajanyň gowy okap, halkyň içinde abraýynyň artyp barmagynyň özem şolaryň bagryny ýakýandyr…

– Şirin, gyzym, gorkma, Kakajan bardyr. Men mekdebe aýlanyp geleýin, belki, ol mekdepdedir, belki, Begenç molla bir ýere iberendir – diýip, Oraz turup, mekdebe tarap ugrady.

«Agtyjagym nirä gitdikä? Ol «Puhaýkeýdany» gutardy. Ony men medresede okamaga Hywa iberjek bolup ýördüm. Halkyň arasynda gedaýçylyk ederdim welin, agtyjagym medresede okar ýaly harç gapardym…» diýip, Oraz içini gürledip, mekdebe bardy.

Oraz aganyň soragyna:

– Kakajan bu gün okuwa gelenok! – diýip, Begenç mugallym jogap berdi.

Indi Kakajanyň babasy Oraz agaňam ýüregi gysyp başlady. «Italmazyň elinden her zat geler. Ol zalymdyr…» diýip pikirlendi.

«Kakajan ýitipdir» diýen gürrüň bütin oba ýaýrady.

Akmyrat öz neberesini öýüne çagyrdy, «Nazaryň ogluny haýsyňyz öldürdiňiz?» diýip, ol gaharly sorady.

Hiç kimden ses çykmady. Bir salym dymşykdan soň öý eýesi gahar bilen Italmazyň, Annalyň ýüzüne çiňňerilip seretdi.

– Biz-ä şoňa zat diýemzok! – diýip, olaryň ikisem ant içip, awy ýalady.

– Kakajany kim öldürenem bolsa menden gizlemeli däldir! – diýip, öý eýesi garyndaşlaryna berk tabşyrdy.

Şiriniň jany suw üstünde, agşama çenli garaşdy, emma Kakajan ýok. Oraz aga uzynly gün gözledi, agtygyny tapmady.

Şirin zowzanaklap, bütin obany aýlanyp çykdy. Gan ujundan berlen öňki öz haýatlaryna, üzümlerine, köneje jaýlaryna aýlandy. Birwagtky bagtly, şatlykly durmuşyny gaýgy bilen ýatlady. «Wah, ol günler geçdi. Nazaram oba gelmän, Aýna bilen Gytjanyň gidenine, olaryň düşen gününe jany ýanyp ýör. Özem Gowşut obasynda, öz dostlarynyň ýanynda, hökümet işinde işläp ýörmüş». Şirin öz öňki geçiren günlerini ýatlady. Indi bu jaýam, üzümli haýatam olaryňky däl. Üzümiň gaýrabaşyndan Italmazyň gelýänini görüp, Şirin haýatdan çykdy, öýüne gaýtdy.

Garaňky düşdi, Kakajan ýok. Gije Oraz aga-da aýaly bilen gelip, Şiriniň ýanynda oturdy. Daň atýança hiç kim uklamady.

Ertesi daň bilen Oraz aga Begenç mugallymyň ýanyna bardy. Iki dost, iki sakgaldaş oturyp, pikirlendiler.

– Ýaňy-ýakynda Nazar bärik gaýdan bir dostundan öýüne köp pul iberipdir. Gowşut obasynda oba Şurasynyň kätibi bolup işleýändigi hakynda hat iberipdir. Likbezde okanyny, şol hatam tüýs özüniň ýazandygynam hatynda düşnükli edip ýazypdyr. Kakajan kakasynyň hatyny okap, onuň sowatly bolanyna gaty begendi. Hiç kime aýtman, Kakajan öz kakasynyň yzynan giden bolaýmasyn! – diýip, Oraz Begenç mugallyma öz çaklamasyny aýtdy.

– Ýumruk ýaly çaga otla münüp, ýeke özi şu taýdan Gowşut obasyna gidip biläýermikä? – diýip, Begenç mugallym ikirjiňlendi.

– Kakajan gaty dogumlydyr, gideýin diýse, gidäýer. Ýöne maňa, saňa ýa ejesine aýtman, gidäýmez. Ol akylly, bar zada düşünýän oglan, bize aýtman gidip bilmez.

– O diýeniň-ä dogry, iň bolmanynda, ejesine aýtman-a gidibilmez.

– Begenç molla, sen Nurberdiniň ýanyna bar. Soň Nurberdini göwnedip bilseň, Samat işanam alyp, Akmyradyň üstüne git. Eger çagany şolar ýoklan bolsa, onda ondakysy bilen bolubermeli

bolar – diýip, Oraz aga öz pikirini aýtdy.

– Ýok, ol diýeniň bolmaz. Nurberdini Akmyradyň ýanyna äkitmeli gürrüňi goýaly. Samat işanam jübüsine pul düşmejegini bilse, gitmez. Iň gowusy, wagt ýitirmän Nazara hat ýazaly, goý, ol gelsin…

– Begenç molla, seniň o diýeniňem bolmaz. Nazar gelse, ogly üçin Akmyratlar bilen bellisini edäýer. Owalam ol bagtygara gyzlaryň horlanyp ýörşüne, öz doganlarynyň elinden ýer-suwuny aldyryp, Nurberdiniň gapysynda batrakçylyk edip ýörenine içi ýanyp, görmäýinem, köýmäýinem diýip başga obada gezip ýör – diýip, Oraz düşündirdi.

– Biz onda ikimiz oba Şurasynyň başlygyna habar edeli, ol belki, gowy maslahat berer. Özem köpi gören, dogruçyl ýaşuly – diýip, Begenç mugallym Oraza sala saldy.

Şol pikir bilen ikisem razylaşyp, oba Şurasynyň edarasyna bardylar.

Oba Şurasynyň başlygy bularyň gürrüňini diňledi.

– Men Kakajan hakda Akmyrady çagyryp soradym, ol «Ähli kowum-garyndaşym bilen Gurhandan ätlärin, biz Kakajana elem degremzok…» diýip, ant içip awy ýalap otyr. Men şonuň aýdanyna ynandym, sizem ynanaýyň. Men Kakajanyň ýitenligi hakynda raýon Ijiraýa komitetine habar berdim. Olaram Kakajanyň bütin salgyny aldylar, gözlege çykdylar. Öz obamyzyň ähli ýerini men özüm barlatdym, enteg-ä tapylýan zat ýok.

– Sagboluň, meniň agtyjagym Kakajan hakda sizem alada edýän ekeniňiz, köp sag boluň, başlyk! – diýip, Oraz aga gaty minnetdar bolup gaýtdy.

Bir gün Oraz dagy Begenç mugallymy çagyryp, Nazardan gelen hata jogap ýazdylar. Nazar ikinji hatynda «Nämeüçin hatymyň jogabyny Kakajan ýazmandyr» diýip, howsala düşüpdir.

Bu günem Nazaryň hatynyň jogabyny Begenç mugallyma ýazdyrdylar, emma oglunyň ýiteni hakda ýene oňa habar etmediler.

Kakajanyň ýiteni hakda kakasyna wagtynda habar bermeýändikleriniň dogry däldigini Şirinem aňýardy, Oraz aga-da, ol hakda içinden pikir edýärdi.

– Gyzym, düýn Akmyrada duşdum weli ol: «Kakajan tapylmadymy?» diýip, menden sorady. – Tapylanok – diýip, jogap berdim welin, başyny ýaýkap, özüniň gynanýandygyny duýdurdy. «Biziň obamyzyň adamlarynyň hemmesi Kakajanyň ýitenine gynanýar. Ol örän zehinli oglandy. Obamyzyň aýal, erkek – hemmesine kyssa okap berýärdi. Häzir menem şony gözläp ýörün» diýdi.

– Indi Kakajanyň tapylmadygy boldy, kakasyna habar bermesek, biz günäkär bolarys – diýip, Oraz aga gyzyna sala saldy.

– Hat ýazmak gerek däl. Eger habar etmeli bolsa, agşamky otla münüp gidibermeli. Gowşut uzak ýerde däl – diýip, Şirin kakasyna seretdi.

Oraz şeýle hem etdi. Agşamky otly bilen Gowşutda düşup, gije Hangulynyň öýüne bardy. Saglyk-amanlykdan soň, Oraz aga gaýgy bilen Nazara garady!

– Han ogul, agyr ýagdaýy aýtmagam kyn bolýar – diýip, ol Kakajanyň ýitişini biruçdan gürrüň berdi. – Bütin oba gynanýar. Şirinjemal indi üç gündür, dynman aglaýar.

Nazar sesini çykarman, jübüsinden bir täzeje gök bukjany çykaryp, Oraz aga uzatdy. Oraz aga bukjany alyp, içindäki haty sessiz okady, soň bukjany yzyna berip:

– Onuň ýaly bolsa, men daňdanky otly bilen yzyma gaýdaýyn, kime, näme aýtmaly zadyňyz bolsa, tabşyrjak zadyňyz bolsa, men baryp aýdaýyn – diýip, ýerinden turdy.

– Hiç kime hiç zat aýtmaň, men özümem indi oba tiz bararyn, ýöne Şirini köşeşdiriň. Gitjek bolsaňyz, sag-aman baryň! Men sizi ýola salaýyn, elinje otla mündüreýin – diýip, Nazaram ýerinden turup, gaýyny bilen demirýol duralgasyna tarap tirkeşip ugrady.

* * *

Kakajanyň ýitişi şeýle boldy.

Arakesme wagty klasdan çykanlarynda, mekdep okuwçylary bir geň oglan gördüler. Onuň egninde özüne laýyk tikilen



enedilim.com

örän gelşikli penjek, başynda tegelek papak, aýagynda täzeje ýalpyldawuk botinka.

Ol geň oglan gürrüň edip berdi.

– Men şäherde internatda okaýan. Ol ýerde gowy okadýarlar, geýim-gejim berýärler. Oňat-oňat naharlar berýärler…

Tutlygalanyň çagalary aňkaryp diňlediler.

Okuwçylaryň biri ondan sorady:

– Bir çaga «Men okajak» diýip, baraýsa, siziň internadyňyza göterermi?

– Biziň mekdebimize ýetim çaga barsa, okuwa alýarlar. Men daýymlara geldim. Ertir daňdanlar Aşgabada gitjek. Meniň daýym Baýramlardyr. Okuwa gidesi gelýän oglan bolsa, şolara geläýsin, men alyp giderin.

Bu gürrüňler şu ýerde galdy. Çagalaram ony tiz unutdy.

Kakajan daňyň alagaraňkysynda turdy. Şirin uklap ýatyr. Kakajan, köneje donuny, saryja telpejigini, çarygyny geýip, jigisine, ejesine seretdi, olar bilen içinden hoşlaşyp, öýden çykyp gitdi. Hälki geň okuwçynyň daýylarynyň öýleriniň gapdalyna baryp, garaşdy.

Öýden hümürdi eşidildi. Birazdan soň şol bezemen okuwçy çykyp ugrady. Kakajan salam berdi.

Ol oglan salam alyp:

– Meniň bilen okuwa gitjekmi? – diýip sorady.

– Hawwa, äkitseň, gitjek.

– Adyň näme?

– Adym Kakajan, seniň adyň näme?

– Meniň adym Meýdanly. Okuwçylar-a ýöne Meýdan diýäýýär.

Meýdan bilen Kakajan Aşgabada gelip, internatyň howlusyna girdiler.

– Sen şu ýerde dur, men gidip, direktor bilen gepleşeýin – diýip, Meýdanly Kakajany eýwanda goýup, özem bir gapydan girip gitdi.

Internatyň oglanlary Kakajana seredişýärdiler. Özlerem şol geýimden ýaňyrak çykan bolsalar-da, Kakajanyň donuny, telpegini geň gören bolýardylar. Bir tokarja oglan gelip, dişleriniň

arasyndan syzdyryp, Kakajanyň ýüzüne tüýküligini çüwdürip goýberdi.

Kakajanyň gahary gelip, ýaňky tokar oglana topuldy. Tokar oglanam göterdi ökjäni. Giň howlynyň içinde tokar gaçýar, Kakajanam kowýar. Şol barmaşa Kakajanyň eline ýarty kerpiç ildi. Tokar gaçyp, çagalaryň ortasyna özüni urýar. Kakajanam başga çaga deger öýdüp, elindäki ýarty kerpiji zyňyp bilenok.

Terbiýeçi gyz Walýa bu ýagdaýy eýwanda duran ýerinden görüp, iki sany uly oglany iberdi. Ol oglanlar Kakajanyň öňünden pete-pet çykyp, ony tutdular.

– Eý oglan, hol, eýwanda duran gyzy görýärmiň? Seni şol terbiýeçi gyz çagyrýar! – diýip, ony ýuwaşatdylar. Kakajan dyzamasyny goýdy.

Kakajanyň her gapdalyndan bir daýaw oglan tutup, ony Walýanyň ýanyna getirdiler.

Walýa Kakajanyň ýarty kerpiji tutup duran eline garap uzyn inçe barmakly akja elini uzatdy. Kakajanam elindäki kerpiji Walýa bialaç berdi.

– Şu kerpiç bilen biziň okuwçymyzy urjak bolup, biziň howlymyzda ony kowalap ýörsüň, näme, sen banditmi? – diýip, Walýa gaharlanman sorady.

Ýanyndaky oglanlar terbiýeçiniň aýdanlaryny Kakajana terjime edip berdiler.

– Ýok, men bandit däl, men Kakajan, siziň mekdebiňize okamaga geldim – diýip, Kakajan jogap berdi.

– Okamaga gelen bolsaň, näme üçin biziň okuwçymyzy eliň kerpiçli kowalap ýörsüň? – diýip, ýene Walýa sorady.

Bir oglan Kakajana Walýanyň soragyny terjime etdi.

– Men ony urjak bolup kowaladym.

– Näme üçin ony urjak bolduň?

Ýene terjime edip berdiler.

– Ol meniň ýüzüme tüýkürdi.

Daşyndaky oglanlaram Kakajanyň aýdanyny tassykladylar.

Walýa Kakajana seredip, birsalym durdy. Kakajanyň görmekli keşbem, onuň çekinmän dogry sözleýşem terbiýeçiniň göwnüne ýarady.


enedilim.com

Meýdan direktor Sypinkow bilen Kakajany internata almak hakynda gürleşip, ony razy edip durka, gapydan Walýa gelip;

– Girmek bolýarmy? – diýip, direktordan sorady.

– Geliň!

– Wasiliý Aleksandrowiç, bir oba oglany gelip, eli ýarty kerpiçli öz howlymyzda biziň okuwçymyz Hallyny kowalap ýörkä, men geldim. Ine, onuň kerpiji – diýip, Walýa direktoryň stolunyň üstünde ýarty kerpiji goýdy.

– Hany, ol oglan nirede, getiriň! – diýip, direktor buýurdy.

Kakajany direktoryň ýanyna getirdiler. Kakajan gapydan gelende, edep bilen salam berip girdi. Direktor içinden «Özi-hä terbiýeli oglan bolmaga çemeli» diýip, onuň salamyny aldy.

– Bu oglan günäkärem däl, sebäbi «Ýuwaş oba oglanydyr, maňa gaýtawul berip bilmez» diýen pikir bilen Hally onuň ýüzüne tüýküripdir– diýip, Walýa Kakajanyň tarapyny tutdy.

Direktor stoluň garşysynda gara gözlerini tegeläp, hiç zatdan çekinmän duran dogumlyja oglana az salym syn edip oturdy-da:

– Ýoldaş Myradow, bu oglany äkit, zawhozdan täze geýimler al-da, hammamda ýuwunandan soň, geýindir. Özünem birinji klasda oturt! – diýip, Meýdana buýurdy.

Täzeje kostýum, botinka hem papak geýenden soň Kakajan okuwçylaryň arasyna goşulyp gitdi. Agşam birinji klasyň okuwçylary bilen ýatakhanada, akja prostynlar, ýassykdaşylar bilen bezelen krowatyň üstünde ýatdy. Ertir irden sabyn bilen ýuwundy.

Okamaga bardylar. Çagalar uzyn stoluň başynda oturdylar. Bir tatar gyzy gapydan salam berip geldi. Kakajanam olar bilen ör turdy. Soň oturdylar. Gyzyl, gök, ak.., uly tagta kagyzlary ortada goýup, gaýçy bilen deňje, uzynja gyrkýarlar. Soň gökli, saryly, gyzylly edip, biri-biriniň içinden geçirip, ýelmeýärler-de, uzyn kagyz zynjyr edip, jaýlaryň içini bezeýärler.

Okuw uzaga çekmedi. «Mundanam bir okuw bolarmy?» diýip, Kakajan geň gördi. «Oba gidip, ýene Begenç mugallymda okasam mundan gowy bolardy…»

Arakesme wagty Kakajan şu zatlary pikirlenip durka, onuň ýanyna tokar oglan gelip:

– Meni bagyşla, şol gün oýun edip üstüňe tüýküräýdim beýle gaharyň geljegini bilen bolsam tüýkürmezdim! Gel, ýaraşaly! Meniň adym Hally! – diýip, sag elini uzatdy.

Kakajan Halla sag elini berdi. Görse, onuň çep elinde kitap bar.

– Meniň adym Kakajan. Hany, kitabyňy göreýin – diýdi.

Hally Kakajana kitabyny berdi. Kakajan kitabyň ortarasyny açyp, iri harplar bilen ýazylan zatlary okap başlady.

– Be, sen gaty gowy okaýaň-la! Haýsy klasda okaýaň?

– Men hiç klasda-da okamok, kagyz kesýän.

– Wiý, sen birinji klasda okaýan ekeniň, bizem öten ýyl kagyz kesýädik. Soňra saňa harp öwredip başlarlar. Seniň hat okap bilýäniňi men öz mugallymymyz Çarwa molla aýdaýyn – diýip, Hally onuň ýanyndan tiz gitdi.

Günortanlar nahara bardylar. Ak çörek, kelemli çorba, birhili etli nahar, soň süýji suw…Bu zatlaryň hemmesini Kakajanyň ömründe birinji görşi.

Ertirki sapakda kagyz kesip otyrkalar, gapydan daýaw adam geldi.

– Siziň araňyzda haýsyňyz Kakajan? – diýip gygyrdy. Kakajan:

– Men! – diýdi.

Tatar gyzy Gülsüm apa «Tur ýeriňden» diýen yşarat etdi. Kakajan derrew turdy. Ýüzi popuş-sopuşrak ol daýaw mugallym:

– Ýör meniň bilen! – diýdi.

Kakajan onuň yzyna düşüp gitdi. Olar başga bir klasa girdiler. Daýaw adam öňräkden bir uzyn oglany yzky parta geçirip, Kakajany onuň ýerinde oturtdy-da, onuň eline kitap berdi:

– On dokuzynjy sahypany aç-da oka! – diýdi.

Kakajan ol sahypany açyp, ýerinden turdy-da, gaty ses bilen:

– Daň atanda gygyrar, «Turuň» diýip horazlar!…– diýip, örän düşnükli hem ezber okap başlady. Ol goşgyny ahyryna çenli okap gutarandan soň, daýaw mugallym:

– Boldy, otur! – diýdi.

Kakajan oturandan soň ol daýaw adam:

– Kakajan, indi sen meniň okuwçym bolduň, her gün gelip,

şol öz partaňda oturgyn! – diýdi.

Soň klasyň ähli okuwçylaryna garap:

– Gördüňizmi, Kakajanyň okaýşyny? Sizem şunuň ýaly oňat okajak boluň! – diýip, nesihat etdi.

Arakesme wagtynda üçünji klasyň okuwçylaram Kakajanyň gowy okaýşy hakynda eşidip, onuň daşyna üýşdüler. Kakajany getiren Meýdan öz elindäki kitaby görkezip:

– Kakajan, hany gör, okap bilýäňmi? – diýdi.

Kakajan:

– Öň eýýamda bir garynja bilen bir kepderi dost bolupdyr... – diýip, sakynman, örän açyk ses bilen okap başlady.

Daşyndaky oglanlar bu täze geleniň okaýşyna haýran galdylar.

Meýdan birden:

– Ýoldaş mugallym! – diýip gapdalyndan geçip barýan pes boýly ýasy adama bakyp gygyrdy.

– Ýoldaş mugallym, meniň bu getiren oglanym kitabyň haýsy ýerini açsam, edil suw ýaly okaýar.

Mugallym Haýrullin kitaby açyp Kakajana okadyp gördi. Düýn obadan gelen oglanyň beýle oňat okaýşyna geň galdy.

– Meýdanly, bu oglany öz klasymyza alyp gel! – diýdi.

Ikinji okuw başlandy. Çarwa mugallym klasa girip görse, Kakajan ýok. «Hany Kakajan?» diýip sorady.

– Mugallym Haýrullin ony üçünji klasa äkitdi! – diýip, okuwçylaryň hemmesi birden jogap berdi.

Arakesmede Çarwa mugallym direktoryň ýanyna baryp:

– Meniň oňat okuwçymy maňa hiç zat aýtman, Haýrullin mugallym öz klasyna alyp gidipdir. Beýle-de bir zat bolarmy? Men oňa razy däl! – diýip arz etdi.

Wasiliý Aleksandrowiç üstüne abanyp duran mugallyma seredip, oňa hiç zat diýmän, Walýany çagyrdy.

– Walýa, häziriň özünde meniň ýanyma Haýrullin mugallymy, Meýdanlyny hem täze gelen okuwçyny çagyr! – diýdi.

Sypinkowyň çagyran adamlary kabinete ýygnandy. Direktor Kakajana seredip, bir salym oturdy. «Onuň täzeje geýimlerem özüne gaty gelişýär. Bu indi asyl öňki oba oglany däl. Özem


enedilim.com

örän namysjaň, akylly oglan bolmaga çemeli». Ol üçünji klasyň mugallymy Haýrulline ýüzlenip:

– Siz näme üçin ikinji klasyň okuwçysyny mugallymyndan bidin öz klasyňyza geçiripsiňiz? – diýip sorady.

– Bu oglan düýn birinji klasdady. Çarwa mugallym birinji klasyň mugallymasyndan razylyk soraman, ony getirip, öz klasynda oturdypdyr. Bu mugallym dogry edipdir. Ol oglan birinji klasda oturmaly oglan däl. Men bu oglany özüm barlap gördüm. Bu oglan ikinji klasda-da oturmaly oglan däl. Eger bizde dördünji klas bolan bolsa, men sizden haýyş edip, dördünji klasa geçirerdim.

– Öň nirede okapdyr, nireden beýle sowatly bolupdyr, siz Kakajandan soramadyňyzmy? – diýip, direktor Haýrullin mugallyma sorag berdi.

– Öz babasynyň uly dosty – medresäni gutaran mollada ýedi ýaşyndan başlap okapdyr. Öz babasam köne arapça ýazylan dessanlary okap bilýän eken. Kakajan entek Gurhany çykmanka, daşyna oba adamlaryny üýşürip, olara dessanlary okap berer eken. Ol okamaga, ýazmaga gaty ökde. Ýöne hasapdan az bilýär, rus dilini bilmeýär. Ol zatlara özümiz kömek ederis.

– Onuň ýaly bolsa, goý, ol üçünji klasda okabersin, siz razymy? – diýip, Sypinkow Çarwa mugallymdan sorady.

– Şeýle ylalaşyga men razy – diýip, mugallym oňa jogap berdi.

– Walýa, siz her gün geleniňizde köpräk wagtyňyzy sarp edip, köplenç öz ýanragyňyzda saklap, oňa rus dilini öwrediň! – diýip, direktor terbiýeçi gyza tabşyrdy.

* * *

Kakajan mekdepde okap ýör. Onuň uly hossarlary mugallymlar, terbiýeçi Walýa hem okuwçylar. Haýrullin klasda hasap sapagynda Kakajana köpräk üns berýär. Şol klasyň okuwçylary, Meýdanly dagy çem gelen wagty onuň bilen bileräk bolup, hasap çykarmaga, hasapdan öýe berlen meseleleri işlemäge kömek edýärler, düşündirýärler. Walýa bolsa öz gezeginde mydama onuň

bilen bile gezýär, sözleşýär, hat ýazdyrýar, barlaýar, düzedýär.

Wagt geçip dur. Walýa bu akylly, terbiýeli, gowuja oglan bilen öwrenişip, ony oňa görüp başlady. Kakajanam «Haçan Walýanyň terbiýeçilik gezegi gelerkä» diýip garaşýar. Walýa howlynyň gapysyndan giren badyna, oňa tarap ylgaýar. Baryp, onuň elinden tutup, howla gelýär.

Walýalaryň öýleri Puşkin köçesiniň ugrunda, Karl Marks köçesine ýetmänkäň, gündogar tarapyndady. Walýanyň terbiýeçilik gezegi günüň ikinji ýarymyna düşende, ol gije öýlerine gaýtmaga, ylaýta-da, Puşkin bagynyň günbatarsyndaky buthananyň gapdalyndan geçmäge gorkardy. Şonuň üçinem gijelerine onuň yzyndan garry atasy gelip äkiderdi.

Bir gezek, ertir Dynç alyş güni diýlende, Walýa öz öýlerine Kakajanam alyp gitdi. Gije Kakajany öz jaýynda, aýryja krowatda ýatyrdy. Walýa irden oýansa-da, dynç alynýan gün bolansoň, öz krowatyndan turmady, soňabaka ýene uka gitdi. Kakajan oýandy. Ýerinden turup, ýuwundy, kostýumyny geýip, dik duran ýerinden bir salym Walýanyň owadan ak ýüzüne seredip durdy. Ahyry özüni saklap bilmän, baryp, onuň ýaňagyndan ogşady. Walýa geňirgenip, gözüni ýalpa açdy. Özüne geldi. Görse, Kakajan gapdalynda dik dur. Walýa derrew ýerinden turup, Kakajany gujaklady. Onuň boýnundan, maňlaýyndan ogşady.

– Otur, häzir men ýuwunyp geleýin – diýip, içki geýimli Walýa otagdan çykyp gitdi.

On iki ýaşly oglanjyk Walýanyň yzyndan seredip galdy. Öz eden işine geňirgendi. Utandy. Öýlerini, ejesini, kakasyny, jigisini, höwes bilen ýatlady. Birdenem Aýna bilen Gytja ýadyna düşdi. Olaryň urulýandygyna, birehim işledilýändiklerine, horlanýandyklaryna gynandy…

Kakajan internatda okaýandygy hakda kakasyna hat ýazyp Gowşut obasyna iberipdi.

Gapydan ýuka içki geýimli Walýa geldi. Derrew geýinmäge durdy.

– Kakajan, men ejem bilen kakamam turuzdym. Olar ýuwunýança, ýör, ikimiz çaý gaýnadaly, heýgenek edeli – diýip, Walýa gaýga batyp duran oglany alyp gitdi.

Ertir naharyny iýmäge oturanlarynda Kakajan Walýanyň ejesi, kakasy bilen tanyş boldy. Olaryň ikisem mugallym – kakasy hasapdan, ejesi edebiýatdan okadýan eken. Olaryň örän gowy adamdyklaryna göz ýetirenden soň Kakajan:

– Bu ýerde gyzlaryňam biziňki ýaly internaty barmy? – diýip sorady.

– Gyzlaryň internaty bar, biziň golaýjagymyzda, edil şu Karl Marks köçesinde – diýip, Walýa jogap berdi.

– Näme, şol internata salar ýaly gyz jigiň barmy?.

– Iki sany bagtygara gyz bar, şol internatda ýerleşdirip bolaýsa, gowy boljak – diýip, Kakajan uludan dem aldy.

Walýanyň kakasy pähimli adam bolany üçin, oglanyň uludan gamgyn dem alşyna syn edip, ol gyzlaryň munuň ýakyn garyndaşydygyny hem olaryň gaty horlanýandygyny aňdy:

– Olar atasyz-enesiz, hossarsyz galan gyzlarmy? – diýip sorady.

– Ol gyzlaryň hossary kän, emma gan düşmek sebäpli hun ujundan berlip, ol gyzlar häzir öçli duşmanynyň elinde agyr horluk çekýärler.

Walýanyň kakasy birmeýdan içini hümledip oturdy.

– Ol gyzlary getirip bolsa, men internata ýerleşdirmäge kömek ederin. Men ol internatyň direktory Antonina Iwanownanam, onuň adamsy Berdiýewem gowy tanaýaryn. Eger gizlin bolmasa, nähili bolup gandar bolduňyz, şony gürrüň edip beriň – diýip, ol sorady

Kakajan «Aýtsammykam ýa aýtmasammykam» diýip pikirlendi. Bu adamlardan kömek ýeter, emma zyýan-a ýetmez. Rus dilini oňly bilmänsoň «Nähiliräk gürrüň edip bersemmikäm» diýibem ol aladalandy.

«Bu ýurtda suw gyt, şonuň üçinem azajyk suw üstünde häli-şindi ölşük bolup dur. Ylaýta-da Ahalda, Kesearkaçda ölşük kän bolýar. Suw üstünde öz doganynam öldürýän bar. Ýer-suw reformasy geçip gutarandan soň, ölşügem bolmaz…» diýip, Walýanyň kakasy pikirlendi.

Kakajan ýarysyny rusça, ýarysyny türkmençe edip, ölşügiň, ýaraşygyň nähili bolandygyny, häzir kakasynyň nirededigini,

oňa hat ýazandygyny Walýanyň kakasyna gürrüň edip berdi.

«Hun gaty gymmat düşýär, ony tölemek kyn. Malyň-mülküň bolmasa, kämahal, hun ujundan gyzam berýärler. Bagtygara gyzlar!..» diýip, Walýanyň kakasy pikire batdy.

-9-

## HATARLY HYZMAT

Walýa işe gelende mydama öňünden Kakajan çykyp, edep bilen oňa salam berýärdi, soň gije çagalar ýatýança Kakajan onuň ýanyndan aýrylmazdy. Gije Walýa gaýdanda, ol ýoldaş bolup, olara gidýärdi. Walýalarda ýatýardy. Onuň kakasyna oba durmuşy hakda, köne mekdepde öz okaýşy hakda gürrüň edip berýärdi.

Bu gün Walýa işe gelende, onuň öňünden Kakajan çykmady. Ol baryp, oýnap ýören çagalar bilen salamlaşdy. Töweregine göz aýlady. Kakajan ýok. «Be, ol ýok-la!» diýip pikirlendi. Walýa oýnap ýören tokarja oglany ýanyna çagyrdy.

– Hally, Kakajany görmediňmi?

– Ýok.

– Bar, gözle, tapyp, meniň ýanyma çagyr.

Hally ylgawyna gitdi. Internatyň ähli ýerine aýlandy, ýene gaýdyp Walýanyň ýanyna geldi.

– Kakajan hiç ýerde ýok. Howlynyň içine aýlanyp çykdym. Naharhana, okalga, ýatakhana aýlandym, hiç ýerde ýok.

Walýanyň ýüregi gysdy. Her hili zat göwnüne geldi. «Öçlüleri yzyndan geläýdimikä?.. Ony başga birine çagyrdyp, çagany aldawa salaýdylarmyka?.. Kakajan akylly oglan, aňsat ol aldawa düşmez. Bagtygara gyzlary şähere getirmek üçin olaryň yzyndan gidäýdimikä?» Olary getirmek üçin oba giden bolsa, ol nähili edip, ol gyzlary hiçkime duýdurman alyp getirip bilerkä?.. Kakajanyň ýoklugy hakda direktora gürrüň bersemmikäm? Belki, oba giden däldir, hiç kime aýtman, ýene biraz garaşaýyn.»

Walýa hiç kime hiç zat aýtman, gapyda garawulçylyk edýän oglanlaryň ýanyna bardy.

– Hiç kimi howlynyň daşyna goýbereňzokmy?

– Ýok, hiç kim howlynyň daşyna çykanok – diýip, ol çagalaryň uluragy Walýa jogap berdi.

Gün barha aşaklaýar, gün gijikdigiçe-de Walýanyň takady gaçýar, gyssanýar. Ahyry direktoryň ýanyna bardy.

Direktor gapydan alňasap giren Walýa seretdi. Onuň ýüzüniň üýtgänini görüp geňirgendi.

– Geliň, oturyň! – diýip oturgyç görkezdi. Walýa Oturandan soň – Näme boldy? – diýip sorady.

– Kakajan ýok.

– O nähili ýok.

– Howlyny, jaýlary agtardym, ýok.

– Öýlerine gaçyp gidäýdimikä?

– Gaçyb-a ol gitmez. Ondan soňam ol öýlerine gitmez. Ony öçlüleri aldawa salyp äkiden bolmasa ýagşy – diýip, Walýa olaryň gandar bolanyny, Kakajanyň bu internata gaçyp gelenini, gan ujundan iki sany ýaş gyzyň öçlülere berlenini, ol gyzlaryň gaty horlaýandygyny direktora birin-birin gürrüň berdi.

Direktor bu zatlary diňläp, birsalym pikirlenip oturdy.

– Günorta naharynda Kakajan bardy – diýip, ol soňrak başyny göterip, Walýanyň ýüzüne seretdi.

– Ol hun ujundan berlen gyzlaryň horlanýanlygy hakynda meniň kakama gürrüň edip berdi-de, «Şolary biziň internatymyza ýerleşdirip bolmazmyka?» diýip, sorady. Kakamam oňa «Gyzlaryň özüniň internaty bar, direktorynam tanaýan, ine, şol internata ýerleşdirip bolar» diýip jogap berdi. Kakajan şol gyzlaryň yzyndan öz obalaryna gidäýen bolmasyn? Ol gyzlaram öçlülerinden gizlin getirmeli. Olary getirýärkä öçlülerine duşaýsa, olar Kakajany heläk eder…– diýip, Walýa gaýgy bilen direktora gürrüň edip berdi.

Gapy kakyldy. Meýdan, Annaberdi, Aýtguly, Çary, Nyýaz…salam berip, işikden geldiler.

– Ähli ýerini agtaryp – tapmadyk, internatda Kakajan ýok – diýip Çary direktora habar berdi.

– Kakajany internata getiren men, gözlegine-de özüm çykaýyn. Obalaryny tapýan, rugsat berseňiz, men onuň yzyndan ötäýdeýin – diýip, Meýdan gitmäge taýýardygyny aýtdy.

– Eger Kakajanyň gözlegine çykmaly bolsa, oba gitmäge menem taýyn– diýip, Walýa-da direktora ýüzlendi. – Biz toparlanyşyp barsak, ol nähili güne düşenem bolsa, kömek edip bileris.

– Walýa, siz düşünýäňiz ahyry, belki, ol bir möhüm iş üçin gidendir. Eger erte agşamky otly bilen gelmese, oba hemmämizem gideris. Häzirlikçe gidip, internadyň içini ýene bir gezek gözläň, belki, bir ýerden onuň özi çykaýmagy mümkin – diýip, direktor olara gowünlik berip goýberdi.

Agşam nahar wagtynda Walýa naharhana geldi. Ähli çagalar ümsüm nahar edinýärler, çaý içýärler, emma Kakajanyň ýeri boş dur. Walýa baryp, onuň ýerinde oturdy. Çagalar oňa çaý guýup berdiler, Walýa sesini çykarman başyny ýaýkady.

Çagalar agşam okalga üýşüp, ertirki sapaklaryna taýýarlanýarlar. Walýa olara kömekleşýär hem Kakajanyň oglanlar bilen sapaga taýýarlanyşyny ýatlaýar. Walýa az wagtyň içinde Kakajan bilen öwrenişip, ysnyşyp gidipdir. Ony öz kiçi jigisi ýaly gowy görýärdi.

Garaňky düşdügiçe Walýa gyssanyp başlady. «Kakajan şu wagt niredekä? Dirimikä ol dogumlyja çaga?»

Ýatar wagt boldy. Çagalar öz ýerlerine gelip, ýorganyna sümülip başladylar. Walýa-da gelip, Kakajanyň krowatynda ýüzüni aşak salyp, pikire batyp oturdy.

Çagalar uklaşyp başlandan soň, Meýdan bilen Aýdogdy Walýanyň ýanyna gelip durdular. Walýa olaryň geleninem duýman, şol ýüzüni sallap otyr. Olar has ýakyn gelende, terbiýeçi gyz ýüzüni galdyrdy.

– Öýe gaýtsaňyz, biz ugradaly! – diýip, Meýdan Walýa duýdurdy.

Walýa sesini çykarman, öýlerine tarap ugrady. Ýolda barýarkalar, Meýdan oňa:

– Siz gaýgy etmäň, Kakajan ertir agşamky otly bilen gelmese, biz Aýdogdy ikimiz Tutlygala obasyna gidip, ony alyp geleris! – diýip, Walýa göwünlik berdi.

Walýanyň öýlerine girenini gorüp, Meýdan bilen Aýdogdy yzlaryna gaýtdy.

Ejesi bilen kakasy:

– Wiý, Walýa jan, ýeke geldiňmi? Hany Kakajan?! – diýip ondan soradylar.

Walýa aglaýjak bolup, Kakajanyň ýitişi hakynda kakasyna gürrüň berdi. Soň öz jaýyna girip, ýüzüni ýassyga berip ýatdy. Uzyn gije gaýgy edip, ahyry ymyzgandy.

Gaýgy edýän Walýanyň ýeke özi däldi.

– Ol hökman şol naçar gyzlary getirmek üçin öz obalaryna gidendir – diýip, Walýanyň kakasy Kakajan hakynda aýalyna gürrüň edip berdi.

– Duşmanynyň eline düşäýmäbilsedir – diýip, iki garry Kakajany gaýgy edip, ol hakda alada batdylar.

Ertesi irden Walýa işine gitdi. Internata baranda, hemişekisi ýaly öňünden Kakajan çykyp, salam beräýjek ýalydy, emma ol çykmady. Meýdan, Annaberdi, Nurly dagy Walýanyň gaýgyly gelýänini görüp, onuň öňünden çykyp salamlaşdylar.

– Şu gün agşamky otly bilen gelmese, hökman biz yzyndan gidip, Kakajany tapyp geleris – diýip, Meýdan oňa ýene gowünlik berdi.

Walýa çagalary naharlap, terbiýeçi Mejitguly gelenden soň, öýlerine ugrady. Gapynyň agzynda Meýdany görüp:

– Eger Kakajan agşamky otly bilen geläýse, ony bize alyp geliň! – diýip, oňa pugta tabşyrdy.

Kakasy, ejesi işdedi. Walýanyň ýeke özüniň öýde karary ýetenok. Bir zady kem ýaly, garşy pikire batýar, ahyry kitap okamaga başlady. Ýene karary ýetmän, nahar bişirmäge güýmendi.

Ilki Walýanyň kakasy, onuň yz ýanyndan ejesi geldi. Walýanyň ýüzüniň salykdygyny görüp:

– Kakajandan habar ýokmy, gyzym? – diýip, ejesi sorady.

Walýa başyny ýaýkady.

Seslerini çykarman nahar iýdiler. Agşam düşdi, iňrik garaldy.

– Otly näwagt gelýändir? – diýip, Walýanyň ejesi ärinden sorady.

– Ýene bir sagatdan otly gelmeli – diýip, ol aýalyna jogap berdi.

«Kakajan gelermikä, gelmezmikä?» diýip, üçüsem onuň ýoluna garap oturdylar. Asyl ol bir sagat geçer ýerde geçmedi.


enedilim.com

– Wokzaldan bize gelýänçä-de, ýarym sagada golaý ýol ýörär – diýip, Walýanyň kakasy özbaşyna samrady.

Walýa gaýgyly dem aldy.

* * *

Bir gije Şirin kiçi oguljygyny ýatyryp, çyranyň yşygynda tara dokap otyrdy. Daragyny kakyp, mäkisini erşiň arasyndan geçirmäge başlanda, öýe ýakynlaşyp gelýän bir adamyň aýak sesi eşidildi. Şirin gozaga aýaklaryny sallap oturyşyna, nöwerde ýaplanyp, gelýän aýak sesine diň saldy. Gapy daşardan itildi.

– Näme gerek?! – diýip, Şirin çala gygyrdy.

– Aç gapyny!

Özi-hä tanyş ses.

– Kimsiň-u?

– Men, eje, aç gapyny!

Kakajanyň sesi!

– Eziz balam! – diýip, Şirin gozakdan çykdy-da, ylgawyna, baryp, gapyny açdy. Görse, bir ýat oglan dur.

– Waý-eý! – diýip, Şirin gaýra çekildi.

– Eje, men! Kakajan! – diýip, ýaňky oglan papagyny çykardy.

Çyranyň ýagtysyna öz ogluny tanan Şirin:

– Jan balam! – diýip, ogluny gujaklap, ýaňaklaryndan taýly gezek ogşady. Gaýrarak çekilip, oglunyň egin-başyna syn etdi. Egni penjekli, aýagy täzeje köwüşli. Onuň egnindäki eşikleri, Şiriniň henize çenli görmedik geýimleri. – Bu wagta çenli nirede bolduň, balam?

– Men sizi turuzman, daň bilen Aşgabada, okuwa gitdim. Ilbaýew adyndaky internata girdim... – diýip, Kakajan gysgajyk gürrüň berdi.

– Oglum, geç, otur. Saçyň ösüp gidipdir, ol okaýan ýeriňde saç syryp bilýän ýokmudy, balam?

– Eje, dogan-garyndaşlarymyz, agalarymyz, gelnejelerimiz – bary sag-aman gezip ýörlermi? Babamlaram, Begenç mugallymlaram gurgunçylykmy!... – diýip, Kakajan oturan badyna,

biruçdan ýekän-ýekän sorap çykdy.

Şirin derrew çaý oturtdy.

– Agalaryňam, gelnejeleriňem bary gurgun! Ählisi seni gözläp ýörler. Oglum, sen otur, häzir babaňy çagyryp geleýin.

– Ýok, eje, babamy çagyrma, meniň gelenimi hiç kim görmeli däl. Meniň nirededigimem hiç kim bilmeli däl. Men mekdepde ýerleşen badyma, kakama hat ýazdym. Olam maňa jogap ýazdy. Ol öz hatynda «Hiç kime nirededigiňi aýtma, oba-da hat ýazma!...» diýip pugta tabşyrdy. Kakamyň bir tanşynyň ýanynda Italmaz bilen Annaly «Nazary ýa onuň ogly Kakajany öldürip, gan aljak!» diýip kasam edipdir. «Biz ar alyp bilmeýän, hun alýan gorkaklardan däldiris» diýip gürläpdirler. Gürrüň berýän adamlarynyň kakamyň tanşydygyny olar bilmändirler. Ol gürrüňleri eşiden adam bolşy ýaly edip kakama gürrüň beripdir. Ine, şu zatlary kakam maňa hatynda ýazan eken. «Okan badyňa, ýyrtgyn!» diýipdir.

Şirin oglunyň ösgün şar-gara saçyna, edil kakasynyňka meňzäp duran ýüzüne, göni burnuna, gyýma gaşyna seredip, onuň gürrüňlerine haýran galyp otyr.

– Onuň ýaly hatarly bolsa, öz garyndaşlaryň arasynda boluberseň bolmaýarmy? Seniň okaýan mekdebiň gorkuly dälmi? Ol ýerde seniň bardygyňy bilseler, Italmaz dagy seni gözläp, mekdebiňize baraýmasyn?! – diýip, Şirin howpa düşüp, oglunyň owadan gara gözlerine seretdi.

– Meniň okaýan ýerim, eje, howplam däl, hatarlam. Biziň mekdebimiziň daşynda beýik howly bar. Howlynyňam ýekeje gapysy bar. Onuň agzynda özümiz garawul durýarys. Ýat adamyny howla goýberemzok.

– O zatlar-a gowy weli, balam, öz garyndaşlaryň arasynda, gözümiziň alnynda gezip ýörseň gowy bolaýjak ýaly. Oglum, seni babaň örän gowy görýär. Ony çagyraýyn. Ol seniň saçyňy syryp berer, olam seni gaýgy edip agtaryp ýör. Onuň ýüregi ynjalar.

– Eje, meniň saçym bilen işiň bolmasyn. Babamam çagyrma, ol meni gowy görýär, ony aňyan, ýöne ol öz aýalynam, Begenç mugallymam gowy görýär. Olam öz gowy görýän adamlaryna

meniň nirededigimi, haýsy ýerde okaýandygymy begenip aýdar. Begenç mugallymyňam gowy görýän adamlary kändir…

– Oglum, ol aýdýanlaryň-a dogry – diýip, Şirin pikirlendi.

– Eje, Aýna bilen Gytjanyň ýagdaýy nähili, men ýörite şolary bilmäge geldim. Men şolary zulumdan gutarmaga, şolary şähere alyp gitmäge geldim. Kakamyň oba gelmeýäniniň sebäbem şolar. Şolaryň aglaýşyny görmäýin, şolaryň horlanyşyny görmäýin diýip, ol oba gelip bilmän ýör. Kakam öz hatynda «Olaryň horlanyşyny görsem, men saklanyp bilmen, ýene ölşük bolar. Eger başarsaň, şol gyzlary hiç kime duýdurman şähere alyp gaýt» diýip ýazypdyr. Şonuň üçinem men hiç kime görünmän, gije öýe geldim. Meniň gelenimi, ol gyzlary äkidenimi göräýseler, ýene gandarlyk başlanar. Düşün, eje! Ol gyzlary alyp gitmek, hiç kime görünmän, sag-aman şähere äkitmek gaty gorkuly. Olary alyp barýarkam, Italmaz dagy aňyp, atly kowup yzymyzdan ýetäýse, biziň üçimizem diri goýmazlar. Şu zatlara pugta düşün. Ertir garaňky düşende, men şol gyzlary äkitmeli. Şoňa çenli men hiç kime görünmeli däl. Indi, eje aýt, garaňky gatlyşanda Aýna bilen Gytjany nähili edip daş çykarmak, hiç kime görünmän alyp gitmek bolar? Şu işde, eje, sen maňa nähili kömek edip bilersiň?

– Gytjanyň haly agyr, ol inçekesele ýolugypdyr. «Ejem dagy meni görjek bolsa, gelsinler, meniň ýagdaýym agyr» diýip sargapdyr. Onuň ejesine ýoldaş bolup, menem gitdim. Barsak, saralyp solupdyr, gurapdyr, süňkleri çykyp dur. Ol köp wagt bäri ýerinden galyp bilenok.

– Pahyrjyk! Kakam bu zatlaryň şeýle boljagyny aňýan eken. Kakam onuň igläp ölşüni görse, durup bilmän, Gytjanyň deregine Akmyrady öldürerdi. Şonuň üçinem oba gelmän ýör. Gytja öläýmese, bu zulumdan dynmaz – diýip, Kakajan Gytjanyň ýagdaýyna gaty gynandy.

– Gaýdyşynymyz Gytjanyň ejesi ikimiz ýolboýy onuň görýän gününe aglap geldik. Wah, Gytja nähili görmegeý gyzdy! – diýip, Şirin ýene bozulmaga başlady. – «Bir janyň ýerine iki jan bermek bolmaz, ata-babamyzdan galan suwdan bir dakyga, ýerden bir pilek bermeli däldir» diýip, seniň kakaň Nazar dogry aýdan eken. Indi ol gyzlar öz ejirlerini çekip öljek. Galan doganlaram

aýallary, çagalary bilen Nurberdiniň gapysynda talaban bolup ýör…

– Eje, onda Gytjaly gürrüň galýar. Pahyrjyk nähili oňat gyzdy! – diýip, Kakajan pikire batdy.

– Äý, indi ol uzaga gitmez! – diýip, Şirin gaýgyly dem aldy!

– Aýnanam uzynly gün, aç-suwsuz işledýärler. Daň atandan iýmek-içmek ýokdur, dokma dokamaga başlaýar. Italmazyň kiçi aýaly turar, öz çagalary bilen iýer-içer. Soň agzyndan galsa-ha Aýna-da bererler, galmasa-da, ite oklan ýaly edip bir döwüm gaty çöregi onuň öňüne oklaýarlar. Dokmadan düşmänem, şol oturyşyna çöregini dişlär hem daragyny kakar. Onuň ýanyna hiç kim baranok, onuň hiç kim bilen gepleşmäge-de haky ýok. Garaňky gatlyşyberende, dokmanyň ýagyşlary görünmänden soň, ýene ol görgülä dynç almak ýok, eline orak berýärler, haýata, Italmazyň baggoýunlaryna ot ýygmaga gitmeli. Otam edil biziň öňki haýatymyzdan ýygýar. Garaňky düşende arkasy otly gybyrdap gelýär. Soň mallara ot berýär, Italmazyň kiçi aýalynyň gap-çanagyny ýuwýar, halys bolup baryp, öz sygyr dölesinde ýatýar. Ertir daň bilen ýene dokma…Onuň gününe her kimiň haýpy gelýär. Aýna janyň güni şeýle geçýär.

«Nähili edip, Aýnany äkidip bolarka?» diýen pikir bilen Kakajan birsalym sessiz oturdy.

Şirin oglunyň öňünde alaçaly ýag, nan goýdy. Eneli-ogul ikisi hem nan iýdi hem Aýnany hiç kime duýdurman alyp gaçmak hakynda pikir etdi.

– Eje, erte agşama çenli meni hiç kime görkezmän saklap bilermiň? – diýip, Kakajan ejesinden sorady.

– Gaýgy etme, saklaryn, oglum. Seni kümämize salar-da, agzyny gulplaýaryn. Bir zat gerek bolsa, gapysyny çalaja kakaý.

Kakajan uzynly gije Aýnany alyp gitmek hakda pikirlendi.

Ertesi agşam garaňky gatlyşansoň, Kakajan ejesi bilen hoşlaşyp gitjek bolanda, Şirin oňa:

– Menem gideýin, Aýnany ýanyňa çagyryp bereýin, ikiňizem özüm ugradaryn – diýdi.

– Ikimizi bile görseler, iller meniň kimdigimi güman eder. Men ýeke özüm gideýin, hoş, sag bol, eje! – diýip, Kakajan

papagyny çümre geýip, haýatçylygyň içi bilen garaňka sümüp gitdi.

Garaňky gatlyşanda öňki öz haýatlaryna girdi. Üzümler oňat ýetişipdir. Bir wagtlar kakasy çukur gazýardy, ol üzüm çybygyny tutup berýärdi, kakasy gum bilen çybygyň düýbüni gömýärdi. Üzümleriň gögerenine ataly-ogul guwanýardy. Indi üzümler ýetişip, hasyl berip başlanynda, ony ellerinden aldylar…

Tutlugyň arasynda durup, Kakajan geçen günlerini ýatlady. Atasynyň – Nurmyradyň ogullaryna galdyryp giden haýatyna seretdi. Aňyrrakda Dörtgulynyň, Bäşimiň ýerinde dümtünip ýören adamlary gördi. Ol tutlaryň arasy bilen gyradaky pelde ot ýygyp ýören adama golaýlady. Onuň aýal adamdygyny pürenjeginden çen etdi. Ýene garaşdy. Dörtgulynyň, Bäşimiň ýerinde işleýänlerem gaýdyşdy. Kakajan tutlugyň içi bilen ol aýala has golaý bardy. Töwerekde adam ýok. «Aýnamyka, dälmikä? Birden Aýna däl bolaýsa…» diýip, ol az salym ýaýdandy.

Kakajan ýüregine daş baglap, ýuwaşja ses bilen:

– Aýna! – diýip, gygyrdy.

Ol adam ot ýygmasyny goýup, töweregine seretdi.

«Şolmuka, dälmikä?» Kakajan ýene:

– Aýna! – diýip, öňkä görä azajyk gatyrak gygyrdy.

Ol adam zöwwe galyp, töweregine ýaltaklady.

Kakajan onuň aýaldygyny açyk bildi. Boýam Aýnanyň boýy ýaly, «Äý şoldur-la!».

– Aýna, men Kakajan! Bärik gel! – diýip, has gatyrak, ol eşider ýaly gygyrdy.

Aýna Kakajanyň sesini tanady. Derrew şoňa, tutluga tarap ylgady.

– Kakamjan, sen nirede?

– Men bärde! – diýip, Kakajan tutlukdan azajyk saýlandy.

Aýna begenjinden ylgap onuň ýanyna geldi. Görse, papakly orus oglany dur.

– Heý, weý-eý! – diýip, gorkup, gaýra çekildi.

– Aýna, gorkma, bu men, Kakajan! – diýip, ol papagyny çykardy.

– Kakamjan! – diýip, Aýna ony gujaklap, sessiz aglamaga


enedilim.com

başlady. Onuň horja göwresi sandyr-sandyr edýärdi. – Kakamjan, seni bu zalymlar ýoklandyr…diýip, hiç kime duýdurman aglaýardym. Kakamjan-eý, boýuňa döneýin! – diýip, Aýna hem aglaýar, hem jigisini gujaklap, onuň ýaňagyndan ogşaýar.

– Aýna mert bol, men seni Aşgabada äkitmäge, zulumdan gutarmaga geldim. Ýör, meniň yzyma düş. Gaçaly!

– Kakamjanym, hossar jigim, Italmaz atly yzymyzdan ýetip, ikimizem öldürer.

* * *

Daňdanlar kiçi aýaly Italmazyň böwrüne symsyklady:

– Heý, hany oýan! Darak sesi eşidilenok-la! Ol haram tulaň henizem öz kümesinde uklap ýatan bolaýmasyn?! Bar, oýaryp gel! – diýip, gapdalynda ýatan ýerini turuzdy.

– Ýatsa, ýatypdyr-da, men-ä şu wagt şol kümä barjak däl, çagalaryň birini iberäý! – diýip, Italmaz oýkanjyrady.

Kümä giden oglan:

– Eje, kümede hiç kim ýok! – diýip geldi.

– O nähili hiç kim ýokmuş?

– Men näbileýin, hiç kim ýok-da. Goýunlaryň öňünde-de ot ýok. Mäleşýärler. Sygyr bilen göle-de meni görüp dyzaşdylar. Mallaryň gündizki iýjek otlaram öýüň gapdalyna üýşürilmändir.

– Tur-u, beýdip naýynjyran bolup ýatma, seniň şol haram tulaňdan her haýsy çykar. Onuň ýaly içigara gyrnak bizi il wejerasy etjek bolup, özüni asaýmaga-da ýaltanmaz. Bar, derrew ol ýerçekmişiňi agtar, özüni öldüräýse, biziň adymyza ýagşy däl – kiçi aýaly ärini turzup goýberdi.

Italmaz Aýnany urmak üçin eline tut çybygyny alyp, küma tarap ylgady. Gum-gukluk. Nazaryň öňki haýatyny agtardy. Onuň jaýyna girip gördi. «Özüni asan bolaýmasyn?» diýip, beýik erikleriň, tutlaryň başyna seretdi. Hiç ýerde ýok. «Ot ýygan ýerinde uklap galan bolaýmasyn» diýip, ota aýlandy. Aýnanyň ýyganja otlary, egrije oragy ýatyr, özi ýok. «Be, bu haramzada gaçyp giden bolaýmasyn?…»

Italmaz ilki bilen geňeşdar agasy Akmyradyň ýanyna bardy:

– Agam, ol ýerçekmiş-ä gürüm-jürüm bolaýypdyr. Hiç ýerde ýok. Indi näme etmeli?

– Italmaz, atlan-da, yzçyny alyp gel. Derrew yzarlamaga başlaň, ýere giren-de bolsa, tapyp getiriň, eger özüni asan bolsa ýa gurruk guýa atan bolsa, onçasyny onda görüberis – diýip, Akmyrat gaharlandy.

Italmaz ýaşuly yzçynyň ýanyna salam berip bardy. Çaý içmäge-de howlugyp:

– Men-ä habarlyja geldim. Bir haram ölmüş gyrnagymyz bardy weli, ot ýygýan ýerinden gaçyp ötäýgidipdir öýdýän, şonuň yzyny çalyp beräýseňiz – diýip geldim.

– Hä! – diýip, ýaşuly biraz pikirlendi. – Şol gan ujundan alnan garabagtdyr-ow! Şeýlemi?.

– Bildiňiz, hawwa, şol. Şony yzarlap tapyp berseňiz, täzeje hywa dony haladyňyz bar – diýip, Italmaz hondanbärsi öwündi.

– Pahyrjyk «ýa öleýin, ýa dynaýyn» diýip gaçypdyr-ow! Belki, tapylmaýady-da! Men yzarlamanam, ol görgüliniň ganyna-da galyp bilmen. Yzçyňyzy başga ýerden gözläň! – diýip, goja uludan dem alyp, başyny ýaýkady-da Italmazy kowup goýberdi.

Il uly, her hili adam bar, pul beriljegini, gowy halat salynjagymy bilse, öz ygraryny satjak adamam tapylýar. Bir bihepbe yzçy Italmazyň öňüne düşdi.

Aýnanyň ot ýygan ýerinden yzçy yz çalyp başlady.

– Bir ädikli adam bilen gaçypdyr. Ädigiň yzy kiçi, şol kiçi ädikli adam seniň gelniňi alyp gaçypdyr. Yz köne, düýn agşam gaçan bolmaga çemeli – diýip, yzçy Italmaza gürrüň berip, onuň öňünde ylgap barýar.

«Häk, bir yzlaryndan ýetip biläýsem, ikisinem gylyçdan geçirin!» diýip, Italmaz ol yzçynyň yzy bilen atyny loňkuldadyp barýar.

– Yzlar daşa, tümmege büdreýärler weli, bu ýerlerden barýarkalar, mazaly garaňky düşen bolmaga çemeli, gatyrak gidibersek, yzlaryndan ýeteris – diýip, yzçy has çalasyn barýardy.

Yzlar ýola düşdi. Ol ýolam bulary demirýoluň duralgasyna alyp bardy, soňam ýitdi.

– Yz gutardy. Gije otla münüp gidipdirler! Indi yzarlamak boljak däl. – diýip, ol Italmaza düşündirdi. – Men öz boýun alan işimi edip berdim, maňa näme berjek bolsaň ber, men gaýtjak.

– Tapyp bereýin diýip boýun aldyň, tapybam bermediň, şonuň üçin saňa belanam berjek däl, gaýtjak bolsaň, gözüme görünme, jähenneme git! Emma weli «Italmazyň gelni bir ädikli adam bilen gaçyp gidipdir» diýip, biriniň ýanynda gürrüň edeniňi biläýsem, edil deriňi soýaryn.

Yzçy ýüzüne urlan ýaly bolup, yzyna gaýtdy.

«Ol deýýusy bir haramzada alyp gidendir. Men gidip olary tapaýyn, ikisiniňem hamyny soýaýyn…» diýip, Italmaz bir gyzyl wagona dyrmaşanda, otly ugrady.

-10-

# AÝNA

Walýanyň kakasy sagadyna seredip:

– Otlynyň Aşgabada geleli bäri bir sagatdan köpräk wagt geçdi. Kakajanyň indi gelmedigidir – diýdi.

Ýene-de dymşyp oturdylar. Walýa käwagt bir uludan dem alýar.

Ahyry gapy çalaja kakyldy, Walýa zöwwe galyp, gapa tarap ylgady. Kakasy bilen ejesem onuň yzyna düşdi. Gapy açyldy.

– Kakajan! – Walýa derrew ony gujaklady. Onuň yzynda-da biri bar. Oňa Walýanyň gözi düşdi. Kakajany goýberip, Walýa yzkynyň elinden çekip, öýe saldy. Başy köne ýaglykly, egni sal-sal geýimli, aýagy ýalaňaç, ýaşajyk garaýagyz gyz.

– Adyň kim? – diýip, Walýa türkmençeläp sorady.

– Aýna – diýip, ýüzüni aşak sallap durşuna gyzjagaz jogap berdi.

– Ýör öýe! – diýip, Walýa ol gyzy gujaklap otaga saldy.

Walýanyň ejesi ol ýaşajyk gyza seredip durdy-da, birdenem:

– Men hammamy ýakaýyn, bujagaz gyzy suwa düşüreýin! – diýip gitdi.

Walýa bilen ejesi Aýnany suwa düşürmäge äkidende, Kakajan ýaglyga dolangy bir zady Walýa berdi. Walýa ýaglygy açyp gördi. Bejergili örän oňat keteni köýnek…

Walýa dagy gidenden soň, ýaşuly Kakajanyň ýüzüne seretdi-de:

– Be, Kakajan, saňa näme boldy, köýnegiň gan-la? O-how! Maňlaýyňam çişipdir – diýip geňirgendi.

–Äý, hiç-le! Ýolda, buthananyň gapdalynda üç sany bimaza oglana duşdum.

– Urdularmy?

– Äý, ýok, deňeçerräk bolduk.

– Uruşdyňyzmy?

– Duýdurman urdular. Men urup başlanymdan soň bolsa, üçüsem gaçyp gitdi. Äý, yzlaryndan kän kowubam durmadym – diýip, Kakajan hiç zat bolmadyk ýaly gürledi. – Ýaralanan ýerim ýok-la. Ýöne burnum ganady.

Içki jaýdan Walýanyň gülki sesi eşidildi.

– Näme boldy? – diýip, kakasy gygyrdy.

– Hiç, Aýnanyň hapa, ýyrtyk geýimlerini ýakdyk. Meniň içki köýnegimem oňa uzyn bolýar, şoňa güldüm – diýip, Walýanyň sesi eşidildi.

Walýa bilen ejesi Kakajan dagynyň oturan tamyna Aýnany gurjak ýaly edip getirdiler. Onuň saçyny darap, örüp, kellesine gyzyl-ala öýme atyp, keteni köýneginem geýdiripdirler welin, ol edil owadanja gözleri ýanyp duran gurjaga dönäýipdir.

– Sowuk düşdi, Aýna palto bilen köwüş almasak boljak däl – diýip, Walýanyň ejesi ärine seretdi.

– Ertir sen uzynly gün boş, irden gidip, köwüş al, Walýa bilen Kakajanam öýläne galman geler weli, soň bile gyzlar internatyna gideris – diýip, Walýanyň kakasy etmeli işleri düşündirdi.

Agşam ýatanlarynda Walýa öz krowadynyň gapdalynda eplenýän krowat goýup, onda Aýnany ýatyrdy. Gije oňa rusça geplemäni öwredýär-de, onuň ýalňyş gepleýşine Walýa gülýär.

Mama.

Papa.

Mama.

Papa…

Aýnany gujaklap ýatan ýaly edip, Walýa bileje ýatdy.

Aýna akja içki köýnekde, akja mata ýazylan ýumşak düşekçäniň üstünde akja guş ýaly bolup, ýatyrdy. Özüni çalaja gujaklap ýatan Walýanyň akja goluny görüp, Aýna öz ejesini ýatlady. Birdenem porsy küme, ýyrtyk köne içmek, betnyşan Italmaz onuň ýadyna duşdi…«Indi ol belalardan gutuldygymmyka, ýa ýene yzymdan ol nejis gelip, saçymdan süýräp, ýenjip, öz kümesine äkidermikä!..» Birdenem Walýany, onuň ene-atasyny göz öňüne

getirdi. «Nähili oňat adamlar. Indi olar meni ol nejisiň eline bermez, meni gorarlar. Eýjejik jigim Kakajan! Meniň iň ýakyn hossarym! Ýaşyň uzak bolsun, käbäm!..» Aýna arkaýyn ýatdy, tiz uka batdy.

Walýa daňdanlar oýanyp, Aýnany oýarmajak bolup, sessiz turdy. Ýuwaşlyk bilen baryp, Kakajany oýardy-da, gidip çaý goýdy. Olar ýuwunyp, geýnip, çaý içdiler. Soňra «Çagalar turmanka ýetişmeli» diýşip, internata tarap ylgaşyp gitdiler.

Walýa bilen Kakajan internata gelip, hemişekisi ýaly, çagalary turuzyp başladylar. Turan çaga derrew daşaryk ýazylmaga gidýär, soň derrew nyzama durýar.

Walýa oturyp-turup, çagalara maşk etdirdi. Soň çagalar ýuwunyp, geýnip, ertir naharyna eňdiler. Nahardan soň, okuw başlanýança Meýdan, Çary, Nyýaz, Annaberdi, Nurly, Aňkar dagy Walýanyň daşyna üýşüp:

– Kakajany nireden tapdyňyz? – diýip soradylar. Onuň jogabyna garaşman, ýene:

– Özi geldimi?

– Nirä giden eken? – diýip, gygyryşyp, sorag baryny ýagdyrdylar.

Onýança nobatçy gelip:

– Walýa, sizi hem Kakajany direktor çagyrýar! – diýdi.

Direktoryň ýüzi agrasdy:

– Nirä gitdiňiz? – diýip, Kakajandan sorady.

– Oba gitdim, ýoldaş direktor.

– Näme işe gitdiňiz?

Kakajan jogap bermän, dymdy.

Walýa durup bilmän, Kakajanyň arkasyny alyp, onuň örän wajyp iş bilen oba gidenini, Aýnany nähili gorkunç ýol bilen öçlüleriniň arasyndan ogurlap gaýdyşyny, ol bagtygara gyzjagazy zulumdan gutaryşyny direktora gürrüň edip berdi.

Direktor ýuwaşady:

– Nähili işe gideňde-de, soraşyp gitmeli eken. Onuň ýaly howply işe gidende, biz onuň ýanyna adam goşup, oňa bu hatarly işde kömek bererdik. Gerek bolsa, özümem gidip kömekleşerdim.


enedilim.com

Kakajan direktoryň ähli aýdan sözlerine düşünýärdi. Ol edil hossaryny gören ýaly hamsygyp, zordan:

– Sag boluň, ýoldaş direktor! Gaýdyp sizden bidin hiç ýere gitmen – diýdi.

– Ol gyzjagaz häzir nirede? – diýip, direktor sorady.

– Ol gyzjagaz bizde. Gurjak ýalyjak eýjejik çaga! Zalym öçlülerde ynsap ýok…

Direktor Walýanyň sözüni ýoldy:

– Indi siz ol gyzjagazy gyzlaryň internatyna ýerleşdirjekmi?

– Oňarsag-a ýerleşdirmekçi – diýip, Walýa jogap berdi.

– Okuw gutaransoň, bile gideliň. Internata ýerleşdirmäge men kömek edeýin, direktoryny gowy tanaýaryn – diýip, Sypinkow wada berdi.

– Sag boluň, ýoldaş direktor! – diýip, Kakajan rugsat alyp, klasyna okamaga gitdi.

Okuw gutarandan soň günortanlar direktor dagy tirkeşip, Walýalaryň gapysyna barsalar, içerden inçejik ses eşidilýär. Gapyny kakman, Kakajan dagy diň saldy.

– Mama! Papa! Mama! Papa! – diýip, Aýnanyň inçejik sesi eşidilýär. Walýa dagy sessiz gülüşdiler. Kakajan gapyny çalaja kakdy.

– Papa! Mam!.. – Ses birden galdy. Öý köwşüniň sesi ýakyn gelip başlady. Gapynyň ýanynda durdy. Ses-üýn ýok.

– Gapyny aç!

Köwşüň sesi tarkyldap, içki tama tarap gitdi.

Gapy kakyldy.

Köwşüň sesi ýene gapa golaýlady. Durdy.

– Men Kakajan, Aýna, gapyny aç!

Gapy usul bilen açyldy.

Aýnanyň gözi ilki Sypinkowa düşdi.

– Wä-ä! – Gyz içki tama gaçdy.

– Aýna, gorkma, men Kakajan!

Içki tamdan Aýna yşyklady.

– Gorkduňmy?

– Gorkdum. Gapy kakylanda, Italmaz ýadyma düşdi. Gaty gorkdum.

Onýança Walýa baryp, Aýnany gujaklap göterdi-de:
– Mama, papa! – diýip güldi.
– Dogrudanam, gurjak ýaly gyz eken! – diýip, Sypinkow Aýnanyň kellesini sypalady.
Ýene gapy kakyldy. Walýa gapynyň kakylyşyndan tanap:
– Mama! – diýdi.
Aýna ylgap gapyny açdy. Soňam şatlykly:
– Mama! – diýen inçejik ses çykdy.
Kakajan dagy gülüşdiler.
Walýanyň ejesi Aýnany gujaklap, öýe girdi. Birdenem direktora gözi düşüp, onuň bilen gadyrly salamlaşdy. Soň oturgyçda oturyp, Aýnanam ol öz gapdalynda oturtdy-da, kagyza dolangy jorap çykaryp, onuň aýagyna geýdirdi. Bir akja gutynyň içinden ýalpyldap duran täze köwüş çykaryp, onam Aýnanyň aýagyna geýdirdi.
– Oňat, ylaýjak. Hany, gyzym, ýöre! – diýip, kiçijik gyzy oturgyçdan düşürdi.
Aýna köwşüne seredip, usul bilen iki-baka ýöredi.
– Aýagyňy gysýarmy? – diýip, Kakajan sorady.
– Ýok, gysanok.
– Ylaýykmy?
– Ylaýyk.
Begenjinden Aýnanyň ýüzi açyldy. Oturgyçda oturan ýerinden garşy-garşy köwşüne seredýärdi. «Köwşem, keteniniň aşagyndan geýdiren köýneklerinem maňa bular mugt beräýýärmikäler?..» diýip, Aýna Kakajanyň ýüzüne soragly seretdi:
– Köwşüň bahasyny…– diýip, çalaja gepledi.
– Bu Walýalar bize ýagşylyk edýärler, oňat adamlar. Soň ulalamyzsoň, bizem bulara ýagşylyk ederis, ýöne häzir Walýanyň ejesine sag bol aýdaýmaly.
Aýna usul bilen ýerinden turup, gapdalynda oturan garry aýalyň öňüne geçdi:
– Sag bol, mama! – diýip egildi.
Walýanyň ejesi Aýnany gujaklady.
Direktoram, Kakajanam, Walýa-da garry aýal bilen Aýna seredip, el çarpdylar.

Gapy kakyldy, Kakajan baryp gapyny açdy.

Walýanyň kakasy gelip, Wasiliý Aleksandrowiç bilen salamlaşdy, görüşdi. Birdenem Aýnanyň köwşüne gözi düşüp:

– Gutly bolsun, Aýna jan! – diýdi.

Aýna aljyrap:

– Sag bol, mama! – diýdi.

Aýnanyň ýalňyşyna gülüşdiler.

Aýna utanyp, ýüzüni sallap, çalajadan:

– Papa! – diýip, öz ýalňyşyny düzetdi.

– Zyýany ýok, gyzym! – diýip, Walýanyň kakasy Aýnanyň arkasyna kakdy.

– Hemmämiz jemlenen bolsak, ýörüň, Antonina Iwanownany göreliň, belki, Aýnajygy gyzlaryň internatyna ýerleşdirip bileris – diýip, Sypinkow oturanlara ýüzlendi.

* * *

Walýa dagy tirkeşip, Karl Marks köçesiniň ileri gyrasyndaky howlynyň gapysyna bardylar. Syh-syh gara murtlary jaýtarylyp, gözlerine dürtüläýjek bolup duran daýaw milisioner çiňerilip seretdi-de bularyň ýanyna geldi.

– Bu ýerde durmak bolanok, geçiberiň!

– Ýoldaş millisioner, biz şu howla girmeli – diýip, Wasiliý Aleksandrowiç milisionere ýüzlendi.

– Bu howluda näme işiňiz bar?

– Şujagaz gyzy internata ýerleşdirjek.

Milisioner Aýna syn etdi, soňam gapyny üç gezek kakdy. Birazdan soň gapy açyldy. Aňyrdan bir gözi çaşyrak, daýaw, goturaksy adam boýnuny uzatdy.

– Bize Antonina Iwanowna gerek. Şu gyzy internata ýerleşdirmek üçin gepleşmeli – diýip, Wasiliý Aleksandrowiç howlynyň garawulyna düşündirdi.

Garawul mazaly synlandan soň içeri girmäge rugsat etdi. Kerpiç düşelen ýol bilen öňden Sypinkowa barýardy. Onuň yzyndakylar höwes bilen töwereklerine seredýärdiler. Öň bir


enedilim.com

uly baýyň oturan howlusy bolmaga çemeli. Jaýlar örän oňat salnypdyr. Giň howlynyň içi baglyk, güller açylyşyp otyr.

Garawul bulara direktoryň kabinetini görkezdi.

Kabinete ýeke-ýekeden salam berip girdiler. Orta ýaşa golaýlan, orta boýly görmegeý rus aýaly stoluň başyndan turup, ählisi bilen gadyrly görüşdi.

– Oturyň – diýip, oturgyçlary görkezdi.

Gelenler oturandan soň, ilki Sypinkow gürrüňe başlady:

– Antonina Iwanowna, biziň ählimiz şu owadanja gyzy öz internatyňyza kabul etmegiňizi haýyş edip geldik – diýdi-de, Aýnanyň başyndan geçenlerini biruçdan aýdyp başlady.

Antonina Iwanowna Walýanyň gapdalyndaky başy ala öýmeli, egni täzeje keteni köýnekli gyzy höwes bilen synlady. Onuň tutulan guşjagaz ýaly, gara gözlerini tegeläp oturyşyna haýpy gelijilik bilen ýylgyryp syn edip oturan Antonina Iwanownanyň ýüzi Sypinkowyň gürrüňlerini diňledigiçe üýtgäp ugrady.

Sypinkow gürrüňini gutarandan soň, Antonina Iwanowna uludan dem alyp, arassa türkmen dilinde:

– Gyzym, hany, meniň ýanyma gel! – diýip, Aýnany gujaklady, horja ýaňaklaryndan taýly gezek ogşady. – Siziň haýyşyňyzy hökman ýerine ýetireris – diýip, direktor myhmanlara seretdi. Soňam – Anna! – diýip, gygyrdy.

Gapydan ýaşajyk owadanja türkmen gyzy geldi, oturanlara salam berip, direktoryň garşysynda durdy.

– Anna jan, bujagaz gyzy äkidip, suwa düşündir, soňam geýindir – diýdi.

Anna Aýnany alyp gitdi.

Myhmanlar direktordan hoşal bolup, hoşlaşyp, çykyp gitdiler.

Anna diýen gyz Aýnany suwa düşündirdi, arassa geýindirdi. Onuň keteni köýnegini, täzeje köwşüni dolap, öz skladlarynda aýratynja goýdy. Soňam Aýnany gyzlaryň arasyna, kiçiräjik, ýagty zala alyp geldi.

Anna roýalyň başynda oturyp, tans sazyny çalmaga başlady. Gyzlar hatara durup tans etdiler. Soň hemmesi sazlaşdyryp, aýdym aýtdylar.

Gyzlar Aýnany özleri bilen tiz öwrenişdirdiler. Agşam Aýnany öz deň-duşlarynyň arasynda, oňat krowatda, akja prostynlar ýazyp ýatyrdylar.

Gyzlar ertir daň bilen turdular, maşk etdiler, ertirlik nahar iýdiler. Okamaga başladylar. Anna bu zatlaryň hemmesinde Aýna beýemçilik etdi. Aýnany klasda oturdyp, soň Anna-da öz klaslaryna okuwa gitdi.

Aýnany ilki bilen Osmanowa Kamar apa okadyp, elipbiý öwredip ugrady.

Aýna internat gyzlary – öz deň-duşlary bilen örän tiz öwrenişdi. Annany bolsa ol özüne ejeke tutundy. Aýna ýuwaş-ýuwaşdan elipbiýem, aýdym aýtmanam, tans etmänem öwrenip başlady.

Ilki-ilkiler Walýa-da, Kakajan-da ýygy-ýygydan Aýnanyň ýanyna gelýärdiler. Soňabaka olaram gelmelerini haýallatdylar.

Işden soň Walýa bilen Kakajan öýe gelende Walýanyň ejesi bilen kakasy bulary garşy aldylar. Walýanyň ejesi:

– Kakajan, oglum, ertir dynç alynýan gün. Ikimiz gyzlaryň internatyna gidip, öz gyzymyz Aýnany öňki çagyryşlarymyz ýaly öýe çagyraly. Ol palawy gowy görýär. Men edil türkmenleriň bişirişi ýaly edip, palaw bişirip bilýän. Käşirem alyp goýdum – diýdi.

Walýanyň kakasy:

– Eger Aýnany çagyrjak bolsaňyz, onda bu gezek Annanam çagyryň, sebäbi Anna onuň iň gowy jorasy hem beýemçisi ahyry – diýdi.

– Aýnanyň gowy joralaryny çagyrjak bolsaň, internatyň ähli gyzlaryny çagyraýmaly, sebäbi olaryň hemmesi Aýnanyň jorasy, ol gyzlaryň ählisi bilen gowy görüşýär – diýip, Kakajan güldi.

– Ählisini çagyrmasagam, Annany hem-de Ene Kulyýewanyň gyzlary Baýramgül bilen Ýazgüli hökman çagyrmaly bolar – diýip, Walýa ejesine düşündirdi.

Dynç alynýan günem geldi.

– Walýa jan, gyzlary çagyrmaga Kakajan bilen sen özüň gidäýsene, siz gelýänçäňiz, men nahar ataryp bereýin – diýip, ejesi internata gitmegi Walýa buýurdy.

Walýa bilen Kakajan Karl Marks köçesiniň ileri ýüzündaki owadan howlynyň kiçijik gapysyna baranda golaýda duran murtlak milisioner bulara çiňe-çiňe seretdi, emma bulary tanan bolsa gerek, hiç zat diýmedi. Kakajan kiçijik gapyny kakdy.

– Soltan akga, bu men, Kakajan, aç gapyny – diýip, gygyrdy.

Ol günki daýaw, çaşy adam gapyny açdy:

– Kakajan, senmi? Giriberiň! – diýip, Walýa ikisini howla goýberdi.

Howlynyň içinde Anna bularyň öňlerinden ýylgyryp çykdy-da, Kakajan dagy bilen gadyrly görüşdi.

– Aýna örän jan edip okaýar. «Ata, baba» diýen ýaly çylşyrymly bolmadyk atlary ýazybam bilýär. Ylaýta-da geýim tikmäge ökde. Zawhozymyz Nina Kostilýowa geýimi nähili tikmelidigini ýekeje gezek görkezse bes, onsoň Aýnanyň özi tikip otyr. Ähli içki geýimlerimizi özümiz tikýäris. Bu gün Aýna kuhnýada nobatçy, ol nahar bişirýär – diýip, Anna bulary kuhnýa alyp bardy.

Oturgyjyň üstüne çykyp, gazana tarap azajyk eglip duran gyz kuhnýa adamyň gelenini aňyp, bärisini bakdy. Gara saçlaryny düýrläp, ak ýaglyk bilen kellesini pugta daňypdyr. Uzyn ak öňlük geýipdir. Aýna bärisini bakan badyna Walýa dagyny tanap, böküp oturgyçdan düşdi-de, gele-gelmäne Walýany gujaklady, Kakajanyň maňlaýyndan ogşady.

– Näme üçin oturgyja çykdyň? – diýip, Walýa sorady.

– Wah, gazana boýum ýetenok, nahara duz atdym. Gowy nohutly çorba bişirýärin. Ikinjisine-de katlet, üçünji kompot edýärin – diýip, Aýna ähli bişirýän zatlaryny sanady. – Bu gün bizde nahar iýiň, meniň nahar bişirşimi görüň. Iýip, doýup bilmersiňiz.

– Biz sizi nahara çagyrmaga geldik – diýip, Walýa näme üçin gelendiklerini aýtdy.

Ýok, bu gün gidip biljek däl, meniň nahar bişirşimi Antonina Iwanowna Berdiýewa dagam gelip görjekler. Bu gün men gitmäýin – diýip, Aýna Walýa ýalbardy. Soň täze berlen paltosyny geýip, Walýa dagyny ugratmaga çykdy.

Walýa onuň ýakasy fason bilen salpyrak tikilen, bili guşakly

drap paltosyny höwes bilen synlady.

– Men mundan aňryk geçip bilmeýän mamama, papama salam aýdyň! – diýip, Aýna gapa golaý barman, Walýa dagy bilen hoşlaşdy.

Walýa bilen Kakajan köçä düşüp, öýlerine tarap ugrady. Bu gün howa sowukdy. Kakajan täzeje paltonyň içinde ýygrylýardy. Botinkasynyň daşyndan täzeje galoş geýeni üçin, aýagy üşänokdy...

Täze okuw güni başlandy. Okuwçylar ertir naharyndan soň, klasda sapaklaryny okaýardylar. Howanyň ýüzi çytykdy, ýagyş çisňeýärdi.

Ýagşyň soňy gara öwrüldi. Birden gudoklar aglaýan ýaly, uwlap, şäheri ýaňlandyryp başlady.

Gapydan mugallyma Gülsüm apa Muhammedowa klasa girdi, onuň ýüzi gaty salykdy. Gözlerinde ýaş bar ýaly duýulýardy. Gyzlaryň hemmesi ýerinden turdy. Ol:

– Baryňyz hatar bilen meniň yzyma düşüň! – diýip, ýuwaşja aýtdy-da, yzyna öwrülip, gapa tarap ugrady. Gyzlar ýeke-ýekeden onuň yzyna düşüp, Lenin otagyna bardylar.

Lenin otagy gyzlardan, mugallymlardan doludy. Bu gyzlaram baryp ýerleşdiler. Otagyň içinde Kamar apa Osmanowa-da, Nina Dmitriýewna-da, Zinaida Fýodorowna-da, Inna Prohorowna-da, umuman internatyň ähli işgärleri bardy. Bir adamdanam ses çykmaýardy. Internatyň direktory Antonina Iwanowna Berdiýewa mugallymlardan birazajyk öňe saýlandy-da:

–Ýer ýüzüniň proletarlarynyň, ähli ezilen halklaryň serdary, biziň bolşewistik partiýamyzyň düýbüni tutan, işçi-daýhan hökümetimizi guran beýik Lenin aradaň çykdy...– diýip, gürläp başlandan, otagdaky adamlaryň üstünden suw sepelenen ýaly boldy. Her kim ýaglygy bilen gözüniň ýaşyny süpürýärdi. Hiç kimden ses çykmaýardy. Miting gutarandan soň, nyzam bilen Puşkin bagynyň günbatarsyndaky meýdança garşy ugradylar. Annanyň öňden göterip barýan gyzyl baýdagynyň başynda gara lenta bardy.

Meýdançada Ilbaýew adyndaky internatyňam mugallymlary, okuwçylary durdy. Olaryň baýdagyny Meýdan Myradow

tutup durdy. Olaryňam baýdagynyň ýokary başynda gara lenta bardy. Ene Kulyýewa adyndaky internatyňam adamlary ýaňky internatyň okuwçylarynyň gapdalyna baryp durdular.

Aýna Kakajany gördi. Kakajanyň gözleri ýarym-ýaşdy. Ol elýaglygy bilen gözlerini süpürýärdi.

Aşgabat şäher zähmetkeşleriniň mitingini Nedirbaý Aýtakow açdy-da, Iwan Iwanowiç Mežlauga söz berdi. Onuň yzyndan Gaýgysyz Atabaýew, soň Halmyrat Sähetmyradow, ondan soň Ene Kulyýewa…sözledi.

Mitingden soň meýdançanyň ortarasyndan Leniniň ýadygärliginiň ýerini bellediler.

Bir gün internat okuwçylarynyň bir toparyny Leniniň ýadygärliginiň düýbi tutulan şol meýdançada pionerlige aldylar. Olaryň arasy bilen Aýna-da pionerlige alyndy. Kasam edenden soň, «Leniniň işine taýýar bol!» diýlende, Aýna sag elini maňlaýyna galdyryp, «Mydam taýýar!» diýip gygyrdy.

## -11-

## GÜL

Nahardan soň gyzlar dynç aldylar, soňam ýuwnup, geýnip, zala üýşdüler. Bu jaý internat gyzlary üçin zal-da bolsa, öňki eýesiniň myhmanhanasydy. Zalyň poly aýna ýaly ýalpyldaýardy. Jaýyň gyralarynda täzeje oturgyçlar bolup, bir çüňkde ullakan roýal bardy. Roýaly Anna çalýardy. Gyzlar hatar-hatar aýlanyp, agyp-dönüp, tans edýärdiler. Antonina Iwanowna bilen Zinaida Fýodorowna bir çetde oturyp, gyzlaryň tans edişine guwanç bilen tomaşa edýärdiler.

Ene Kulyýewanyň uluja gyzy Baýramgül gelip, Antonina Iwanownanyň gulagyna çawuş çakdy:

– Aýnanyň öňünden üç sany adam geçdi, biri meniň kakam, birem Halmyrat Sähetmyradow, öňdäkiniň kimdigini görüp bilmedim…

Baýramgül sözüni soňlamanka, gapydan ilki bilen Iwan Iwanowiç Mežlauk geldi, onuň yzy bilen Sähetmyradow, Kulyýew zala girdi. Tansam, sazam togtady. Gelenler gyzlara salam berdiler. Onýança Berdiýewa ýerinden turdy, myhmanlar bilen görüşdi, olara oturmaga ýer görkezdi.

– Biz siziň gyzlaryňyzy görmäge geldik, tanslaryny dowam edibersinler – diýip, Mežlauk geçip, oturgyçda oturdy. Halmyrat Sähetmyradowam, Garry Kulyýewem, Iwan Iwanowiçiň ýanynda oturdylar.

– Anna jan, roýalyňy çalyber, gyzlar, sizem myhmanlara tans edip beriň! – diýip, Berdiýewa-da myhmanlaryň ýanynda oturdy.

Myhmanlar hezil edip, gyzlaryň tansyna tomaşa etdiler.

– Aýdymam bilýäňizmi? – diýip, Halmyrat Sähetmyradow

sorady.

– Aýdym bilýäris! – diýip, garlawaç ýalyjak kiçijik gyzjagaz jogap berdi.

Halmyrat ondan:

– Seniň adyň näme? – diýip sorady.

– Meniň adym Ýazgül! – diýip, ýaňky gyzjagaz inçejik ses bilen jogap berdi.

– Meniň gyzym! – diýip, Garry Kulyýew Halmyradyň gulagyna çawuş çakdy.

Ýazgül:

– Siziň öz goşan goşgyňyzy aýdaýjak – diýdi. Ol:

Köşekli, torumly gumdaky ballar,
Baýlyk sizden gider, döwran eglenmez…

diýip, inçejik ses bilen aýdyp başlanynda, gyzlaram oňa sazlaşdyryp, aýdym aýtdylar.

Dükançydan halas olduk,
Ölümden ýagşy gutuldyk,
Elleri goltugynda
Galypdyr dükançy…
Bizi bergide goýan dükançy,
Bizi görgüde goýan dükançy…

Halmyrat aýdymyň sözlerini Iwan Iwanowiçe terjime edip berdi. Ol aýdymy höwes bilen diňlediler, gülüşdiler.

Antonina Iwanowna myhmanlary çaýa çagyrdy. Çaý içip otyrkalar, Halmyrat gürrüňe başlady:

– Ýoldaş Berdiýewa, köne bagşylaryň aýdýan aýdymlaryny bu ýaş gyzlar aýdyp bilmez, täze aýdymam häzirlikçe ýok. Şonuň üçinem gyzlara rus hem goňşy respublikalaryň aýdymlarynam öwretmek gerek.

– Okamaga kitabam tapylanok – diýip, Berdiýewa söze goşuldy. Täze gelýänler bolaýmasa, gyzlarymyz kileň sowatly, emma okamaga öz dillerinde kitap ýok.

– Rus dilinde okap bilýänleri ýokmy? – diýip, Iwan Iwanowiç sorady.

– Baýramgül Kulyýewa, Gülsoltan Tekinskaýa, Anna Aşyrowa ýaly üç-dört sany gyzymyz rusçadan oňat okaýarlar. Anna jan ýaňy hatly-sowatly bolan gyzlara Çehowyň, Turgenewiň çagalar üçin ýazan kiçijik hekaýalaryny rus dilinde okap berýär, düşündirýär. Käbir gyzlarymyz şäher kitaphanasyndan özbek, azerbaýjan dilinde ýazylan kitaplary alyp okaýar – diýip, Berdiýewa myhmanlara ýagdaýy düşündirdi.

– Türkmen gyzlary üçin birinji açylan täze mekdep şu–siziň mekdebiňiz, geljekde ýokary mekdeplerem açylar. Siziň gyzlaryňyz täze okuwa başlan birinji gyzlardyr. Bularyň içinden mugallymam, alymam, ýazyjam, artistem çykar. Ýöne, ýoldaş Berdiýewa, bu gyzlary aýaň, oňat okadyň. Şu gyzlar geljekde bize-de, size-de uly abraý getirer... – diýip, Halmyrat Sähetmyradow geljek hakda uly arzuwlar bilen sözledi. Myhmanlar mugallymlar bilenem, gyzlar bilenem hoşlaşyp gitdiler.

Köçe gapysyna golaý gelenlerinde, Halmyrat tiz wagtda Kalininiň Aşgabada geljekdigini aýtdy.

– Kalinine siziň gyzlaryňyz gül gowşurar. Şonuň üçinem üç-dört sany gyzy taýýarlaň. Internat gyzlarynyň geýim-eşigine serediň, Kalininiň gyzlary görmage size-de gelmegi mümkin – diýip, Halmyrat Antonina Iwanowna pugta tabşyrdy.

Mugallymlaram, ähli gyzlaram zala ýygnanyp ümsüm otyrdylar. Internatyň direktory Antonina Iwanowna Berdiýewa ýerinden turup, özüniň ýakymly sesi bilen türkmen dilinde gürrüň edip başlady.

– Tiz wagtda Aşgabada Sowetler ýurdunyň iň uly ýolbaşçysy, beýik W. I. Leniniň egindeşi, onuň bilen bile işleşen ýakyn ýoldaşy, Bütinsoýuz Merkezi Ispolnitel komitetiniň başlygy Mihail Iwanowiç Kalinin gelýär.

Zalda oturanlaryň bary ýerinden turup, el çarpdy.

– Ýaşasyn ýoldaş Kalinin! – diýip, Ýazgül gygyrdy.

El çarpyşyk has guýçlendi.

Hemmeler oturandan soň Antonina Iwanowna M.I.Kalininiň biografiýasyny gysgajyk gürrüň berdi. Soň mugallymlaryň, gyz-


enedilim.com

laryň soraglaryna jogap berdi.

– Mugallymlar, gyzlar, M. I. Kalinini garşy almak üçin ähli ýerden, obalardan, şäherlerdenem adam geler. Biziň internatymyzyňam mugallymlary, okuwçylary demirýoluň wokzalyna barmaly bolar. Şonuň üçinem toý geýimleriňizi arassaja saklaň – diýip tabşyrdy.

Ýygnakdan soň Antonina Iwanowna Baýramgüli, Ýazgüli, Annany zalda alyp galdy.

– Halmyrat Sähetmyradow «Siziň gyzlaryňyz M. I. Kalinin gelende oňa gül gowşurmalydyr» diýip, hol gün gelende bize tabşyryp gidipdi. Kalininem tiz gelýär. Oňa güli siz üçiňiz gowşurmaly. Şonuň üçinem täzeje geýimleriňizi ütükläp, taýýar bolup duruň.

– Antonina Iwanowna, ýene bir gyzy ýanymyza goşaýsaňyzlaň! Ol örän salykatly, gaty akylly gyz, özem arassaja, gowy geýinýär...– diýip, Anna ýüz tutup başlanyndan, Berdiýewa onuň sözüni böldi:

– Haýsy gyz, ady näme?

– Şol Kakajanyň ejekesi Aýna Nurmyradowa.

– Hä, dogry, gowy gyz.

– Şonam öz aramyza alaýaly-la! – diýip, Baýramgülem haýyş etdi.

– Bolýar, gyzlar, alaýyň, men garşy däl – diýip, direktor gyzlar bilen razylaşdy. –Ýöne oňa-da tabşyryň, taýýarlyk görsün!

– Heý-janelek! – diýip, Ýazgül begenip, bökjekledi.

– Gülsoltan bilen Annagülem alalyň, olaram gaty gowy gyzlar.

– Bolýar, olaram alaýarys. Kalininiň haçan öňünden çykmalydygyny aýdanlarynda, näçe gyzyň oňa gül gowşurmalydygynam bize habar bererler. Bilip bolmaz, belki, gyzlaryň hemmesinem äkitmeli bolar. Hemmäňiz taýýarlyk görüberiň – diýip, direktor düşündirdi.

Kalinin gelýärmiş diýen şatlykly habar bütin Aşgabada ýaýrady. Şäheriň köçelerini arassaladylar. Onuň geçäýjek ýolundaky jaýlary agartdylar. Ýurduň beýleki şäherlerinden, obalaryndan adamlar gelip başlady.

Kalininiň Aşgabada geljek diýen günlerem ýetip geldi. Zinaida Fýodorowna internatyň gyzlaryny nyzama duruzdy-da, direktora habar berdi.

Antonina Iwanowna gelip, nyzama duranlaryň öňünden geçip, ýeke-ýekeden baryna syn edip başlady. Käbiriniň garşysynda durup, paltosynyň ýakasyny düzetdi. Umuman, gyzlaryň arassaçylygyna, geýimlerine onuň göwni ýeten bolmaga çemeli, soň garşylarynda durup:

– Gyzlar, häzir nyzam bilen Mihail Iwanowiç Kalinini garşy almaga demir ýol wokzalyna gidýäris – diýdi. –Şeýle adamyny görmegem her biriňiz üçin uly bagt. Onuň Türkmenistana birinji gelşi. Ol türkmen halky hem türkmen gyzlary hakynda köp gürrüň eşidendir, emma şu gezek sizi birinji görşi bolar. Şonuň üçinem özüňiziň gaty edeplidigiňizi görkezmäge jan ediň. Ýöräniňizde-de, duranyňyzda-da daş-töwerege ýaltaklaşman, salykatly duruň…

Wokzala gitmek üçin gyzlar dört-dörtden hatara düzüldiler, mugallymlar bilen bile direktoryň özem öňde nyzama durdy. Iň öňde eli uly baýdakly Anna, onuň gapdalynda Ýazgül bilen Aýna durdy.

Zinaida Fýodorowna komanda berdi. Gyzlar ýolboýy aýdym aýdyşyp, wokzala tarap Anneýkow köçesi bilen ugradylar.

Demir ýol wokzalynyň öňündäki meýdança sap-sap bolup duran adamlardan doly eken. Internatyň gyzlaram baryp, Ilbaýew adyndaky internatyň okuwçylarynyň gapdalynda durdular. Aýna gözi bilen Kakajany agtardy, Kakajanam, gyzlaryň internatynyň adamlaryny tanap, Aýnany görjek bolup, seredip başlady.

Kakajanyň gözi başy goňur ýüň ýaglykly, egni täzeje garamtyl-gök drap paltoly owadan gyza düşüp, onuň Aýnadygyny ilkibada tanamady. Aýna sag elini galdyryp, salam berenden soň, Kakajanam başyny atyp, oňa salam berdi.

Bir gurama nyzamly, aýdym aýdyp, golaýlap gelýär. Hemmesiniň kellesindäki papaklaram, garamtyl begresden bir biçüwde tikilen fasonly paltolaram birmeňzeş, köwüşleriniň daşyndan geýdirilen täzeje galoşlaram, her bir deň ädim uranlarynda birgeňsi ýalpyldap, gelýän ýigitleriň gadamlaryna öwüşgin berýär-

di. Bular Aşgabat pedtehnikumynyň okuwçylarydy. Olaram gelip, gyzlaryň gapdalynda ýanaşyk durdy.

Ýigitler oňat geýnüwli, owadan gyzlara, gyzlaram bu görmegeý ýigitlere seredýärdi.

Edil gapdalyndaky gara gözleri ýanyp duran, görmegeý, uzynlak ýigide gözi düşende, Aýnanyň ýüregi jigläp gitdi. «Nowruz…Meni tanar, oňa görünmäýin».

Aýna aňyrsyna öwrüldi. «Nähili gowy ýigit». Birazdan soň durup bilmän, Aýna gözleriniň gytagy bilen ýene Nowruza seretdi. Nowruz ýaltaklaman, salykatly dur. Birden Nowruzyňam Aýna gözi düşdi. Ol ýuwaşja:

– Aýna, gurgun okap ýörmüň? – diýdi.

– Ýigit, siz ýalňyşýaňyz, men Aýna däl – diýip, gyz ýüzüni aşak saldy.

Nowruz çalaja ýylgyrdy.

Düşünýärin, gorkma, hiç kime aýtmaryn. Şol zalymlardan gutulanyňa menem begenýärin. Geçen dynç alynýan gün oba gitdim. Häzirem sizi gözläp ýörler, Nenegül sizi ölensiňiz öýdüp, aglaýar.

– Gytjany görmediňizmi? – diýip, Aýna soranyny özem duýman galdy.

– «Gytjanyň haly agyr» diýip Nenegül maňa gürrüň edip berdi. Ýöremeden galypdyr. «Täretem ýatan ýerinde» diýýär. Nenegül ýuwup-ardýan eken. Edil öz çagasyna seredýän ýaly, oňa seredýär…

Antonina Iwanowna bularyň gürrüňiniň arasyny ýoldy. Aýna-da, Baýramgül bilen Ýazgüle-de bir desse – bir desseden täzeje bägül berdi.

– Ine, Çarynyň yzyna düşüp gidiň, otly ýetip gelýän bolmaga çemeli, ol sizi wokzalyň aňyrsyna perrona geçirer.

Çary Wellekow – Türkmenistan komsomolynyň Merkezi Komitetiniň sekretary, görmegeý, daýaw ýigit, gyzlary alyp ugranynda, Aýna ýuwaşja:

– Nowruz, hoş, ýene görüşýänçäk – diýip gitdi.

– Hoş! – diýip, Nowruz Aýnanyň yzyndan seredip galdy. Wokzalyň dalanynyň aşagynda, orta ararakda on-on iki sany

geýnüwli adam otlynyň gelerine garaşyp, özara gürrüň edişip durdy. Olaryň arasynda duran Iwan Mežlaugy, Halmyrat Sähetmyradowy, Garry Kulyýewi Aýna gören badyna tanady.

Gyzlar bärden salam berip baranda, duranlaryň hemmesi gyzlar bilen gadyrly salamlaşdylar.

Çaklaňrak börükli, başy çabytly, Ene Kulyýewa gyzlary ýeke-ýekeden gujaklap, ýaňaklaryndan ogşady.

Pes boýlurak, burnunyň aşagy çokgaja gara murtly, oňat geýnen ýaş adam gelip, her iki gyzy bir goltugyna gysyp, olaryň depesinden ogşady.

Ol Nedirbaý Aýtakowdy.

Halmyrat gelip, Annanyň arkasyna kakdy.

– Täze aýdym öwrendiňizmi? – diýip sorady. – Eger täze aýdymlar öwrenen bolsaňyz, diňlemäge internatyňyza barjak – diýdi.

– Täze aýdym tapamzok. Gyzlar höwes edýärler, näler aýtjaklar weli, oňly aýdym ýok – diýip, Anna jogap berdi.

– Hä, şu wagt ýagdaýymyz şeýle-dä. Entek okuw kitaplarymyzam ýok – diýip, Sähetmyradow ökünçli sözledi.

Gyzlara seredip duran garaýagyz, daýaw, salykatly adam:

– Tiz wagtda öz dilimizde kitabam bolar, aýdymam diýdi.

Aýna Annanyň ýüzüne soragly seretdi.

– Ol adam Gaýgysyz Atabaýew – diýip, Anna Aýnanyň gulagyna pyşyrdady. – O duran başy telpekli, egni çäkmenli adamam Goşçular soýuzynyň başlygy Saparja Amanekow – diýip, düşündirmäge başlanda, gündogardan otlynyň gugurýan sesi eşidildi.

Otlynyň gelýänini görüp, olaryň hemmesi Kalinini garşy almaga taýýarlanyp başladylar.

Parowoz ýuwaşap, garaşýan adamlaryň deňesinden geçdi. Otlynyň wagonlary wokzalyň öňüne abanyp duran dalanyny gyratlap geçip başlady. Her kim Kalinini görjek bolup, wagonlaryň içindäki adamlara seredýärdi. Ahyry ýedinji wagon garaşyp duran adamlaryň deňesinden azajyk geçip saklandy. Başy zömmejik bagana telpekli, gözi äýnekli, çokga sakgally, orta ýaşan adam wagonyň agzyndan aşak düşüp başlady. Eli gülli gyzlar öňe süýşdüler. Mihaýil Iwanowiç wagondan düşen badyna ilki

Anna, soň beýleki gyzlar Kalinine gül berip başladylar. Mihaýil Iwanowiç ilki Annany, soň Baýramgül bilen Ýazgüli, iň soňundanam Aýnany gujaklap, olaryň maňlaýyndan ogşady. Gyzlar yzraga çekilende, ilki Nedirbaý Aýtakow, soň gezek-gezegine Iwan Iwanowiç Mežlauk, Halmyrat Sähetmyradow, Gaýgysyz Atabaýew, Ene Kulyýewa, Garry Kulyýew, Çary Wellekow, Saparja Amanekow dagy bir-birden elleşip, gadyrly görüşdiler.

Mihaýil Iwanowiç Kalinin, onuň yzy bilen garşy alan adamlar wokzalyň daş ýüzüne çykanda, wokzalyň öňünde sap-sap duran märeke el çarpyşdy. Kalinin sag elini galdyryp, märeke bilen salamlaşdy. Wokzalyň öňünden tä uly köçä barýança, Kalininiň geçjek ýoluna düşelen türkmeniň gül ýaly nepis halysyna Mihaýil Iwanoweçiň gözi düşdi.

– Men general gubernator Kuropatkin däl! – diýip, Mihaýil Iwanowiç başyny ýaýkady

Gaýgysyz Atabaýewiň görkezmesi bilen edil şol wagtyň özünde halylar ýoldan aýryldy.

Kalinin tä özi üçin garaşyp duran maşyna münüp ugraýança, märeke şatlykly el çarpmak bilen Mihaýil Iwanowiçi ugratdy.

Öňki aýal-gyzlar gimnaziýasynyň zalynda, häzirki Engels köçesi bilen Magtymguly köçesiniň birleşýän ýerinde Mihaýil Iwanowiç Kalininiň gatnaşmagynda Türkmenistan Sowetleriniň birinji – Uçreditel gurultaýy açyldy.

Zalyň içi delegatlardan, myhmanlardan doludy, hatda balkonam adamdan hyryn-dykyndy.

Ýygnagyň prezidiumy oturan badyna, gapydan internat gyzlary elleri gülli gelip, prezidiumda oturan Mihaýil Iwanowiç, Nedirbaý Aýtakow, Gaýgysyz Atabaýew, Iwan Iwanowiç Mežlauk, Halmyrat Sähetmyradow, Ene Kulyýewa daga gül gowşurdylar. Ol gül gowşuranlaryň arasynda Aýna-da bardy. Soň gyzlar iň öňdäki hatarda oturdylar.

Çykyp gepleýänlerem, oturyp diňleýänlerem örän şadyýandy, sebäbi bu gün Kommunistik partiýanyň ýolbaşçylygynda öz uly dogany rus halkynyň hem beýleki doganlyk halklaryň kömegi bilen türkmen halky öz taryhynda ilkinji gezek özleriniň hökümetini, onda-da işçi-daýhan hokümetini berkarar edýärdi.

Aýtakow, Atabaýew, Mežlauk, Sähetmyradow dagy sözledi. Olaryň sözlän sözleri zalda oturanlaryň ruhuny belende galdyrýardy, göwünlerinden turýardy. Olar öz respublikalarynyň SSSR-iň hataryna goşulmalydygyny, rus, özbek, ukrain... we beýleki doganlyk halklar bilen daýanyşyp, gol-gola berip, beýik Watany berkitjekdiklerini aýdýardylar.

Sözlemek gezegi Ene Kulyýewa ýetdi. Ol tribunanyň öňünde ýaşmagyny ýeňsä atyp, türkmen aýal-gyzlarynyň asyrlar boýy diniň-adatyň gurbany bolup ezilip gelendiklerini, indi azatlyga çykyp, erkekler bilen goşulyşyp işlejekdiklerini aýdýardy. Edil şol wagt Garry Kulyýewiň agasy Aşyr Kulyýew gapydan girip, zalyň ortasyna tarap ugrady. Gaýyn agasynyň golaýlap gelýänini görüp, Ene Kulyýewa derrew ýaşyndy. Bu ýagdaýy gören Mihaýil Iwanowiç «Orator menden utanaýdy öýdýän» diýip oýlandy-da:

– Utanmaň, ýaşynmaň, gürläberiň! – diýdi.

Ene Kulyýewa Kalininiň sözüni eşidip, has belent ses bilen gürrüňini dowam etdi.

Başy silkme telpekli, egni agar çäkmenli Saparja Amanekow tribuna baryp «Tebärişi» diýip, sözlemäge başlady. Ol Türkmenistanyň ähli ýerinde diýen ýaly «Goşçular» soýuzynyň gurlup, oňat işläp başlanyny, batraklara, has garyplara ekin ekmäge kömek berýändiklerini aýtdy.

Mätäji şahyryň ogly Orazmämmet aga söz berildi.

Ol ýerli-suwly baýlaryň ýerlerini kärendesine berip, gapysynda daýhan saklaýandyklaryny, batraklaryň, garyplaryň ýagdaýlarynyň gaty agyrdygyny, basymrak ýer-suw paýlaşygy geçäýse, daýhan üçin oňat boljakdygyny aýtdy. Sözüniň ahyrynda:

–Ýaşasyn işçi daýhan hökümeti bolan biziň Sowet hökümetimiz! – diýdi-de, Kalininiň adyny, atasynyň adyny ýadyndan çykaryp, aljyrady, ahyry Kalinine tarap elini uzadyp:

–Ýaşasyn hol oturan ýoldaş! – diýdi.

Märeke güldi, el çarpdy.

Gurultaý respublikanyň Merkezi Ispolnitel Komitetini saýlady. Onuň başlyklygyna Nedirbaý Aýtakow saýlandy.

Türkmenistan Halk Komissarlar Sowetinin başlyklygyna Gaý-

 enedilim.com

gysyz Atabaýew bellendi.

Edil şunuň ýaly hem Türkmenistan Kommunistik bolşewikler partiýasynyň birinji gurultaýy öz işini tamamlap, Türkmenistan Kommunistik bolşewikler partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary wezipesine Iwan Iwanowiç Mežlauk, ikinji sekretarlygyna bolsa Halmyrat Sähetmyradow saýlanyldy.

Türkmenistanda ýer-suw reformasyna taýýarlyk görlüp başlanyldy. Bu möhüm işi geçirmek boýunça düzülen komissiýanyň başlyklygyna Halmyrat Sähetmyradow, Mary okrug komissiýasynyň başlyklygyna Gaýgysyz Atabaýew saýlandy.

-12-

## AKMYRADYŇ KESELI

Gytja göz-gulak bolýan ýeke Nenegüldi. Onam hassanyň ýanynda köp oturdanoklar. Akmyradyň aýallaram, onuň ogullaram, gelinlerem, Italmazyň gelinlerem oňa iş buýurýarlar. Ol pahyry «Tur otur, kersen getir» bilen bir ýerde oturdanoklar. Şonda-da pahyr sypynan wagty ylgap, Gytjanyň ýanyna gelýär, oňa çaý-suw ýa-da ýeňiljek nahar berýär. Bu ýagdaýy Gytjanyň hossarlary bilýärler. Şonuň üçinem Nurmyradyň ähli neberesi Nenegüli gowy görýär.

Bir gün Bäşim öz gelnine:

– Gyzjagazymyzyň halyny soramaga ady guramyş Akmyratdan rugsat alyp bolmazmyka? – diýip, geňeşdi.

– Meniňem ol pahyrjygymyzy göresim gelýär, ýöne nädeýin? – diýip, Bäşimiň gelni gaýgyly dem aldy.

Bu gürrüňden soň Bäşim Samat işana şol mesele hakynda ýüz tutdy.

– Işan aga, özüňiz gepleşiň, ol görgüli hassa çaganyň ölmänkä ýüzüni bir göreli. Gaýrat ediň, rugsat alyp beriň, işan aga!..

– Bolýar, biz Akmyrat baý bilen ol hakda gepleşäýeris – diýip, Samat işan gidipdi.

Ine, şol gürrüňden soňam obanyň içine gybat ýaýrady:

«Giýewim bilen aragatnaşyk etmäge ýol açyp beriň» diýip, Bäşim Samat işana ýalbarypdyr…»

«Bäşim onuň ýaly iş eden däldir, myjabatdyr. »

«Samat işan özünden tapandyr öýdýäňizmi?..»

Bu gürrüňler Şiriniň gulagyna-da degdi. Onuň ýüregi ýarylan ýaly bolup, kakasynyň ýanynda derdindi.

– Kaka, Bäşim bilen gelni Samat işana «Şol bagtygara hassa

gyzymyzyň ýüzüni görmäge rugsat, alyp ber» diýip ýalbarypdyrlar. Ine, şondan soň obanyň içinde biderek gürrüňler ýaýrady.

– Gyzym, menem eşitdim. Işanam, Akmyradam köpçülikde utandyrdym. «Siziň urşuňyzda ýumruk ýaly ejiz çaganyň günäsi ýok, goý, özüniň soňky günleri ejesini, jigilerini görsün» diýip, men rugsat aldym. Ertir ol gyzyň ejesinem ýanyň bilen alyp, ol gyzy görmäge gidiň!

– Sag bol, kaka! Ömrüň uzak bolsun! – diýip, Şirin begenip, öýlerine gaýtdy.

Ol günüň ertesi Gytjanyň ejesi bilen Şirin çekine-çekine Akmyratlaryň howlusyna baranlarynda, derwezäniň gapdalynda tamdyra ot goýberip duran Nenegül bulary tanap:

– Hol tama baryberiň, ýaňyja men Gytja jany naharlap çykdym. Öýde Gytjadan başga hiç kim ýok! – diýdi.

Nenegül olary jaýa tarap ugratdy.

Şirin öňde, olar usullyk bilen tamyň içine girdiler. Jaýyň içi arassa. Bir böwürde ýelek düşekçäniň üstünde Gytja pahyr ak ýuha ýaly bolup ýatyr. Demi zordan gelip gidýär.

Ejesini gorüp, hassa begenjinden galjak boldy, bolmady, ýerinden sähel gozgandy, ysgynsyz üsgürdi.

– Gozganjak bolma, balam! – diýip, ejesi onuň başujunda oturdy.

Şirin baryp onuň goşaryndan tutdy. Näzik eller edil çöpe dönüpdir.

– Geleniňiz gowy boldy – diýip, Gytja zordan gepledi. Gaty göresi gelen bolmaga çemeli, ejesindenem, gelnejesindenem gözüni aýryp bilmän, şol seredip ýatyr.

–Ýaman kesele duçar bolaýdyňmy, balam? Wah, biziň tohumymyzda inçekesellimiz ýokdy. Gytja jan, nähili bolup, beýle ýaman kesele uçradyň, balam?! – diýip, ejesi sessiz aglamaga durdy. Şirinem saklanyp bilmän, gözýaşyny boýur-boýur döküp otyrdy.

– Enegülden eşitdim, Aýna jan gaçyp, bu zalymlardan başyny gutarypdyr…Şoňa begenýärin…Gaty begenýärin…Menem tiz bu zalymlardan gutularyn. Düşünýän…Tiz…– Gytja soňky sözlerini sakyna- sakyna zordan sözledi.

– Wah balam, beýle diýmäweri, ýaş başyň bar! – diýip, ejesi indi sesli aglamaga başlady. Şirin henizem sessiz gözýaş döküp otyrdy.

– Eje, eje jan, gelneje jan, aglamaň, gaýtam, meniň ölümime, meniň bu zulumdan gutulýanyma begeniň.

– Wah, beý diýmesene, Gytja jan! – diýip, Şirin ýalbardy.

– Eje jan, Şirin gelneje!...Menden razy boluň!...

– Wah, balam, özüň razy bol! Seni şu günlere salan özümiz ahyry!

– Ýok eje, beýle däl, ýok, siziň hiç biriňizem...günäkär däl...Meniň ykbalym şeýle ýazylandyr...Hemmäňizden razydyryn...Öz kakamdanam, Nazar kakamdanam,.. Allan kakamdanam razydyryn...Ol ezizlerimiň deregine özüm ölýärin...Şoňa özümem razy...– diýip, Gytja zordan sözledi. Soňam bir zatlar aýtjak boldy, emma güýji ýetmän pyşyrdady, dodaklary gymyldady. Demini dürsemäge, sessiz dynç almaga ýatdy.

– Olar maňa gynanmasyn...Meniň horlananym üçin olar...özlerini günälemesin...– Gytjanyň ýene sesi galdy.

Nenegül gapydan geldi.

– Italmaz agasynyň ýanyna geldi – diýip, ýuwaş ses bilen duýdurdy-da, ýene tiz çykyp gitdi.

Gytjanyň ejesi bilen Şirin bir-birleriniň ýüzüne seredişip, derrew turmak bilen boldular.

– Hoş, sag bol, balam!

– Hoş, sag bol, Gytja jan!

– Geliň...ýene geliň...Göresim gelýär...– Gytja ysgynsyz üsgürmäge durdy. Şirin dagy derrew jaýdan çykyp gitdiler.

* * *

Italmaz öýe salam berip girdi. Akmyrat ýatan ýerinden onuň salamyny aldy.

– Heý ugur bilinmedimi?

– Şol ady ýitmiş alyp gidendir diýip, çen etdim-de, göni Gowşut obasyna tarap gitdim. Hiç kime görünmän Möwlamyň tamy-


enedilim.com

na girdim. Gaçanyny ýeke Möwlama gürrüň berdim. «Hiç kime aýdaýmagyn» diýibem tabşyrdym. Nazaryň aýal doganydygynam aýtdym» «Ine, siziň şol arzyly pälwanyňyz öz aýal doganyny siziň obaňyza getiripdir, Meniň gelnim Hanguly pälwanlarda bolmaly, şony maňa tapyşyň» diýdim. Şu wagta çenli hiç kime bildirmän, Möwlamyň öýünde ýatdym. Obany aňtatdym. Ugur tapylmady. Gowşut obasynda ol ýok. «Şu namysdan çykaýyn» diýip, Nazary aňtadym. Gijelerine ýatman, Hangulynyň öýüniň gapdalyndaky tutlukda şöwür çekdim…

– Ol Gowşutda näme işleýän eken? – diýip, Akmyrat sorady.

– Möwlamyň aýtmagyna görä, ol arçynyň mürzesimiş.

– Mürze bolmak üçin hatly-sowatly bolmaly dälmi?

– Möwlamyň aýtmagyna görä, ol likbezde okap, sowadyny çykan bolmaga çemeli – diýip, Italmaz agasyna düşündirdi.

– Şony ýoklap bilen bolsaň, jaýyna düşäýjek eken-dä – diýip, Akmyrat ahmyr çekdi.

Gytjanyň halyndan habar alyp durmaga Akmyratdan rugsat alnan bolsa-da, onuň ejesi bilen Şirin Gytjanyň ýanyna kynlyk bilen çekine-çekine barýardylar. Soňky wagtlarda Akmyradyň özem agyr kesele ýatandan soň, oňy soramaga gelen garyndaşlary howluda köpräk görünýäni üçin Şirin dagy Gytjanyň ýanyna barmalaryny hasam haýallatdylar. Şirin ilki görende, Gytjanyň ölümini boýun alypdy. Emma onuň ejesi welin boýun almany kyn görýärdi. Ýöne soňky gezek gelenlerinde welin, onuň adam bolmajagyna gözi ýetdi. Ol pahyr öz öýünde-de, çolarak wagtlar gyzynyň agysyny aglaýardy. Soňky wagtlarda gyzynyň aladasy bilen birhili saňsar bolan ýaly bolaýdy. Gytjanyň ýagdaýy günsaýyn agralýardy, emma ýaş halyna ýagty jahan bilen hoşlaşmany kyn görýän ýaly, haçan barsaň, açyk gözleri gapynyň ýagtysyndady.

Bir gün Nenegül Şiriniň yzyndan geläýdi.

– Garabagt gyzyňyz bilen hoşlaşmaga baryň, onuň ýagdaýy has agraldy. Meniň göwnüme bolmasa, siziň geleriňize garaşyp ýatan ýaly bolup dur – diýip, habar berip, ýene tiz yzyna öwrüldi.

Şirin dagy gyzyň ýatan jaýyna bardylar-da, hassanyň gapdalynda oturdylar.

– Gytja jan! – diýip, ejesi onuň horja akja goşaryndan tutdy.

Gytja gözüni açyp, ejesine seretdi. Onuň ysgynsyz dodaklary gymyldady. Soň gözlerini agdaryp, başga birini gözledi. Şirine gözi düşdi. Oňa-da bir salym mähir bilen seretdi. Ýene dodaklar gymyldady.

«Pahyrjyk hoşlaşýar öýdýän» diýip, Şirin pikirlendi.

Bir salymdan soň ýaşajyk Gytjanyň gözleri ömürlik ýumuldy.

Kiçijik tamyň içinde inçejik pessaý ses edip, Gytjanyň ejesi bilen Şirin aglamaga başlady. Olaryň agysyna Nenegülem gelip goşuldy.

Gytja uly baýyň ýaş gelni-de bolsa, onuň ölümine iliňkä meňzeş aglanylmady, onuň ýasy iliňkä meňzeş tutulmady. Ony jaýlanam obada işsiz galan iki-ýeke adam boldy.

Akmyrady sylaýan dogan-garyndaşlary, goňşy-golamlary gelip, öý dolduryp oturan-da bolsalar, edilýän gürrüňler ýas gürrüňi däldi. Gürrüň ýer-suw paýlaşygy hakynda gidýärdi.

– Bir adamyň ata-babadan miras galyp gelýän ýerini-suwuny zorlap alyp, başga birine bermek uly günädir. Hökümet beýle günä işi etmez, oňa ynanmaň! – diýip, Samat işan başyny ýaýkady.

Halymsyran bolup ýatan Akmyrat tirsegine galdy.

– Ol hakda hökümediň karary gazetde çykdy diýýärler. Sen bir sowatly adam, ol karary okamadyňmy? – diýip, Akmyrat işana seretdi.

– Biz sowatlam bolsak, Gurhandan başga zat okamamyz bolmaz. Käpiriň gazetine elimizi degirmämiz bolmaz – diýip, Samat işan torsaryldy.

– Işan aga ýer-suw paýlaşygyna ynanmaň diýse, diýibersin. Ýöne paýlaşyk boljagy çyn. Ýer-suw paýlaşygy hakyndaky çykan karary Begenç molla gazetden okapdyr. Eýýäm komisiýa-da düzülipdir. Öz gulagym bilen eşitdim – diýip, Italmaz açyk aýtdy.

– Çyndyr, her hili hokga çykar diýseler ynanybermeli boldy. Samat işan, has çynyňy edip işlemeli wagtyň geldi. Iliň halal ýerini-suwuny almak gaty günädir. Işan, düşünýäň dälmi? – diýip, Akmyrat töweregine gaharly bakdy.

– Baý aga, gaty düşnükli, şeýle myrtar karar çykaýanam bolsa, biz oňa ýol bermeris. Günäni, sogaby, haýry-şeri halka gaty düşündireris. Hudaý ýol berse, bisimilla, ertirden işe başlarys – diýip, işan ýalynjaklady.

– Akmyrat kaka, ol ýetimegiň görnenok-la? – diýip, Italmaz gürrüňi başga ýana sowdy.

– Nowruzmy, äý, ony ýer çeksin, «Aşgabada okuwa gitjek» diýdi, menem razy bolmadym. «Begenç mollanyň elinde okaýarsyň, şol bolýar» diýdim. Meniň diýenimi etmän, gaçyp gitdi.

– Ol ýetimegi-hä eneden dogmadyk ýaly edäýse bor! – diýip, Italmaz ahmyr çekdi.

– Begenç molla-da ýöne däl. Täze mekdep açan bolup, jezitçe okadyp, kiçiden-ula ähli adamlary azdyrýar – diýip, Akmyrat başyny ýaýkady.

– Hemme zatdan öňürti, başaryp bolsa, şol ýoluny urduran mollanyň petigulusyny bermeli – diýip, işan Italmaza seretdi.

– Başartmajak zat bolmaz, işan aga – diýip, Italmaz jaýtaryp duran murtuny towlap goýberdi.

Adamlar dagandan soň öýde Akmyrat bilen işan galdy. «Gan ujundan alan gyzlarymyzyň bir-ä gaçyp gitdi, birem öldi. Indi «ýer-suw paýlaşygy» diýen bolup, gan ujundan alan ýerlerimizem yzyna gaýtaryp, öňki eýelerine beräýseler, gandarlyk täzeden başlanar…» diýip, içinden pikirlendi-de, öý eýesi birsalym dymyp oturdy.

Öý eýesiniň buýrugy bilen oturan Samat işan bu wagt «Begenç mollany ýok edip bolaýsa, oba meniň agzyma garar. Onuň bar işi meniň abraýymy döküp ýörmek…» diýip, öz duşmany hakda pikirlenýärdi.

– Işan, meniň keselim barha güýjäp barýar. Seniňem «Ak jyn urupdyr, gara jan urupdyr, jynlara meniň güýjüm ökdedir» diýip, beren dogalaryňy içdim, «dakynmaly» diýen dogaňam dakyndym. Olaryňam häzirlikçe edip barýan kömegi ýok. Indi näme etmeli. Ine, şonuň üçin seni alyp galdym – diýip, öý eýesi işana öz ýagdaýyny aýdyp geňeşdi.

– Akmyrat baý, seniň o keseliňden açylmagyň aňsat, jynlardan güýji ökde, uly işana okatmaly – diýip, Samat ýol salgy

berdi.

– Bu jelegaýlarda senden demi ýüwrük, senden jyna güýji ökde işan ýok. Şonuň üçinem özüň, gaýrata galaýmasaň bolmaz. Häziriň özünde okap başla – diýip, Akmyrat Samat işana ýüzlendi.

Akmyrat düşekçäniň üstünde ýatdy. Işan onuň başujuna golaýrak oturdy-da:

– Inne-hüw ýekiduna keýdeň!.. – diýip, okamaga başlady.

* * *

Begenç mugallym Oraz aganyň ýanyna gümür-ýamyr etmäge gelipdi. Çaý içip otyrkalar, Oraz aga:

– Begenç mugallym, ýer-suw paýlaşygy hakynda gürrüň ber-le. Hökümet baýlaryň ýerlerini alyp, garyplara berjekmiş diýýärler, şol çynmy? – diýip, sorag berdi.

– Dogry, ýer-suw paýlaşygy şu ýyl geçirilmeli. Eýýäm respublikan komissiýa düzülipdir. Indi raýon, soň oba komissiýalary düzüler. Ýersizlere, az ýerlilere ýer berilmeli, ýöne näçeräk ýer-suw berilmelidigini hem-de artyk ýerli-suwlulardanam näçeräk alynmalydygyny ýaňky komissiýalar çözmeli.

– Ikimiziňem ýer-suwumyz deňräk bar, bizden ýer-suw alnar öýdýäňizmi ýa berler öýdýäňizmi? – diýip, Oraz sorady.

– Meniň düşünşim boýunça, bize ýer-suw bererler. Biz ýalylary az ýerli hasaplasalar gerek – diýip, Begenç mugallym çen etdi.

– Akmyratlaryň-a ýer-suwy alynsa gerek.

– Olaryň ýer-suwundan örän köp alnar. Nurmyratlardan alan ýer-suwlaryny yzyna gaýdyp bermeli bolar.

– Onda ýaraşyklary nähili bolarka? Gan ujundan alan gyzlarynyň bir-ä gaçyp gitdi. Häzirem ugur tapylanok, birem öldi. Alan ýerlerinem yzyna gaýdyp berseler, ýaraşyk bozular. Ýene ölşük başlaýmasa ýagşy – diýip, Oraz pikirlendi.

– Ölüm allanyň buýrugy, ýer-suw paýlaşygyny bolsa hökümet geçirýär. Ol bir gyzyň gaçanynam ilkibada Nazardan görüp


enedilim.com

barladylar, aňtadylar, hiç zat tapmadylar. Ýa gyzyň özi gaçypdyr, ýa ony bir adam alyp gaçypdyr. Bu ýerde Nurmyradyň ogullary günäkär däl, şonuň üçin gan dawasy başlanmasa gerek – diýip, Begenç mugallym çen etdi.

– Belki hudaý, dawa bolmaýady-da. Aýnanyň gaçmagyny ilki bada hemme kişi Nazardan gördi. Bir topar adam Aýna ölendir, onda-da Italmaz öldürendir diýdi. Begenç mugallym, siz nähili çak edýäňiz? – diýip, dosty ondan sorady.

– Ölen bolsa maslygy tapylardy, gaçan bolsa nirededigi bilinerdi, meniň güman edişime görä, gyz hökümetiň internatyna tabşyrylandyr.

– Internatlaram Italmaz agtarypdyr, tapmandyr ahyry– diýip, Oraz aga mugallymyň ýüzüne seretdi.

– Ol Aşgabadyň internatyna seredipdir. Internat Gyzylarbatda-da, Bäherdende-de, Gökdepede-de, internat kän, haýsy birine seretjek, ondan soňam seredeniň bilen bolmaýar, ony pugta barlamaly.

– Nowruzam-a okuwa gidipdir.

– Ol meniň mekdebimde gowy okaýanlaryň biridi. Akmyrat razy bolmasa-da, ony okuwa men iberdim. Ýöne meniň iberenimi olar bilenok. Olar «Nowruz okuwa gaçyp gitdi» diýip ýörler – diýip, mugallym baryny bolşy ýaly aýtdy.

* * *

Akmyradyň keseli barha beterledi. Samat işanyň okanynyň peýdasy bolmady. Akmyradyň buýrugy bilen Italmaz örän atly bir tebibi tapyp geldi. Tebip kelte boýly, semiz, daýaw adam eken. Ol Akmyrat bilen salamlaşyp, keseliniň nämeden başlanyny sorady. Soňra:

– Keseliň bary maňa aýdyň, saňa bir-ä içden, birem daşdan em etmeli – diýdi. – Iç emini men öwredeýin, on günläp baýguşuň etini iýmeli, ýene on günem goýun kirpiniň etini soň-soňalar gidiberersiň. Häzir bolsa men daşdan edilýän emi edeýin – diýip, oragyň ujuny otda gyzardyp, Akmyradyň garnyna basyp

ugrady.

– Çyda, gaýrat et! – diýip, onuň garnyna oragyň otda gyzaran ujuny dürtgüläp çykdy. – Bar emiň-ýomuň şol bolsun – diýip, aklygyny alyp atlandy.

On gün baýguşuň, on günem kirpiniň etini iýýänçä, Akmyradyň garnynyň orak ýaralary bitdi, emma keseli azajygam ýeňlemedi, gaýta beterledi.

Akmyrady soramaga gelýän dogan-garyndaşlarynyň, dost-ýarlarynyň yzy üzülenokdy. Gelen «Ýokarky Bagyrda Üzümgül diýen bir tebip ýaşaýar weli, tüýs hakdan içen, her hili keseliň bolsa bolaýsyn, onuň eli degdigi bes! Äý, ol zor tebip! Ol täleýem garaýar. Onuň elinden gelmeýän zat ýok!...» diýip, ol tebibi taryplady.

Beýle mahabatdan soň, Akmyrat Nenegüli çagyrdy:

– Sen Üzümgül diýen tebibi tanaýarmyň?

– Adyny eşidýän, özüni göremok. Ýokarky Bagyrda oturýar, öýüni bilýän, ol örän baý aýal. Ol hassany görenden, onuň gutuljagyny bilse, em edip başlaýar, eger hassa öljek bolsa, onuň haçan öljeginem öňünden aýdyp bilýär. Ol garyplardan oňly aklyk almaýar, ýetim-ýesiri mugtuna bejerýär, emma baýdan aklygy gaty köp alýar...

– Aklygyň işi aňsat, hany, samrap oturma-da, ol, tebibi derrew alyp gel. Pul al-da, paýtunly gidip, alyp gel – dýýip, Nenegüli gyssagly Bagyr obasyna iberdi.

Nenegülüň geýmäge oňat geýimleri bardy. Ol baýyň diýenini edip, oňat geýindi. Paýtuna münüp, Bagyra tarap gitdi.

Üzümgülüň howlusynda adam kändi. Paýtuna ýol berdiler. Nenegül onuň müşderileriniň kän bolmagyna garaman, Üzümgüli paýtuna mündürdi. Üzümgülüň soragyna görä, ýolda Akmyrat hakynda, Gytjanyň ölümi hakynda biruçdan ol tebip aýala gürrüň berdi.

Üzümgül Gytjanyň horluk çekip ölenine gynanyp, Akmyrada sögdi.

– Sakla paýtuny, men yzyma gaýtjak, munuň ýaly adama men em etjek däl! – diýip, galmagal turuzdy.

– «Üzümgüle biderek zatlar aýdyp, meni ýamanlapsyň» di-

ýip ärim meni urar, nähilem bolsa, gideli. Başyňa döneýin, bir görnüp gaýt – diýip, Nenegül ýalbaryp, tebibi göwnetdi.

Üzümgül gapydan salam berip, içeri girende, hassanyň ýanynda Samat işan bilen Italmaz otyrdy.

Üzümgülüň giň, ala geýimlerem, başyndaky ýaglygam täzejedi. Ujundan ak giren burum-burum zülpleri onuň gasyn düşmedik garaýagyz ýüzüne haýbat berýär. Seredeňde, onuň owadan gara gözleri içinden geçip barýardy.

Ol geçip keselliniň ýanynda oturdy. Akmyrat biraz dikine galyp, ýassyga tirsegini berdi. Üzümgül ilki Italmaza çiňerilip seretdi. Italmaz onuň ýiti gözlerine seredip durup bildi. Üzümgül soň işanyň ýüzüne çiňerilip seredende, Samat ýüzüni sapajakladyp, tebibiň ýiti gözlerine seredip bilmedi. Üzümgül Akmyrada bakyp:

– Niräň agyrýar? – diýip sorady.

– Içim.

– Kirpi, baýguş, tomzak iýiberseň, içiňem agyrar. Häzir seniň içiň agyranok, ýüregiň agyrýar. Çep tarapyň käwagtlar sançýarmy?

– Sançýar.

– Ýüregiň agyrýar. Ýüregiň agyrmasynyň sebäbem bir ejizi gaty zulum edip, öldüripsiň, onuň gargyşy seni baýnatmaz. Ýüregiň agyrar, bagryňy gurt iýer.

Tebibiň gürrüňlerini eşidip, adamlar dymdylar. Samat işan «Gytjanyň gargyşy ýokandyr. Nähak nika gyýdyň diýip, maňa-da gargandyr. Menem onuň gargyşyna sezewar bolaryn…» diýip gorkdy, ýüzüniň gany gaçyp başlady.

Üzumgül işana çiňerilip seretdi. Işan ýüzüni sapajakladyp, özüni ýitirip başlady. Üzümgül ol işanyň nika gyýanyny Nenegülden eşidipdi.

– Samat işan, senem ol ejize zulum etmäge gatyşypsyň, şonuň üçin seniňem bagryňa gurt düşüpdir, tiz agyrysyny duýup başlarsyň!

Ýene dymyşlyk başlandy.

– Meni bu keselden halas et, mal gerekmi, pul gerekmi – gözüňi ýum-da agzyňy açaý, näme diýseň men bereýin. Bu keselden

meni halas et! – diýip, Akmyrat tebibe ýalbaryp başlady.

– Sen bu keselden gutulaňok, tebibiňem, işanyňam saňa peýdasy ýok, keseliň barha güýjär, şol garybyň ejir çekişi ýaly çabalanyp ölersiň! Hoş, men gitdim, gelin, meni ugrat! – diýip, tebip ýerinden turdy. Nenegül tebibi paýtuna mündürip ugratdy.

Öýde dym-dyrslyk başlandy.

## -13-

## TATÝANA MIHAÝLOWNA TEKINSKAÝA

Aýna hat okap, ýazyp bilýär. Gündelik berilýän öý işlerini kemsiz ýerine ýetirýäni üçin mugallymlaram, terbiýeçilerem Aýnany oňat görýärler. Aýna internatyň ähli gyzlary bilen öwrenişdi. Direktoram Aýnany oňat görýär. Aýna okamaga kitap ýok. Şäher kitaphanasyna, ony terbiýeçiler goýberenok. Özem köçä çykmaga gorkýar. Bir gezek Italmazyň internatyň işigine gelip, özüni aňtap ýörenini görüp, öz krowatynyň aşagynda gizlendi. Ýöne Italmazy internatyň howlusyna goýbermändirler. «Seniň gözleýän gyzyň bu ýerde ýok, bu ýerde diňe uly adamlaryň gyzlary okaýar» diýip, kowup goýberipdirler.

Şonda Aýna hasam gorkdy. Köçä çykmag-a däl, gapa golaýam baryp bilenok.

Aýna soňky wagtda iki dogan Gülsoltan hem Annagül bilen has dostlaşdy. Gülsoltan Aýna her kitaphanasyndan özbek, azerbaýjan dilinde her hili ertekiler, hekaýalar getirip berýärdi. Azerbaýjan dilinde «Garaja oglan» diýen hekaýany gowy görüp, Aýna ony gaýtalap-gaýtalap okady.

Bir gün Walýa bilen Kakajan Aýnanyň yzyndan geldiler. Walýa oňa:

– Aýna jan, ejem oňat nahar bişirdi, bize gideli, ejem, kakamam seniň ýoluňy garap otyr – diýdi.

– Men direktorymyzdan rugsat alaýyn, ol rugsat bermese, gidip bilmen.

– Bar, rugsat sora, direktoryň rugsat berer. Ol meniň kakamam, ejemem tanaýar ahyry. Ýa bile baraýaly.

– Direktor meni gowy görýär. Yzymdan siziň gelip, öýe çagyrýandygyňyzy aýtsam, özem rugsat berer. Meniň iki sany

gowy joram bar, olaram äkidäýeli, bolýarmy?

– Bolýar, bar, olara-da rugsat al, äkidäýeris – diýip, Walýa jogap berdi.

Walýalara gitmäge Aýna direktordan rugsat alyp, joralary bilen Walýalara gitdiler. Walýanyň ejesi, kakasy bu gyzlary gowy garşy aldy. Çaýyň başynda otyrkalar, Gülsoltan bilen Annagülüň familiýalarynyň Tekinskaýadygyny eşidip, Walýanyň kakasy birhili mähir bilen ol gyzlara seretdi.

– Tatýana Mihaýlownanyň gyzlarymy? – diýip sorady.

– Hawa, biz Tatýana Mihaýlownanyň gyzlary – diýip, Gülsoltan jogap berdi.

– Gaty gowy adamdy, men ony gowy tanaýardym – diýip, Walýanyň kakasy Gülsoltan bilen Annagülüň ejesi hakynda gürrüňe başlady:

– Iňlis hökümeti özüne bakna edinmek üçin owganlar bilen urşanda, Orta Aziýany iňlislerden gabanyp, rus patyşasam tekeleriň üstüne goşun çekip geldi. Köp uruşdan soň Gökdepe galasy gabaldy.

Ahaldaky tekeleriň ählisi çaga-çugalary, garry-turtulary bilen galanyň içine üýşüpdir. Giň galanyň içi gara öýlerden, oraçadyr çatmalardan, kümedir dölelerden hyryn-dykyn doludy. Galanyň içinde olaryň çaga-çugalaryna, mal-garalaryna ýer tapylanokdy.

Gara batyr, Halmämmet serdar, Nurberdi hanyň uly ogly ýaly ýigitler daşyna müňläp-müňläp atly ýygnap, entek ak patyşanyň goşunlary gala gelmänkä, olaryň öňünden çykyp uruşdylar. Bu atlylaryň ulanýan ýaragy zybrym gylyç bilen naýzady. Ak patyşanyň goşunynyň gylyç, naýzadan başga, tüpeňi, topam kändi. Çozup gelýän teke atlylaryny patyşa goşuny topa tutýar, duşmanyň üstüne gelýänçä ol atlylaryň köpüsi guma garylýar. Duşman bilen çaknyşanda gylyçlaşýarlar, ahyry gaçanlarynda ýene olar yzlaryndan topa tutulýarlar.

Patyşa goşuny urşa-urşa, ahyry galanyň daşyny gabaýar.

Tekeler berk durup, galany aldyrmaýarlar. Ýigitler galanyň üstünde gylyçly durup uruşsa, gyzlar, gelinler syryklarynyň ujuna gyrkylyk dakyp, gala dyrmaşyp gelýän soldatlaryň göwsünden urup, arkanlygyna agdarýarlar. Uruşmaga güýji bolmadyk

garry aýallar, erkekler galanyň üstünde durup, aşakdan dyrmaşyp gelýän soldatlaryň depesinden gaýnag suw guýýarlar…

Beýdip galany alyp bolmajakdygyna gözi ýeten ak patyşa goşunynyň baş komanduýuşisi general Skobelew galanyň içini topa tutmaga buýruk berýär.

Galanyň içine dökülýän snarýadlar heläkçiligi köp edýär. Öýleri, çatmalary, oraçalary ýakyp-ýandyrýar. Kümäniň, ýerzeminiň, garymyň içinde öz janyny saklaýan garry-gurtular, çaga-çugalar çym-pytrak bolup, asmana sowrulýar.

Ol gyrylýan çagalaryň ýurt goraýan ata-eneleri, garrylaryň ogul-gyzlary bu rehimsiz gyrgynçylygy görüp, has janyýangynly, has güýçli uruşýarlar.

«Duşman tutara ýer tapmasyn, ölýänçäk ele düşmän, urşaly» diýip ýaş ýigitler geýimlerini çykaryp, endamlaryna ýag çalyp, egri gylyçlaryny gola alyp, galadan daş ýüzüne gije syrylyp düşýärler-de, daň atýança tä jansyz ýykylýança kerçeşýärler. Ol ýalaňaç adamlaryň hiç biri yzyna gaýdyp gelmeýär. Olar gidende yzyna gelmek üçin gitmeýär, olar hoşlaşyp, watan üçin gurban bolmaga gidýärler.

Köp jeňi başyndan geçirip, harby işe ezber bolan general gijelerine ýer gazmagy buýurýar. Ýeriň aşagy bilen guşluk gündogar tarapyndan galanyň aşagynda örän köp däri goýduryp otladýar. Därä ot düşüp, partlan wagtynda, onuň üstünde duşman çozaryna garaşyp duran eli gylyçly ýigitler, gyrkylykly gelin-gyzlar galanyň şol tarapy bilen asmana atylyp gidýärler.

Bu uly gümpüldiden zähresi ýarylan ýaly gorkan watan goraýjylar hem olaryň maşgalalary galanyň demirgazyk tarapyndaky agza tarap gaçmaga başlaýar. Partlamanyň zarbyna açylan ullakan gädikden general Kuropatkiniň soldatlary galanyň içine tarap çozup başlaýar. Bu ýagdaýy gören bir serdar öz ýigitleri bilen yza serpip, ýaňky çozup gelýän soldatlara tarap topulýar. Ol ýigitler çozan soldatlary saklaýarlar, tä biri galman gyrylýança urşup, galadaky ýesirlere gaçmaga maý berýärler. Bu gyrlyşykdan ölmän galan soldatlar galanyň içi bilen ylgap, yzyndan ýeten ýesirlerini, oňly gaçyp bilmeýän ýaralylary, garry-gurtulary gylyçdan geçirip, galanyň gaýraky agzyna barýarlar. Galanyň

gaýraky agzyndan başlap, tä guma çenli uzak meýdan başagaý gaçyp barýan bosgundan doly. Soldatlar ýadaw bolansoň, olar gaty ylgap, köp gyryp bilmändirler.

Ak atly beýik tümmegiň üstüne çykyp, eli dürbüli bu ýagdaýy görüp duran general Skobelew atly polkuna mazlumlaryň yzyndan at goýmaga hem olary gyrmaga buýruk berýär.

Uruş tamam bolandan soň galanyň içinde öz ene-atasyny aldyran bir kiçijik gyzjagazyň ölüleriň arasynda aljyrap, gidere ugur tapman aglap, elewräp ýörşüne orta ýaşan bir soldatyň gözi düşýär. Ol sakgally soldat yzynda galdyran öz gyzjagazyny ýatlaýar, ylgap baryp, ýaňky gyzjagazy gujaklap göterýär. Ony bagryna basyp alyp gaýdýar.

Ýolda sançastdaky gyzlar soldaty çagyryp, onuň goltugyndaky gyzy görýärler.

– Bu gyzy seniň äkidere ýeriň ýok, bu gyzjagazy bize beräý – diýýärler.

Soldat:

– Dogry, äkidere ýerim ýok. Bu elewräp ýören gyzjagazy görenimde, öz gyzym ýadyma düşdi. Oňatja gyz bolansoň, muny alanymy duýman galdym – diýýär-de, olar bilen ylalaşyp, gyzjagazy bir gartaňrak sanitarka berýär.

– Horlaýmagyn! – diýip tabşyrýar.

Sanitarka ol gyzy äkidip, tämizje edip ýuwundyrýar. Onýança ýaňky soldat öz täzeje çalşyrgyç köýnegini getirýär. Soň ýaňky eneke ol täzeje soldat köýnegini geýdirip, gyzy naharlaýar.

Gyzjagaz ilkibada aglaýanam bolsa, soňabaka ýuwaş-ýuwaşdan aglamasyny azaldyp, öz enekesi bilen öwrenişip başlaýar. Bu gyzyň ady Artykgül eken. Gyz garagözelek owadanja bolansoň, sançastdaky işleýän ähli gyz-gelinler ony gowy görýärler. Çörek, suw dilemäni öwredýärler. Gyzjagaz kem-kemden rus dilinem öwrenip başlaýar. Bir gün şol gyzy ilki alan soldat olja alnan bir bölek matany getirip:

– Şu matadan köýnegem, balagam tikseňiz bolar – diýip, garry sanitara berýär.

Şol gün ýaňky matadan Artykgüle köýnek, balak tikip geýdirýärler.

Uruş bireýýäm gutaryp, ýaraşyk baglanyşylandan soň, general Skobelew yzyna Peterburga gitjek bolup, öz goşuny bilen hoşlaşyp gelýärkä, hälki sançastyň üstünden ýoly düşüpdir. Ol täsin kiçijik gyzjagazy görüp, general geň galýar:

– Bu kim?

Sançastyň adamlary bu gyz hakda bolşy ýaly edip gürrüň berýärler. General biraz salym pikirlenip durýar-da:

– Bu gyzy äkidip meniň wagonyma salyň! – diýip buýurýar.

Generalyň daşyndaky hyzmatkärleri, hiç kimiň närazylygyna garaman, gyzy äkidýärler.

Peterburga barandan soň, Artykgüli general öz aýal doganyna sowgat berýär. General soň uzak ýaşamaýar.

Artykgüli generalyň aýal dogany edil öz çagasy ýaly edip ösdürýär. Adyna Tatýana Mihaýlowna Tekinskaýa diýýär. Ony Peterburgda «Institut blagorodnyh dewis» diýen okuw jaýynda okadýarlar. Ol instituty gutaran wagtam patyşa hökümeti ýykylýar. Graždanlyk urşy döwründe Artykgül ömürboýy küýsän öz ata watanyna – türkmen ýurduna gaýdyp gelýär.

Tatýana Mihaýlowna Aşgabatda aýallar gimnaziýasynda mugallyma bolup ýörkä, men onuň bilen tanyş boldum – diýip, Walýanyň kakasy gyzlara gürrüň berdi.

– Häzir ejeňiz nirede? – diýip, Walýa Gülsoltandan sorady.

– Ejemiz Artykda mugallymçylyk edip ýörkä, aradan çykdy. Kakamyzyň ady Annamyrat, olam ýok. Indi bir garry atamyz bar. Oňa Gurban işan diýýärler. Ol Tejende ýaşaýar. Ol käwagt biziň yzymyzdan gelýär – diýip Gülsoltan Tekinskaýa öz enesi, atasy hakynda gysgajyk gürrüň berdi.

– Şeýlelik bilen Tatýana Mihaýlowna pahyr iň soňunda gelip, öz ata watanynyň topragyna garylypdyr-ow – diýip, Walýanyň kakasy başyny ýaýkady.

Walýanyň ejesi:

Elleriňizi ýuwup, stoluň başyna geçiň! – diýip buýurdy. Myhmanlar türkmen palawyny iýmäge başlady.


enedilim.com

-14-

## ENE KULYÝEWANYŇ INTERNATY

Bir gün Ene gelip, zalda gyzlar bilen şatlykly gürleşdi. Gyzlaryň her haýsynyň ýaňagyndan ogşady, kimiň başyny sypady.

– Gyzlar üçin ýaz köýneklik mataňyzy aldyňyzmy? diýip, ol direktordan sorady.

– Sag boluň, Ene Kulyýewna, eden kömegiňize, köýneklik matalary aldyk – diýip, Antonina Iwanowna jogap berdi.

– Men Moskwa gitjek, gyzlar, size näme getirip bereýin? – diýip, Ene Kulyýewa gyzlara ýüzlendi.

– Bize zat gerek däl, özüňiz sag-aman gidip geliň! diýip, gyzlar gygyryşdylar.

Ene Kulyýewa gyzlar bilen hoşlaşdy. Baýramgül bilen Ýazgül hersi onuň bir elinden tutup, howlynyň gapysyna çenli bile gitdiler.

– Nähili ýüzi nurana, owadan aýal! – diýip, Aýna höwes bilen onuň yzyndan seredip galdy.

Okuwdan soň gyzlar Nina Prohorowanyň ýolbaşçylygy bilen ýaňky matadan özlerine ýaz köýnegini tikmäge başladylar.

Bir gün Garry Kulyýew internata gelip, Baýramgül bilei Ýazgüli alyp gitdi.

Gyzlar howlynyň içinde elewreşip durdy. Onýança AntoFnina Iwanowna:

– Ene Kulyýewa Moskwada özüni sowuga urdurypdyr. Ýoňlapdyr, gorkmaň, gyzlar, ol daýaw ýaş göwre çala-çula kesele baş bermez, gutular – diýdi.

Gyzlar Enäniň ýaş, daýaw göwresini, owadan bugdaýreňk ýüzüni göz öňüne getirip, gynanç bilen onuň syrkawlygyny ýatladylar.

Aşgabat şäher çagalar býurosy internatyň pioner gyzlaryna wožatyý edip, Töräni belläpdi. Dynç alynýan gün Töre internata gelip, pioner gyzlary hatara duruzdy. «Pioner nähili okamaly, nähili ýaşamaly, pioner mugallymlar bilen, öz ýoldaşlary bilen nähili aragatnaşykda bolmaly» diýip, ilkibada köp gürrüň etdi. Soňam erkekler hem aýallar pedtehnikumynyň, oba hojalyk tehnikumynyň pionerleriniň şu dynç alynýan gün Köşi bagyna ýygnanýandygyny, şol baga gyzlar internatynyň pionerleriniňem barmalydygyny aýdyp, Töre direktordan rugsat sorady.

Direktor pikirlendi. Aýnanyň ýagdaýyny ýadyna saldy:

– Gyzlaryň birnäçesi duşmanlydyr, ol baga äkidip bolarmyka? – diýip, Töräniň ýüzüne seretdi.

Bu meseläni şäher komsomol komitetem bilýär. Eýýäm biziň gyzlarymyzyň gezjek ýerlerine milisiýa iberildi. Antonina Iwanowna, siz ol hakda arkaýyn bolaýyň! – diýip, Töre garamaty öz boýnuna alyp, ahyry direktordan rugsat aldy.

...Köşi bagy dynç alýanlardan doly. Gün düşmeýän saýaly giň köçeleriň gyralarynda moroženoe, limonad. . . kän. Her kim ýüzüniň ugruna iýýär, içýär.

Bu baga diňe tehnikumlaryň däl, şäheriň köp mekdepleriniň pionerleri gelipdir. Olar bagyň köçelerinde seýil edip, gezmeleşip ýörler. Öňlerinden pioner duşanda «Taýýar bol!» diýip, sag ellerini maňlaýyna tarap göterýärler. Gelýänlerem «Mydam taýýar!» diýip, sag ellerini maňlaýlaryna göterip, olara jogap berýärler.

Anna, Baýramgül, Gülsoltan dagy Aýnanyň ýagdaýyny çalarak aňýandyklary üçin, bary onuň daşynda, bile gezýärdiler.

Aýnanyň gözi aňyrdan topar gurap gelýän oglanlaryň arasyndaky Kakajana düşdi. Kakajan dagy pioner salamy bilen gollaryny galdyrdylar. Soň Aýna bilen Kakajan gyra sowuldylar.

– Nazar kakamdan hat aldyňmy?

– Hat aldym, saňa salam aýdypdyr. Me, şu haty bereýin, oka, içinde adresem bar, hökman hat ýazgyn.

– Hökman hat ýazaryn! – diýip, Aýna doganynyň ýazan hatyny aldy.

Onýança biri:

– Salam! – diýip, bularyň ýanyna geldi.

– Nowruz, salam! – diýip, Kakajan görüşdi.

– Aýna, gurgunmysyň? – diýip, Nowruz Aýna bilen salamlaşdy. «Nähili owadan gyz bolup ýetişipdir. Italmazyň sygyr dölesinde demigip ýören gyz diýseň, kim ynanjak?! Şu wagt Italmazyň özem görse, Aýnany tanamaýar. Tüweleme, boýam ösüpdir» diýip, Nowruz pikirlendi.

– Obadan şol tersleşip gaýdyşyňmy? Soň barmadyňmy diýip, Kakajan Nowruzdan sorady.

– Geçen dynç alyş agşamy hiç kime görünmän baryp, Neregüliň gara öýüne girdim. Nenegül pahyr meniň baranyma begendi. Häzirem Aýnany gözläp ýörler, ugur tapanoklar. Akmyrat meni öýüne çagyrdy. «Okuwa giren bolsaň, okaber, han ogul, seniň okamagyňa men garşy däl» diýdi. Soňam «Ol ýerdäki gyzlar mekdebine aýlanyp gör, ol gaçan haramzada ýokmuka? Bir ýerde bardygyny bilseň, bize habar et» diýip tabşyrdy,– Şäher mekdebiniň ähli gyzlaryny tanaýaryn, olaryň arasynda Aýna ýok – diýdim.

– Olar seniň sözüňe ynandymy? – diýip, Aýna sorady.

– Olar meniň sözüme ynansa-da ynandy welin, özleri bir zat aňlaýan bolmaga çemeli. Aýna, entek sen kän geziji bolma – diýip, Nowruz tabşyrdy.

– Obada başga näme täzelik bar? – diýip, Kakajan sorady.

– Akmyrat syrkaw ýatyr – diýip, Nowruz tebibiň gürrüňini edip berdi. – Tebibiň gürrüňine ol gaty ynanypdyr. «Bagrymy gurt iýýär» diýip, gün geldigiçe horlanýar diýýärler. Samat işanam syrkawlapdyr. Olam tebibiň aýdanyna ynanypdyr. Olam «bagrymy gurt iýýär» diýip, toba edip, gije-gündiz doga okap, hudaýa ýalbarýa diýýärler.

–Ýer-suw paýlaşygy hakda näme gürrüň bar? Komissiýa düzülipmi? – diýip, Kakajan sorady.

– Enteg-ä komissiýa düzülmändir. Kakajan, men saňa-da, Aýna-da duşjak bolup, sizi aňtadym. Geljek okuw ýylyndan ikiňizem tehnikuma okuwa giriň, biriňiz erkekleriňkä, Aýna bolsa aýallar tehnikumyna. Bolýarmy?

– Meni alarlarmyka? – diýip, Aýna ikirjiňledi.

– Alarlar, siziň direktoryňyz gowy, şony öňüňe sal-da, ber arzaňy.

– Bolýar.

Soň hoşlaşyp, Nowruz gitdi.

– Gowy ýigit bolup ýetişipdir – diýip, Aýna Nowruzyň yzyndan seredip galdy. – Honha, wožatylar gelýar!

Wožatylaryň gelýän tarapyna Kakajanam seretdi. «Töre Geldiýew, Akmämmet Saryýew, Aýtakowa, Çary» diýip, Kakajan olaryň atlaryny içinden sanady.

Wožatylar bularyň deňesine gelip, «Taýýar bol!» diýenlerinde, Kakajan bilen Aýna ellerini galdyryp, «Mydam taýýar!» diýip, deňje gygyrdylar.

Internat gyzlary seýil bagdan gelip ýuwundylar, nahar iýdiler.

Direktor Aýna seredip:

– Aýna jan, bar, Baýramgüli meniň ýanyma çagyr! – diýdi.

Antonina Iwanowna seredende, Aýna onuň gözünde ýaş gördi. «Aglapdyr, näme bolduka?»

– Bolýar – diýip, Aýna ylgawyna gitdi.

Baýramgül dagy derrew direktoryň ýanyna geldiler.

– Baýramgül, Ýazgül, Aýna senem, baryň, gaýdyň! – diýdi. Başga zat diýmedi.

Baýramgül dagy öýlerine gaýtdylar. Olaryň öýleri Teke bazary bilen Rus bazarynyň aralygyndady.

Ol günüň ertesi «Ene Külyýewa ýogalypdyr» diýen ajy habar ýaýrady. Gyzlar aglaşyp başladylar.

Bir gün internat gyzlary ýas lybaslaryny geýip, baýdaklarynyň başyna gara lenta dakyp, nyzam bilen Aşgabadyň demir ýol wokzalyna tarap ugradylar.

Hemişe gyzlar nyzamly bir ýere gidenlerinde, aýdym aýdardylar. Bu gezek aýdym, gürrüň ýok, ýüzüni sallaşyp barýardylar.

Gyzlar wokzalyň öňünde nyzamly durdular. Aşgabadyň beýleki okuw jaýlarynyň adamlaram, işçiler, gullukçylaram, daýhanlaram, aýallaram sessiz durdular. Wokzalyň öňündäki meýdançanyň märekesi örän köpeldi.

Moskwadan gelen otlynyň yzyna tirkelen gyzyl wagonyň

öňüne hökümet, partiýa ýolbaşçylary: Aýtakow, Mežlauk, Sähetmyradow, Atabaýew, Kulyýew, Amanekow, Gurban Sähedow, Çary Wellekow, Döwlet Mämmedow dagy bardylar.

Gyzyl wagonyň içinden Ene Kulyýewanyň tabydyny alyp, ýaňky ýolbaşçylar eginlerine göterip ugradylar. Wokzalyň öňüne üýşen märeke-de olaryň yzy bilen ugrady.

Tabydy göterip, Karl Marks meýdançasynyň ileri gyrasyna golaýrak ýerde goýdular. Soň ýas mitingi açyldy. Aýtakow sözledi. Mežlauk sözledi. Olar Ena Kulyýewanyň eden işleri, adamkärçiligi, aýallar azatlygy ugrunda alyp baran goreşleri hakynda aýtdylar.

Bir oba aýaly çykyp, örän ýangynly, örän gynançly sözledi. Ol aýala Annajemal Hydyr gyzy diýdiler.

Ene Kulyýewa jaýlananda ýeke aýallar, gyzlar däl, şol meýdançada duran adamlaryň köpüsi gynanyp, gözýaş etdi.

Iň soňunda «Ýatan ýeriň ýagty bolsun!» diýip, adamlar dagady.

Internat gyzlary Baýramgül, Ýazgül, Anna dagy bilen deň ýas tutdular. Olaryň internatyna bolsa Ene Kulyýewanyň ady dakyldy.

## -15-

## ANNAJEMAL

Bir gün internata Oguljemal diýen bir gyzy getirdiler. Ol on bäş ýaşlar töweregindäki ýaş gyz-da bolsa, özi daýawdy, görmeklidi, ýöne kän aglan bolmaga çemeli, gözleri gyzaryp, gabaklary pökgeripdir.

Oguljemalyň kakasy Akmämmet atly bir garyp, daýhan adam eken. Bular Nowa diýen çaklaňrak obada ýaşaýarlar. Akmämmet obada ýygnak bolsa özüniň aýaly bilen bile gider eken. Bular «Goşçular» soýuzyna girýärler. Hökümetiň garyp daýhanlara berýän kömeginden peýdalanýarlar. Durmuşlary ýagşylanyp ugraýar.

Akmämmedem, Annajemalam gaty dogruçyl adamlar. Goňşy-golamam bir mesele hakda gelseler, örän dogry maslahatlar berýärler. Oba ýygnaklarynda-da bildiklerinden dogry gepleýärler.

Bir gün Akmämmedi oba Şurasyna çagyrýarlar.

– Annajemaly aýallar sowetiniň başlygy edip belläýsek, sen garşy bolmazmyň? – diýip, ondan soraýarlar.

– Başarfilm? Sowatsyzrak bolaýmasyn? – diýip, Akmämmet ikirjeňleýär.

– Sowadam oňşuk ederçe bar-la, likbezi gutardy, oňat okap bilýär, ýazyp bilýär.

– Äý, özüňiz razy bolsaňyz, Annajemal bilen sözleşip görüň, özi şol işi başaryn diýip, boýun alsa, men garşy däl – diýip, Akmämmet razyçylyk berýär.

Annajemal aýallar sowetinde işläberýär, ýyl geldigiçe ol işe ökdeleýär. Aýallar ony gowy görýärler.

Sähel bir zat bolsa, onuň ýanyna barýarlar. Ol hem baranyň


enedilim.com

işini oňardygyndan oňuna çözerdi. Ilçilik-dä, ol käbir adamlara ýamanam görünmeli bolýar.

Şol obadan Jemal diýen gyz Mürrük diýen bir garyp ýigidi gowy görýär. Olar pynhan-pynhan duşuşýarlar, durmuş gurmak hakynda süýji arzuwlar edýärler. Bu meseleden Annajemalyň biraz habary bolupdyr. Mürrügiň ejesi, kakasy Jemalyň kakasyna gudaçylyga barýarlar. Jemalyň kakasy «Eşek öz deňini gaşar» diýip, olary kowup goýberipdir.

Annajemal Jemalyň kakasyna töwella edýär. Ol razy bolman, «Iliň maşgala durmuşyna goşulma» diýip, Annajemalyňam ýüzüni alyp goýberýär.

Soň Jemalyň kakasynyň bir baý adam bilen guda bolup, lomaýja galyň alanyny aňyp, Annajemal milisioner bilen barýar-da, gudalaryň ikisinem tutdurýar, Jemalam Mürrüge gowşurýar.

Ine, şeýlelik bilen Annajemal bir adama ýagşylyk edende, beýleki adama ýamanlyk etmeli bolýar. Annajemaldan ýagşylyk gören adam «Ýaşyň uzyn bolsun» diýip alkyş okaýar, emma ondan ýamanlyk gören adam käýinip ýa gargynyp goýanok, ol Annajemalyň aýagynyň aşagyny gazyp ugraýar, oňa ýamanlyk edip başlaýar.

Annajemalyň dogruçyl, ýüzgörmezek gowy işgärdigini bilip, ony raýona işe alýarlar. Raýonda hem ol aýallar sowetiniň başlygy bolýar.

Annajemalyň duşmany has köpelýär. Birnäçeleri gelip, Annajemaly Akmämmede ýamanlaýar. «Men öz aýalymy gowy tanaýaryn, daşda geziň!» diýip, ol Annajemaly ýamanlanlary kowup goýberýär.

Annajemaly Akmämmede ýamanlandan peýda ýokdugyny bilip, ony örän «edenli» doganoglanynyň–Paýtynyň ýanynda ýamanlap başladylar.

Ilkibada Paýtyny öwýärler. «Şu tirede senden başga ar-namysa düşünýäni ýok…» Paýty bular ýaly gürrüňe göterilip, murtlaryny towlap, tiräniň aryny alýandan, namysyna galýandan bolan kişi bolýar.

Annajemaly ýamanlaýanlar onuň işi hakynda bir agyz hem gürrüň etmän, onuň özüni ýamanlaýarlar. «Birinjiden, iň bir ejiz,

bigünä musulman bendeleri hökümete ýamanlap tutdurýar. Ol ejize ganym. Ikinjiden, ol Annajemal sizi äsgermän, gören bilen tirkeşip, siziň abraýyňyzy gaçyryp ýör…» diýýärler. Paýty bolsa, Annajemalyň duşmanlarynyň gepine gidip, barha gyzýar, barha gaharlanýar.

Paýtynyň özem işläp, zähmet çekip eklenýän adam däl. Ol ýol uran galtaman, adam öldürmäni suw içençe görenok. Ol köpüň biri, onuň özüniňem bir topar ogly bar.

Bir gün Akmämmet döläni arassalap durka, bir gyratly onuň ýanyna ýakyn gelip:

– Heý, hany bir çilim otlap ber! – diýip, gaharly gygyrýar.

Akmämmet gyr atyň üstünde oturanyň Paýtydygyny görýär.

– Salawmaleýkim!

Olam göwünli-göwünsiz:

– Gurgunmy – diýýär.

Akmämmet çilim otlap, oňa uzadýar. Paýty çilimi alyp:

– Sen şu heleýiňi işden aýyr. Ogluňam Gökdepäniň internatyndan çykar, gyzyňam okuwa iberme! – diýip herrelýär.

– Ol aýdan zatlaryň hiç birem edilmez – diýip, Akmämmet ýuwaşrak jogap beripdir.

– Heleýiňe diýeniňi etdirip bileňokmy? Bolýar, onuň ugruna özüm çykaryn – diýip, Paýty ýaňky otlanan çilimem çekmän, Akmämmede tarap gaharly zyňyp goýberýär-de, atyny saýgylap, çapdyryp gidýär. Akmämmet «Bu ne päli azan» diýip, onuň yzyndan seredip galýar.

Il ýatyp, it uklandan soň, ýarygijeler dört sany adam Akmämmediň gapysyny şakyrdadyp, kürsäp öýe girýärler.

Akmämmet oýanyp dik oturanda, ony arkan basyp, ýiti pyçagy bogazynda goýýarlar.

– Gygyrsaň, kelläňi aýraryn! – diýip, bir gyryk sesli adam haýbat atýar.

Onýança Annajemalyň hyňk-hyňk edip çala sesi çykýar. Öçlüler ganly işini edip gutaryp, derrew atlanýarlar-da, gaçyp gidýärler.

Goňşy-golamlar ylgaşyp gelýärler. Akmämmet özüne gelip, çyrany ýakyp seretse, Annajemal gana bulaşyp ýatyr.

Goňşy aýallar aglaşýarlar. Oguljemal:

– Waý, eje jan! – diýip, inçe sesi bilen, daňyň alagaraňkysynda bütin obany ýaňlandyryp gygyrýar.

Irden raýondan adamlar gelýär.

Paýtyny dört ýoldaşy bilen suduň öňünde oturdaýarlar.

...Oguljemal Ene Kulyýewanyň internatynda gözüne ýaş aýlap, bu wakany gyzlara gürrüň berdi.


enedilim.com

-16-

# GÖREŞ ÝITILEŞÝÄR

– Oraz aga! – diýip, daşardan Begenç mugallymyň sesi eşidildi.

– Hawa – diýip, Oraz daş çykdy.

– Hany, ýygnaga gitmerismi?

– Gidäýeris – diýip, Oraz razylaşdy.

Iki ýoldaş oba Şurasynyň edarasyna tarap tirkeşip ugradylar.

– Näme hakda ýygnak boljakka, bilmediňmi? – diýip, Oraz ýoldaşyndan sorady.

– Hemişekiler ýaly-ha däl, öz-ä uly ýygnak boljak, jar çekenleri bilenem oňman, öýbe-öý aýlanybam çykdylar. Saňa-da öýüňe gelip habar berdiler dälmi?

– Äý, gaýgy etmesene, barar-da, näme diýseler görübereris – diýip, Begenç mugallym ýoldaşyna göwünlik beren boldy. Ýöne ikisem ünjä gitdi. Şol ýagdaýda-da oba Şurasynyň jaýyna bardylar.

Oba Şurasynyň edarasynyň içem, eýwanam, töweregem oba adamlaryndan doly, käýerde aýallaram görünýär. Begenç mugallym dagam bärden salam berip bardy. Bularyň gelenini görüp, oba Şurasynyň mürzesi bular bilen gadyrly salamlaşyp:

– Begenç mugallym, sag bol, Oraz aganam getiripsiň! – diýip, jaýa girip gitdi.

«Bularyň meniň bilen bir işleri bar bolmaga çemeli» diýip, Oraz aga has ünjä gitdi.

Mürze ýene tiz daş çykyp:

– Adamlar, oturyşyň, häzir ýygnagy başlaýarys – diýdi-de gygyrdy. – Bärde, ine şu ýerde! – diýip, edaranyň öňündäki meýdançada adamlary oturtdy.

Oba Şurasynyň başlygy gelip, ýygnagy açdy. Prezidium saý-

landy. Begenç mugallymam prezidiuma saýladylar.

Raýonyň wekiline söz berildi. Raýondan gelen gysga boýlurak Ataýew diýen adamdy. Ol düýn ýer-suw paýlaşygy hakynda raýonda aktiwleriň ýygnagynyň geçenligi hakda, ýygnakda respublikan komissiýanyň başlygy Halmyrat Sähetmyradowyň eden gürrüňi hakynda aýdyp, Sähetmyradowyň aýdan zatlaryny ýekän-ýekän halka düşündirdi.

– Biziň her obamyzyň bir tüýsli suw ýagdaýy bar. Bir obanyň suwy has güýçlürak, ikinji bir obanyň suwy has ejizräk, şonuň üçinem her ülüşe pylança sagat suw bermeli diýip aýdyp bolanok. Mysal üçin, siziň Tutlygala obaňyza dagdan gelýän çeşmäniň suwy Daşlygalanyňka garanda has güýçli. Siziň ýabyňyzyň suwy on dakykada çaklaňrak bir peli suwarsa, Daşlygalaň suwy şonuň ýaly peliň ýarysynam suwaryp bilmeýär. Şonuň üçinem her paýa suwuň güýjüne garap, dakykamy, sagatmy – bermeli bolar.

Soňra raýonyň wekili ýer-suw paýlaşygyny örän gysga wagtda gutarmalydygyny aýtdy.

Soňra ýer-suw paýlaşygynyň oba komissiýasyny saýladylar. Komissiýanyň hataryna Begenç mugallym bilen Orazam girizildi.

Soň saýlanan komissiýanyň ýygnagy boldy. Komissiýanyň başlyklygyna oba Şurasynyň başlygyny, onuň mürzeligine-de Begenç mugallymy saýladylar.

Ataýew saýlawa başlamazdan ozal komissiýanyň etmeli işlerini düşündirdi:

– Ilki bilen ýer-suw beriljek hojalyklaryň sanyny takyklamaly. Her on bäş günden suw nobaty aýlanjak bolsa, her hojalyga näçe dakyka suw bermeli boljak? Siziň suwuňyz bir dakykada näçeräk ýeri suwaryp biljek, ine şoňa görä-de her hojalyga ýer bermeli. Ýer berlende dogan bilen doganyň ýeri goňşy düşer ýaly edip paýlamaly. Iň soňunda şu işleriň hasabyny edip gutaranyňyzdan soň, maňa habar beriň, men gelip barlap görjek. Eger şol hasabyňyz dogry çyksa, men özüm bilen bir ýer gurluşykçyny alyp gelerin. Ine, şeýlelik bilen ýeri paýlamaga başlarys.

Şonda kimiň suwundan näçeräk almalydygy, kime näçeräk


enedilim.com

suw bermelidigi belli bolar...– diýip, Ataýew gaýtdy.

Begenç mugallym bilen Oraz näme üçin ýygnaga beýle berk çagyrylandyklaryna indi düşündiler.

Komissiýa çlenleri her gün diýen ýaly oba Şurasynyň edarasyna üýşüp, kimden näçe suw alynjagyny, kimiň öňki suwunyň üstüne ýene näçe suw beriljekdigini hasaplaýardylar.

* * *

Ahyry komissiýa hasap ugruny gutaryp, raýondan Ataýewi çagyrdy. Ataýew barlap gördi, komissiýanyň ýalňyşyny tapyp, düzetdi. Soňra ýer gurluşykçyny çagyryp, ýeri paýlap başladylar.

Her hojalyga, her paýa elli dört dakyka suw ýetdi. Nurmyradyň suwuny ýedi dogana paýlamankalar, onuň kyrk dokuz dakyka suwy bardy. Bir paýdanam bäş dakyka az eken. Nurmyradyň her ogluna bir paý suw berdiler. Nurmyradyň ýerini bir paý hasap etdiler. Ony haýsy ogluna bermeli?

– Men Nurmyradyň iň uly ogly, onuň ýerini men alaryn, hijiňize bermen – diýip, Allan uly galmagal turuzdy.

Allanyň bolşuna içi ýanyp oturan Bäşim:

– Owal biziň bu ýerimizi elimizden gideren, ählimiziň gedaý gününe düşmegimize, Aýnanyň ýitirim bolmagyna, Gytjanyň ölmegine sebäp bolan sen dälmi? Ýene-de bu ýer meniňki bolmaly diýmäge neneň diliň barýar?! – diýip gyzaryldy.

Dörtgulam, Altybaýam oňa käýedi. Ahyry bijesi çykan almaly diýip, ýedi dogan bije atdy. Nazaryň obada bolmany üçin, bijäni onuň ýerine Şirin çekdi. Şiriniň bijesem çykdy.

Galan alty dogana ýeri nireden bermeli? Eger olary goňşy etjek bolsaň, Nurberdiniň, Akmyradyň, Italmazyň özlerinden artýan ýerleri beräýmeli. Komissiýanyň çlenleri olaryň Akmyratlar bilen öň gandar bolandyklaryny bilýärdiler. Nurberdiniň ýerinden doganlara paý berseň, agalary doganlar bilip tersleşer. Näme etmeli?

Komissiýa bu meseläni doganlaryň özleri bilen maslahatlaş-


enedilim.com

maly etdi.

Ol wagt Allan:

– Maňa öz ýerimiz bilen ýanaşyk Nurberdi kakamyň artyk ýerinden beräýiň, ikibaşdan onuň artyk ýerini başga adama berjek bolsaňyz, onuň üçin kim alanda näme. Gaýtam, ýat adam alanyndan, onuň özem biziň alanymyzy gowy görer – diýdi.

Şeýdip Allan bilen ýene iki dogan Nurberdiniň ýerinden aldylar. Dörtgula, Bäşime, Altybaýa-da Akmyradyň hem Italmazyň ýerinden berdiler.

Oba şurasynyň hem şol komissiýanyň başlygy:

– Bu üç dogana Akmyradyň ýerinden bermän, obanyň daşyndan beräýsek kem bolmaz – diýdi.

Oraz aga-da doganlaryň bu ýer alyşlaryny halamady, ýöne Allanyň hem Dörtgulynyň ýerleriniň «Bir ýerräkden aljak» diýenlerini eşidip, sesini çykarmady.

Tutlygala obasynda ýer-suw paýlaşygy geçip gutardy. Az suwly, az ýerli garyp daýhanlar, ýersiz-suwsuz batraklar ýerli, suwly boldy. Garyplaryň ýüzi ýagtyldy, ýeri, suwy giden baýlaryň ýüzi çytyldy. Mesele şol ýüz üýtgemek bilen gutaraýsa ne ýagşy!

Ýer-suw paýlaşygy boljak diýen habar halkyň içine ýaýraly bäri, Akmyradyň keseli has beterledi. «Tutlygala obasynda ýer-suw paýlamagyň komissiýasy düzüldi» diýip eşidende, ol hykylap tirsegine galyp:

– Komissiýanyň içine biziň tanyşlarymyzdan kimler goşuldy? – diýip, Italmazdan sorady.

– Komissiýanyň ählisi biziň tanşymyz…

– Ä-ä! Haýsylar? – diýip, Akmyrat gyssanyp, Italmazyň sözüni böldi.

– Oba Şurasynyň başlygy, Begenç molla, Oraz..

– Boldy-boldy, sanama, atlary gursun olaryň! – diýip, Akmyrat ýene ýassyga başyny goýdy.

Ol indi birnäçe gün bäri düşeginden galyp bilenok. Özem her gün täze habara garaşýar. Ýer-suwuň düýn paýlanyp başlanyny eşidipdi. «Biziň ýerimizem illere bererlermikä? Janym bir sag bolsa bolmadymy?..»

Agşamararak Annaly bilen Italmaz salam berip geldi.

– Ýeri, oglanlar, näme täzelik bar? – diýip, öý eýesi tirsegine galdy.

– Ýerlerimizi elimizden aldylar…

– Haýsy ýerimizi? Kim aldy? – diýip, Akmyrat gyssagly sorag bilen oglunyň sözüni ýoldy.

– Nurmyratlar bilen ýanaşyk ýerlerimizi alyp, onuň ogullaryna – Dörtgula, Bäşime, Altybaýa berdiler – diýip, Annaly kakasyna gürrüň berdi.

– Şol üzümli, tutly, almaly haýatymyzymy?

– Ol haýatymyz üç paýa ýetmedi, şonuň üçinem Altybaýa Italmaz kakaň haýatyny berdiler.

– Gan ujundan alan haýatymyz näme?

– Ol haýaty gaýtaryp, durşuna Nazara berdiler.

Bu wagt Akmyradyň uly heleýi gapydan gelip, betgelşik, inçeli-ýogynly sesi bilen bagyryp, aglap başlady.

– Öýi ýykylsyn olaryň! Kerim janam şolar öldürdi. Waý, eziz balam-eý .. Kes sesiňi! Tur, ýok bol şu taýdan! – diýip, syrkaw örän batly ses bilen aýalyna hemle urdy.

Ýogyn aýal dessine turup, süzüberdi.

Akmyrat dik oturdy.

– Şemsetdin ahun arada durup barlyşdyrypdy. Biz barlyşjak däldik, ýöne ahunyň ýüzünden geçip bilmedik, onuň sözüni kabul etmeli bolduk. Indi gör, nähili boldy?! Öz barlyşyklaryny özleri bozdy. Bir gyzlar-a maňa gargap-maňa gargap öldi, bir gyzlaram gaçyp gitdi. Gan ujundan beren haýatlarynam suwlarynam gaýdyp aldylar. Indi biz gan almaga hakly. Ondan başga-da äsgermezlik edip, biziň öz ýerlerimizem aldylar. Olara komissiýalar ýer berende, olar başga ýerdenem alyp bilerdiler. Ýok, olar bilgeşleýin, bizi äsgermän, biziň ýerimizden alýarlar…

– Onda biziň gan almaga hakymyz bar-da, şeýlemi, ýaşuly? – diýip, Italmaz sorady.

– Dogry, olar barlyşyk şertini bozdy, şeýle hem bolsa biz gaty uly ahunyň gaşynda «Olara degmeris, barlyşdyk» diýip kasam etdik. Şonuň üçinem biziň ahuna bu ýagdaýlary bolşy ýaly edip aýtmagymyz gerek. Şeýdip, ahundan rugsat almagymyz gerek.

Soňraky gün o dünýäde özümiz ýüzügara bolmaly.

– Meniň özüme galsa-ha, barlyşygy bozmadygam bolsa, öz bagly haýatyma eýemsirän boluberse, şol Altybaýyň läşini çapym-çapym edäýjek – diýip, hyrçyny dişledi.

– Eger gan almalam bolsa, läşini sermelem bolsa, soň arman çekmez ýaly, has erkeksirägini – Nazary göz öňünde tutmak gerek – diýip, öý eýesi ýol salgy berdi.

– Nazaram o diýen batyr däl-le. Görmeýärmiň, hemmesi geldi, ol bizden gorkusyna oba gelibilmän ýör – diýip, Italmaz öwünjek boldy.

–Ýok, beýle däl, onuň batyr kemi ýok. Ol bizden gorkup däl-de, ýaş gyzlaryň horlananyny görse, saklanyp bilmän ýene gan etmeli bolaryn diýip, oba gelip bilmän ýörmüş – diýip, Akmyrat öz inisi Italmaza düşündirdi.

– Ýok, agam, beýle däl, gyzlaryň biriniň öleli, ýene biriniň gaçyp gideli bäri köp wagt geçdi, emma Nazar gelip bilenok.

– Nazar, belki, bu wagta çenli gyzlaryň biziň elimizden sypanyny bilýän däldir. Şol gyzlaryň biziň elimizden gidenini eşidenje güni geler.

– Agam, gel, şu Nazar hakdaky dawany goýaly. Men Şemsetdin ahunyň ýanyna baryp, bolan wakalary düşündirip aýdaýyn. «Şerti olar bozdy, biz arkaýyn gan alybersek bolýarmy?» diýip soraýyn. Şeýlemi?

– Dogry, kyn görme-de gidip, sorap gel hem meniň keselimi aýt, gargyş ýokupdyr diý, heý meniň keselime çäre edip bilmezmikä, şonam sora – diýip, Akmyrat inisine ýumuş buýurdy.

– Bolýar, agam, men ertir daň bilen Şemsetdin ahunyň ýanyna gidýän – diýip, Italmaz öýden çykyp gitdi.

* * *

Nazar Gytjanyň öleninem öz wagtynda eşidipdi, emma işden boşap bilmändi. Ol Gowşut oba Şurasynyň mürzesi bolup işleýärdi, başlyk onuň ýerine oňat adam tapman, ony işden boşatmady. Ahyry Nazar raýijraýa komitetiniň başlygy Hanguly pälwana

ýüz tutup, zordan işden boşapdy.

Nazar gapydan salam berip girende, Şirin zöwwe galyp, ony gujaklady. Nazaryň kiçi oguljagazy bu «ýat» adamyny tanaman, mölerilip, oňa seredip durdy.

Nazar ogluny gujaklady, ataly-ogul tiz öwrenişdiler. Şirin begenjine kakasyny çagyryp geldi.

Oraz aga gapydan gelende, Nazar dik durup, onuň bilen görüşdi, saglyk-amanlyk soraşdy.

– Indi hernä bütinleý gelensiň-dä – diýip, Oraz aga sorady.

– Gowşutlylar goýbermedi, zordan sypaýdym. Gytja pahyram dünýäniň azabyndan dynypdyr – diýip, Nazar ol naçaryň adyny tutandan, Oraz aga aýat okady.

– Kakajanam gurgun okap ýör, hepdede diýen ýaly bir hatyny alýarys – diýip, Şirin ärine habar berdi.

– Kakajan, tüweleme, adam boljak, maňa-da hat ýazyp, töweregindäki täzelikleri aýdyp dur. Kakajan Nowruz hakynda «Ol gaty gowy ýigit» diýip, öwüp ýazypdyr. Özem pedtehnikumda gowy okaýanlaryň biri diýýär. Ol nähili bolup, Akmyratlaryň elinden sypyp bildi?

– Ol oba mekdebinde-de gowy okany üçin, oňa Begenç mugallym bu ýerden sypmaga-da, şäherde okuwa girmäge-de köp kömek etdi – diýip, Oraz düşündirdi.

– Ýogsa-da, Begenç mugallymyň ýagdaýy nähili?

– Onuň ýagdaýy ganymat. Paýlaşykda onuňam, meniňem suwumyzy artdyrdylar.

– Siziň ýeriňizem artmaly ahyry? – diýip, Nazar sorady.

– Gaty ujypsyz, onam obanyň daşyndan berjek diýdiler. Äý, ikimizem almakdan boýun gaçyrdyk. Iň gowy zat–suwumyz artdy.

– Ähli ýeriňizi basyp bilýärmi?

– Basma nirde, ýarysynam basanok, şonuň üçin ýer almadyk, onda-da obanyň daşyndan.

– Äý, oňarypsyňyz, Oraz aga!

Şiriniň ejesem gelip, Nazar bilen görüşdi, amanlyk-saglyk soraşdy, soň:

– Oraz, seni Begenç molla sorap geldi – diýdi.

– Ol nirede?

– Öýde garaşýar.

– Men häzir geleýin – diýip, Oraz öýden çykyp gitdi.

– Indi şu geldigiňizmi ýa ýene Gowşuda gitmekçimi? – diýip, Şiriniň ejesi sorady.

– Işlän bolýardym, boşatman köp sakladylar, häzir ylalaşyp, boşap, bütinleý geldim – diýip, Nazar düşündirdi.

Onýança Oraz Begenç mugallym bile tirkeşip geldi. Nazar ýerinden turup, Begenç mugallym bilen görüşdi, amanlyk-saglyk soraşdylar.

– Oraz seniň geleniňi aýtdy weli, men-ä begenäýdim. Indi hiç ýere gitmän öz obaňda galýaň dälmi? – diýip, Begenjem sorady.

– Hawa, ýoldaş mugallym, bütinleý geldim.

– Hawa, Nazar, eşider bolsaň, obada ýer-suw paýlaşygynam dawasyz-jenjelsiz geçirdik. Oraz aga-da komissiýanyň bir agzasy, menem mürzesi.

– Komissiýanyň başlygy kim?

– Oba Şura başlygymyz.

– Onda paýlaşygy oňat geçirensiňiz. Hany, Begenç aga, paýlaşyk hakynda gürrüň ber-le! Biziňkileriň ýagdaýy nähili? Nurberdiniň ýerinden-ä köp gidendir? Meniň öz agalarymyň hemmesine ýer berensiňiz, şeýle dälmi?

– Dogry, Nurberdiň ýerem, suwam gitdi. Siziňkileriň ählisine ýerem, suwam berildi.

– Haýsy ýerden berdiňiz?

– Näme, Şirinjemal aýtmadymy? Öz ýeriňizi kime bermeli diýen meselede ýedi dogan ýedi bijäni çekdi. Ine, Şiriniň bijesi çykdy. Öz agaň Nurberdiniň haýaty durşuna size düşdi… – diýip, Begenç mugallym Nazary begendirmek üçin şüwlümli edip gürrüň berdi.

– Hä, bu nähili bolarka? Begenç aga, siz köne molla, düşünmeli ahyry. Gytjanyň-a kysmaty şeýle, ömri gysga eken pahyryň, oňa biz günäkär däl. Aýna gaçyp gitdi, hun ujundan beren ýerimizem gaýdyp aldyk, diýmek ahuny ortada durzup eden barlyşygymyzy özümiz bozýarys, şeýle dälmi? Ine, şol ýeri bize bermän, başga bir garyba beren bolsadyňyz, beýle gürrüň

bolmazdy – diýip, Nazar düşündirdi.

– Nazar, dogry aýdýarsyň, şol ýeri size hökümet berýänem bolsa, ony size bermän, başga adama bermeli eken, size bolsa, ondanam gowy ýer berip biljekdik ahyry. Ol ýeri size gaýdyp berenimizde ýaraşygyň bozulaýjakdygy biziň hakydamyza gelmändir. Ine, biziň eden ýalňyşymyz – diýip, Begenç öz ýoldaşy Orazyň ýüzüne seretdi.

– Dogry, ol ýer başga berläýse gowy boljak eken, emma weli siziň ol nebsewür Allan agaňyz «Men Nurmyradyň uly ogly, ýer maňa düşýär… – diýip, uly galmagal turuzdy, ýöne oglanlar bije atyp, «Bijeli oglan aglamaz» edip, onuň galmagalyňy ýatyraýdylar – diýip, Oraz aga düşündirdi.

– Biziň bu ýerde ýitirýän zadymyz ýok, ony başga bir paý bilen çalşaýmaly. Üzüm üç ýylda ýetişip, hasyl berýär. Häzirem giç däl, komissiýanyň başlygy bilen razylaşyp, şol ýeri çalşyraýsak bolmazmy? – diýip, Nazar mugallyma seretdi.

– Bolar, ýörüň, ötägideliň! – diýip, Oraz ýerinden turdy.

Nazar dagy tirkeşip, oba şurasynyň edarasyna bardylar.

Başlyk Nazaryň bütinleý gelenini eşidip begendi.

– Nazar, maňa mürze bolup geç!

– Hany öňki mürzäň? – diýip, Nazar ondan sorady.

– Ol bir ýaş oglan, özem «Okuwa gitjek!» diýip, ýer depip dur.

– Men garşy däl, ýöne häzir başga mesele bilen geldik – diýip, Nazar ýaňky meseläni gürrüň berdi.

– Nazar, gatam darygyberme. Hökümetiň karary «...kimiň artyk ýeri-suwy bolsa alyp, ýersiz-suwsuz garyplara bermeli». Şol artyk ýer satyn alnypmy ýa ata-babadan galyp gelýän mirasmy – onuň tapawudy ýok, şol ýer artykmy – artyk, ýersiz-suwsuz garyba beräýmeli. Sen ýaraşyk şertini bozaňok, ol ýeri özüň baryp alaňok, ony saňa hökümet berýär. Düşnüklimi?

– Düşnükli, ýöne olar üçin «Ýaraşyk şertini bozduň, ýeriňi gaýdyp aldyň, bizem gan aljak» diýmäge bahana bar – diýip, Nazar iňkise gitdi.

– Dogry, bahana bar. Seniň üç doganyň öz agaňyz Nurberdiniň mülkünden paý aldy, ýene iki doganyň Akmyradyň, bir

doganyňam Italmazyň mülkünden paý aldy, diýmek, öýkeleşmäge-de, urşup-sögüşmäge-de bahana bar. Ýöne hiç kimiň bahana aramaga haky ýok, sebäbi olar ýalbaryp, zorlap, urşup almady, olara hökümet mugt berdi. Ýeke Nurberdi bilen Akmyradyň ýeri däl, obamyzyň, jemhuriýetimiziň ähli baýlarynyň ýerini-suwuny garyplara berdi. Dogry, bu ýer-suw paýlaşygyndan soň, ähli baýlaryň garyplara, işçi, daýhan hökümetine bolan garşylygy has artar. Jemläp aýdanda, synpy göreş has güýçlener. Düşnüklimi? – diýip, goja başlyk Nazar dagynyň ýüzüne seretdi.

– Düşnükli! – diýip, Nazar jogap berdi.

## -17-

## ÝOLDA

Bir gün internatyň direktory Sypinkow gowy okaýan, daýaw okuwçylardan sekiz sany oglany nyzama durzup, töweregine garanda, onuň gözi Halla düşdi.

– Bar, Kakajany çagyr – diýdi.

Hally Gara ylgawyna gitdi. Salym geçmänkä, Hally bilen Kakajan ylgaşyp geldiler.

– Kakajan, bar, hatara dur! – diýip, direktor hatara duran oglanlaryň üst-başyna seretmäge durdy. Oglanlaryň geýimlerinde kemçilik kän, kimiň geými hapa, kimiň geými ütüksiz. Çaga-da, oýnaýarlar, basalaşýarlar, ýerde oturýarlar... Kakajanyň geýimleri hem arassa, hem ütükli. «Boýy gysgarak, özem ýaşrak. Äý, köpçüligiň arasy bilen geçirerin-le» diýip, direktor pikirlendi.

Direktor ýaňky saýlan oglanlaryny yzyna tirkäp, köçä çykdy-da, Puşkin köçesi bilen göni ilerligine gitdi. Karl Marks köçesine baryp, çepe öwrüldi-de. Halk magaryf komissarlygyna girdi. Oglanlary dalanda duruzyp, özi bir otaga girip gitdi.

Bir uzyn boýly dogumly oglan:

– Komissaryň özi gaty çintgäp seredýär, öňki tapgyrda meni alyp galdy, ýogsam bu wagtlar men Moskwada okap ýörmeli adam – diýip, başyny ökünçli ýaýkady.

Soňrak daýaw, ösgün sary murtly bir adam gelip, çagalara seretdi. Nurly Guljaýew ýuwaşjadan:

– Türkmen-ä däl – diýdi.

– Kim bolanda saňa näme? Gepleme! – diýip, Annaberdi jigisine tabşyrdy.

– Siz Sypinkowyň okuwçylarymy? Düşüň yzyma! – diýip, ol, oglanlary yzyna tirkäp, alyp gitdi-de, göni komissaryň jaýyna

girdi. Çagalary komissaryň gaşynda hatara durzup, özi daşky tama çykdy. Oglanlar görse, ol jaýda direktoram oturan eken.

Komissar müçesi kiçeňräk, geýnüwli ýaş ýigit eken. Ol stoluň başyndan turup, oglanlaryň ýanyna geldi-de, ýekän-ýekän çiňerlip, seredip başlady. Oglanlaryň baryna seredip, ýokary başa bardy. Soň durup yzyna öwrüldi-de, üsti-başy haparak, geými ütüksiz, balagynyň gonçlary ýygyrt-ýygyrt bolup şillimräk, sölpi oglanyň ýanynda durup:

– Adyň näme? – diýip, ondan sorady.

– Ä-ä? – diýip, oglan aňkaryldy.

– Bar, çyk, daşky tama! – diýip, komissar ony kowdy. Soň ýene serede-serede Kakajanyň ýanyna geldi. Oňa mazaly syn etdi.

– Adyň näme?

– Adym Kakajan.

Ol Kakajanyň başyny sypady.

– Entek sen has kiçiräk, entek internatda boluber, biraz ulalanyňdan soň, seni örän gowy okuwa ibererin. Bar, senem daşky jaýda garaşaý! – diýip, komissar onuň arkasyna kakdy.

Kakajan kemsinip, töweregine, soň direktora seretdi. Gynanyp, gapa tarap ugrady.

Kakajan daşky jaýda baryp, ol sölpi ýigdekçäniň ýanynda oturdy.

– Senem kowdumy?

– Kowdy! – diýip, Kakajan uludan dem aldy.

Kakajan öz ýoldaşlaryndan galdyrylanyna gynanyp, gije gelýärkäler, Walýa birin-birin gürrüň berdi.

Kakajan Walýalara gelip, öz krowatynda ýatan badyna, Walýanyň kakasy gelip, onuň gapdalynda oturdy.

– Kakajan, sen gynanma, seniň ol ýoldaşlaryňy Daşkende iberipdirler. Ine, ýene bir iberlişik bolanda, seni hökman alarlar, belki, Moskwa düşersiň! – diýip, ol göwünlik berdi.

Gojanyň gürrüňinden Walýanyň bu wakany derrew ene-atasyna aýdanyny Kakajan aňdy.

– Meni entek ýaş gördüler.

– Dogry, ýaş görüpdirler. Birneme ulal, hökman ibärler –

diýip, goja mugallym Kakajanyň kellesini sypalady. – Antonina Iwanowna bir topar ulurak gyzlaryny aýallar tehnikumyna okuwa geçirýär. Olaryň arasynda Aýna-da bar. Men şu gün Antonina Iwanowna duşdum weli, özi gürrüň berdi. Men-ä Aýnanyň tehnikuma geçenine begenip, Antonina Iwanowna sagbolam aýtdym.

– Menem erkekler tehnikumyna geçäýsem, nähili bolarka? – diýip, Kakajan Walýanyň kakasyna geňeşdi.

– Gaty gowy, nirede okaňda näme, bir ýerde okasaň bolýar, ýöne gowy okamaly. Aýna bilenem duşuşyp durarsyň. Geljek sentýabrdan tehnikuma geçäý – diýip, Kakajanyň pikiri bilen goja razylaşdy.

* * *

Aýagy ädikli, başy silkme telpekli, egni hywa donly daýaw adam internatyň kiçijik işigini itdi. Gapy içinden gulply. Çalarak kakdy. Howlynyň içinden oglan sesi eşidildi.

– Kim gerek?

– Maňa Kakajan gerek!

Gapy açyldy, Okuwçy gapy kakýana salam berdi-de syn etdi.

– Siz kim?

– Men Kakajanyň kakasy.

– Hany göreýin, okuwda bolsa garaşmaly bolarsyňyz – diýip, okuwçy ýene gapyny ýapyp, aňyrlygyna ylgap gitdi. Ol derrew Kakajany tapdy.

– Yzyňdan kakaň geldi.

– Salgyny aýt, nähili adam? – diýip, Kakajan sorady.

Okuwçy gapyny kakan adamyň salgyny berdi.

– Ýüzi mama dişänmi? Wagtal-wagtal egnini çekýärmi?

– Ýok, mama dişän däl, syrdam, owadan adam, egninem silkenok.

Öz kakasynyň salgy dogry berlensoň, Kakajan begenip, howlynyň gapysyna tarap ylgap gitdi. Onýança köçe tarapdan howlynyň içine Walýa girdi.

– Kakajan edil saňa meňzäp dur, seret, kakaňmy? diýip Walýa-da sorady.

Kakajan kakasyny görenden tanap, ony gujaklamany özüne uslyp bilmän, salam berdi. Nazar howla girip, Kakajany gujaklady, soň saglyk-amanlyk soraşdylar. Bularyň gürrüňi köpe çekdi. Ýene öňki öz haýatlaryna göçüp gelendikleri, indi ýeriniň, suwunyň köpelip, örän köp pagta ekendigi hakynda Nazar birin-birin ogluna gürrüň berdi. Kakajanam özüniň Daşkende okuwa gitjek bolşy hakynda gürrüň berdi. Geljek sentýabrda Aşgabat pedtehnikumyna okuwa girjegini aýtdy.

– Bolýar, oglum! – diýip, kakasy razylaşdy.

Bu wagt direktor howla girdi. Özüne meňzäp duran bir adam bilen Kakajanyň gadyrly gepleşýänini görüp, kakasydyr diýip, ol çen etdi. Golaýlaryna baryp, ol salam berdi:

– Meniň kakam, tanyş boluň, ýoldaş direktor! – diýip, Kakajan şatlykly gygyrdy.

Nazar bilen Wasiliý Aleksandrowiç tanyş boldy. Iş hakynda gürrüň edişdiler. Nazaryň rus dilinde gepläp bilýändigini görüp, Kakajan begendi.

– Wasiliý Aleksandrowiç, siziň bilen meniň gürrüňim bar – diýip, kakasy direktora ýüzlenenden, Kakajan olaryň ikiçäk gürrüň edişjek bolýanyna düşündi.

– Gürrüňiňiz bolsa, kabinete baraýalyň, şol ýerde gürleşäýeliň! – diýip, direktor Nazary alyp ugranynda, Kakajan:

– Men şu ýerde, ýoldaşlyrymyň ýanynda bolaýjak – diýip, Baba Japar dagy bilen galdy.

Nazar obada ýer-suw reformasy geçenden soň baýlaryň aýaga galandygyny, öz öçlüleriniň has öjügýändigini direktora gürrüň berdi, iň soňunda-da tomus rugsat wagty Kakajany internatda alyp galmaklaryny haýyş etdi.

– Biz yzynda ilen-çalany, hatda daşgynrak daýzasy bar çaganam rugsat wagty obalaryna gaýtarýarys. Internatda galan çagalarymyzy tomus Pöwrizä äkidýäris. Ol ýerde biziň jaý meselämiz kyn. Şonuň üçiňem köp çaga alyp galmaga ýagdaýymyz ýok – diýip, direktor pikire batdy. – Aňrujy alyp galar ýaly bolsa,, alyp galarys, Kakajany özümizem gowy görýäris.

– Eger alyp galmaga ýagdaýymyz bolmasa, bizden gaty görmäň!

– Bolýar, eger ýagdaýyňyz bolsa, alyp galjak boluň! – diýip, Nazar direktor bilen hoşlaşyp gitdi.

Birinji Maýy gabatlap, internat çagalaryna lýondan dokalan ak kostýum, agymtyl jorap, oňat sandal, ak papak berdiler.

Birinji Maý baýramynda nyzam gurup, aýdym aýdyşyp, Karl Marks meýdançasyna gelýärkäler, şäher adamlary uludan-kiçä aýal, erkek bu çagalara höwes bilen syn edýärdiler. Meýdançada nyzam bilen duran pedtehnikumyň studentleriniň gapdalynda duranlarynda, okuwçylar studentleriň, studentler okuwçylaryň geýmine haýran galyp seretdiler.

Reňki aýram bolsa studentleriňem geýimleriniň matasy okuwçylaryňkydan kem däldi. Ýöne olaryň kostýumlary okuwçylaryňky ýaly çaga kostýumyna meňzemän, uly adamlaryň kostýumyna çalym edýär.

Nowruz bilen Kakajan salamlaşdy.

– Tomus oba gitjekmi? – diýip, Nowruz Kakajandan sorady.

– Galyp bilsem-ä galjak, sen gidýärmiň?

– Galmak üçin Merjanowyň hakyt özüne-de arz etdim. Galdyranok. Alaç ýok, näler gidesim gelenok, emma kör bolup gitmeli boljak. Ýene Akmyradyň, Annalynyň hammalçylygyny etmeli boljak – diýip, Nowruz gynanyp, gürrüň berdi.

Täze birhilije aýdym aýdyşyp, internatyň gyzlary geldi. Ýakasy, ýeňi başga hili matadan gelşikli edilip tikilen, owadan agymtyl köýnekleri özlerine oňat gelişýär. Oba hojalyk tehnikumynyň studentleri başga birhili görnüşde geýnip geldiler..

Bu ýerde her kim öz tanşy bilen duşuşýar. Aýna, Anna, Tekinskaýalar, Kulyýewalar, Oguljemal Akmämmedowa toparlanyşyp gelip, Kakajan bilen salamlaşdylar-da, geçip gitdiler. Aýna olardan galyp, Kakajan bilenem, Nowruz bilenem gürleşdi.

Birden komanda boldy, okuwçylar, gullukçylar, işçiler…sap-sap bolup, nyzam bilen aýaklaryny orkestraň sazyna goşup, ýöräp başladylar…

Tomus kanikul wagty golaýlady. Uly ekzamen bolmasa-da, internatda, ýylyň dowamynda çagalaryň alan bilimlerini barla-

dylar, baha goýdular. Iň soňky jaň kakyldy, bu ýylyň okuwy tamam boldy. Jemleýji ýygnak boldy.

Okuwçylar tomus kanikulyna çykdylar. Her kim öz dosty, klasdaşy bilen hoşlaşdy, soňam dagadylar. Internatyň içi gum-gukluk boldy. Galmagalam, jaňam ýok. Bar galan bäş-on sany ýetim çaga.

Bir gün «Ertir daň bilen Pöwrizä ugramaly diýdiler». Her kim taýýarlyk gördi. Geýimlerini arassaladylar. Walýa ýeke-ýekeden olaryň aýakgaplaryna çenli barlady.

Alagaraňkyda çagalary turuzdylar, naharhanada oňat naharladylar. Soňra köçe bilen hatar-hatar ýöräp, Pöwrizä tarap ugradylar.


enedilim.com

-18-

# PÖWRIZE

Aýna mydama ir turýardy. Hemişeki endigine görä, ol daňdanlar oýandy. Oýanandan soň, onuň ýorganyndan çykyp bilmän pikirlenip, pinek edip ýatmasy bolmazdy. Aýna derrew ýorganyny serpip, dik galdy. Pöwrizäniň daňdany tomus günem salkyn, ol bir ýygryldy. Soňam daş çykdy, maşk etdi. Dürli guşlaryň saýraýşyna aňkarylyp, töwerekdäki belent daragtlara seretdi. «Bu baglar Tutlygaladaky agaçlardan has beýik» diýip, ol daragtlaryň depesindäki pürlere bakdy. Ol belent daragtlaryň üstüne abanyp duran beýik daga haýran galyp seretdi.

– Turaweriň! – diýip, Nina Prohorowanyň sesi gelip başlady.

Ilki Aýna bilen Oguljemal daş çykdy, soň Kulyýewalar, Tekinskaýalar…çykyp ugrady.

– Wiý, Aýna jan, sen näwagt turduň?! – diýip, Anna gelip jorasyny gujaklady.

Ertir nahary wagty ilki Aýna, soň beýleki gyzlar Nina sorag berip başladylar.

– Bu Pöwrize nähili ýurt?

Pöwrizede ozal kim ýaşapdyr?.

– Häzir kim ýaşaýar?

Nina ol soraglaryň birine-de jogap berip bilmän, Antonina Iwanownanyň ýanyna baryp bu ýagdaýy birin-birin gürrüň edip berdi.

– Siz gidip, şu ýerde önüp-ösen adamlar bilen gürrüňdeş boluň, olar size Pöwrizäniň taryhyny aýdyp bererler. Gyzlar dogry edýärler, biljek bolýarlar. Olara ýaşaýan ýerleriniň taryhyny düşündirmek gerek – diýip, direktor terbiýeçini iberdi.

Gün ýaňy guşluk galan çagy direktoryň kabinetine ýüzüni

ak-tam edip, hasanaklap Aýna girdi:

– Iki atly geçdi. Bizi gözleýärler…– diýip, sandyr-sandyr edýär. – Olar atly-ýaragly bizi kastymyza çykypdyrlar. Kakajan nirede?…

– Kim, haçan gordüň? – diýip, Antonina Iwanowna Aýnanyň sözüni öz soraglary bilen böldi.

– Şol zalymlar, meni hem jigimi – Kakajany gözleýärdiler. Biz nätmeli? Nirä gaçmaly?

– Geç, otur, hiç ýere gaçmaly däl! – diýip, Antonina Iwanowna turup, gapyny açdy-da, – Anna – diýip gygyrdy.

– Bar, Wasiliý Aleksandrowiçi çagyr. Kakajanam özüňiz bilen alyp geliň! Köçe bilen gelmäň. Kakajandan ahmal bolmaň, öçlüleri gelipdir.

– Bolýar, Antonina Iwanowna! – diýip, daşardan Annanyň sesi eşidildi.

Direktor gelip, Aýnanyň ýanynda oturdy.

– Gorkma, gyzym, biz sizi gorarys, hiç kime degdirmeris – diýip, onuň gara saçyny sypap, açyk maňlaýyndan ogşady.

Aýnanyň gytak gara gözlerine ýaş aýlandy.

Birazdan soň gapa golaýlap gelýän aýak sesleri eşidilip başlady, Antonina Iwanowna gapa ylgap bardy.

– Hä, geliň! Wasiliý Aleksandrowiç, çagalary oňat ýerleşdirdiňizmi? Kakajan, gurgunmysyň? – diýip, onuň bilen türkmençe gepleşdi. – Anna jan, gapyda duran gyzlaryň ýanyna bar, ýekeje ýat adamyny içerik goýbermäň! Düşnüklimi? Zor edip girjek bolsalar, meni çagyryň!

Sypinkow bilen Kakajan içeri girenden soň, Berdiýewa gapyny içinden gulplady. Berdiýewa Italmaz dagynyň bu çagalary yzarlap gelendigini aýdyp:

– Indi näme etmeli? – diýip, Sypinkowa sala saldy.

– Bar gelen ýagy iki sany adam bolsa, gorkup ýöresi iş ýok. Ýöne Kakajan bilen Aýnany entäk hiç ýere goýbermän saklamaly, sebäbi olaryň duýdansyz, bukulyp atmaklary, heläk etmekleri ähtimal. Öçlüler gidýänçä, men siziň howlyňyzda Kakajan dagy bilen bolubererin – diýip, Wasiliý Aleksandrowiç olary arkaýyn etdi.

– Milisioner çagyrmalymy? – diýip, Antonina Iwanowna maslahat sorady.

– Ýok, gerek däl. Siz arkaýyn boluň, bu çagalary men özüm goraryn – diýdi.

Sypinkowy Antonina Iwanowna gowy tanaýardy. Onuň german frontunda köp wagt söweşendigini, soň Gyzyl Goşunyň komandiri bolup, aklar bilen urşandygyny bilýärdi. Şonuň üçinem biraz ynjaldy, arkaýynlaşdy.

Şol wagt gapydan Nina Prohorowa geldi.

– Pöwrize hakda men çagalaryň arasynda leksiýa okap biljek. Ilki Esger Gulamow diýen adama duşdum. Ol maňa Pöwrize hakynda köp gürrüň edip berdi. Soň Gylyç Mämmetgulyýew diýen adama, soň Mammow aga duşdum. Olar maňa köp gürrüň berdiler. Olardan men Pöwrize hakda doly maglumat aldym – diýip öwündi.

– Ine, bu gowy zat! Oglanlar häli-şindi Pöwrize hakda maňa her hili soraglar berýärler. Men bolsam, Pöwrize hakda hiç zat bilemok. Şonuň üçinem iki internatyňam çagalaryny bir ýere üýşüreliň, sizem çagalara Pöwrize hakda gürrüň beriň – diýip, Wasiliý Aleksandrowiç begendi.

– Onda siz pikiriňizi jemläň, haçan çagalary ýygnamaly bolsa, ýygnaýarys – diýip, Antonina Iwanowna Nina ýüzlendi.

– Men edil şu wagtam Pöwrize hakda gürrüň bermäge taýýar – diýip, Nina arkaýyn sözledi.

– Şu wagt Ninanyň gürrüňini özümiz diňläli, kem ýerlerini düzederis, soň çagalaryň öňünde gürlände sakynman gürlär – diýip, iki direktor onuň Pöwrize hakynda etjek gürrüňlerini diňlemäge başladylar.

– Gadym eýýämden bäri bu suwly, göm-gök öwüsýän bagly jülgede kürtler bilen türkmenler örän oňşukly, örän dostlukly ýaşar eken. Bu ýerdäki kürtler Jelally tiresinden bolup, jülgäniň demirgazyk tarapynda ýaşapdyr. Günbatar tarapynda türkmenleriň Gireýler, ileri günbatar tarapynda Körler we gündogar tarapynda Begler diýen tireleri ýaşapdyr. Umuman, bu jülgede dört-bäş ýüz öýli halk bar eken. Bu iki halkyň dini birem bolsa, şaýy, sünnä bölünip, azajyk tapawut edýär. Ýöne olaryň

arasynda din dawasam bolmandyr.

Bu iki milletiň mazarçylygam Goşa öwlüýä atly bir ýerde bolup, her haýsy bir ugurda ölülerini jaýlapdyr. Bir-birleriniň toýuna, ýasyna baryp-gelip durar ekenler.

Pöwrizäniň garyp halky, jülgäniň içinde ýaşamaga silden gorkup, dagyň eteginde kümede ýa palçykdan salnan ýarym kümede ýaşapdyrlar.

Pöwrizelileriň sünnüsem, şaýysam garyplyk bilen zordan güzeranyny itekläp ýörensoň, dini oňly berjaý edip bilmändirler. Pöwrizede şaýylaryň dinini berkitmek üçin Horasan welaýatynyň din merkezi gaty belli mollany – Senajep diýen seýidi ýollapdyrlar. Uly seýidi şaýylar hormat bilen garşy alypdyrlar. Ona Pöwrize çaýynyň golaýyndan giň mellek beripdirler. Garram bolsa, ony owadan ýaş gyza öýerip toý tutupdyrlar.

Seýit öz mülkünden howuz gazdyrypdyr. Howzuň gyralaryna çynar ekdiripdir. Häzirki «Ýedi dogan» hem şol Seýidiň ekdiren çynary bolmaly.

Bu tireleriň her haýsynyň özbaşdak hanyndan başga ählisiniň umumy hanam bolupdyr. Olaryň iň soňky hanlary beýlekilere garanda güýçlüräk tireden – Beglerden bolup, ady Amangeldi han eken. Ol tirereleri agzybir saklamagam, Horasan welaýatynyn hanyna pöwrizelilerden salgyt (hüşür-zekat) ibermesinem başarypdyr. Hany toýa, hudaýýola çagyrar ekenler. Bir gezek Körler tiresiniň toýunda hana awy berip öldüripdirler.

Türkmenistana ruslar gelenden soň, döwletler arasynda şertnama baglaşylyp. Pöwrize 1884-nji ýylda ruslara berilýär. Pöwrizäniň ilatyna «Islän Eýrana gidip biler, islänem öňki ýerinde galar» diýip düşündirýärler. Ine, şondan soň Pöwrize ilatynyň bir topary Eýrana gidýär.

Müň sekiz ýüz togsanynjy ýyldan başlap, rus patyşasy. «Dinden çykanlar» diýip, malakanlary Rossiýanyň içinde serhet gyralaryna sürgün edýär. Ine, şol malakanlaryň köp hojalygy Türkmenistanyň serhetlerine göçürilip getirilýär. Olardan bir topary Pöwrizäniň agzyndaky Wanow posýologynda ýerleşdirilýär. Ol malakanlar öz atlary, sygyrlary bilen gelip, bu posýolokda kiçijik, alaja, gabygy ýukajyk, içi çym-gyzyl köz ýaly garpyzlary ýetişdi-

rip, furgonlary dolduryp, Aşgabatda, Gökdepede, Büzmeýinde satýarlar. Ol garpyzlara türkmenler «Mojuk garpyzy» diýýärler.

– Pöwrizäniň iň gowy ýerlerini harby işgärler eýeleýär. Posýologyň edil ortarasynda ofiserler korpusy ýerleşýär. Şaýylaryň uly mollasy Seýit Senajebiň ýerini – «Ýedi doganyň» töweregini general Kuropatkin özüne alýar.

Patyşa goşunynyň yzyna düşüp gelen Abramýan, Aziz bek, Aşraf bek ýaly söwdagärler, ekspluatorlar Pöwrizäniň iň oňat ýerlerine eýe bolýar. Ine, şol dowürde Aşgabatdan Pöwrizä çenli dar düşekli otly ýoly çekilýär. Ol otly özüniň dort-bäş sany wagony bilen Aşgabatdan Pöwrizä, Pöwrizeden Aşgabada ýolagçy, ýük daşaýar. Özem ol Pöwrizäniň edil merkezine gelip, ýene yzyna gidýän eken. Ol otly günde iki sapar – ertir irden bir gezek, agşamam bir gezek gelip, gidýän eken.

Pöwrizäni eýelän bu elementler uzak döwran sürüp bilmediler. Beýik Oktýabr Sosialistik rewolýusiýasy bütin ýer şaryny sarsdyrdy. Pöwrizedäki ýaşaýan ofiserler, generallar çym-pytrak boldy, baýlar, ekspluatatorlar, söwdagärler, hanlar, begler möý pytran ýaly gaçyp gitdi. Ol Pöwrizä gelýän otlynyň ýoluny bolsa sil bozupdyr.

Pöwrizedäki ofiserler korpusyndaky, jaýlaryň esasynda şu 1925-nji ýyldan zähmetkeşleriň dynç alýan öýi işläp başlajak. Galan daçalaryň hemmesinde geljekde dynç alyş öýleri, çagalaryň sagaldyş jaýlary gurlar…

– Ýaman däl, Nina, gowy öwrenipsiňiz, çagalara şeýle gürrüň edip berseňiz, gaty bolýar. Özümem Pöwrizä başdan aýak aýlanyp gördüm, örän gowy posýolok, geljekde Türkmenistan zähmetkeşleri üçin dynç alyş jülgesine öwrüler – diýip, Wasiliý Aleksandrowiç Ninanyň gürrüňlerini makullady. – Pöwrize hakynda halkyň arasynda bir rowaýat bar. Men size şony eşidişim ýaly edip aýdyp bereýin – diýip, ol gürrüňe başlady.

– Türkmenistana ruslar gelenden soň, Eýran bilen döwletler arasyndaky serhedi aýdyňlaşdyrmaga başlaýarlar. Bu öran möhüm iş bolany üçin, iki tarapdanam örän ynamdar hem ygtyýarly wekiller gatnaşýar. Serhediň köp ýerini aňsatlyk bilen ylalaşyp, kartalaryny çekip, ahyry Pöwrizä gelýärler. Rus wekiline «Her

zat etgin weli, Pöwrizäni algyn» diýip, berk tabşyrylan bolmaga çemeli.

Ruslaryň wekili Pöwrizäniň türkmene degişlidigini, bu ýerde türkmenleriň begler, körler, gireýler tiresiniň gadym eýýämden bäri ýaşap gelýändigini aýdyp, ol posýology türkmenler tarapyna geçirjek bolýar, emma Eýranyň wekili ýylgyryp, sakgalyny sypaýar:

– Ýok, Pöwrize biziňkidir!

Rus wekili her hili çylşyrymly diplomatik ýollary ulanýar. Emma Eýran wekili ýene ýylgyryp, sakgalyny sypaýar:

– Ýok, Pöwrize biziňkidir!

Rus wekili şertnama baglaşyp, wagtlaýyn aljak bolýar, emma Eýran wekili ýene ýylgyryp, sakgalyny sypaýar:

–Ýok, Pöwrize biziňkidir!

Ahyry rus wekili diplomatik ýol bilen hiç zat çykmajagyny bilip, Eýranyň wekilini agşamlyk nahara çagyrýar. Eýranyň wekili sakgalyny sypap, täze jaýa girýär. Stoluň üsti her hili nahardan doly, her ýerräkde balyk ýüzmeýän dury suwlaram çüýşesine gabalyp dur.

Öý eýesi, myhmanlar stoluň başyna geçýärler. Ýüpek saçly gül ýaly ofisiantkalar myhmanyň öňünde nahar goýýar, balyk ýüzmeýän suwdanam altyn bokallara guýýar. Wekil myhman sakgalyny sypaman jyňkydýar, soň ýöne ýylgyryp otyr diýýär. Ýarygijä çenli myhmanyň erni bir ýere gelmänmiş.

Wekil myhman ertir oýanyp, düşekde ýatan ýerinden gijeki naharlary, nahar berýän gyzlary ýatlaýar, ýylgyrýar, sakgalyny sypaýar. Birden Pöwrize hakynda şertnama gol çekeni ýadyna düşüp, zöwwe galýar, Ylgap baryp, stoluň üstündäki kagyza seredýär. Öz goly! Öz möhri! Sakgalyny sypamaga wekiliň eli barmandyr, erni ýylgyrmandyr.

Eýranyň wekili şanyň ýanyna hasabata barýarka-da, ne ýylgyrýar, ne-de sakgalyny sypaýar, şanyň gazabyndan howatyr edip, ýürejigi tarsyldap dur diýýär.

Şa wekiliň döwlet serhedini aýdyňlaşdyryşy, ylalaşygy, şertnamalar baglaşyşy hakyndaky hasabaty diňläp, makullap, başyny atyp otyr eken. Pöwrize hakynda gürrüň başlananda ilkibada

şa üşerilýär, soňabaka çiňerilip başlaýar. Şanyň barha gahary gelýär. Gyzyl pula Pöwrizäni satanyny eşidende, ol zöwwe ýerinden galyp, hasasyny ýere tarkyldadyp urýar:

– Peder suhta! – diýip gygyrýar.

Derrew jellatlary çagyrýar.

– Bogazyndan guýup, garnyny gyzyldan dolduryn! – diýip buýurýar…

– Bogazyna gyzyl guýdularmyka ol wekiliň? – diýip, Kakajan öz direktoryndan sorady.

– Onçasyny men görmedim.

– Döwlet arasynyň barlyşygy nähili bolduka? – diýip, Antonina Iwanowna sorady.

– Döwlet arasynda-da ylalaşyk bolupdyr – diýip, Sypinkow jogap berdi.

– Ýedi dogan hakda halkyň düzen oňat rowaýaty bar diýýärler, Wasiliý Aleksandrowiç, ol rowaýatdan siziň habaryňyz ýokmy? – diýip, Nina Prohorowna sorady.

– Habarym bar, näme, onam aýdyp bereýinmi?

– Eger ýaltanmasaňyz…

Aýna dagyny entek bu jaýda güýmemek maksady bilen Wasiliý Aleksandrowiç ýedi dogan baradaky rowaýata başlady.

## -19-

# ÝEDI DOGAN

Gadym zamanlarda bu ajaýyp daglyklarda adam gaty az ýaşar eken. Pöwrize gür tokaýlyk bolup, bu baglygyň içi her hili haýwanlardan, guşlardan doly eken. Ol döwürde tüpeň bolmany üçin, haýwanam, guşam adamdan kän gaçmaz eken.

Ine, şeýle bir döwürde bu gür tokaýly gözel jülgede Baharly diýen bir adam ýaşaýan eken. Ol adam ýaz aýy dünýä inipdir. Şoňa görä onuň adyna Ýazly dakmaly eken welin, onuň bir caryndaşynyň ady Ýazly bolany üçin, oňa Baharly diýäýipdirler.

Baharly öz aýaly Aýjemal bilen gaty agzybir ýaşaýan eken. Bular kyrk ýaşaýança, ýedi ogly bolupdyr, emma bu pahyrlaryň gyza ýüzi düşmändir.

«Wah, bir gyzjagazymyzam bolsa bolmaýarmy?» diýip är-aýal kemsiner eken. Her gün daňdan turanlarynda, alladan gyz dilär ekenler.

Baharly bilen Aýjemalyň ogullary ers-mers bolup, gününi sanap, ýetişip barýarlar. Uly ogullary ekin ekýär, ortanjy ogullary awa gidýär, iň kiçi – ýedinji ogullary Ýedi Pöwrize çaýynyň içinde balyk tutar eken.

Günlerde bir gün balyk tutup ýören Ýediniň gözi suwuň içinde ýanyp duran üýtgeşik bir daşa düşýär. Ol daş suwuň içini ýagtyldyp, daşyna şöhle salyp durmuş. Ýedi geň görüp, ol daşy eline alýar-da, balyk tutmadan bizar, begenjine ylgap öýlerine gaýdýar. Gelip, ejesine ol daşy görkezýär. Ejesi ol daşy görüp, haýran galýar. Daş kiçijik külbelerine şöhle salýar. Aýal adam begenip, ol daşy derrew boýnundan asýar.

Garyplyk bilen öz aýalyna şaý dakyp bilmedik atalaram begenip:

– Nesip etsin, gaty gowy gelişýär! – diýip, aýalyny gutlaýar.

Bu geň şöhleli daş hakynda gürrüň ýaýraýar. Bu gürrüň dagyň gowagynda ýaşaýan garry gurrandazyň gulagyna degýär. Garry gurrandaz ýörite gelip, ol daşy görýär.

– Bu daşy derrew boýnuňyzdan aýryň! Muňa Pöwrize daşy diýerler. Bu daş siziň maşgalaňyza betbagtlyk getirer – diýýär.

Atalary soraýar:

– O nähili betbagtlyk getirer?

– Bu daşy boýnundan dakynan aýalyň örän owadan gyzy bolmaly. Ol gyz bolsa…

– Gyza zardyk, gyzymyz bolsa armanymyz ýok diýip, begenjinden eneleri gygyryp, gurrandazyň sözüni bölýär.

– Owadan gyzymyz boljak! – diýip, atalary şatlanýar.

– Gyz jigimiz boljak! – diýip, oglanlar ýerli-ýerden gygyryşyp başlaýarlar.

Gurrandaza soň sözlemäge-de gezek bermeýärler. Gurrandaz bularyň şatlygyny geň görüp, hiç kime hiç zat düşündirip bilmän, başyny ýaýkaý-ýaýkaý, gowagyna gaýdýar.

Aý-gün ötüp bu doganlaryň gyz jigileri dünýä inýär. Şeýle görmegeý çaga, aý diýseň agzy bar, gün diýseň gözi bar. Sygyryp, seredip oturmaly. Ol gözel daşy ejesiniň dakynany bilen çaga dünýä inensoň, ol çaganyň adyna Pöwrize dakýarlar. Ol soňabaka emedekläp, ýörjen-ýörjen bolup, ene-atasyna hem agalaryna uly güýmenje bolýar. Atasy, uly agalary Pöwrizäni terne, mekgejöwen bilen baksalar, ortanjy doganlary guşuň eti, aw haýwanlarynyň ýülügi bilen bakýarlar.

Pöwrize on-on iki ýaşlaryna ýetende, gür baga gezelenje çykyp, şirin labzy bilen aýdym aýdanda, gülleriň yşgynda saýrap ýören guşlar seslerini tapba kesip, Pöwrizäniň aýdymyny diňlär eken.

Bir gün kazasy dolup, doganlaryň atasy dünýäden ötýär. Doganlaryň iň ulusy ata ýerinde durup, maşgalanyň agzybirligini saklaýar. Hem beýemçilik edip, olaryň eklenjine göz-gulak bolýar.

Pöwrize on alty, on ýedi ýaşlaryna ýetende, onuň jemalynyň waspy, ady-owazasy bütin töwerekdäki obalara, şäherlere ýaýra-

ýar. Bu owadan gyza hyrydar köpelýär, dumly-duşdan yzyny üzmän sözaýdyjylar dökülip başlaýar.

Ilkibatlaryna «Entek gyzymyz Pöwrize jan ýaş» diýip, sözaýdyjylary gaýtarýarlar, soňabaka ol delillerem könelýär, gyz ösýär, boýuny-inini alýar, has-da owadanlanýar.

Bir gün doganlar ejeleri bilen maslahatlaşyp, Pöwrizä «Kimi halasaň, bar. Biz razy, öz ykbalyňy özüň çöz» diýýärler. Gyz öz ejesi hem doganlary bilen aýrylyşmany kyn görüp, gelen sawçyny, gelen sözaýdyjyny boş gaýtarýar eken.

Günlerde bir gün Pöwrizäniň ady-owazasy söwdagär bezirgenderiň üsti bilen daglylaryň goja patyşasynyň gulagyna ilýär. Ol:

– Eý bezirgenbaşy, gyzyň waspyny beýan ediň! – diýýär.

– Merhemetli şahym, döwletiňiz egsilmesin! Ol ajaýyp gyz size mynasyp, gözellikde hiç bir peri Pöwrize gyz bilen bäsleşip bilmez! – diýip, bezirgen iki bükülip, gaýra süýşýär.

– Eý baş wezir, ýanyňa otuz-kyrk atly alyp gitde, ol gyzy meniň huzuryma getir! – diýip, patyşa höküm edýär.

Şol günüň agşamsy çapar gelip, ýedi dogana «Ertir dag patyşasynyň baş weziri özüniň ýigrimi bäş nökeri bilen Pöwrizäni äkitmek üçin gelýär, hezzetläp-hormatlap garşy almaly!» diýip, baş weziriň permanyny gowşuryp gidýär.

– Nähili garşy alarys ol baş weziri? – diýip, ulusy doganlaryna sala salýar.

– Özüniň şonça nökeri bilen Pöwrizäni zorlap äkitmek üçin gelýän baş weziri taýak bilen garşy almaly! – diýip, altynjy dogany öz pikirini aýdýar.

– Baş wezir şol goja şa üçin biziň aýal doganymyzy zorlap äkitjek bolsa, ony gylyç bilen garşy almaly! – diýip bäşinji dogany aýdýar.

– Uruşmaly! Onda-da bu ýerde däl. Öňünden çykyp, dar jülgede uruşmaly! – diýip, Ýedi agalaryna seredýär.

Maslahaty birikdirip, doganlar dynç almaga ýatýarlar. Ertesi irden turup, Pöwrize doganlaryny aw etinden oňat naharlaýar. Doganlar baş weziriň öňünden çykmak üçin dar jülgä tarap ugranlarynda, Pöwrize:

– Baryň, eziz doganlarym, sizi duşman ýaragyndan allanyň özi gorasyn! – diýip, pata berip ugradýar.

Doganlar dar jülgä gelip, iki bölünip, bir bölegi gaýanyň bir tarapyna, ikinji bölegi gaýanyň ikinji tarapyna çykmaly bolanda, Ýedi:

– Agalarym, meni hasap etmeseňiz, gaýanyň her tarapyndan üç adam bolýaňyz, maňa rugsat beriň, men dar jülgäniň gutaran ýerinde duraýyn. Duşman nökeriniň käbiriniň siziň demiňizden sypmagy ähtimal, men şol ýerde durup, iki-ýeke sypan duşmany öýe goýbermäýin – diýýär.

Ýediniň pikirini makullap, oňa şol tarapy saklamaga rugsat berýärler. Şunluk bilen Ýedi yzyna gaýdyp, dar jülgäniň gutaran ýerinde durýar. Ol gylyjyny çykaryp taýýarlanýar.

Galan doganlary gaýa dyrmaşyp, çür başyna çykýarlar. Olaram gaýanyň gyrasyna sandyk ýaly daşlary üýşürip, duşman gelerine garaşyp durýar.

Gün günorta bolýar. Jülgäniň içinden duşmanyň gelýäni görünýär. Yzda, ak atyň üstünde baş wezir nökerlerini öňüne salyp gelýär. Nökerleriň daňdanky çykyp, ýöräp gelişleri. Olar ýadapdyrlar. Gadam uruşlary gaty argyn görünýär. Baş wezir zer halatly, kümüş şaý bilen bezelen gyr atyň üstünde arkaýyn otyr. Onuň bilindäki altyn gynly gylyjam görnüp başlaýar. Olar golaýlap gelýärler. Gaýanyň düýbi bilen arkaýyn wagyrdaşyp, doganlaryň deňine gelenlerinde, birden asmandan äpet daşlar ýagyp başlaýar.

Bu sandyk ýaly äpet daşlaryň öz nökerlerini ýere çüýläp başlanyny gören baş wezir zordan atyny yzyna öwrüp, gamça basýar. Jülgäniň düýbi bilen atyny çapdyryp, ol yzyna garaman gaçyp gidýär.

Üç sany nökeriň daşdan sypyp, öňe gaçyp gidenini uly doganlary görüp, gaýanyň üsti bilen olaryň yzyndan ylgaýar. Çemeliräk ýer tapyp, her ýerden bir böküp, gaýadan düşüp başlaýar. «Ýedi jany heläklärler, men kömege ýetişip bilmen» diýip alňasaýar.

Ýedi duýdurman çykyp, öňdäki daýawyň başyndan gylyjyny salýar. Ol ýykylýar. Beýleki ikisi iki ýandan Ýedi bilen gylyçlaşyp

başlaýar. Şol barmana olaryňam biri ýykylýar. Galan birem ýeňsäni öwrüp, yzyna gaçanda, doganlaryň ulusyna pete-pet gelýär. Nökerleriň iň soňkusynam gylyçdan geçirýärler. Şeýlelik bilen ýedi dogan baş weziri «oňat garşy alýar».

Gazaba münen şa, has köp goşun bilen ýene baş weziri ýedi doganyň üstüne ýola salmakçy bolýar.

– Beýik mertebeli şahym, olar ýedi dogan, aýal doganlary bilen sekiz bolýarlar, şonuň üçinem maňa sekiz gün möhlet beriň, sekiz güni geçirip, soň gideýin, ol perileriň şasynam size getirip bereýin – diýip, baş wezir patyşasyna ýalbarýar.

Goja patyşa baş wezir bilen razylaşýar.

«Baş wezir ýene geläýmesin» diýeň ätiýaç bilen ýedi dogan awa gidenlerinde-de, obadan gaty daşlaşmaýan eken. Gijelerine ýola garawul goýýarlar. Şeýlelikde bir gün geçýär, iki gün geçýär, bäş, ýedi gün geçýär. Baş weziriň şol gidişi. «Onuň özi zordan sypdy, indi ol gaýdyp gelmez…» diýen pikir bilen, gijelerine garawul durmakdan iren doganlar ätiýaçlylygy gowşadýarlar.

Sekizinji gün örän köp nöker bilen baş wezir ýedi doganyň üstüne ugraýar. Ol dar jülgä ýetmän, dynç almagy buýurýar. Nökerleri ýatyp, dynç alýarlar. Garaňky mazaly gatlyşandan soň, baş wezir assa-assa ýola düşýär.

Ýol boş, garawulam, hiç kimem ýok. Baş wezir öz nökerleri bilen daňa golaý, ukynyň iň süýji wagty ýedi doganyň külbesine golaý gelýär. Külbäniň gapysyndaky sekide, agar çeşmäniň gapdalynda ýedi dogan gaflat ukusynda myrlaşyp ýatyrlar.

Nökerler ýerli-ýerden gylyçlaryny işledip başladylar. Külbede ýatan Pöwrize bu şakyrda oýanyp seretse, doganlary serlişip ýatyr.

– Eziz doganlarym, siz meniň üçin gurban bolduňyz! Siziň gaşyňyzda men günäkär! – diýip, golaýda duran baş weziriň üstüne özüni oklap, onuň garnyny hanjar bilen silkýär. Entek nökerler nämäniň-nämedigini aňşyrmanka: – Eziz doganlarym, meniň günämi geçiň. Men günäkär! – diýip, ýaňky hanjary öz döşünden dikip, Ýediniň gapdalyna ýykylýar.

Baş weziriň maslygyny öz münüp gelen ýabysyna ýükläp, şanyň nökerleri yzyna gaýdýar.

Oba ilaty üýşüp, şehitleri, ýatan-ýatan ýerinden jaý gazyp, jaýlapdyrlar. Pöwrizänem öz körpe dogany Ýediniň gapdalynda jaýlaýarlar.

Wagt geçýär, doganlaryň jaýlanan ýerinden gögerip, sekiz şahaly äpet çynar ösüp ýetişýär. Ol çynaryň bir şahasy özüni günäkär hasap edip, ejiz ösýär. Ýelde, harasatda «Meni döw – meni döw!» diýip, ol ejiz şahadan ýalbarýan seda çykyp dur…

Direktoryň bu gamgyn hekaýatyny diňläp, öz agalaryny ýatlan Aýna gözüne ýaş aýlap otyrdy.

Bu ýagdaýy görüp, Antonina Iwanowna:

– Aýna jan, gaýgy etme, biz seni gorarys! diýip, ony gujaklady, maňlaýyndan ogşady.

Onýança daşardan Annanyň gygyran sesi eşidildi:

– Antonina Iwanowna!

Antonina Iwanowna daş çykanda, Anna köçe bilen atlaryny säpjedip barýan adamlary görkezdi.

– Şolar, şolar! – diýip, Aýna direktora bukuldy.

Ol atlylaryň horjunlary doludy. Olar gözden ýiten badyna, dört sany serhetçem atlaryny çapdyryp, Italmaz dagynyň yzyndan kowup gitdiler.

Bu ýagdaýy gören Wasiliý Aleksandrowiç «Olar gaçakçylyk edýän bolmaga çemeli» diýip pikirlendi.

Iki internatyň çagalarynam nyzama durzup, «Ýedi dogany» görmäge alyp gitdiler.


enedilim.com

-20-

## GUDRATLY AHUN

Italmaz Şemsetdin ahunyň huzuryna geňeşe gitmek üçin daň bilen mazaly şaýyny tutup, uly ogluna:

– Oglum, men Akmyrat kakamy görüp gelýänçäm, alaşany eýerle! – diýip, buýurdy-da, Akmyratlara tarap çalt-çalt ädimläp gitdi. Italmaz gapydan salam berip girende, gözüni jüýjerdip ýatan Akmyrat salam alyp, tirsegine galdy.

– Akmyrat kaka, men-ä Şemsetdin ahunyňka ugraýaryn, ýene näme aýtjak zadyňyz bar? – diýip, Italmaz agasyndan sorady.

– Düýnki ojakbaşyny ýadyňdan çykaryp, öýüňde galdyryp, ötäýmegin, özüňem meniň adymdan bergin. Onsoňam şu ýerden göni Gyzganly obasyna bar. Amanguly baýa menden dogaý salam aýt. Soňam oňa «Şemsetdin ahunyň ýanyna bile gideli» diýip gör, eger hykgy-pykgy etse, ýalbar, garaz, onam özüň bilen äkitjek bol. Özüň bilýäň, onuň bilen gitseň abraýlyrak bolar. Onsoňam ahuny biziň üstümize getirenem, ýaraşdyranam şonuň özüdir. Şonuň üçinem ol hökman seniň bilen gidäýmelidir. Düşündiňmi! Ýagdaýlary ahuna bolşy ýaly aýtgyn. Soňam, gaýdyşynyň Möwlamlara-da degäý. Menden dogaý salam aýt, onsoň meniň galyp bilmän ýatanymy aýt, soňam «Maňa elli manat bergisi bardyr, bersin» diýýä – diý. Düşnüklimi?

– Düşnükli Akmyrat kaka, başga näme? – diýip, Italmaz ýene sorady.

– Başgamy? – diýip, Akmyrat pikirlendi. – Hawa, ahuna menden dogaý salam aýt, onsoňam meniň özümiň, gelip bilmänimi, gaty hassa ýatandygymy aýt. Bilip bolmaz, belki, ol meniň keselime em eder, belki, doga berer. Eger doga beräýse, aklygyny gaýgyrmagyn, geleniňden soň men seni üzerin. Düşnüklimi?

– Düşnükli, Akmyrat kaka!

– Düşnükli bolsa, bar, ýola düşüber. Alnyňy hak açsyn! Ýoluň ak bolsun, sag-aman baryp gel!

...Italmaz alaşasyna ýeňillik bilen münüp, ýola düşdi.

Aýlaw-aýlaw, belentli-pesli uzak ýol. Bu ýoldan baýam geçdi, garybam, garram geçdi, ýaşam. Bu ýoldan Nawaram ähli ýakyn garyndaşlary bilen gaýgyly, gorkuly geçipdi. Bu ýoldan Aýna bilen Gytja-da gözi ýaşly geçipdi. Häzir bu ýol bilen alaşasyny ýorgaladyp, Italmazam geçip barýar. Ol gaýgylam däl, gorkulam däl, ol asla hiç zady alada-da edenok, onuň bar pikiri-oýy ar almak, namysdan çykyp, abraý gazanmak, özüne Italmaz batyr diýdirmek.

Uzak ýol gutardy. Italmaz Amanguly söwdagäriň gapysyna baranda, bir köne donly ýaş ýigit ylgap gelip, Italmazyň alaşasynyň başyny tutdy. Italmaz atdan düşüp, hyzmatkär ýigit bilen göwünli-göwünsiz saglyk-amanlyk soraşyp, öýe tarap gitdi.

Italmaz bilen Amanguly gadyrly salamlaşdylar. Çaýyň başynda Italmaz öý eýesine Nurberdileriň gan ujundan beren zatlarynyň ýene yzyna gaýtarylyp alnyşyny, gyzlaryň biriniň ölüp, beýleki biriniň gaçyşyny bolşy ýaly edip gürrüň berdi.

– Bu barlyşyga siz gandarlaryň tarapyndan wekil bolup, ahuny alyp geldiňiz. Ahunyň hem siziň sözüňizi ýykyp bilmän, biz barlyşdyk, indem gandarlar barlyşyk şertini bozdular. Töwellaçy bolup baran wekil hökmünde siz bu ýagdaý hakda näme aýdyp biljek? – diýip, Italmaz Amangulydan sorady.

– Men söwda işgäri bolup, Nurberdi bilen köp tirkeşdim, ondan başga-da men şerigatyň, adatyň ýollaryny aýdyň bilmeýänim üçin size etmeli işiň ýoluny salgy bermäge het edip bilmen – diýip, Amanguly Italmaza jogap berdi.

– Siz, Amanguly aga, söwda şärigi bolup, biz bilenem az tirkeşmediňiz, şonuň üçin biz sizi sylaýarys, şol sylaýanymyz üçinem özbaşymyza bir iş edäýmän, size geňeşe geldik. Eger sizem bize ýol salgy berip bilmeýän bolsaňyz, onda bizi barlyşdyran ahunyň ýanyna gideli hem ondan ýol salgy alaly. Şu maslahaty nähili görýärsiňiz? – diýip, Italmaz örän sypaýyçylyk bilen öý eýesine sala saldy.

– Inim Italmaz, ine, bu pikiriň gaty makul, gandarçylyk işi ýöne-möne iş däl, şonuň üçinem şonuň ýaly uly ahundan ýol salgy almak gerek. Onuň salgy beren ýolam hiç wagt ýalňyşlygyň üstünden eltmez. Ol ahunyň ýanyna gitmeli bolsa, gidäýmeli bolar-da, ýöne ol gurbany boldugymyň ýanyna eli boş-a baryp bolmaz – diýip, söwdegär gürrüňdeşiniň ýüzüne seretdi.

– Elinje dokalan ojakbaşy getirdim, bolmazmyka? – diýip, myhman öý eýesinden sorady.

– Eltilýän sowgadam buýrulýan ýumşuň agramyna bagly bolýar. Ýöne bir urp-adat ýa şerigat düzgünleriniň bozulyp-bozulmaýanyny soramak üçin şu alyp barýan sowgadyňam bolubilýär. Onda ertir irden ahunyň ýanyna gidibereli – diýip, Amanguly gitmäge razylyk berdi.

Gije ýatylanda Italmaz uzak wagtlap uklap bilmedi... «Ahunyň ýanyna meniň bilen Amangulynyň gitjegi gowy boldy» diýip, Italmaz öz ýanyndan begendi. «Ol uly ahun bilen men sözleşmänem başarman, Amanguly aga köpi görendir, ol hemme zady oňarar... Akmyrat kakamam bir zat diýse diýip oturyberýär. «Biz ganymyzy alalymy?» diýip, ahundan soraşmak nämä gerek?! Mert bol-da, ur, ganyňy al!..»

Ertir çaý-çörekden soň, Italmaz dagy ahunyňka tarap ýola düşdüler.

Bular ahunyň howlusyna girende, şol öňki hyzmatkär bularyň atyny tutdy. Eýwana baranlarynda, şol öňki orta ýaşan sary sakgally sopy ýerinden turup görüşdi. Myhmanlary düşek üstünde oturtdy, öňlerinde çaý goýdy.

– Biraz garaşyň, ahun hezretleriniň ýanynda adam bar, tiz boşaşar, soň sizi kabul eder – diýip, sopy ýene öz ýerinde oturyp, okaýan galyň kitabyna güýmenip başlady.

Amanguly üm bilen ýoldaşyna sopyny görkezip, ýuwaşjadan:

– Öň gelenimizde-de okap otyrdy, häzirem okap otyr. Bu gurbany boldugymlaryň bilýän zady ummasyzdyr. Bular ýol salgy berende Gurhana seredip, salgy berer, ýalňyşy bolmaz – diýip, pyşyrdap aýtdy.

Myhmanlaryň ikisem sopynyň kitap okaýşyna syn saldylar,

görseler, ol sopy kitap okanok, ýöne okaýan ýaly bolup, öňündäki uly kitaba tarap eglip, irkilip otyr.

– Gurbany boldugym, gözlerini ýumup, okan zatlary hakynda pikir edýändir, ýatdan bekleýändir – diýip, Amanguly ýene ýoldaşynyň gulagyna çawuş çakdy.

Irkilip oturan sopy birden hor çekdi-de, tisginip oýandy, töweregine göz aýlady, myhmanlar seredenok, öz çaýlary bilen gümra. Sopy rahatlandy. Ýene öňküsi ýaly, kitabyna sereden bolup, irkilmäge başlady.

Içerden eýwana tarap bir adamyň gelýänini aňladyp, gyrma köwşüň jygyldysy eşidilip başlady. Sopy derrew ör turdy. Içerden geýnüwli ýaş gelin çykdy. Sopy çalaja üsgürinjiräp, azajyk baş egdi. Gelin uz ýaşynyp, hiç tarapa garaman, sülmüräp geçip gitdi.

Sopy myhmanlara «Ahunyň ýany boşady, indi ýanyna gitmek bolar» diýen yşarat etdi. Myhmanlar derrew galyp, jaýa tarap ugranynda, sopynyň ol geçip giden gelin hakynda «Bendäniň çagasy bolanok, şypa isläp gatnaýar» diýen sesi eşidildi.

Myhmanlar ahunyň ýarym garaňky içki jaýyna baranda, ol akja ýelek düşekçäniň üstünde çöke düşüp, sopynyňkydanam has galyňrak kitaby okap oturan eken. Gelenleriň salamyny eşidip, gözüni kitapdan aýyrdy-da, saglyk-amanlyk soraşyp, myhmanlara oturmaga ýer görkezdi.

Getiren ojakbaşylaryny ahunyň ýeňse tarapragyna oklap, Amanguly öz dosty Akmyradyň salamyny ahuna gowşurdy. Gan ujundan alan gyzynyň ölenini, ine, şol gelni ölenden soň Akmyradyň agyr kesele uçrandygyny ahuna gürrüň edip berdi.

– Ol gyzy özüne gelin edinip almaly däl ekeni. Akmyradyň uly ýalňyşy şol – diýip, ahun gürrüňi ugrukdyryp, Italmaza seretdi.

– Bildiňiz, ahun aga, şol zalymyň gargyşy ýokdy, dogry aýdýarsyňyz, Akmyrat kakam ony özüne aýal edinip almaly däldi – diýip, Italmaz güman edilýän zady aýdyp çykdy.

– Ol ejizdi. Ejiziň nalyşam, gargyşam Allatagalanyň dergahynda kabul bolýar. Akmyradyň keseli şondan başlandy – diýip, ahun pikirlendi.

– Ahun aga, ol keselden nädip gutulmak bolar? – diýip, Italmaz gobsundy.

– Ol ejiziň gargyşy bilen, ol keseli beren Alla tagalanyň özi. Ol keselden dynmak üçinem ýene Allatagala ýalbarmaly. Hudaýýoluna mal bermeli, pul bermeli – diýip, ahun öz-özi bilen gürleşýän ýaly edip, çalaja hümürdedi.

– Ol dogry, beýle agyr keselden janyňy halas etmek üçin hiç zady gaýgyrmaly däl. Alyň, ahun aga, özüňiz meniň agamy ol ýolugan keselinden halas etmek üçin Allatagala ýalbaryň, siz bir hudaýyň halan adamsy, belki, siziň kömegiňiz ýetäýedi-dä – diýip, Nikolaýyň gyzyl pulundan Italmaz bir gysymyny ahunyň öňüne dökdi.

Ahunyň ýüzi açyldy. Ol rus hatyny bilmese-de, gyzyl puluň haýsy bäşlik, haýsy onlukdygyny gaty gowy bilýärdi.

Soňabaka ahun bilen myhmanlaryň gürrüňi asyl meselä – ýaraşygyň şertiniň bozulýany ýa bozulmaýany hakyndaky meselä ugrukdy. Amangulam, Italmaza bolan işleri bolşy ýaly aýdyp, ahunyň sözüne garaşdylar.

– Ol ýaş gyz allatagalanyň buýrugy bilen siziň eliňizden gidýär. Ol öz ýazgydyna, kysmatyna boýun bolup, allatagalanyň buýrugy bilen dünýäden ötýär. Onuň ölümine hiç kim sebäpkär däl. Onuň üçin barlyşyk şertnamasy bozulmaýar.

– Gaty hakdyr, ahun aga! – diýip, Amanguly ahunyň hümüni berýär.

– Ikinji gyz hakynda aýdylanda, bir meseläni aýdyňlaşdyrmaly – ýagny, şol gyz nirä gaçypdyr, özi gaçypmy ýa hossarlary gaçyrypmy? Megerem öz hossarlary gaçyrandyr…

– Dogry aýdýarsyňyz, ahun aga, bildiňiz, öz hossarlary, onda-da Nazaryň hut özi gaçyrandyr! – diýip, Italmaz ahunyň sözüni böldi.

– Öz hossarlary gelni gaçyran bolsa, onda olar günäkär bolýar. Ýaraşyk hakyndaky şertnamany özleriniň bozduklary bolýar…

– Dogry aýdýarsyňyz, ahun aga, bildiňiz, gelni özleri gaçyrypdyr, şertnamany olaryň özi bozdy – diýip, Italmaz ýene durup bilmän, ahunyň sözüni böldi.

– Bir adamyň ýerini-suwuny, özüni razy etmän, başga bir ada-

ma bermek külli günä. Hökümet ýer-suw paýlaşygyny geçirip, uly günä iş etdi. Käpir hökümeti, ol günä iş etmeli, emma musulman onuň alyna gitmeli däl. Şol nähak ýer-suw alan adamam günäkär, olar göründe dik oturarlar. Siziň gandarlaryňyz gaty nähak iş edipdir. Olar iliň ýerini-suwuny almakdanam beter, barlyşyk şertnamasyny bozup, hun ujundan beren ýerini gaýdyp alypdyr, Gurhany ara goýup edilen barlyşygy bozmak gaty agyr günädir.

– Allatagalanyň özi olara göz görkezer. Ahun aga, bu barlyşygy, ara düşüp, siz etdirdiňiz, olara göz görkezmeseňiz, siziň abraýyňyza-da ýagşy däl. Şonuň üçin sizem olara bet doga ediň! – diýip, Amangulam söze goşuldy.

Ahun gürrüň etmän, pikire batdy. «Amanguly dogry aýdýar. Olara göz görkezilmese, meniňem il içindäki abraýyma şek ýeter. Näme etmeli? Italmazy olaryň üstüne küşgürmeli, gyrlyşyk başlatmaly. Eger şeýle bolaýsa, ilat «Ahun göz görkezdi!» diýip düşüner...»

Ahun başyny galdyrdy.

– Öňde bir garakçy örän köp adam öldürip, köp günä iş edipdir – diýip, ol myhmanlaryna gürrüň bermäge başlady. – Garakçynyň ýaşy elliden geçensoň, ol akylyna aýlanyp, toba edipdir, ýol urmasyny goýupdyr. Gije ýatanda sanap görse, ýol urup, adam talap, öldüren adamsynyň sany kyrka ýetipdir. Ertir turup, bir akyldar adama geňeşipdir. Ol akyldaram oňa iliň uly ahunyna ýalbarmagy maslahat beripdir.

Galtaman ahunyň huzuryna barýar. Eden günä işlerini birip-birin aýdyp çykýar. Ahun pikirlenýär. Soňam ýalkanmagyň takyk ýoluny salgy berýär.

– Siz ýol urup gazanan pullaryňyza pylan ýoluň ugrunda uly mülk satyn aldyňyz, dogrumy?.

– Dogrudyr, ahun aga! – diýip, galtaman oňa jogap berýär.

– Siz şol ýeriňize türkmeniň gülaby, waharman gawunyny ekiň! Tomus güni suwsap, şol ýoldan geçýän adamlara gawun beriň. Ine, ol gaty sogap işidir, şeýdip, öz günäňizden saplanyp bilersiňiz – diýip, ahun maslahat berýär.

– Men ýalkananymy ýa ýalkanmanymy nähili edip bilip bile-

rin, ahun aga? – diýip, galtaman soraýar.

– Siz öz çatmaňyzyň gapdalynda ýylaşan kesewini ekiň, şol kesewi gögerse, siziň ýalkandygyňyzdyr – diýip, ahun oňa jogap berýär.

Galtaman ahunyň ýanyndan gidip, çöl meýdanda, uly ýoluň gyrasynda gawun-garpyz ekýär. Gawunlar torlap başlanda, ýoluň gyrasynda oňat çatma tutunýar. Ýylaşan daýaw kesewini ýumşak yzgarly ýere ekýär. Gawunlaryň suwy süýjäp ugranyndan, galtamanam sogap gazanmaga başlaýar.

Galtaman ýol bilen gelýäne-de, geçýäne-de gawun berýär. Her kim gawun iýeninden soň galtamana uly alkyş okaýar. Galtaman her alkyşdan soň kesewä seredýär. Ýok, gögerenok.

Galtaman bişen gawunlaryny çatma üýşürip, eline gawun kesýän ýiti pyçagyny alyp, ýola garap otyr. Honha, bir atly atyny ýorgaladyp gelýär. Atly çatma golaý gelende:

– Dur! – diýip, eli pyçakly galtaman öňünden çykýar. – Inim, bir gawun iýmän geçmek bolanok.

Atly ýigit galtamany tanaýar.

– Sag bol, agam, gawun meýlim ýok, gaty gyssanýan! – diýýär.

– Beýle gyssagly bolsaň, atdan düşme-de iýäý – diýip, galtaman bir käse gawuny çatmadan getirip berýär.

Ýolagçy ýigit atdan düşüp oturýar-da, gawun iýmäge başlaýar.

– Älhepus, özüň ýaşam bolsaň, gysganç ekeniň-ow, şu meniň ýalkanjagyma içigaraçylyk edip, gawun iýmejek bolduň – diýip, galtaman käýinýär.

Ýigit gawun iýip, alkyş okap gidýär. «Zor edip iýdirdim, gögeresi ýok» diýip, galtaman bu gezek kesewisine-de seretmeýär.

Uzakdan bir aýal saman ýükli düýesini idip gelýär. Barha golaýlap gelýar. Ýadaw halda görünýär. Ol biýaralaryň arasynda omalyşyp ýatan gawunlara, garpyzlara höwes bilen seredýär. Näler bir gawuny alaýasy gelýär welin, çatmanyň gapdalynda gawun eýesi seredip dur.

– Daýza, salawmaleýkim, hany aýak çekiň, şu gawuny iýmän gitmersiňiz! – diýip, elindäki pyçak bilen galtaman oňat

waharmany käseläp başlaýar.

Suwsap, ýadap gelen aýal hezil edip gawun iýýär, «Taňryýalkasyn!» diýip, köp alkyşlar okap gidýär. «Şu gezeg-ä bolaýandyr» diýip galtaman kesewisine seredýär. Ýok, şol öňki durşy. «Ýaňy pyntyklap başlan bolsa, ýanyna barmasaň görünmez» diýip, ol ýakyn baryp seredýär weli, gury gaty erik agajynyň şol durşy-durşy. «Bolmady!» diýip, ol aýalyň yzyndan gaharly seredýär.

Ynha, bir ala ýabyly adam ýabysyny loňkuldadyp gelýär.

– Dur! – diýip, galtaman ony saklaýar. – Gawun iýmän, maňa alkyş okaman geçmersiň!

– Ýok, sakgaldaş, gaty gyssagly barýaryn, baryp, öýlenjek ýigidiň kemçiligini aýtmasam, olar guda bolýarlar. Gawun iýmäge wagtym ýok, tiz ýetişmeli – diýip, ala ýabyly köse nirä, näme üçin barýanyny aýdýar.

– Düş, iýersiň, iýmeseň goýbermen! – diýip, galtaman has gaharlanýar.

– Gawun iýmäge wagtym ýok! – diýip, köse galtamanyň berk tutup duran uýanyny silkip goýberýär.

Owalam kesewiniň gögermeýänine jany ýanyp duran galtamanyň gahary gelip, kösäni ala ýabydan agdaryp, «Kyrk bolmasaň, kyrk bir ekeniň-dä!» diýip, elindäki pyçagyny onuň döşünden dikýär. «Wah, ýene günä gazandym» diýip, galtaman turanda, birden kesewä gözi düşýär, ol gök ýaprak bolup gülläp oturan eken.

– Ine, gördüňizmi, şugullap, gudaçylygy bozup ýörmegem uly günä eken, şonuň ýaly agyr günä edýän adamy öldürseňem, Allatagalanyň özi ýalkajak eken – diýip, ahun biraz diňşirgendi, soň başyny galdyrdy.

– Şol Nurberdileriň Gowşutda işleýän biri bar-la, adyny bilmedim – diýip, ol sakyndy.

– Nazarmy? – diýip, Italmaz sorady.

– Hawa, Nazar. Ol Gowşutda işläp, ýer-suw paýlaşygynda köp musulmany çürkäpdir. Ine, şony öldüreniňem kesewisi gögeräýse gerek – diýip, ahun aýlawly hekaýasynyň manysyny göneltdi.

Amanguly bilen Italmaz gaýdyp gelýärkä, pikirlenip gelýän Italmaz birden:

– Bä, güýçli ahun-ow! – diýenini duýman galdy.

– Hä, dünýäniň dört künjüne-de gözüni ýetirip oturan gurbany gitdigimdir.

– Akmyrat kakamyň keseliniň sebäbini göni aýdaýdy! – diýip, Italmaz haýran galyp, başyny ýaýkady.

– Gelniň nähili gaçanyny aňýar, ol gaty gudratly ahun! – diýip, Amangulam ahuny öwdi.

– Ýöne bir aňmak däl, ol gurbany boldugym, ony kimiň gaçyrannam göni aýdýar. Hökman garyndaşlarynyň biri gaçyrypdyr – diýip, kimdiginem bilip otyr ahyry. Nazary öldüreniň kesewisi gögär – diýýär ahyry. Eý, gurbany boldugymda gudrat-a bar-ow!

Hawa-la, ol örän gudratly ahun.


enedilim.com

-21-

## GAÇAKLAR

Möwlam bilen salamlaşyp geçmegi göwnüne düwüp, Italmaz ýolda Gowşuda, öz gudalarynyňka sowuldy. Möwlam bilen eýwanda duşup, salamlaşandan soň, jaýa girip, çaý içmäge oturdylar. Italmaz ahunyň ýanyna baranyny, ol ahunyň gudratlydygyny, dünýädäki ähli gymyldyny oturan ýerinden bilip oturanyny gürrüň berdi.

– Akmyrat kakamyň keseliniň nämeden başlananyny gös-göni aýtdy. Meniň gelnimiň gaçmagyna Nazaryň kömek edendigini ahun ikuçsyz açyk aýtdy – diýip, Italmaz öý eýesine gürrüň berdi.

– Seniň gelniňi «Nazarlar gaçyrdy» diýip açyk aýdaýdymy-aý? – diýip, Möwlam haýran galdy. – Gudratyňa döneýin, gurbany boldugym! Äý, biziň ol ahunymyz zor! Biziň goňşy obamyzda bir ýetim gyz aýal doganynyň elinde gaty hor ýaşady. Ýöne, ol gyzy Aşgabatdaky Ene Kulyýewa internatyna ýerleşdiripdirler. Ol tomus wagty oba gelipdir. Ol şol internatda okaýan ähli gyzlar hakynda öz uly aýal doganyna gürrüň edip berende, Aýnany internata Kakajan dagynyň elteninem aýdypdyr. Kakajan diýenleri şol Nazaryň ogly dälmi?

– Hawa, şonuň ogly – diýip, Italmaz öý eýesine jogap berdi.

– Gördüňizmi biziň ahunymyzy, oturan ýerinden bilip oturan eken! Onda gudrat bar! – diýip, Möwlam haýran galdy.

– Aýna şol internatdamyka şu wagt? – diýip, Italmaz haýbatly sorady.

– Şol gyzyň aýtmagyna görä, bile okaýan bolmaga çemeli. Ol gyz bilen bile okaýan bolsa, internatdadyr – diýip, Möwlam jogap berdi.

– Ony özüm taparyn, «Gelni gaçypdyr!» diýen ada galanymdan ölenimi ýüz paý gowy görerin. Ony sypdyrman, indi nirededigini bildim – diýip, Italmaz gaharly gürledi. Sojap dem alyp, ol birsalym oturdy. – Ahuna ýagdaýlary bolşy ýaly edip gürrüň berdim. Äý, gürrüň bermeseňem, ol bilip oturan eken. Ol maňa «Olar barlyşygyň şertini bozdular. Ýerlerini yzyna gaýdyp aldylar, gyzlaryny özleri äkitdiler. Gurhany ara goýup, özüm barlyşdyrypdym. Olar gurhanam, menem äsgermän, barlyşyk şertini bozdular. Indi menden rugsat, ganyňyzy alyberiň» diýip, bize rugsat berdi.

– Gan meselesi agyr mesele, pylan zat et, pylan zat etme – diýip, akyl bermäge çakym ýok. Indi öňki türkmençilik däl, oň pylany gan alypdyr diýseler, «Oňarypdyr» diýerdiler. Gan alan bilen hiç kimiň işi bolmazdy. Häzir o däl, gan alany hökümet adam öldüren hökmünde sud edýär. Italmaz, ahmal bolma, barlyşdyk diýen bol-da, il gözünde ümsüm kişi bol-da geziber, aňta, hiç kime bildirmän, maýyny tapyp, etjegiňi et. Düşündiňmi? – diýip, Möwlam sorady.

– Soňuny saýgaran batyr bolmaz! Öz gandarymdan ganymy almaga hakym bar! – diýip, Italmaz pert aýtdy. .

* * *

Annaly dagy syrkawyň daşyny alyp otyrkalar, salam berip, gapydan Italmaz girdi.

Akmyrat Italmazy görüp, hyklap tirsegine galdy!

– Ahuny gördüňmi?

– Gördüm, Akmyrat kaka.

– Barlyşygyň bozulmasy hakynda näme aýtdy?

– Gan almaga rugsat berdi. Äý, ol ahun zor eken, bu ýerde bolýan işleriň hemmesini görüp oturan eken. Ol ýer çekmişi hakyt Nazaryň özi äkidip, Aşgabatdaky gyzlaryň internatyna salypdyr.

– Be, hany «ony äkideniň ädiginiň yzy kiçijik eken» diýip, özüň aýtdyň ahyry, ony Nazar äkiden bolsa, ädiginiň yzy beýle

kiçi bolmaly däl.

– Wah, Akmyrat kaka, sen ädik yzyndan hasap tutjak bolýarsyň, ol gurbany boldugym ahun şol öz garaňky tamynda oturyp, kimiň äkidenini, nirä, haýsy ýol bilen äkidenini görüp otursa nätjek?! – diýip, Italmaz başyny ýaýkady.

– Şeý diýsene, gurbany boldugym, güýçlüdir-le! – diýip, Akmyradam ynamly aýtdy. – Bize gan almaga ol rugsat beren bolsa, biz ýaňky haramy kakaýmaly.

– Ahunyň aýdanam şol, «Şony kakyň!» diýip, maňa ol gurbany boldugym açyk aýtdy.

– Meniň keselim hakynda ondan hiç zat soramadyňmy? – diýip, Akmyrat inisinden sorady.

– Wah, ol gurbany boldugyma hiç zat aýtjak bolmaly däl. Onuň özi bar zady aýdyp otyr. «Seniň agaň Akmyrady şol gan ujundan alnaň gyz gargyşy bilen keselletdi» diýip ahun maňa açyk aýtdy. Onuň öleninem görüp oturypdyr. «Özem-ä igläp-igläp öldi weli, Akmyradam ýaman kesele uçratdy» diýdi.

– Meniň keselime, ol heý, doga-däri etmedimi? – diýip, Akmyrat inisinden sorady.

– «Doga-däri aljak bolup azara galmaň, ol gargyşyň ýolukdyran keseline hiç zat kär edip bilmez diýip, ahun aga açyk aýtdy.

Akmyrat «Waý, öldüm!» diýip, başyny ýassyga goýdy.

* * *

Nazar Tutlygala oba Şurasynyň mürzesi bolup işläp ýördi. Nazaryň işeňňirligini aňyp, Şura başlygy begendi. Iş gaty kändi. Obanyň köp garyplaryna, batraklaryna ýer-suw berildi. Ol garyplaryň malam ýok, iş guralam. Olar ugruny tapyp, arkalaşybam ekin ekjekler, emma iş malsyz, guralsyz olar nähili ekin eksinler?

Nazar bu hakda pikir edip, oba Şurasynyň başlygy bilen geňeşdi. Ýaşuly başlyk:

– Nazar jan, gaýgy etme! Ol zatlaryň aladasyny biziň hökümetimiz edýär. Tiz wagtda bizi raýona çagyrjaklar, hökümet

garyplara iş maly, iş guraly almaga pul goýberýär, gidip şolary alyp gelmeli bolar. Şonuň üçinem kimlere iş maly, iş guraly gerek boljak, kimler özünden oňjak, şolaryň hasabyny et, atlaryny ýaz – diýip, Nazara buýurdy.

Nazar şol zatlaryň hasabyny edip, gijelerem gelip edarada işleýärdi.

Bu işleri bir kemsiz hasaba alandan soň, ol başlyga düşündirip aýtdy. Bu meseläni ýygnaga goýdular. Ýygnakda ara alyp maslahatlaşanlarynda aýryljagy aýryldy, üstüne goşuljagy goşuldy.

Nazar oturyp, täzeden pul hasabyny etdi.

Ahyry bir gün raýona çagyrdylar. Nazar başlyk bilen gidip, garyp, batraklar üçin mal hem gural puluny alyp geldi.

Bir gün Nazar gidip, hlopkomdan gowaça çigidini, tohumlyk galla alyp gelip, şolardan kime näçeräk bermeli boljakdygynyň hasabyny edip otyrka, gapydan bir ýaş ýigit geldi. Gije çyranyň yşygyna onuň ýüzi oňly görnenok. Kiriň, tozanyň derdinden egnindäki köýnegiň nähili reňkdedigi bildirenok, ýöne ýeňleri çermelgi, iki omzam ýyrtyk. Garamtyl reňkli balagynyň dyzlaram ýyrtyk. Ýigidiň aýaklary ýalaňaç. Salamdan soň ýigit Nazara:

– Men Nowruz, Nenegüliň jigisi. Siziň ýanyňyza meni Begenç mugallym iberdi – diýip düşündirdi.

– Nowruz, hany otur – diýip, Nazar oňa oturgyç görkezdi. – Seni Aşgabatda tehnikumda okaýar diýip eşidipdim. Näme, tehnikumy taşlaýdyňmy?

– Tomus rugsat wagty öýe gaýtdym.

Ýigidiň jogabyna Nazar geňirgendi. «Rugsada geler ýaly, seniň bu ýerde öýüň barmy, seniň geleride garaşyp duran eneň-atañ barmy?!»

– Tomsam gelmän, tehnikumda galyberseň bolmadymy?

– Galdyranoklar. «Seniň baý aýal doganyň bar. Gidiber!» diýip, meni oba iberdiler.

– Bolýar-da, geziber, tomsam tiz geçer. Hawa, meniň ýanyma näme habar bilen geldiň? – diýip, Nazar ondan sorady.

– Gelen badyma, meni düýeleriň yzyna saldylar. Baýyňam,

Italmazyňam, Annalyňam düýesini bakýan hem düýelere gyş iýmiti üçin meýdanda ýandak ýatyrýan. Agşam oba gelibem sygyrlar, goýunlar üçin ot ýygýaryn. «Meniň alaşam üçin ot ýygmansyň!» diýip Italmaz meni it uran ýaly edip urdy – diýip, Nowruz näme üçin gelenini aýtdy.

Nazar pikirlenip oturdy. «Ejize ganym, deýýus! Nowruza bir iş tapyp bolmazmyka? Nenegülüň durmuşam ýaramaz...»

– Ýör, hany gideli! – diýip, Nazar watlaryny ýygnaşdyrdy. Gerekli kagyzlaryny stoluň çekerine salyp gulplaşdyrdy.

Giçden soň Begenç mugallym bilen Oraz aga mugallymyň gapysyndaky sekiniň üstünde gürrüň edişip oturan eken. Nazar bilen Nowruz salam berip baranlarynda olaryň ikisem geň galdylar.

– Biz Nowruzyň gürrüňini edip otyrdyk, geleniňiz gowy bolaýdy, geçiň, oturyň! – diýip, Begenç olary garşy aldy.

Nazar oturandan soň:

– Nowruzyň näme gürrüňini edýärsiňiz? – diýip sorady.

– Äý, neresse ömürboýy Akmyradyň hammalçylygyny etdi. Indi tehnikuma girdi, ol azaplardan dyndy diýdik weli, bu ýyl tomus gelip, ýene öňki batrakçylygyna başlady. Nätsin, neressäniň başga gidere ýeri ýok! – diýip, Begenç mugallym zeýrendi.

– Begenç aga, menem siziň bilen Nowruzyň ýagdaýy hakda maslahatlaşmaga geldim. Ertiriň özünde raýoný baryp, «Nowruzy likbez okatmaga biziň obamyza mugallym edip belle» diýip, Garryýew bilen siz sözleşseňiz näderkä? – diýip, Nazar Begenç mugallyma ýüzlendi.

Şol günüň ertiri Begenç mugallym raýona gitdem, Nowruzy zulumdan dyndardam. Nowruz tehnikumdan alan akja geýimlerini geýip, likbez okatmaga başlady. Nowruz mugallym bolandan soň, Akmyradam, Italmazam batyrnyp bilmedi.

* * *

Likbez okadyp, giçden soň Nowruz gara öýe geldi. Nenegül öýde ýok. Basyrlyp goýlan çäýnekden bir käse içdi. Çaý biraz

sowapdyr. Onýança Nenegül gapydan geldi.

– Uklaman geçen, ahyr uklady. Nowruz jan, çaý içip otyrmyň? Çaý sowandyr, täzeden gaýnadaýaýyn?

– Ýok, bolýar, şu besdir! – diýip, Nowruz gaty çöregi sowan çaýa ezip iýmäge başlady.

– Agşam gürrüňlerini diňledim weli, olaryň-a päli düzüw däl. Italmaz «gan aljak» diýýär. Olaryn gözi Nazarda. Nazar ýaly gowy ýigit ýok. Köçede duşsa-da salamlaşýar. Durup, hal-ýagdaýy soraşýar...

– Wah, meni olaryň zulumyndan gutaran, oba mugallymy edip bellän Nazar ahyry. Men oňa nähili edip, kömek berip bilerkäm? – diýip, Nowruz pikirlendi.

– Kömek edip bilmeýäň, olar şu gijeden başlap, onuň ýoluny saklajaklar. Ýöne baryp, «Ahmal bolma, seniň kasdyňa çykýarlar» diýip, tabşyraýmasaň, başga edip biljek kömegiň ýok – diýip, Nenegül uludan dem aldy.

– Nenegül, men gideýin – diýip, Nowruz ýerinden galdy.

– Jigim, ahmal bolma, ara düşýäniňi, Nazara kömek edýäniňi bilse, Italmaz senem tiz ýok eder. Seniň bu ýerde, näme, hossaryň barmy? – diýip, Nenegül jigisine berk tabşyrdy.

Nowruz daş çykdy. Gözedürtme garaňky. Nazarlara barýarka, ol biraz sägindi. «Nazara baryp, ahmal bolma» diýsem, ol geň görer. Italmazyň duşmandygyny, onuň ahunyň ýanyna baranyny, ahunyň oňa «Ganyňyzy alyberiň» diýip rugsat berenini onuň özem bilýär ahyry. Men Nazaryň ýanyna gitmäýin, meniň aýtjak zatlarymyň hemmesini onuň özi bilýär. Näme etsemkäm?..» Nowruz aýak çekdi. «Nazar partiýanyň çleni, obanyň ähli garyp-batraklaryna kömek edýär. Nähili oňat adam. Men komsomol bolup, indi ony gorap bilmenmi?..» Nowruz birden gaty-gaty ýöräp, garaňka siňip gitdi.

Şol gaty ýöräp barşyna, Nowruz gara dere batyp, bir bagly posýologyň gyrasyndan girip başlady. Darajyk köçe bilen ýöräp, bir jaýyň gapysyny itdi. Ýapyk gapyny kakdy. Derini süpürýär. Elýaglygy öl-suw boldy. Gapyňy has gatyrak kakdy.

– Kim?

– Men Nowruz, aç gapyny!

– Gijäniň bi biwagt çaky ýatan adamlary turuzyp ýörmäň näme? – diýip, bir ýaş ýigit gapyny açdy. – Nowruz, ýeri-how! Eýgilikmi?

– Ýoldaş Nuralyýew, bagyşla, nirä barmalydygyny bilmän, sen raýkom komsomolyň sekretary bolanyň üçin, göni seniň ýanyňa geläýdim – diýip, Nowruz sojap dem alyp, ondan ötünç sorady.

– Gir içeri, öýe baraly, näme iş bilen geleniňi aýt.

– Öýe barmaly, näme iş bilen gelenimi şu ýerde aýdaýyn, hiç kim eşitmesin – diýip, Nowruz garaňkyda töweregine ýaltaklady. – Meniň hojaýynlarym Italmaz, Annaly dagy gaçakçylyk edýärler. Olaryň dagdan gelenine iki gün boldy. Entek gaçak mallarynyň hemmesini ýerleşdirip ýetişen däldirler. Şu wagt öýlerini barlasaňyz, aňry-bäri çykar. Üzümleriniň içinde, birem döläniň içinde gömüp gizleýän ýerleri bar. Ine, şol ýerleri agtarsaň, gaçak mal häzirem bardyr. Gidip, şolary tutaly.

– Häzir men öýden ýaragymy alyp çykaýyn – diýip, raýkom komsomolyň sekretary Nuralyýew öýüne girip gitdi.

Nuralyýew kostýumyny geýip, sapançasynam biline gysdyryp geldi-de:

– Ýör! – diýdi. Biraz ýöränlerinden soň, Nuralyýew durdy. – Seniň ýaragyň barmy?

– Ýok.

Ýene ugradylar.

– Nirä barýas?

– GPU-dan adam alaly – diýip, Nuralyýew posýologyň içine tarap gitdi.

Daňyň ümüş-tamşynda bäş sany atly Tutlygala obasyna girip, göni Italmazlara tarap sürdi. Nowruz Nuralyýewiň atyndan düşüp, Nenegülüň gara öýüne girdi.

– Jigim, geldiňmi? Köp eglendiň-le, nirä gitdiň?

– Äý, Nazar aganyň ýanynda eglenäýdim.

At toýnaklarynyň sesi gelip başlady.

– Nowruz jan, obamyza topar atly geldi, eýgilik bolsun hernä! – diýip, Nenegül dik galdy. – At toýnagynyň sesi Akmyratlaryň, Italmazlaryň gapysynda durdy.

– Nenegül, meniň gije Nazarlara gidenimi hiç kime aýtmagyn, likbez okadyp gelip, öýde ýatdy diýäýgin – diýip, Nowruz aýal doganyna tabşyrdy.

Nowruz daşky köýnegini çykaryp, diň saldy. Çarwaýlyk edýän aýalyň, aglaýan çaganyň sesi eşidildi. «Barlap başladylar. Dünýä ýagtyldy. Indi baraýsak bolar»– Nenegül, ýör baryp göreli – diýip, ol daş çykdy.

Nenegül bilen Nowruz Akmyratlaryň gapysyna bardylar.

– Ýaşulynyň öýünden zat tapylmady – diýip, Nuralyýew Nowruza duýdurdy.

– Düşekçäniň aşagyna serediň! – diýip, Nowruz hiç kime eşitdirmän, çawuş çakyp, Nuralyýewe aýtdy.

Hassanyň ýatan halysynyň her tarapyndan bir adam göterip, Akmyrady ýelek düşekçäniň gapdalyna aýranlarynda, Italmaz:

– Ýatan kesellä azar bermäň! – diýip, gygyrdy, emma ol gijä galdy.

GPU-nyň adamlary ýelek düşekçäniň aşagyndan şiwetmy, mandala matalar çykaryp başladylar.

– Gutulaýsam geýim tikinerin diýip, öňräk bir kürtden alaýypdym – diýip, hassa hykylap, halymsyrap gepledi.

Aýal joraplary, kaşnalar çykyp başlady.

– Gutulaýsaň bularam geýmek üçin alypsyň-ow! – diýip, aýal joraplaryny süýndürip, GPU-nyň adamlary gülüşdiler.

Bu wagtlar oba Şurasynyň başlygy, Begenç mugallym, Oraz aga dagy geldiler.

Gaçak mal gözleýänler, edil özleri goýan ýaly, göni üzümiň içine gidip, dört düýp ösgün gara üzümiň aralygyny agtarmaga durdular. Muny gören Italmaz bir belet adamyň GPU-wa elinje habar berenini aňyp, «Kim habar berdikä?» diýip pikirlenmäge durdy. Nowruza gaharly çiňerilip seretdi. Görse, Nowruz içki maýkaly dur. «Bu-ýa ýatypdyr. GPU-laryň şakyrdysyna oýanyp, göni ýorgandan çykyp, bu ýere gelipdir. Zatlaryň bu ýerde gizlenenini Nowruzdan başga kim bilýär?» Italmaz ýene pikirlendi. GPU-lar ol ýeri gazyp, bir topar taňňyr, dört burçly, togalak, ululy-kiçili gaplary tapdylar. Olaryň käsiniň içinde gyrmyzy boýag, käsiniň içinde tirýek ýaly zatlar bardy. GPU-lar

çukurdan çykaryp, olary bir ýere üýşürýärdiler.

Italmaz durup bilmän:

– Bu gaçgak zatlary biziň öýümiziň ýanynda gömýän, bize ýamanlyk etjek bolup ýören kimkä? – diýen bolup, sesli sorady.

Italmazyň soragyna daşyndaky adamlar gülüşdiler.

– Maňa ýamanlyk etse, şu oba şurasynyň mürzesi, biziň öňki gandarymyz Nazar eder. Bu gaçgak mallary bu ýerde gömüp, bizi gaçgaklykda aýyplamak üçin GPU-ny bu ýere çagyranam şol biziň duşmanymyz Nazardyr – diýip, Italmaz galmagal edip başlady.

Oba Şurasynyň başlygy, Begenç mugallym dagy Italmazyň gürrüňine ýylgyrdylar. Oraz aga sesini çykarman, başyny ýaýkaýardy.

– Sen, Oraz, başyňy ýaýkan bolma, bize ýamanlyk edýän, bu gaçak mallary biziň öýlerimiziň töwereginde gömýän, soňam GPU-wa ýamanlap, bizi tutdurjak bolup ýören seniň giýewiň Nazar, sen ony bilmediksirän bolma! – diýip, Italmaz oňa herreldi.

Oraz aga sesini çykaranok, emma Italmazyň galmagalyna adamlar üýşüp başlady. Onuň iki aýaly iki ýerden aglamaga durdy. Akmyradyň semiz aýalam gelip, ol aga goşuldy…

GPU-dan gelenleriň komandiri Italmaza golaý gelip, ýuwaş ses bilen:

– Goý sesiňi! – diýdi.

Italmaz sesini goýan badyna, aýallaram seslerini goýdy.

Barlagçylar döläniň içinden iki halta tapdylar. Haltany açyp görseler, dürli-dürli öwşün atýan owadan kaşnalar.

Soň akt ýazdylar. Italmaz bilen Annalyny öňlerine salyp, gün guşluk galanda raýona tarap ugradylar.

## -22-

# ÝAGŞYLYGA ÝAGŞYLYK

Elindäki akşekerek üzümden käwagt bir dänesini agzyna atyp ýuwaşjadan ýöräp barýan Nazar haýatyň gaýra başyna – Kerimiň öldürilen ýerindäki beýik erik agajynyň aşagyna gelip, töweregine garanjaklady. Hiç kim ýok. Ol çommalyp oturdy.

«Italmaz nähili ýigrenji adam. Ýörite gidip, gan almaga ahundan rugsat alyp gelipdir. Ol tutulmadyk bolsa, hökman ýene ölşük bolardy. Onuň tutulaýany kem bolmady. Kim ony tutdurdyka? Öz-ä gaty belet adam tutdurypdyr. GPU-nyň adamlary ol tutulan gaçak mallary gözlemändirler, göni baryp, goýlan ýerinden çykaryberipdirler. Habar beren beýle belet adam kimkä? Kimem bolsa örän wagtynda habar beripdir. Ol ahunyň ýanyndan gelip, öz agasy bilen maslahatlaşyp, gan almaga çykjak güni tutuldy. Ony tutduran adam aýny wagtynda bize ýagşylyk etjek bolup tutdurypdyr. Kimkä? Obada meniň ters adamym ýok. Oba adamlaryna elimden gelen ýagşylygy etdim. Ýagşylyga düşünýän adam maňa ýagşylyk edendir…

Kakajanam tiz gelse gerek. Italmaz tutulan günüň ertesi gün «Gelmek bolýar, oba gezmäge gel» diýip, oňa hat ýazdym. Akmyradyň gandüşer garyndaşy känem bolsa, Italmaz bilen Annalydan özge gan aljak diýip, dyzaşyp ýöreni ýok diýen ýaly. «Ganyňyzy alyberiň, öňki edilen barlyşygy gandarlaryň özleri bozdy» diýip, gan almaga rugsat berip goýberen ol «keramatly» ahunlaram düzüwli adam däl bolmaga çemeli…» diýip pikirlenip durka, öz gapysyna gelen iki sany adama Nazaryň gözi düşdi. «Be, Hanguly ýaly-la!» Nazar tiz-tizden ädimläp, öýüne tarap ugrady.

Olaram Nazary tanan bolmaga çemeli, aýak çekdiler.

Nazar öýe golaýlaberende Hangulyny ymykly tanap!

– Bo-how, Pälwan! Salawmaleýkim! – diýip, gygyrdy, iki elinem görüşmek üçin uzadyp ugrady. Nazar Hanguly bilenem, onuň ýoldaşy Garly pälwan bilenem gadyrly görüşdi, saglyk-amanlyk soraşdy.

Öýe girip oturanlarynda Nazar kiçi ogluny iberip, öz doganlaryny, Oraz agany, Begenç mugallymy, oba Şurasynyň başlygyny çagyrdyp, goýun öldürtdi.

Hemmeler ýygnanandan soň, mazaly hal-ahwal soraşdylar. Gürrüň barha gyzyşyp, ahyry Italmazyň üstünden düşdi.

Hanguly pälwan Gowşut obasynda bolýan gürrüňleri aýdyp başlady:

– Biziň obamyza bu hakda her hili gürrüň ýaýrady. «Ýer-suw paýlaşygyndan soň, ahun gan almaga Italmaza rugsat beripmiş», «Ahun Italmaza Nazary öldürmäge rugsat beripmiş...» diýen ýaly gürrüňler agyzdan-agza geçýär.

Ol ahunyň ýer-suw paýlaşygyna, hökümete garşy başga-da edýän gürrüňleri kän. Şonuň üçin obadan çykarylyp, sürgün edildi.

Nazaryň eden ýagşylyklary üçin biziň obamyzyň adamlary muny gaty gowy görýärler. Meniň bärik gaýtmagyma-da oba adamlary sebäp boldy. «Şol gan içen birden Nazara bir zat edäýmesin, sen gidip, bolmasa, ýene Nazary oba alyp geläý...» diýip, oba adamlary meni bärik iberdi – diýip, Hanguly pälwan özüniň Nazarlara gelmeginiň sebäbini gürrüň edip berdi.

Gan almaga çykjak güni gaçakçylykda aýyplanyp Italmazyň tutulyşyny oba Şurasynyň başlygy Hanguly pälwana gürrüň edip bereninde, pälwan pikire gitdi.

– Nazary goramak üçin bu zatlara belet bir adam Italmazy tutdurypdyr – diýip, pälwan çen etdi. – Onda-da Nazaryň bir ýagşylyk eden adamsy Italmazy tutdurypdyr. Italmazy tutduran adamy bilmek üçin Nazaryň kime ýagşylyk edenini bilmek gerek. Hany, pikirlenişip görüň, siz bilýänsiňiz, Nazar kime ýagşylyk etdi?

– Biziň obamyzda Nazaryň ýagşylyk eden adamsynyň hetdi-hasaby ýok. Iki-ýeke baýlardan başga oba adamlarynyň hem-

mesine Nazar ýagşylyk etdi.

Begenç mollanyň ýanynda bu gürrüňleri eşidip oturan Nowruz mugallymyň erni bir ýere gelmän, şol ýyrşaryp otyr.

– Italmazy tutmaga gelen GPU adamlarynyň ýanynda kim bardy? – diýip, Hanguly sorady.

Olaryň ýanynda raýkom komsomolyň sekretary Nuralyýew bardy – diýip, Begenç mugallym jogap berdi.

– Italmazyň gaçakçylyk edýändigine belet bir adam Nuralyýewe habar beripdir. Haýsy zadyň nirede gizlenýäninem oňa jikme-jik aýdypdyr. Nuralyýewem GPU-yň adamlary bilen gelip, Italmazlary barlapdyr – diýip, Hanguly pälwan çen urdy.

– Pälwan, seniň bu aýdýanlaryň göwne jaý, ýöne başga bir adam Italmazy tutdurjak bolsa, gelip maňa aýdardy, ýa bolmasa raýona baryp, raýkom partiýa, ýa raýižiraýa komitetine aýdardy. Nuralyýewe aýdan hem hökman komsomoldyr, özünem Nazaryň bir ýagşylyk eden komsomolydyr, özem Italmazyň gaçakçylyk işine gaty belet komsomoldyr – diýip, oba Şura başlygy öz pikirini aýtdy.

Oba Şurasynyň eden çenlerem adamlaryň göwnüne jaý boldy. Şol wagt Begenç mugallym hiç kime duýdurman Nowruzyň ýüzüne seretdi. Nowruzyň ýylgyrmasy galyp, ýüzi agaryp başlapdyr. «Nowruzyň Italmazy tutdurandygy bilnäýse, Akmyradyň garyndaşlary Nowruza-da, Nenegüle-de gün bermezler» diýip Begenç mugallym pikir etdi.

– Italmaz tutulypdyr, şol bolýar, ony kim tutdurypdyr, nähili tutdurypdyr, ony biljek bolup azara galyp oturmalyň! – diýip, Begenç mugallym gürrüňi başga ýana sowdy. – Hany, başlyk, haçan ogluňy öýerýäň, haýsy gün toý tutjak? Ynha, pälwanlaram gelipdir. Bahymrak toý tutaýsaň, Hanguly pälwanyň göreşini göräýsek – diýip, ol oba Şurasynyň başlygyna sorag berdi.

– Toýy haçan tut diýseňiz, tutaýarys. Barlyşdyk, guda bolduk, ýöne sähedini belläýmeli. Edil ertiriň özünde-de toý tut diýseňiz tutubermeli – diýip, başlyk Hanguly pälwana seretdi.

– Toý diýip, iki-üç günläp galyp biljek däl, ižiraýa komitetiniň işi gaty kän, ony özüňizem bilýänsiňiz, biz gyssagly işlerimizi taşlap, diňe Nazar üçin gaýtmaly bolduk. Eger toýy ertir etseňiz,

biz galyp bileris – diýip, Hanguly pälwan öz ýagdaýyny aýtdy.

Bäşim gapydan boýnuny uzadyp:

Nahar çekibersek bolýarmy? – diýip, başlyga seretdi.

Ýaşuly başlyk:

– Naharyňyz taýýar bolsa, haýal etmäň-de getiriberiň! – diýdi.

Gapydan eli çanakly Bäşim täze öldürilen toklynyň ýagly çekdirmesini alyp gelip, ýaşuly başlygyň öňünde goýanda, başlyk:

– «Myhman atańdan uly» diýipdirler, Bäşim jan, birinji çanagy pälwanlaryň öňünde goý! Nazar pälwan, senem öz myhmanlaryňa tarap öwrül. Üç pälwan bolup bileje iýiň! – diýdi.

Ikinji çanagy başlyk, Begenç mugallym, Oraz aga, Nowruz dagy öz öňlerine aldylar.

– Bäşim, senem doganlaryň bile geliň, ýer bar, şu jaýda üýşüp, agzybirje nahar iýeliň! – diýdi.

Hiç kimden ses çykman, ýaňy nahar iýmäge başlanlarynda, gapydan salam berip, Kakajan geldi.

– «Ýagşy ýigit aş üstüne» diýipdirler. Kakajan, oglum, eliňi ýuw-da, gelip, kakaň ýanyndan oturyber! – diýip, başlyk oňatja geýnen gül ýaly oglana höwes bilen seretdi.

Nahar iýip bolansoňlar başlyk «Wakyrra menzil» diýip, toý töwirini galdyrdy. Soň Kakajana «Saglykmy, amanlykmy, gowy okap ýörmüň?» diýip bir topar sorag berdi. Ol soraglary öýdäki oturanlaryň hemmesi gezek-gezegine Kakajandan sorady. Nazar bolsa öz ogluna guwanç bilen, gözüňi aýyrman seredýärdi. Başlyk:

– Nazar, jan ogul, rugsat bolsa, men gudamyň ýanyna baryp, toýy tizleşdireýin. Başga zatlaryň bary taýýar. Birinji baýraga Möwlamyňky ýaly edip, howutly, halykly, bäş ýaşar erkek birin – diýip, söz berip bilmen, ýöne ýeňen pälwany närazy etmejegim hakdyr – diýdi.

Başlyk rugsat alyp, çykyp gitdi.

Başlyk dördünji – iň kiçi ogly Çaryny öýerýärdi. Başlygyň iň körpesi Tylla atly ýaňy göze görnüp barýan gyzdy. Başlyk ol gyzyny, iň körpesi bolansoň, gaty gowy görýärdi. Ol mydam «Tyllam, oglum» diýip ýüzlenerdi. Öýde ýat adam bolmasa,

«Tyllam, oglum gel ikimiz bileje çaý içeli, bileje nahar iýeli!» diýip, onuň bilen bir tabakdan iýerdi, bir çäýnekden içerdi.

* * *

Entek toýçy märekesi üýşmänkä, Tylla gapylary suwlaýardy, Kakajan uzyn sübse bilen suwlanan ýerleri süpürýärdi. Käwagt ikisi bir zat-bir zat diýşip, gülüşýärdi. Soň olar ullakan keçäniň hersi bir tarapyndan tutup, teläriň aşagyna ýazdylar. Sekiniň üstüne, şatudyň aşagyna ikisi düşek ýazyp çykdy. Başlyk olaryň agzybirje işläp, öwrenişip ýörenlerini aşaklyk bilen synlady, emma hiç zat diýmedi. Pälwanlar gelip, teläriň aşagynda oturdylar. Nazar baryp Begenç mugallymyň gulagyna bir zatlar aýtdy. Soň Kakajan bilen gürleşip oturan Nowruza seretdi.

– Italmazy kimiň tutduranyny bilip bilmän ýördüm. Özi komsomol bolsa, özem meniň ýagşylyk eden adamym bolsa hem Italmazyň zat goýan ýerlerine belet adam bolsa, ýoldaş mugallym, onda şol maňa ýagşylyk eden adam Nowruz bolmaly – diýdi.

– Sen, Nazar, şu pikiriňi hiç kime aýtma, Akmyratlar azgyndyr, onsoňam Italmazyň tutulanyna içleri ýanyp durandyr. Eger olar aňaýsa, Nowruzam, Nenegülem ýok ederler. Sen Nowruzdan güman etseň et, emma sesiň çykmasyn – diýip, Begenç mugallym Nazara berk tabşyrdy.

Nowruz Kakajana:

– Indi Italmaz tutuldy. Aýnanam şu toýa getiräýmeli eken. Ol Şirin gelnejesini, tanyşlaryny görüp hezil ederdi – diýdi.

– Nowruz, samsyk gürrüňleriňi goý, heý onam bu oba getirip bolarmy? Entek onuň niredediginem hiç kime bildirmeli däl – diýip, Kakajan ýoldaşyna berk tabşyrdy.

– Aýnanyň nirededigini olar eýýäm bilýärler. Şol melgun ahun Aýnanyň internatdadygynam, ony kimiň äkidip, gyzlar internatyna ýerleşdireninem Italmaza birin-birin aýdypdyr, ol tutulmadyk bolsa, zalym Aýnanyňam kasdyna çykjakdy. Ýöne gowy boldy tutulaýdy – diýip, Nowruz ýeňil dem aldy.

Gün ýaňy guşluk galanda, eýýäm gelnaljy geldi.

Oraz aga başlyga:

– Pälwanlary tiz göreşe çykaraly, nahary soňam bersek bolýar – diýdi.

– Ony özlerinden soraly, şu wagt nahar bermesek, gelşiksiz bolaýmasyn. Oraz, men soramaýyn, sen sora, eger olar häzir nahar iýjek diýseler, tiz nahar çekip başlaly.

Orazyň soragyna Hanguly:

– Isleseňiz, toýçy märekä nahar beriberiň, biz häzir aç däl, göreşden soňam iýsek bolýar – diýip, jogap berdi.

Märeke tegelendi, pälwanlar göreş meýdanyna bardy.

Ädigini çykaryp oturan Hanguly pälwan:

– Näme ädigiňi çykaraňok? – diýip, Nazaryň ýüzüne seretdi.

– Men seniň bilenem, Garly pälwan bilenem göreşjek däl. Siziň eden ýagşylygyňyzyň aşagyndan men çykyp biljek däl, häzirem maňa hossarçylyk edip, meni öz öçlimden goramaga gelipsiňiz, bir bolgusyz baýrak üçin men siz bilen göreşip biljek däl, bu oba maňa beletdir, sizden başga meniň bilen göreşip biljek pälwan bolmaz – diýip, Nazar Hangulynyň gulagyna çawuş çakdy.

– «Bir-ä söwdada, birem göreşde sylaşmak bolmaz» diýip, men saňa öň aýdypdym. Hökman meniň bilenem, Garly pälwan bilenem göreşersiň! – diýip, Hanguly Nazara berk aýtdy.

Begenç mugallym orta çykyp:

– Birinji baýrak semiz öweç! Nazar pälwan bilen güýç synanyşjagyň orta çykybermeli! – diýip gygyrdy.

Hanguly orta çykyp, Begenjiň elindäki sütük guşagy alanda, onuň daýaw syratly göwresini märeke höwes bilen synlady. Hanguly öwrülip, tegelek meýdançada aýlanmaga başlady.

– Nazar pälwan, çyk-how! Bizi ýüňsakgal etme! – diýip, bir ýaşuly gygyrdy.

Nazar ädiginem çykarman, ýerinden turdy.

– Adamlar, men Hanguly pälwany gaty gowy tanaýaryn! Birinji baýragy pälwana beräýiň! Men onuň bilen göreşmäge çekinýärin – diýip, Nazar aşak oturdy.

– Bizem seniň nähili pälwandygyňy bilýäris. Myhmanym

ýa dostum diýip, sylajak bolmak dogry däl, göreşde sylaşmak bolmaz – diýip, hälki ýaşuly gygyrdy.

– Nazar çyk-da, Nazar çyk – bolup, märeke-de gygyryşdy.

Nazar ädigini, ýektaýyny çalasyn çykaryp, näme bolsa – şol bolsun edip, orta çykdy. Pälwanlar tutluşdylar. Boldum-boldumdan soň eglişip, göreşe başladylar. Çekeleşdiler, badak atyşdylar. Şol silterleşip barmaşa, birden Nazaryň sag dyzy gumak çägä degdi.

– Wah, bolmady! – diýip, şol ýaşuly armanly gygyrdy.

Begenç mugallym:

– Hanguly pälwan ýykdy. Öweji toýda iýmek nesip etsin! – diýip, pälwany ýeňiş bilen gutlady.

Hanguly pälwan oturyp, derrew ädigini geýmäge durdy.

– Garly, geý ädigiňi, gaýdaly! – diýdi. Soň ýerinden turup:
– Beýle baýrak maňa gerek däl! Sag boluň! – diýip, märekeden çykyp gidiberjek boldy-da, «Öýkelemek, onda-da toýda öýkelemek mert adama ýaraşmaz» diýip, sakga durdy. – Hany, Nazar pälwan, indi, ýör, bizi ugrat – diýip biraz ýuwaşady.

Başlyk gelip, Hangulynyň golundan tutdy.

– Ýör, men özüm sizi ugradaryn! – diýip, öýe tarap gidip barýarka: – Begenç mugallym, beýleki pälwanlary göreşdiriber!
– diýip gygyrdy.

Nazar bilen Garly pälwanam başlygyň öýüne tarap gitdi.

Naharyň başynda oturanlarynda Hanguly:

– Nazar pälwan, namartladyň! – diýdi.

– Namartlanymy, mertlänimi özüň pikir et-de biliber. Meni ölümden goramak üçin ýörite öýüme gelen adamyny men göreşde ýykmaga milt edip bilmen – diýip, Nazar çala hüňürdedi.

– Äý. Nazaryňkam dogry – diýip, başlyk Hangula seretdi.

– Hawa-da, Nazaryňkyňam ugry bar – diýip, Hanguly pälwan razylaşdy. – Onda haçan çynyňy edip meniň bilen göreşersiň?

– Men tiz wagtda oglumy, Kakajany öýerjek, siziň ähliňizi, Motduk bilen Sary pälwanam çagyrjak, saglyk bolsa, şonda hemmämiz çynymyzy edip göreşibiris – diýip, Nazar oňa jogap berdi.

– Kakajan, tüweleme, ýigdekçe çykypdyr. Näme göz öňünde

tutýan maşgalaň barmy?

– Hawa, bar ýaly! – diýip, Nazar Hangula jogap berip, başlygyň ýüzüne seretdi.

Başlyk sesini çykarman, Tylla bilen Kakajanyň ümmüldeşip, ýer süpürip ýörenini ýatlady.

Toý sowlandan soň başlyk Hanguly bilen Garly pälwanyň her haýsysynyň egnine bir gyrmyzy don halat atdy.

– Biziň toýumyza gatnaşanyňyza sag boluň! – diýip, myhmanlary Nazarlara tarap ýola saldy.

Şirinem myhmanlaryň her haýsyna:

– Gelinleriňize beriň! – diýip keteni berdi.

Nazar myhmanlaryny otla mündürip, hoşlaşyp ugratdy.

* * *

Bir gün mekdebiň jaýynda Nowruz Kakajan bilen duşuşdy.

– Sen, Kakajan, tehnikuma girjek diýen bolýaň weli, hany bilýän zatlaryňy bir barlap göreli – diýip, likbez mugallymy Nowruz hondan bärisiräp, Kakajany barlap başlady. Ol ilki hasapdan sorady. Kakajan tablisalardan berlen soraglara çalt-çalt jogap berdi. Soň Nowruz ölçeglerden sorady. Soň mesele işläp başladylar. Soňabaka Nowruz gara tagta has çylşyrymly meseläni ýazdy. Ikisem işlemäge oturdy. Jogaby aýry-aýry çykdy. Dawalaşmaga durdular.

– Meniňki dogry!

– Seniňki dogry bolup bilmez, ine, meniňki dogry!..

Bularyň dawasyny, galmagalyny eşidip, ýoldan geçip barýan Oraz aga bilen Begenç mugallym mekdebe sowuldy. Bularyň dawasyna ikisem düşünişdi. Begenç mugallym gara tagtanyň ýanynda durup, olara düşündirip başlady. Oraz aga partada oturyp, öz içinden meseläni özüçe çözüp başlady. Birden ol:

– Siziň ikiňiziňkem dogry däl, meseläniň jogaby şeýle bolmaly – diýip bir sany aýtdy.

Hasaplap-hasaplap ahyry Oraz aganyň aýdan sanynyň üstünde durdular.

Nowruz:

– Oraz aga, siziňki dogry, tehnikuma siz girmeli bolduňyz – diýip, begençli gygyrdy. – Men «Tehnikuma girip biljekmi, ýokmy» diýip, Kakajanyň bilimini barlaýardym.

– Onuň ýaly bolsa, barlaly – diýip, Begenç mugallym Kakajana sorag berip başlady. Ol tebigatdan, jugrafiýadan sorag berip gördi.

– Kakajanyň jogap berşi ýaman däl.

Ýaman däl, synanyşyp gör, tehnikuma girip bilersiň-le! – diýip, Begenç mugallym gaty pert aýtdy.

– Kakajança ýoklaram bizde okap ýör. Kakajan girer. Men Merjanow bilenem tanyş, ol meni gowy görýär, Kakajany onuň ýanyna özüm alyp bararyn – diýip, Nowruz sözüni soňlan badyna ses çykyp ugrady.

– Waý, kaka-eý!

– Waý, dogan-eý!

– Be, bu näme boldugy? – diýip, Oraz aňk-taňk boldy.

– Ses haýsy ýerräkden çykýar?

Diň saldylar.

– Akmyrat ýogalaýypdyr öýdýän – diýip, Oraz aga çalaja aýtdy.

– Hawa-la, şol-la. Nowruz, han oglum, sen bar, bizem entegräjikden bararys – diýip, Begenç mugallym Nowruzy iberdi, özlerem tiz dagadylar.

* * *

Okuw başlanar wagty golaýlady. Nowruz bilen Kakajan bile Aşgabada gaýtdylar.

– Bileje baraly, göni Merjanowyň jaýyna gireris. Onuň özi ekzamen alar. Ol okuwa göterdigi – gutardygydyr. Ol direktor ahyry.

Tehnikuma baranlarynda, okuwçylar Nowruz bilen gadyrly görşüp, saglyk-amanlyk soraşyp başladylar. Olar howla girip, daş basgançaklar bilen eýwana çykdylar-da, çüňkdäki jaýa salam

berip girdiler.

– Merjan ependim, men oňat oglan getirdim – diýip, Nowruz Kakajany görkezdi. – Şu oglany tehnikuma almagyňyzy haýyş edýärin.

Merjanow diýenleri pes boýlurak, orta ýaşan, tokga adam eken. Ol Kakajana başdan-aýak syn etdi. Onuň arassalygy, geýim geýşi direktoryň göwnüne ýaran bolmaga çemeli.

– Oturyň! – diýip, Kakajana oturgyç görkezdi. – Nirede okadyňyz?

– Ilbaýew internatyny gutardym.

Direktor ilki bilen dilden, edebiýatdan sorag berdi. Hat ýazdyryp gördi. Merjanow soň şol jaýda oturan görmegeý, daýaw mugallymyň ýüzüne seretdi. Ol mugallymam dilden, edebiýatdan bir-iki sorag berdi. Kakajanyň jogabyny üns berip diňledi. Soň Merjanow hasapdan sorady. Mesele işledip gördi.

Umuman, Merjanow şol ýerde Kakajandan ekzamen aldy. Onuň bilim derejesem, soraglara berýän jogaplaram Merjanowyň göwnüne ýaran bolmaga çemeli.

– Nowruz, hojalyk müdirinden geýim alyp, ikiňizem hammama gidiň! – diýip, Merjanow Nowruza seretdi.

– Sag boluň, ependim! – diýip, Nowruz Kakajany alyp, jaýdan çykdy.

Şeýlelik bilen, Kakajan tehnikumda okap başlady.


enedilim.com

-23-

## NOWRUZ

Kakajan tehnikumyň ikinji kursuna geçende, iň gowy okaýan studentleriniň biridi hem örän aktiw komsomoldy, şonuň üçinem ony tehnikumyň pionerler otrýadynyň wožatysy saýlapdylar. Bedenterbiýänem gowy görýärdi. Bedenterbiýe mugallymy Gyzyl Gadamow bilen gaty dostdy.

Gyzyl Gadamow gözi möleräk, daýaw, türkana ýigitdi. Kakajanyň göreşişine, özünden has daýaw ýigitlerem ýykyşyna ol gaty begenerdi. Kakajany äkidip, politehnikumyň, rabfagyň, sowet partiýa mekdebiniň daýaw-daýaw ýigitleri bilen göreşdirerdi. Kakajan ýykaýsa, Gyzyl Gadam:

– Kakajan bilen kän oýun etmäň, munuň kakasam ýurda belli pälwanlaryň birimiş-how! – diýip, iri alyn dişlerini görkezip gülýärdi.

Gyzyl Gadamyň özem mydam Kakajan bilen göreşip, oňa her hili badak atmany, göreşiň çylşyrymly tärlerini öwrederdi.

Haçan görseň ertir daň bilen turup, Kakajan tehnikumyň howlusyndaky turnikde her hili oýunlar edip ýörendir.

Ol wagtlar tehnikumyň studentleri goşgy okamagy ürç edinipdiler. Tehnikumyň diwar gazetini Aman Kekiliň, Geldi Şüküriň, Kakajanyň ýazan goşgulary bezärdi. Täze gazet çykanda, pionerler (tehnikumyň studentleriniň köpüsi pionerlerdi) hümer gurap okardylar.

– Biziň wožatymyz goşgyny hemmeden gowy ýazýar – diýip jedel ederdiler, köp setirlerini ýat tutardylar.

Bir dynç alynýan gün Kakajan Aýnanyň ýanyna gezmäge gitdi. Aýal-gyzlar tehnikumy Köşi bagynyň ileri ýüzündäki boş howludady. Tehnikumyň direktory Maçinskaýadan başlap, mu-

gallymlaryňam, okuwçylaryňam hemmesi Kakajany tanaýardylar hem gowy görýärdiler.

Kakajanyň gapydan gelýänini görüp, Aýna ýazuw stolunyň üstündäki bir suraty alyp, derrew ýassygynyň aşagyna oklady-da:

– Kakajan, jigim, gezmäge geläýdiňmi? Gaty gowy etdiň, seni göresim gelip durdy! – diýip, hemişekisi ýaly şatlykly garşy aldy.
– Men saňa çaýjagaz gaýnadyp bereýin – diýip, ol daş çykdy.

Kakajan ol suratyň kimiňkidigini görmek isledi, aýybam bolsa, usul bilen çalasyn ýassygy galdyrdy. Nowruzyň suraty. Örän geýnüwli, owadan ýigit. Kakajan ýassygy ýene öňki ýerinde goýup, geçip, öňki oturan stulunda, hiç zat bilmedik bolan bolup oturdy. «Şular aşaklyk bilen söýüşýärler öýdýän» diýip, ol pikire batdy.

Aýna gelip, Kakajana çaý guýup berdi.

– Ikimizem tehnikumy bile gutarýarys, gidip ikimizem bir mekdepde bileje işläli! – diýip, Aýna şadyýan gürledi.

Soň olar oba hakda, Kakajanyň kakasy, ejesi hakda köp gürrüň etdiler.

– Obamyzy, doganlarymy, gelnejemleri göresim gelýär! – diýip, Aýna uludan dem aldy.

Gürrüň soňabaka Walýa tarap ugrukdy.

– Walýa durmuşa çykmadyk bolsa, henizem Aşgabatda ýaşar ýörerdi. Kakasynam, ejesinem alyp ötägitdi. Men olary ugradamda, tas aglapdym. Kakasam, ejesem, özem meniň maňlaýymdan ogşap, otla mündüler. Walýanyň baran adamsy gaty gowy eken. Ol maňa adresini berip, «Sen biziň jigimizsiň, çemini tapan wagtyň, gelip durgun!..» diýip, hoşlaşyp, olam wagona mündi – diýip, Kakajan olary ugradyşyny gürrüň berdi.

– Sen, Kakajan, olar bilen hat alyşýaňmy?

– Hawa-la, olaryň hatyny alan wagtym, okap çykýan-da derrewem jogap ýazýan. Walýanyň kakasam, ejesem indi Moskwanyň bir mekdebinde okadýarlar. Her hatynda saňa-da, ähli tanyşlaryna-da salam aýdýarlar…

Gapydan Oguljemal gelip, Kakajanyň sözüni böldi. Aýna bir gökje bukjany görkezip:


enedilim.com

– Tans etmeseň, berjek däl! – diýdi.

– Haty beräýsene, jigim Kakajan gidensoň, näçe tans et diýseň edeýin! – diýip, Aýna ýalbardy.

Oguljemal Kakajan bilen salamlaşandan soň:

– Hatam şol tans eden wagtyň alarsyň! – diýip, gülüp, jaýdan çykyp gitdi.

Aýna onuň yzyndan ylgady. Daşarda eglendi. Daşarda haty okan bolmaga çemeli, gaýgyly, aladaly gelip, ýaňky gök bukjany Kakajana uzatdy. Kakajan okap ugrandan, onuňam ýüzi üýtgäp başlady.

Hat Nowruzdan gelen eken. Obanyň ýagdaýy hakynda ýazypdyr, Nenegülden, Şirinden we başgalardan Aýna salam aýdypdyr. Hatynyň soňragynda Italmaz bilen Annalynyň boşap gelenini, obada kän görünmän, onda mundarak bolýanlaryny ýazypdyr. Soňra Aýna ahmal bolmazlygy pugta tabşyrypdyr.

Oguljemalam okady. «Aýna jan, ahmal bolmagyn! Bular tüýs zalymdyr. Soň öldüriljegini, hökümet tarapyndan agyr jeza çekjekdiklerini bilselerem, ar almakdan gaýdýan däldirler! Görendirin, Aýna jan, görendirin!» diýip, ol ejesini ýatlap aglady.

Aýna-da hamsygdy.

Kakajan aýal-gyzlar tehnikumyndan gaýdanda örän aladaly gaýtdy. Öz tehnikumlaryna gelse, edil Aýnanyň alany ýaly bukjany Kakajana-da gowşurdylar. Ol hatam Nowruzdan gelipdir. Ol hatda-da Italmaz dagynyň gelendigi, indi birneme wehimliräk gezmelidigi duýdurylypdyr.

Şol gün Kakajan kakasyndanam, Tylladanam hat aldy. Olaram Italmaz dagynyň oba gelendigini ýazýarlar. Tylla öz hatynda Italmazyň oba gelenini, oba gelmegiň Kakajan üçin gorkulydygyny ýazýar, hatynyň soňragynda özüniň göresiniň gelýänini ýazyp, «Haçan ýene oba gelersiň?!» diýýär.

Kakajan Tyllanyň hatyny okap ýylgyrdy. Tomus rugsat wagty hökman oba barjagyny ýazdy.

* * *

Nowruz Aşgabat pedtehnikumynda Şirli Durdyýew dagy bilen okapdy, özem tehnikumy geçen ýylky iň oňat gutaranlaryň biridi. Türkmenistan halk magaryf komissarlygy ony öz raýonyna iberdi.

Häli-häzirlikçe Türkmenistanda ýokary okuwly adam taýýarlaýan mekdep ýokdy, şonuň üçin iň ýokary ylym berýän mekdep tehnikumdy. Nowruz ony gutaryp, häzir öz raýonlaryna, raýmagaryf müdiriniň ýanyna barýar. Onuň ýabysam, eşegem ýok, ol pyýadalap barýar. Onuň egin-eşigi gurat, tehnikumyň beren ak kostýumy, aýagynda gyrmyzy sandaly, başynda ak furažkasy bar. Onuň öz gününden göwni hoş, onuň üçin gara günler yzda galdy.

Ýol bilen gelýän adamlar Nowruzyň üst-başyna, özüne haýran galyp seredýärler, onuň deňesinden geçenden soňam durup, onuň yzyndan seredýärler. «Bu kimkä? Nähili adamka? Öz-ä okuwly, uly adam bolmaga çemeli…» diýip pikir edýärler.

Tehnikumy birinji gutaranlar Gyşşy Meredaly, Aždar Pariç dagydy, olar bäş adamdy, ikinji bolup, Nowruz, Şirli dagy gutardy. Tehnikumy gutaryp, bu az sanly ýigitleriň hemmesi diýen ýaly Aşgabatda ýa oblast merkezlerinde işe galdy. Bu raýona gelen diňe bir adam, olam Nowruz. Şonuň üçinem adamlar ony geň görýärdiler, oňa seredýärdiler.

Nowruz hiç zada üns bermän, öz geçen günlerini ýatlap raýona tarap barýar.

...Nurmyradyň ýeri ol wagtlar Italmaz dagynyňkydy. Nazar bilen Kakajanyň eken üzümleriniň arasynda iki-üç düýp ir bişýän halyly üzüm bar eken. Üzümiň, erigiň bişen wagty, iýmek üçin ol iýmişlerden çem gelen ýerinden almagam, iýmegem bolýardy, ýöne satmak üçin almak bolanok. Başga üzümleriň gök, hora wagty halyly, dagtokga ýaly ir bişýän üzümler gyt bolýar. Ine, onuň ýaly bolanda eýesinden soraşman, ol gyt üzümden alybermek bolanok.

Bu ýagdaýy Nowruz bilýänem bolsa, hiç zat işdäsi alman hassa ýatan Gytja gözi gyýman, oňa iýdirmek üçin şol halylydan bir hoşa alyp howla girende, alaşasyny eýerläp duran Italmaz ony görýär.

– Eý, hany, bäri gel!

Nowruz özüniň çagyrylýanyny bilip, «Bir hoşa üzüm üçin zat diýip durmaz-la! Ýaman etse, söger, goýbär-dä» diýip, Italmazyň ýanyna barýar.

– Näme?

– Merez, ajal! – diýip, Italmaz Nowruzy dürre gamçy bilen ýenjip başlaýar.

Bu ýagdaýy Gytjanyň tamyndan çykan Nenegül görüp:

– Beýtme, wah, öldürdiň-le meniň doganjygymy! – diýip, ylgap ara düşýär.

Italmaz olaryň ikisinem gamçy bilen saýgylap, keýpden çykýar, soňam öz alaşasyna atlanyp, köçä düşüp gidýär.

Nowruz çaga wagty, ýetim wagty özüniň sähel zat üçin ýenjilip, horlanyp ýörenini ýatlap, raýmagaryfyň jaýyna nähili baranynam duýman galdy. Kiçijik, garaňkyrak koridorda «Müdir» diýlen ýazgyny görüp, Nowruz salam berip gapydan girdi.

Raýmagaryfyň müdiri – molla sypat, selçeň çokga sakgally, saryýagyz, inçemik adam ýerinden turup, Nowruz bilen görüşdi, saglyk-amanlyk soraşdy.

– Siziň geleriňize garaşyp otyryn, geçiň, oturyň! Halk magaryf komissarlygy sizi Tutlygala oba mekdebine direktor edip belledi, şol oba ýene bir mugallym iberýär. Siziň obaňyzda şu ýyl üç klasly mekdep bolmaly – diýip, ol gürrüň berdi.

Yrgarak köne stuluň üstünde oturyp, Nowruz:

– Meniň direktor edilip bellenenimi biziň mugallymymyz Begenç bilýärmi? Men direktor bolup barsam, ol gaty görmezmi? – diýip, sorady.

– Ýok, ol gaty görenok, siziň direktor bolup barjagyňyzy eşidip, ol gaty şatlandy. Täze gurlan mekdep jaýyna aýlanyp gördüňizmi? Ine, şol jaýyň bir otagyny size ýaşamak üçin belledik. Begenç mugallym bilýändir. Siz Begenç mugallymy gördüňizmi? Ol size jaýlary görkezer. Okuw başlanan güni birinji sentýabrda

özümem mekdebiňize bararyn – diýip, magaryf müdiri Nowruza gürrüň berdi.

Nowruz oba şatlanyp gaýdyp geldi. Oba adamlary bilen, Begenç mugallym bilen, Nazar bilen has şatlykly görşüp, özüne bellenen jaýa göçüp bardy.

Tutlygala obasynda bu ýyl okuw örän dabaraly başlandy. Raýmagaryfyň müdirem geldi. Täze mugallymam geldi. Nowruzyň özem bir klasy okatmaga başlady.

* * *

Bir gün mekdebiň içini ýuwýan aýal Nowruzyň çemodanynda bir owadan gyzyň suratyny görüp, Nenegüle «jigiň öýlenipdir» diýip habar berdi. Nenegül oňa:

– Ýör, görkez! – diýdi.

Nenegül jigisiniň öýlenenine begenip, jaý ýuwýan aýalam yzyna tirkäp, Nowruzyň öýüne gelip, onuň çemodanyny açyp gördi. Reňkli fotosuratda, ýaşyl öýmeli owadan gyz hekgerip otyr. Begenip:

– Aýna! – diýenini özem duýman, Nenegül soň eli bilen agzyny tutdy. Emma gijä galdy. Jaý ýuwýan aýal:

– Wiý, şol, Italmazyň gaçyp giden gelnimi, ony seniň jigiň alaýypmy? Indi nähili bolar? Italmazam-a bardyr?! – diýdi.

Nenegül jaý ýuwýan aýalyň soňky soraglaryndan gorkdy.

Ol:

– Aýdýanyň näme, gyz? Heý, iliň nikaly gelninem alyp bolarmy? Alan däldir – diýen bolsa-da, jaý ýuwýan aýal Nenegülüňkä ynanmady.

– Näbileýin, almadyk bolsa, onuň suratyny öz çemodanynda apalap ýörmezdi! Onsoňam Italmaz seniň jigiňi kän ýenjipdi, köp horlapdy. Şonuň üçinem onuň gaçaklykda aýyplanyp tutulmagynam iller seniň Nowruzyňdan görýär. Enegül, men seni ýaman göremok, ýöne şu Italmazdan ahmal bolmaň, ol hakyt azanyň biridir. . . – diýip, ol aýal tabşyrdy.

– Wah, senem bir agzyň eýesi dälsiň! Ile ýaýratmaweri, gür-

rüň şu ýerde galsyn. Biz Italmazdan gaty gorkýarys – diýip, Nenegül ol aýala ýalbardy.

Ýalbaranda näme, bu gürrüň edil şol günüň özünde oba ýaýrady.

– Bu gürrüňlerden gan ysy gelýär – diýip, Şirin bolan gürrüňleriň baryny Nazara aýdyp berdi. – Sen şu wagtlar obanyň kethudalarynyň biri, özüň şu gürrüňleri ýatyrmagyň ugruna çyk. Italmazam ar aljak diýip, topar atly bilen töwerekde entäp ýör. Men-ä sendenem, ogullarymdanam, Aýna jandanam gorkýan. Özüňem, olaram gorajak sen.

Nazar Şiriniň gürrüňlerini diňleýän ýaly bolup otursa-da otyr welin, ol öz pikiri bilen mübtela. «Aýnanyň suraty nähili bolup, Nowruza düşýärkä? Nowruz Aýnany halap, onuň suratyny ogurlaýdymyka? Ýa olaryň ikisem bir-birini halap, öz suratlaryny çalşaýdymyka?»

Nazar sesini çykarman, irden edara bardy. Iki-ýeke işi düşüp gelen adamlaryň işini düzetdi. Kimine şahadatnama berdi, kimiň arzasyny kabul etdi...Soň başlygyň kabinetine girdi-de, dik duran ýerinden:

– Bir möhüm meseläni çözmeli, mesele Nowruz hakynda bolany üçin Begenç mugallymam çagyrmaly – diýdi.

– Hany, Nazar, geç otur. Obadaky ýaramaz gürrüňi senem eşidipsiň-ow? Ol meseläni çözjek bolsak, Nowruzyň özünem çagyraly. Nowruz mekdebimiziň direktory, özem işeňňir komsomol. Ähli komsomollara ýolbaşçylyk edýär. Italmazyň öňki tutulmasyna-da Nowruzyň gatnaşanyny biz duýduk. Şonuň üçin şu maslahaty Nowruzsyz çözmäli.

– Bolýar, başlyk, siziň aýdanlaryňyz dogry. Men onda Begenç bilen Nowruzy çagyrmaga adam iberip, çagyrdaýyn. Part ýaçeýkaň, komsomol ýaçeýkasynyň sekretarlarynam çagyraýsak, kem bolmazdy – diýip Nazar başlyga seretdi.

– Dogry, olaram çagyrmaly – diýip, Nazaryň pikirini başlyk goldady.

Nazar çykyp gidenden soň, başlyk pikire batdy, «Akmyrat uly baý, söwdagär adamdy. Ol pahyr öldi gitdi. Italmaz uly baýam däl, ýerinden, suwundan az-owlak gitdi. Azajyk ýeri,

suwy gidene baý diýip bolmaz. Iki aýally. Çagasy bolmaýan garybam iki aýally bolup biler. Ol wagtlar aýal aýyrmak düzgüni ýokdy. Näme, birinji aýalyňy öldürjekmi? Ýöne weli Italmaz, ikinji aýaly çaga zar bolup almady. Özüni «iki aýally» diýdirjek bolup, meslikden aldy. Ol dowürde «pylany iki aýally» diýdirip bilse, adamyň aňrybaşy boldugydy. Gaçakçylyk meselesi. Gaçakçylyk edeni üçinem jeza çekip geldi. Näme etmeli? Ýöne bir zady men açyk bilýän. «Nowruz meniň nikaly gelnimi alypdyr» diýip, Nowruzy ýa-da «Meniň gandarym!» diýip, Nazary, ýa Nazaryň ogluny, ýa onuň doganlaryny Italmaz öldürmän ynjalmaz. Sen adam öldürjek bolýansyň diýip, hiç bir subutnamasyz ony tussag edip bolmaz. Näme iş etmeli?..

Nowruzly mesele. Onuň öýünden Nazaryň aýal doganynyň suraty çykdy. Olam ýaman zat. Nazar Nowruzy owal nähili gowy görenem bolsa, indi halamaz. Halamaz diýilýän söz örän bärden gaýdýar. Bu ýagdaý üçinem ara ölşük düşmegi ähtimal…»

Nazar gelip oturdy. Köp garaşdyrman, çagyrylan adamlaram geldi. Ilki Nowruz hakda gürrüň gitdi.

– Nazar aga, sizi örän gowy görýän, gaty sylaýan. Siziň eden ýagşylygyňyz hiç wagt meniň ýadymdan çykmaz. Surat meselesi…– diýip, Nowruz dymdy. – Aýybam bolsa meni bagyşlaň, Aýna meni gowy görýär. Özi suratyny maňa berdi. «Ýadygärlik üçin» diýip öz eli bilen suratyň yzyna ýazdy, soň menem ony gowy görenim üçin şonuň ýaly ýazgy bilen öz suratymy oňa berdim. Başga bolan iş ýok – diýip, Nowruz oturyp, Nazaryň ýüzüne garady.

Nazar ýüzüni sallap gaharly otyrdy.


enedilim.com

## -24-

## ÇAKNYŞYK

Başlygyň özem, onuň ýanyndaky oturan aktiwlerem Nazara-da, Nowruza-da hiç zat diýmediler. «Öz maşgala ýagdaýlaryny özleri çözsünler» diýen ýaly edip, soňra Italmaz hakynda gürrüň gozgadylar. Nazar bilen Nowruzdan başgalary öz pikirini aýtdy. Nazaram geplemedi, Nowruzam. Ikisem bir-birine gahar edýän ýaly, dymyp otyrdylar. Ýok, olar dymanokdy, öz içlerini gürledýärdiler. Olaryň öz içinden edýän gürrüňleri hiç kime äşgär däldi.

Italmazdan ägä bolmaly diýen pikir bilen ýygnak tamam boldy.

Ýygnakda edilen gürrüňlerem ýuwaş-ýuwaşdan oba ýaýrady. «Nowruz bar zady boýun alypmyş, Nazaram onuň gürrüňlerini dymyp, gaharly diňläp oturypmyş…» Bu gürrüňler Nenegülüň gulagyna degenden, ol aýagynyň aşagyna gor guýlan ýaly byzbanaklap başlady. Ylgap, Şiriniň ýanyna bardy.

– Şirin jan, başyňa döneýin, meniň ýalňyz doganyma Nazar degmesin. Ol ýaňy okuw gutardy, ýaňy adam boldy. Onuň adam sanyna goşulanyna begenip, meniň depäm gök diredi. Başyňa döneýin, Şirin jan, çagalaryňa gurban bolaýyn, Şirin jan!..

– Näme, iliň aýal doganynyň suratyny göterip ýörmelimi? Ol ýigit üçin namys dälmidir?! Sizem ýöne gezjek adam däl! Bäşimem, Dörtgulam, beýlekilerem namys edip, gaharlanyp ýörler…– diýip, Şirin Nenegüli kowan ýaly edip, öýünden ugratdy.

Nenegül indi Italmazdanam, Nazardanam gorkýar. Gündizlerine Italmazyňam, Nazaryňam öz haýatlarynda işläp ýörenini görüp, Nenegül biraz ynjalýar. Gijelerine welin ýatyp bilenok. Italmazyň zalymlygyny ýatlaýar, Nazaryň batyrlygyny. «Alla

jan, Nowruz jany öz penaňda sakla! Ýekeje eziz doganjygymy duşmanlardan gora!..»

Onuň bilenem ynjalman Nenegül zöwwe ýerinden galdy. Edil iki sany eli pyçakly adam uklap ýatan Nowruzyň gapysyna ýetip barýan ýaly, Nenegül ylgap daş çykdy. Daşary aý-aýdyň. Ol ýaňy çal girip başlan gulpaklaryny hüžžerdip, mekdebe tarap ylgady. Mekdebiň golaýyna baryp, ýabyň içinde durup, tutlugyň arasyndan yşyklady.

Mekdebiň töweregi gum-gukluk. Nowruzyň jaýyňyň aýnasyndan ýagty düşýär. Nenegül gury ýabyň içinde köp durdy. «Jigimi, Nowruz jany goraň!» diýip, hudaýa, ymam Hüseýine, hezreti Abbasa, köp öwlüýälere ýalbardy…

Ahyry ýabyň içinden, tutlugyň arasyndan çykyp, pürenjegini berk bürenip, mekdebe tarap ugrady. Büdremejek bolup ýalaňaç aýaklaryny assaja basyp, Nowruzyň penjiresine golaý geldi. Usul bilen boýnuny süýndürip, penjireden yşyklady.

Nowruz stoluň başynda hekgerilip otyr. Depderlerden birini alýar, gatlaryny açýar, ýene bir zat ýazýar. Ol depderi beýlede goýup, ýene depder alýar. Seredýän depderleri köpelýär, seretmeli depderleri azalýar.

«Nowruz janyň bar işi bir gapdalyndaky üýşmek depderden ýeke-ýeke alyp, seredip, bir zatlar ýazyp, beýleki gapdalynda üýşürip oturmakmyka? Ol-a ot ýygandan aňsat. Stoluň üstünde stakana söýelgi surat…şol Aýna janyň suraty. Nowruz her depderi gutaranda şol surata seredýär. Depderler azalýar, tiz gutarjak…»

Nenegül sesini çykarman, öz jigisine guwanç bilen seredip dur. Ahyry depderler gutardy. Nowruz ýerinden turup, gerindi. Oturgyjyny krowadyň burçuna golaý süýşürdi, soň çüýşeli çyrany şol stuluň üstünde goýdy-da, daşky geýimlerini çykaryp, düşeginde gyşardy. Üstüne odeýaly çekip, bir kitaby ýatan ýerinden okamaga başlady.

Nenegül henizem penjiräniň öňünde dur. Ahyrsoň Nowruz çyrany öçürdi. «Jigim ýatdy. Allajan, Nowruz jany öz penaňda sakla!» diýip, dileg ede-dileg ede, ahyry Nenegül öýüne gaýtdy. Ol öz çatmasyna gelende horazlar gygyrdy.


enedilim.com

* * *

Nenegül haýatda mallara ot ýygyp otyrka, Şirin geldi. Ol:

– Enegül eje, arma! – diýende, pikire batyp oturan Nenegül tisginip, ýerinden galdy.

– Wiý, Şirin jan, senmidiň? Bar bol, janym!

– Enegül eje, gijelerine mekdep saklap, ukudan galyp, özüňi horlap ýörme, Nowruzdan arkaýyn bol! Gijelerine ony komsomollar, mekdep okuwçylary goraýarlar. Başga-da goraýan bar.

– Şirin jan, başyňa döneýin! – diýip, Şirini gujaklap, Nenegül aglady. – Men bilýän, Nowruz jany okadanam, ony adam edenem siz! Nowruz jany gijelerine goraýanam Nazar jandyr. Onuň ömri uzak bolsun! – diýip, hossaryny tapan çaga ýaly Nenegül begenjinden aglady.

Nenegül indi Nazardan Nowruza zyýan ýetmejegini bilip, ondan arkaýynlaşdy. Italmazdan welin gorkýardy. Onuň indi bar işi Italmazy aňtamak boldy. Olaryň mallaryna ot ýygýardy, dokma dokap oturan Jemala, onuň gyzlaryna çaý gaýnadyp berýärdi. Gijelerine olaryň gap-gajaklaryny ýuwup, öýleriniň töwereklerini süpürip, suwlap, öýde edilýän gürrünleri aşaklyk bilen diňleýärdi. Italmaz oňa gaharly garasa, ol ýalandan ýylgyran bolup, ýaranjaňlyk edýärdi. Italmaz atlanyp, obadan çykyp gitse ol ynjalyp, gelip öz öýünde dynç alýardy.

Ilkibatlaryna Nenegüliň beýle yhlasly hyzmat edişine Italmaz şübhelenip, oňa gaharly garaýardy. Soňabaka Italmazam ynjaldy, oňa gaharly garamasyny azaltdy.

Italmazlara Annaly her agşam diýen ýaly gelýär, beýleki garyndaşlaram üýşýär. Nenegül hyzmat eden bolup, aşaklyk bilen olaryň gürrüňlerini diňleýär. Olar söwda hakynda, Maryda, Aşgabatda, Hywada nähili malyň arzanlygy, nähilisiniň gymmatlygy, dagyň aňyrsyndan nähili maly getirmek amatly boljagy, ýollaryň berkeýändigi, gidip-gelmegiň barha kynlaşýandygy hakynda gürrüň edýärler. Nenegül üçin bu gürrüňleriň ähmiýeti ýokdy. Olar hiç wagt Nowruz hakda-da, Nazardyr Aýna


enedilim.com

hakda-da gürrüň edenoklar. Şonuň üçin Nenegülem ynjaldy, soňabaka ol diň salmasynam azaltdy.

Bir gije Italmaz öz garyndaşlaryna:

– Ýigitler, indi ýatar wagty boldy. Baryň ýatyň, ertirem her kimiň işi-derdi bar, baryň, öýüňize gaýdyň, gijäňiz rahat bolsun! – diýip, olary irräk ugratdy. Annalam turup gidiberjek bolanda, onuň synyndan silkip, Italmazyň «Sen gal!» diýen yşaraty ädenini görüp, Nenegül şübhelendi.

– Enegül, bar senem git-de ýat, galan işleri ertir edersiň – diýip, Italmazyň sypaýyçylykly sözleýşini, «gyrnak» diýmän «Enegül» diýşinem Nenegül geň gördi. «Şu ýerde bir gep bar» diýip, Nenegül gitmezligi, bar sözleri eşitmekligi göwnüne düwdi.

– Italmaz jan, azajyk ýuwmaly gap-çanak galdy, men olary daşarda ýuwaýaryn. Eger şu gije ýuwmasam, Jemal jan maňa käýýär – diýip ýalbaran ýaly edip, Nenegülem süýji dilli gepledi.

– Bolýar, bar, daşarda ýuwuber! – diýip, Italmaz Nenegüli daşaryk kowdy.

Nenegül daş çykyp, öýüň daş ýüzünde, Italmaz dagynyň oturýan tarapyna geçip, gap ýuwýan ýaly edip ilkibada çemçeleri şakyrdadan boldy. Italmaz gürrüňi başlanda Nenegül çanak şakyrdatman ümsüm diň salýar.

– Men beýdip, ýapyrylyp ýörmeden irdim! – diýip, Italmaz gaharly pyşyrdap sözlemäge durdy. Soňabaka onuň sesi barha gatalyp ugrady. – Annaly, inim, ähli etmeli işleri bişirdik. Kimi, näwagt, nirede tapyp boljagyny takykladyk. Ertir ilki agşamdan başlap, ilki Nazary – agşam garaňky gatlyşanda, ot ýygýan wagty, soň Nowruzy – giçki okuw gutaryp, jaýyna gelen wagty, soňam atlanyp, gije ýarymdan ötenden soň – Aýnadyr Kakajany tapýas. Işleri gutaryp, dagdan aşýas. Ol ýerde-de biziň ýaranlarymyz öňümizde garaşyp dur, baranymyzdan soň ol ýerde ýaşajak öýümiz taýýar. Käwagtlar gije geler durarys…

– Italmaz kaka, dilde baryny aňsat edişdirip goýaýýaň welin, işde beýle aňsat bolmaz, birneme oýlanyşaly, işimiziň çig ýeri galmasyn. Bu uly iş, «wah» diýeniň giç bolar. Azajyk çiglik goýberdigimiz, bagtymyzyň ýatdygydyr – diýip, Annaly gorky

bilen Italmaza garady.

– Annaly inim, gorkma, biz obada bary-ýogy iki sany adamy belledik. Özünem köp wagtlap yzyna adam saldyk. Oňa-da razy bolman, özümizem gözetledik. Olaryň ikisininem bize gerek wagty nirede boljakdyklaryny oňat öwrendik. Dogry dälmi?

– Dogry, Italmaz kaka!

– Özünem, görýäňmi? Sessiz-üýnsiz, şu gama bilen…

– Italmaz kaka, men heniz gama-pyçak bilen adam öldürip göremok.

– Annaly jan, atyp öldürip gördüň. Gama bilen öldürseň sessiz bolýar. Jaý ýerinden bir urup bildigiň boldugy, jyňkam çykmaz. Ýöne duýdansyz barmaly. Duýdursaň, bary pozular. Ol gygyrdygy oba adamlar çozar, onda-da biz ele düşmeris. Eýerli, uýanly taýýar duran atlarymyza atlandygymyz bes, biz gutulýarys. Dogry dälmi?

– Dogry, Italmaz kaka!

– Onsoňam, Annaly jan, sen maňa ýoldaş bolsaň bes, meniň ýeke özüm bar işi ederin. Nazar şu günler edil üzümiň gapdalyndaky pelden ot ýygýar. Üzümiň içi bilen edil deňesine bildirmän bararys. Men bir bökenimde bararyn, olam ýetişäýse ýerinden galar, onýança meniň gamam onuň göni ýüregini parçalar. Sesem bolmaz, üýnem. Nowruz kürtüňkem aňsat. Ol öýünden surat tapylan batlary gorkup, jaýyna giren badyna gapyny gulplaýardy. Indi olam rahatlandy. Jaýyna girip, gapysynam gulplanok, kostýumyny çykaryp, stoluň başynda penjirä tarap bakyp otur-ýar. Duýdurman baryp, çep kebzäniň gutaran ýerinden gamany sokaryn weli, boldugydyr. Düşnüklimi?

– Dogry, Italmaz kaka! Bular-a kynam däl. Soň ýarygijä çenli şähere ýetip bilerismi? Ol ýerde nähiliräk hereket etmeli?

– Annaly jan, ol ýerde-de etmeli işlermiz kyn däl. Ilki agşamdan atlanyp, alaşalarymyzy berkräm sürsek, ýarygijeler aýallaryň tehnikumyna barýas. Atlary bärki baglykda daňýarys. Biziň barjak howlymyz boşluk, ýöne mauzerlerimizi almaly bolar, bilip bolmaz, gerek wagty olaram ulanarys. Gyzlaryň ýatýan jaýlaryna men belet. Ol tulanyň ýatýan krowaty penjiräniň gapdalynda, penjire açyk bolsa, bagtymyzyň geldigi, bolmasa-da, gapylary

gulply däl. Arkaýynçylyk... Erkekleriň tehnikumynyň ýatakhanasyna-da men belet, alaşalary köçede sen saklarsyň...

Italmazyň gürrüňi gutarmanka, Nenegül usul bilen ýerinden turup, aýakýalaňaç assa gaçyp, olaryň öýünden daşlaşdy, soň ylgap baryp, öz öýüne urup girdi. Oturmady. Endamy galpyldaýar, aýaklary sandyraýar, bogazy guraýar. «Nätmeli? Kime habar bermeli? Ilki Nowruz jany halas etmeli». Ol öýden usul bilen çykyp, mekdebe tarap ylgady. «Nowruz jana aýtsam, ol raýona tarap gije gaçyp gitse, başyny gutarar. Menden ýetenini Italmaz aňar. Zyýany ýok, Nowruz jan bilen Nazar jan halas bolsa bolýar, menem gyzymyň öýüne gaçaryn...» Öz gaçmak pikirini soňlap-soňlamanka Nenegül mekdebe gelip, göni Nowruzyň otagyna girdi. Ýuwaş ses bilen:

– Nowruz jan! Tur, tur, Nowruz jan! – diýip, ony oýardy.

– Nenegül? Senmi? Näme boldy? – diýip, Nowruz onuň ýöne zat üçin gelmänini bilip, derrew geýindi.

– Näme boldy?

Nenegül gorkusyna sandyrap, bogazy gurap, ýoluk-ýoluk edip, Italmaz dagynyň eden gürrüňlerini aýtdy. Her sözüň arasynda «Nowruz jan, häzir gaç. Raýona tarap gaç!» diýip maslahat berýärdi, Nowruzy gyssaýardy.

– Nenegül, meniň ýanyma geleniňi hiç kim görenokmy?

– Görenok, Nowruz jan, tiz gaç!

– Bolýar, sen git, göni öýüňe baryp ýat! Seniň beýdip, habar berip ýöreniňi duşmanlar duýmasyn.

– Bolýar, Nowruz jan, sen gaç! Men gidip, Nazar jana-da aýdaýyn, olam gaçsyn!

– Sen baryp, çatmaňda ýat. Nazara men özüm habar bererin – diýip, Nowruz Nenegüli gapa itdi.

– Bolýar, men baryp ýataýyn, emma Nazar ikiňizem häziriň özünde gaçyň! – diýip, Nenegül çykyp gitdi.

Nowruz garaňky jaýyň penjiresinden Nenegüle seretdi. Nenegülüň tutlugyň içine sümüp gidenini görüp, daş çykyp, öz otagyny gulplady-da, olam garaňka siňip ylgawyna gitdi.

Uzak gije öz jigisini gaýgy edip, uklap bilmedik Nenegul irden mekdebiň daşynda zowzanaklap ýörkä, birden penjireden

tanyş ses eşidildi. Golaý baryp, penjireden yşyklap görse, gür gara saçy yzyna gaňtarylan, gara gaşlak, owadan gara gözli, oňat geýnüwli daýaw ýigit partalaryň arasynda gezmeläp, çagalary okadyp ýör.

«Nowruz jan!» diýenini Nenegülüň özem duýman galdy.

«Bu nä boluş? Näme üçin gaçmandyr ...» Nenegül ylgady gapa. Sapak gidip durka, klasa girmek gadagan, Nenegül gapynyň agzynda durdy.

Bir zat aňan ýaly Nowruz gapyny açyp:

– Git, öz işiň bilen boluber! – diýip, Nenegüle azgyryldy-da, ýene gapyny batly ýapdy.

Mekdebiň töwereginde görünmeli däldigini aňyp, Nenegül tiz yzyna gaýtdy. Ol öýüne baryp, karar tapman, ylgawyna oba Şurasyna bardy. Penjireden yşyklap görse, Nazar jaýa üýşen adamlara bir zat-bir zatlar düşündirýär, şadyýan gülýär. «Be, bu näm boldugy?» Nenegül ylgap, Şiriniň öýüne barsa, olam «şarkyldadyp» tara dokap otyr.

«Be, bu näm boldugy?» diýip, Nenegül uzynly gününi zowzanaklap geçirdi.

Agşam garaňky gatlyşyp ugranyndan, seretse, Nurmyradyň haýatynyň günbatar tarapynda iki sany adam gür üzümçiligiň gök ýaprakly çybyklaryň arasyndan Nazaryň garaja öýüne, gapysyndaky kiçijik tamyna seredip durlar.

Gara öýüň gapysyndaky kiçijik jaýdan Nazar eli orakly çykyp, her ýerden bir ätmerläp gaýtdy. Ol üzümleriň gaýra başyna çykyp, ýorunja peliniň üsti bilen, otuň orlup ugran ýerine geldi-de, peliň ortaragyna golaý ýerde gündogaryny bakyp, ot ýygmaga oturdy.

Günbatardan seredip duran pyýadalar üzümleriň arasy bilen bukdaklap, ot ýygyp oturan Nazaryň ýeňse golaýragynda saklandylar. Olaryň eli ýalaňaç-gamalysy Nazara tarap topulanda, üzümiň içinden bir ýaş ýigit çykyp, gamalynyň üstüne özüni zyňdy. Ikisi garpyşanda, Nazar dessine öwrülip, Italmazyň gamaly goşaryndan sag eli bilen tutup, gaňranda, onuň gamasy ýere gaçdy. Nazar Italmazy ýüzin basyp, derrew onuň iki elinem arkasynda daňdy.

Nazar bir görse, ilki böken ýigit – Nowruz towlanyp oturdy-da, bir gapdala ýykyldy. Onýança başlyk Nowruzy gujaklady-da, Nazara:

– Ýet onuň yzyndan! – diýip, üzümlige elini uzatdy. Nazar üzümiň içi bilen günbatara tarap gaçyp barýan Annalynyň yzyndan topuldy. Edil bäş bökende onuň yzyndan ýetip, ýeňsesinden bir uranda, ol üzümiň içinde ýykylyp, agzy ýer garbady. Nazar Annalynyň iki elinem yzynda gaňryp, başlyk dagynyň ýanyna gelende, Oraz aga zeýrenip duran eken.

– Bu ganhorlaryň üstüňize çozjagyny jikme-jik bilibem, işi kelte edýäňiz. Ine, nähak ýere iki adamyňyzy parçalatdyňyz.

– Hany iki adam? – diýip, Nazar gyssagly sorady. Onýançada üzümiň gyrasynda gana bulaşyp ýatan Begenç mugallyma gözi düşdi.

– Mugallym! – diýip, Nazar onuň kellesini galyrdy. Begenç bir zatlar sözlejek boldy, emma agzyndan köpürjikli gan gelip başlady. Galjak ýaly edip, dyzajak boldy, soňam başyny gapdala goýberip, gözlerini ýumdy. Agzyndan ýene gan akdy.

– Meniň üçin nähili oňat, arassa adam öldi! – diýip, Nazar raýona tarap alnyp barylýan tussaglaryň yzyndan seretdi. Birdenem ýerde ýatan oragyny alyp, Italmazyň yzyndan ylgajak bolanda, Oraz aga Nazary gujaklap tutdy.

– Onyň bolmaz, ol ganhoryň jezasyny biziň hökümetimiz berer! – diýdi.

Komsomollar Nowruzy furgona ýükläp, sürüp ugranda, Nenegül ylgap geldi. Gana bulaşyp ýatan Begenç mugallymy görüp:

– Waý, eziz mugallym! – diýip, aglamaga başlady. Birden – Nowruz jan hany? – diýip gygyrdy.

Başlyk hiç zat aýtman, gidip barýan furgona seretdi. Nenegül onuň nazaryna düşündi.

– Nowruz jan, eziz dogan! – diýip, Nenegül aglap, furgonyň yzyndan ylgady.

Iki sany gamaly ganhorun öňünde durmak üçin başlyk, Begenç mugallym dagynyň guran hilesi boýunça iş başgaçarak bolmalydy.

Hiç zatdan bihabar bolan bolup, ot ýygyp oturan Nazaryň


enedilim.com

üstüne ganhorlar topulmanka, Begenç mugallym, Oraz aga, başlyk, Nowruz dördüsi olary tutmalydy. Nazaram derrew olara kömekleşmelidi.

Bu gurlan hilä hemmesi razy bolanda, Begenç mugallym:

– Nazaryň geýimlerini geýip, Nazar bolan bolup, oty men ýygaýyn. Olar maňa topulanda, olary Nazar tutsun, sebäbi Nazar biziň dördümizdenem güýçli diýipdi.

– Iki sany ýalaňaç gamalynyň deminde öz ýerime Begenç mugallymy oturtmaga men gorkýan. Olaryň öňünde özüm oturaýyn, çala şygyrdy bolsa, böküp turaryn-da, olaryň ikisinem özüm ýepbeklärin – diýip, Nazar başlygyň ýüzüne seretdi.

– Bolýar, ot ýygýan goý, Nazaryň özi bolsun, bäş adam bolup, iki sany adamyň öňünde durup bileris. Gerek bolsa, bizem ýarag ulanarys. Şu maslahat bolýarmy? Hemmäňiz razymy? – diýip, başlyk sorady.

– Dört-bäş sany daýaw komsomol, partiýaly adamlaram kömege çagyraýsak, kem bolmazdy – diýip, Oraz aga çala hümürdedi.

– Başlyk, Oraz aga, Italmaz dagy gelip, menden gan aljaklar, siziň biriňizem bu işe gatyşmaň, men ýeke özüm ikisiniňem oňurgasyny omrup bereýin – diýip, Nazar ýene başlyga seretdi.

– Ýok, onyň bolmaz – diýip, başlyk garşy boldy.

Olaryň ylalaşygynyň netijesinde Begenç öldi.

Nowruz agyr ýaralandy.


enedilim.com

## -25-

## GÖREŞDE SYLAŞMAK ÝOK

Begenç mugallymy jaýlamaga Akmyratlaryň tiresinden başga, Tutlygala obasynyň uludan-kiçä ähli erkek göbeklisi gatnaşdy. Gölegçi gaýdyp gelende, Begenjiň iki oglunyň sesine goşulyp, mekdep okuwçylaram aglady. Oraz aga bir çetde gözüne ýaş aýlap otyrdy.

Nazar ýas ýerinden rugsat alyp, Nenegül bilen Aşgabada, respublikanyň merkezi keselhanasyna, Nowruzyň yzyndan gaýtdy.

Nowruzyň ýatan palatasyna Nazar girende, Kakajan bilen Aýna her haýsy ýaralynyň bir gapdalynda otyr eken. Nazary görüp, olaryň ikisem salam berip, ýerinden galdy. Nowruz ýatyr.

– Ýagdaýy nähili? – diýip, Nazar ýuwaşja sorady.

– Geplänok, sus ýatyr – diýip, Kakajan jogap , berdi.

Onýança Nenegül ak halatly gelip:

– Eziz dogan! – diýip, Nowruzyň ýaňagyndan ogşap başlady.

Bu sese ak halatly, sary ýüpek saçly aýal gelip, Nenegülüň sesini goýdurdy. Nazar bilen Kakajan daş çykyp oturanda, Kakajan:

– Nowruza biziň saglygy saklaýyşdan okadýan mugallymymyz Muhammet Dowlikanow seretdi – diýip, kakasyna gürrüň berdi. – Onuň ýarasyny ýuwup, arassalap tiken wagty men gapdalynda durdum.

– Ýoldaş mugallym, nähili, Nowruz gutularmy? Adam bolarmy? – diýip, soradym.

– Ýarasy agyr, arassalap tikdim, gutulmaly – diýip, maňa jogap berdi. – Bu ýigit, seniň doganyňmy? – diýip, doktor menden sorady. Menem–Hawa! – diýip, jogap berdim. – Gan köp gidip-

dir, emma sagdyn ýigit eken, gorkma, Kakajan, agaň gutular – diýip, ol maňa göwünlik berdi. Ol örän gowy doktor hem gaty gowy adam. Biz Aýna ikimiz gezekleşip, gije-gündiz Nowruzyň ýanyndan aýrylamzok.

– Doktory men görüp bilmerinmi? – diýip, Nazar öz oglundan sorady.

– Hany, men göreýin, ýerinde oturan bolsa, seniň geleniňi hem ony görjek bolýanyňy aýdaryn – diýip, Kakajan koridor bilen gidip, bir kabinete girdi. Birazdan soň ol otagdan ak halatly, gözleri äýnekli, saryýagyz, ak meňiz, uzyn boýly doktor çykyp, Nazaryň ýanyna geldi-de, türkmen dilinde salamlaşdy, elleşip görüşdi. Nazaryň göwnüne, ol uzyn boýly doktor gaty näzik göründi, görşen wagty onuň elem ýumşak duýuldy.

– Doktor, biziň Nowruzymyz gutulyp, adam bolarmy? – diýip, Nazar sorady.

– Ölüm howpy geçdi. Indi bäri bakyp başlar. Häzir ýagdaýy agyr. Gan köp akypdyr. Şu gün gan goýberdik, tiz özüne geler. Aňyrsy ertir-birigün gepleşip başlar.

– Sag boluň, doktor, siziň bu ýagşylygyňyzy hiç wagt ýadymyzdan çykarmarys.

– Men doktor, meniň borjum hassany sagaltmak – diýip, Muhammet ýylgyrdy. – Indi gorky ýok, Nowruz tiz gutular – diýip, Muhammet sözi başga ýana sowdy.

– Bu Kakajan siziň ogluňyzmy? Örän gowy ýigit. Ol gowy gyz, Aýna siziň nämäňiz?

– Ol gyz meniň aýal doganym!

– Örän gowy gyz – diýip, doktor Nazaryň dogumly ýüzüne, ýagty gara gözlerine, daýaw syratyna seretdi-de, öz içinden «Gowy maşgala, gowy adamlar bolmaga çemeli» diýen pikir etdi.

Nowruz özüne gelip, gözüni açanda, onuň nazary garşysynda oturan Aýna düşdi. Bir salym gözüni aýyrman Aýna seretdi. Çalaja:

– Aýna? – diýdi.

– Men Aýna, Nowruz, bar zat oňat, indi sen gutuldyň! – diýip, Aýna şatlandy.

Nowruzyň gözi Aýnanyň gapdalynda oturan Nenegüle düş-

di.

– Nenegül?

– Jan-a! Eziz doganym, başyňa döneýin, doganym, gutuldyň – diýip, Nenegül onuň sag elini gysdy.

Aýnanyň yzynda duran Kakajana Nowruzyň gözi düşende, ol begenip ýylgyrjak boldy. Onuň gapdalynda dik duran Nazara seretdi.

– Agam, Nazar aga?

– Nowruz, men Nazar.

Nowruz, ýene töwerege seretdi.

– Men nirede? – diýip sorady.

– Sen Aşgabadyň keselhanasynda, indi gutuldyň, ýagşy bolduň! – diýip, Aýna oňa düşündirdi.

Nowruz ýene gözlerini ýumdy. «Ýene özünden gidäýdi gerek» diýip, Nazar çen etdi.

Doktor Muhammet Nowruzyň garyndaşlaryny öz kabinetine çagyryp oturtdy.

– Nazar, doganyň indi gutulyp başlady. Biz oňa dermanam bereris, ganam guýarys, ýarasynyň daňysynam täzelär durarys. Siziň üýşüp, onuň gapdalyny alyp durmagyňyz ýaralynyň peýdasyna däl. Siz indi Nenegülem alyp, gaýdyň! Kakajan, Aýna sizem indi okuwyňyzdan galmaň! Okuw gutarandan, nahardan soň, gezegine her gün biriňiz gelip, ýaralynyň ýanynda bir-iki sagat oturyp gitseňiz bolar.

– Doktor, Nowruza iýer ýaly näme getirsek bolar? – diýip, Nazar sorady.

– Häzir oňa hiç zat gerek däl, ynha, basym işdäsi açylyp başlar, ondan soň näme bermelidigini men aýdaryn. Häzirlikçe siz gaýdyberiň! – diýip, doktor jogap berdi.

Nazar bilen Nenegül doktora köp alkyşlar aýdyp, onuň bilen hoşlaşdylar. Gapydan çykanlaryndan soň, Nazar Aýnanyň eline bir petde täze çykan pul berdi.

– Jigim, Nowruz näme iýjek diýse, näme işdäsi alsa, özuň bazardan alyp iýdiriber. Ýagdaýlar hakda maňa hat ýazyp dur. Indi oba-da gelip bilersiň, islän ýeriňde-de çekinmän gezip bilersiň! – diýip, Nazar jigisi bilenem, ogly bilenem hoşlaşdy.


enedilim.com

– Nazar kaka, agalaryma, jigilerime, gelnejelerime salam aýdyň! – diýip, Aýna sargap-sargap galdy.

* * *

Bir gün Şirin tara dokap, halys ýadap otyrka, gapydan Nenegül geldi. Şirin bilen salamlaşdy.

– Nenegül, gel, men-ä gaty ýadadym. Gel, ikimiz çaý içeli – diýip, Şirin ony oňat garşy aldy.

– Şirin jan, sen taraňy dokaber, men häzir çaý gaýnadaýyn – diýip, işe ezber Nenegül çaý gaýnatmaga durdy.

Nenegül bilen Şirin gök çaýyň başynda gybata başladylar.

– Aýaly aradan çykan batlaryna meniň gaýyn agam Allan birbada aljyrajak ýaly etdi, häzir weli dulsurapdyr, köneje gyrmyz donuny geýip, titisireýär – diýip, Şirin gürrüňe başlady.

– Seniň ol gaýyn agaň aljyrar ýaly däl. Bäşimiň gelni nan bişirip bereýin diýýär welin, şoňa ununy ynanman, özi ojakda gömme çörek bişirinýär. Öten ýylky öldüren baggoýnundan häzirem açylmadyk garny bar. Öz zadyny özünden gysganýar – diýip, Nenegül Şirine gürrüň berdi.

– Meniň ol gaýynymy gysgançlykda aýyplama, gysganç bolsa gowy bolar, zadyny köpelder. Nenegül, onuň öýünde entek açylmadyk garnynyň bardygyny nireden bilýaň, ýa öýüne baryp barlap gördüňmi?

– Şirin jan, sen hiç kime aýtma, seniň ol gaýynyň aşaklyk bilen maňa seredýär. Gapdalyndan geçenimde, yzymdan synlaýar. Munuň synlaýanyny aňyp, bir gezek maňa seredende, men oýun edip, ýalandan ýylgyran boldum. Ertir irden meniň ot ýygýan ýerime geläýdi. Özüniň gurpludygyny bildirjek bolup, öýündäki bar zadyny, entäk açylmadyk gowurmaly garnyna çenli aýdyp çykdy. «Äý, Allan jan, saňa iller gysganç diýýärler» diýip, men oňa degdim. «Men gerek ýerinde gysganç däldirin, meniň ýygnaýan mallarymy görüp bilmeýän görip adamlar maňa gysganç diýýär…» diýip, ol öwündi. Men onuň häsini berip, ony bir salym gürletdim. Ol soňabaka maňa söz gatyp başlady.


enedilim.com

– Ýeri, ýeri, näme diýdi? – diýip, Şirin gyzyklandy.

– «Seniň ýaly oňatja aýalym bolsa, elimiň üstünde saklardym, ýag iýdirip, ýüpek geýdirerdim» diýip başlady…

– Wiý, ýogsa-da Nenegül, meniň şol gaýynyma baraýsaň nädýär, onuň şol gysganççlykdan başga kemi ýok. Özem senden gaty ulam däl. Onuň ýygnan zadam kän – diýip, Şirin gürrüňdeşiniň sözüni sorag bilen böldi.

– Onuň özem «Maňa geläý» diýip, ýalbardy.

– Baraý, Enegül, ol seni aç-hor etjek gümany ýok. Onuň özem gaty işeňňir adam, seni işledibem ýörmez.

– Wah, men işden gaçýan adam däl-le, hany, Nowruz jan gutulyp gelsin, soň bu meselä öz doganym näme diýjek, ony razy etmän, men özbaşyma hiç zat edip biljek däl.

* * *

Gapydan Begenç mugallymyň gyzjagazy ylgap geldi.

– Şirin gelneje, Kakajandan mekdebe hat geldi – diýdi.

Nenegül gyzykly gürrüňiň ýolnanyna gynandy.

– Şirin jan, men gideýin, mallaryma ot ýygmalydyryn – diýip ýerinden turdy.

– Bolýar gitseň, ýene gelip dur.

– Hökman gelerin – diýip, Nenegül çykyp gitdi.

– Şirin gelneje, bu hat size däl.

– Kime?

– Tylla.

– Hany getir, göreýin – diýip, ol haty aldy-da, ýyrtman, usul bilen açdy. – Hany oka, ýöne hiç kime biziň okanymyzy aýtmagyn – diýdi.

– Bolýar – diýip, ol kiçijik gyzjagaz inçejik sesi bilen haty okady. Şirin üns berip diňledi. Oglan gyza hat ýazýar diýip, geň göräýmeseň, hat örän gowy ýazylypdyr, onuň içinde kelçik-külçük söz ýok. Şirin haty öňküsi ýaly edip ýelmedi.

– Me, gyzym, bu haty Tylla eltip beräý, ýöne biziň açyp okanymyzy hiç kime aýtmagyn.

– Bolýar, gelneje! – diýip, gyzjagaz haty alyp, ylgawyna gitdi.

Şirin tara dokap, uzynly gün ogly Kakajan hakynda pikir etdi. Şiriniň kiçi ogly bilen Nazar mallaryna ot döküp öýe girdiler.

– Şirin, senem ýadansyň, indi garaňky gatlyşdy, gozagyňdan çykaý, iýer ýaly zadyň bolsa getir, Bally janam ajykdy. Oturyp, nahar iýeliň– diýip, Nazar ýuwunmaga durdy.

Bally ak kündük bilen kakasynyň eline suw akytdy.

Nahar, çaýdan soň Bally ýorganyna girip, bir salym ýatdy. Birdenem ol:

– Kaka, Nowruz mugallymymyz basym gutulyp gelmezmikä? Raýondan gelen mugallym iki klasy, Begenç mugallymyň klasynam bize goşup okadýar. Bize-de kyn, mugallyma-da iki klasy goşup okatmak kyn – diýdi.

– Indi, oglum, mugallymyňyz tiz geler. Men düýn baryp görenimde, aýak üstüne galan eken. Öz jaýynyň içinde gezmelemäge rugsat edipdirler – diýdi-de, «Çagalara çenli Nowruzy alada edýärler» diýip, Nazar pikirlendi.

Şirin ýaňy Nenegül hakynda Nazara gürrüň berip başlanynda, ýene Bally:

– Kaka, meniň Aýna ejem nähili gyz-a? Ejem-ä ony gaty öwýär – diýip sorady.

– Bally jan, basym seniň Aýna ejeňem geler. Özem hemme gyzlardan gowy. Oglum, ýat, ertir ir turmalysyň!

Bally ýorgany üstüne çekip, aňyrsyny bakanda, Şirin gürrüňe başlady.

– Bu gün Enegül geldi. Günortan onuň bilen çaý içdik. Ol maňa gyzykly gürrüňler edip berdi, Allan aga oňa söz gatypdyr.

– Be, soň näme bolupdyr, aýt-la, Şirin.

– «Men doganlarymyň hemmesinden baýdyryn, maňa geläý, men seni hor etmen» diýipdir.

– Baýlygy-ha çyndyr, ýöne gysgançrakdyr öz-ä... Enegül näme jogap beripdir? – diýip, Nazar sorady.

– Enegül belli jogap bermändir. Ony razy etmek boljak, men oňa «Razy bolaýsaň bolmadymy, Allan aga gaty gowy, hojalykçy adam» diýdim. «Nowruz jan gelsin» diýdi.

– Şirin, sen Enegüli yr, men Nowruzy özüm razy ederin.

Şü-ýä bolaýjak söwda eken. Enegüliň özem ak göwünli, gowy aýal – diýip, Nazar pikire gitdi.

– Şu gün Kakajanyň Tylla gyza ýazan hatyny okap gördüm. Hat örän oňat sözler bilen ýazylypdyr. Öz okaýşy, ýaşaýşy hakynda ýazypdyr. Umuman, Tyllany gowy görýäni hatynda aňdyrýar. Arada başlygyň öýüne gyzyň daýy tarapyndan bir oňat adamlar sözaýdyjy gelipdir. Başlygyň aýaly göwünli bolupdyr. Emma Tylla aglap, aýagyny depip durupdyr. Soň gyzyň kakasy «Gyzymyz ýaş, entek gyz çykarmak pikirimiz ýok» diýip, sypaýyçylyk bilen myhmanlaryny gaýtarypdyr.

– Ol gürrüňler-ä menem eşitdim. Gyzyň özem, kakasam bize göwneýär.

– Gyzyň göwünlidigi belli, kakasynyň bize göwneýänini sen näbilýäň? – diýip, Şirin ärinden sorady.

– Eý, gürrüňden gürrüň çykanda, men başlyga kakdyrybrak, oýunlyga salybrak aýtdym. Olam «Bu uly iş, oýunlyga salmaly däl, eger pikriňizde bar bolsa, siz ýaly adam tapsak, biz garşy bolup durmarys. Kakajanam, tüweleme gowy ýigit» diýip, ol çynlakaý gürrüň etdi.

– Nowruz bilen Aýnaly gürrüňi nähili görýän? – diýip, Şirin ýene Nazara sorag berdi.

– Nowruz dygysyz arassa, gowy ýigit, men-ä şol işe garşy däl, agalarymyň näme diýjegini bilemok – diýip, Nazar Şirine jogap berdi.

– Allan-a garşy. Şol surat çykanda «Men Nowruz bilen bellisini ederin!» diýip, dyzapdyr. Bäşim oňa gaharlanyp, «Ýarym dakyka suw üçin bizi nä günlere saldyň?!» diýip, gatyrganypdyr.

– Hany, Şirin, ýataly, ertirem ir turmaly. Gerek wagty meseläniň barynam oňluga çözjek bolarys, ýöne sen Enegüli yr, agamyzy öýereli – diýip, Nazar ýatma bilen boldy.

* * *

Nowruz gutulyp, oba geldi, dört-bäş gün mekdepde okatdy. Soň başlyk putýowka tapyp berip, ony kurorta iberdi. Nowruzyň


enedilim.com

kurortdan kemsiz daýanyp geleniniň yzysüresi Italmaz daga sud boldy. Başlygam, Nowruzam, Oraz aganam, Nazaram, Nenegülem şaýat hökmünde suda çagyrdylar. Sud Annala on ýyl, Italmaza bolsa iň agyr jezany bermek barada höküm çykardy.

Nowruzy razy edip, Allana Nenegüli alyp berdiler. Doganlaryň hemmesi toý gatanjy berip, Allan üçin oňatja toý tutdular.

Tomus düşenden soň, Kakajan bilen Aýna-da tehnikumlaryny gutaryp geldi.

Aýna ösüpdir, uzyn boýly, owadan gyz bolupdyr. Ol başyna ýaşyl öýme atyp, uzyn gür gara saçlaryny ýeňsesinden goýberip, Şirin gelnejesi bilen Nenegülüň çakylygyna görä Allan kakalaryna bardy. Nenegül gapydan olary garşy alyp:

– Aýna jan! – diýip, ony gujaklap, ogşamaga durdy.

– Aýna jan! Gurgunlykmy? – diýip, Allan agras salamlaşdy.

Aýnany her dogany bir gün myhmançylyga çagyrdy, Bäşimler goýun öldürip çagyrdy. Bäşimiň gelni:

– Aýna jan, ne günler gördüň?! Gytja janam ölmän ýören bolsa, zulumdan gutulaýjak eken – diýip, aglady.

Aýna-da:

– Doganjygym, jorajygym Gytja jan! – diýip, inçe ses bilen aglamaga başlady, Şirinem, Nenegülem aglady.

Bäşim:

– Goýuň, aglamaň! – diýdi.

Ýok, olar goýar ýerde goýmady. Bäşim gelnine:

– Goý, köne derdi gozgama, indi besdir! – diýip, azmlyrak aýtdy. Soň – Aýna jan, aglama, jigim. Besdir, pahyrjygy bir ýatladyň, bolýar, goý jigim! – diýip onuňam sesini goýdurdy. – Sen sag-aman geldiň. Şol bize besdir. Seniň sag geleniňe gaty begendik – diýip, Bäşim daş çykdy. Emma onuňam gözýaş edenini Şirin aňlady.

* * *

Bir gün Nazar:

– Aýna jan, jigim, sen örän köp horluk çekdiň. Indi tehnikumy

gutardyň, sen azat, biz seni çykarjak däl, seniň özüň saýla, kimi halasaň, men razy. Şirin gelnejeňe aýdaý. Toýuňy özümiz tutarys – diýdi.

Aradan bäş günem geçmänkä, Şirin Nazara:

– Aýnanyň kimi halaýany belli weli, Aýnany çykaran günümiz Kakajanam öýerip, toýuny bile edäýsek, nähili görýäň? – diýip sorady.

Nazar:

– Onda men başlyga «Sözaýdyjy barjak!» diýip, aýdaýyn – diýdi. – Geljek dynç alynýan gün baraýaly? – diýip, Şirin bilen razylaşdy.

Nazar başlygyň kabinetine irden baryp:

– Başlyk aga, biz-ä geljek dynç alyş güni size myhmançylyga barjakdyrys – diýdi.

– Bolýar, Nazar jan, siziň ýaly myhman tapsak, oňat edip garşylarys – diýip, başlyk hoşamaý ýylgyrdy.

– Onda maňa şu gün agşama çenli rugsat ber.

– Bolýar, Nazar jan, şu gün sen boş.

Nazar başlygyň kabinetinden çykyp, pyýadalap, göni demir ýol duralgasyna tarap gitdi. Nazar otla münüp, Gowşut duralgasynda düşdi, göni Hangulylara salam berip bardy.

Hangulam, Akjemalam Nazary şatlyk bilen kabul etdi. Çaýyň başynda Nazar:

– Agam, ertir dynç alyş güni diýlende, agşamky otla münüp, gelnejem bilen bize barmaly – diýdi.

– Näme habar, eýgilikmi?

– Eýgilik. Sen-ä aga, gelnejemem gelneje ýerinde durmaly. Kakajany öýermek üçin dynç alyş güni sözaýdyjy gitmeli.

– Gaty gowy, kime söz aýtmaly, öz obaňyzdanmy?

– Geçen toýda başlygyň gyzyny görüpmidiň?

– Men-ä esewan etmändirin. Başlygyň özi-hä köpügören gowy adam ýaly – diýip, öý eýesi myhmanyna seretdi.

– Gyzam gowy.

– Ýigit bilen gyz tanyşmy? Halaşýarlarmy? – diýip, Akjemal sorady.

– Hemme zat düzüw.

– Onuň ýaly bolsa, hökman Akjemalam alyp barýan – diýip, Hanguly pälwan razylaşdy.

Ertir dynç alynýan gün diýlende, agşamara Nazar janly öldürip, doganlaryny, gelnejelerini çagyrdy. Hanguly pälwanam Akjemal bilen otludan düşüp, Nazarlara ýassynlar bardy. Nahar iýdiler. Çaýyň başynda doganlar kimleriň sözaýdyjy gitmelidigini, toýuň sähedini haçana bellemelidigini maslahatlaşdylar.

Ertesi Hanguly Akjemal bilen, Allan Nenegül bilen, Bäşim hem Nazar öz gelinleri bilen tirkeşip, başlygyň öýüne bardylar.

Başlyk Hanguly pälwanyň geljegini bilmänsoň, palaw bilen Nazar dagyny sowaryn öýden eken. Derrew goýun öldürmäge durdy.

Başlyk ylalaşdy, guda bolundy, toý sähedi bellendi…

Aýna bilen Kakajan bile okan ýoldaşlaryna hat ýolladylar. Walýanam, kakasy, ejesi bilen çagyrdylar.

Ertir toý diýlen güni köp myhman geldi. Aýnanyň ähli joralary diýen ýaly ýygnandy, Kakajanyň bile okan dostlary ýygnandy. Wasiliý Aleksandrowiç Sypinkow, Antonina Iwanowna Berdiýewadan başlap, mugallymlaryna çenli geldiler. Tehnikumlaryň mugallymlary geldi. Kakajanyň hem mugallymy, hem dosty Gyzyl Gadamow geldi. Walýa äri bilen, kakasy ejesi bilen geldi. Her kim bir hili sowgat getiripdir. Nowruzyňam dostlary geldi.

Walýa-da, ejesem, kakasam Kakajan bilen Tyllany, Aýna bilen Nowruzy gutlap, maňlaýlaryndan ogşadylar.

Toý örän uly boldy. Toýuň iň gyzykly ýerem türkmen göreşi boldy.

Ilki Nazar bilen Hanguly orta çykdy. Olar köp çekeleşdiler. Bir-birini göterip, aýlap gördüler, her hili badaklar atyp gördüler, ikisem gaty ýadady. Ahyry «Göreşde sylaşmak ýok!» diýip, gygyryp, Nazar Hangulyny ýanbaşdan gaýtardy. Göreş köp wagtlap dowam etdi. Motdugam, Saram, Garly pälwanam göreşdi.

Göreş meýdanyna soň ýaşlar çykdy.

# MAZMUNY


| | | |
|---|---|---|
| **1** | Suw üstünde | **1** |
| **2** | Geň myhman | **10** |
| **3** | Pälwanlar | **19** |
| **4** | Howply duşuşyk | **31** |
| **5** | Ýaraşyk | **39** |
| **6** | Hun | **49** |
| **7** | Hun ujundan alnan gyzlar | **59** |
| **8** | Kakajan | **72** |
| **9** | Hatarly hyzmat | **88** |
| **10** | Aýna | **100** |
| **11** | Gül | **111** |
| **12** | Akmyradyň keseli | **121** |
| **13** | Tatýana Mihaýlowna Tekinskaýa | **132** |
| **14** | Ene Kulyýewanyň internaty | **137** |
| **15** | Annajemal | **142** |
| **16** | Göreş ýitileşýär | **146** |
| **17** | Ýolda | **156** |
| **18** | Pöwrize | **162** |
| **19** | Ýedi dogan | **169** |
| **20** | Gudratly ahun | **175** |
| **21** | Gaçaklar | **184** |

**22** Ýagşylyga ýagşylyk **193**
**23** Nowruz **203**
**24** Çaknyşyk **211**
**25** Göreşde sylaşmak ýok **220**

---

«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy. ©

---